**E. Atdaýew, M. Annagulyýewa, G. Annameredowa,
G. Galandarowa, G. Ýagşymyradowa**

# PEDAGOGIKA
# II

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378 + 37
A 88

**Atdaýew E. we başg.**
**A 88** **Pedagogika.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A. : Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw kitaby orta hünär okuw mekdepleriniň talyplaryna, mugallymlaryna we ýolbaşçylaryna niýetlenilýär.

Okuw kitaby «Okatmagyň nazaryýeti» we «Terbiýäniň nazaryýeti» diýen bölümlerden ybaratdyr.

«Okatmagyň nazaryýeti» bölümi okatmagyň usullary, okuw işini guramagyň görnüşleri, okuwçylaryň bilimini barlamak we bahalandyrmak meseleleri bilen baglanyşykly baplary öz içine alýar.

«Terbiýäniň nazaryýeti» bölüminde terbiýäniň maksadyna, mazmunyna, wezipelerine, esaslaryna, tälim-terbiýe bermekde halk pedagogikasynyň ornuna, ahlak terbiýesine, terbiýeçilik işiniň düzümine, ugurlaryna degişli baplar öz beýanyny tapýar.

TDKP № 312, 2017 KBK 74.00 ýa 73

© E. Atdaýew we başg, 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Üçünji bölüm

# OKATMAGYŇ NAZARYÝETI

## I BAP

### Okatmagyň usullary

| | |
|---|---|
| INTERAKTIW USULY | SÖZ USULLARY |
| DIFFERENSIRLENEN | DÜŞÜNDIRIŞ |
| KEM-KÄS GÖZLEG | UMUMY OKUW (LEKSIÝA) |
| ÖZBAŞDAK IŞ | GÜRRÜŇ BERMEK |
| SYN ETMEK | GÜRRÜŇ |
| TEJRIBE USULY | HEKAÝA |
| PRODUKTIW | GÖRKEZIP OKATMAK |
| REPRODUKTIW | SÖHBETDEŞLIK |
| DEMONSTRASIÝA | PROBLEMALAÝYN |

## Okatmagyň usullary
## barada düşünje

*Mekdep okuwçylarynyň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almagy, olaryň gözýetiminiň kemala gelmegi hem-de ukybynyň ösmegi üçin mugallymyň okuwçylar bilen bellibir wagtyň içinde bilelikdäki alyp barýan işine* okatmagyň usuly diýlip düşünilýär.

**Okatmagyň usullary okuw maglumatlaryny nazaryýet we tejribe taýdan özleşdirmegiň ýollarydyr.**

Okuw işi döwründe okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda bilimleri, başarnyklary we endikleri dürli usullaryň üsti bilen ele alýarlar. Öwrenilýän okuw sapaklary dürli serişdeleriň, usullaryň kömegi bilen okuwçylar tarapyndan kabul edilýär. Kabul edilýän sapagyň hemmetaraplaýyn netijeli bolmagy üçin mugallym ol ýa-da beýleki temany okuwçylara düşündirende, öwrenilýän sapagyň aýratynlygyna laýyklykda dürli usullardan peýdalanmalydyr.

Okatmagyň bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösdürijilik işiniň üstünlikli amala aşyrylmagy mugallymyň köplenç halatda okatmagyň usullaryny saýlap-seçip alyp bilmegine baglydyr.

Iş ýüzünde okatmakda birnäçe usullar duş gelýär. Olaryň käbirleri ähli dersler üçin umumy bolýan bolsa, beýlekileri diňe bir dersi okatmaklyga degişli bolup durýar. Şeýle bolansoň, mugallym okuwçylaryň bilim derejelerini ýokarlandyrmak, çuňlaşdyrmak, olaryň okuwa bolan höwesini artdyrmak üçin, okatmak usullarynyň has amatly görnüşlerini ulanmagy başarmalydyr.

Okatmagyň usullaryny saýlap almakda mugallym okuwçylaryň ýaş, psihologik aýratynlyklaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Şeýle-de, mekdebiň tehniki serişdeler bilen üpjünçiligi göz öňünde tutulmalydyr.

Okatmagyň usullary we olaryň görnüşleri barada her bir mugallymyň ýeterlik düşünjesiniň bolmagy, galyberse-de, onuň şol usullary özüniň gündelik iş tejribesinde ýeterlik peýdalanyp bilmegi talap edilýär.

Okatmagyň görnüşi bilen okatmagyň usuly özara berk baglanyşykly, biri-birlerini şertlendirip durýan düşünjelerdir. Kämahallar

bu iki düşünjäniň garyşdyrylýan, ýerleriniň çalşyrylyp ulanylýan wagtlary-da ýok däl. Okuw işini guramagyň görnüşi okatmagyň usuly arkaly anyk mazmun bilen baýlaşýar. Şol bir wagtyň özünde-de okuw işiniň görnüşi okatmagyň usulynyň hil taýdan täzelenmegine täsir edýär. Mysal üçin, okuw işini guramagyň gezelenç görnüşi bilen baglanyşykly herekete gelýän birnäçe usullar bellidir. Gezelençlere taýýarlyk görlende, geçirilende hem onuň netijesi jemlenilende okatmagyň düşündiriş, gürrüň, söhbetdeş bolmak, görkezmek, okaýyş (leksiýa) ýaly usullaryndan peýdalanmaly bolýar. Başga bir mysala ýüzleneliň. Konsultasiýa (maslahat) geçirilende düşündiriş, gürrüň bermek, anyk pedagogik hadysalary seljermek, şol hadysalaryň çözgütlerini ýüze çykarmak ýaly usullar ulanylýar. Mahlasy, okuw işini guramagyň her bir görnüşi (formasy) şol bir wagtyň özünde mugallymyň dilden beýan edýän usullarynyň, tärleriniň birnäçesini herekete girizmegi talap edýär. Ulanylýan iş usuly özüniň bitirýän hyzmaty taýyndan täze bir mana eýe bolýar, işjeň hem döredijilikli häsiýete geçýär.

Eýsem, okatmagyň işjeň usuly diýlende nämä düşünilýär? Umumy sözler bilen aýtsak, onda **okatmagyň işjeň usullary** – munuň özi okuwçylaryň özleşdirýän maksatnama maglumatlaryna akyl ýetirip bilmegini aňrybaş derejede ýokarlandyryp bilýän, her bir okuwçyny sapaga gyzyklandyrmagy hem höweslendirmegi başarýan ýollardyr.

**Okatmagyň täri** okatmak usulynyň bellibir bölegi, elementi bolup durýar. Ol usula kömekçi serişde hökmünde peýdalanylýar. Mysal üçin, okaýyş (leksiýa)-usul hasaplanylýar, okaýşyň dowamynda mugallym haýsydyr bir okuw-görkezme esbabyndan peýdalansa, onda ol usulyň täri bolar. Gürrüň-usuldyr, onuň meýilnamasyny aýdyp bermek arkaly okuwçylaryň ünsüni çekmek usulyň täridir. Başgaça aýdanymyzda, okatmak usuly mugallymyň ulanýan tärleriniň toplumyndan ybaratdyr.

Okatmagyň usullaryny manyly edýän zatlar ýerlikli peýdalanylýan **serişdelerdir.** Oňa ***okuw kitaplary, gollanmalary, gönükme-***

***ler hem meseleler ýygyndylary, hrestomatiýalar, sözlükler, kartalar, görkezme esbaplar, enjamlar, tehniki serişdeler***, umuman, okuw işinde peýdalanylýan serişdeleriň hemmesi degişlidir.

***Okatmagyň usullary, tärleri, serişdeleri,*** esasan, öňde goýlan maksada hem-de gazanyljak netijä laýyk edilip kesgitlenilýär. Mugallym maksadyna ýetmek, garaşýan netijesine eýe bolmak üçin, okatmagyň dürli-dürli usullaryndan hem serişdelerinden ýerlikli peýdalanmagy ýola goýýar. Şonda mugallymyň pedagogik ussatlygy ýüze çykýar. Okatmagyň usullarynyň, serişdeleriniň jaýdar ulanylmagy okuw işiniň netijeli bolmagyny üpjün edýär. Kämahallar okuwyň gidişinde öňünden göz öňüne tutulan usulynyň islendik netijäni bermedik pursadynda mugallym ýüzüniň ugruna başga bir usuldan peýdalanmaly bolýar. Okuw işiniň äheňiniň birden üýtgemegi, iş usulynyň ýagdaýa görä çalşyrylmagy kämahallar gowy netije berýär, okuwçylary gyzyklandyrýar, olaryň ünsüni jemleýär, akyl ýetirijilik ukybyny ösdürýär. Bir söz bilen aýdanyňda, okatmagyň usullary, tärleri, serişdeleri mugallymyň ygtyýaryndaky taýýar hem täsir edip biljek gymmatly gurallardyr, ýöne olary islegiňe görä işledip bilmek onuň özüne, ukybyna, yhlasyna baglydyr.

**Okatmagyň serişdelerine** okuw *kitaplary, gollanmalar, gönükmeler we meseleler ýygyndylary, tehniki enjamlar, görkezme esbaplar, gurallar, reaktiwler, sözlükler hem-de beýleki esbaplar* girýär.

**«Usul»** adalgasy grekçe ***«methodos»-hakykata golaýlaşmagyň ýoly, usuly diýmekdir***. Pedagogik amalyýetinde usul okuw-terbiýeçilik maksatlaryna ýetmekligiň kadalaşdyrylan tärleri manysynda kesgitlenýär. Gadymyýetden bäri *öýkünmeklige* esaslanan okatmak usullary agdyklyk edipdir. Mekdebiň esaslandyrylmagy bilen söz üsti usullar ýüze çykyp, ol orta asyrlarda aýgytlaýjy orna eýe bolýar. Söz maglumaty esasy göteriji, kitap boýunça okatmak bolsa ***bilim berşiň esasy wezipesi hasaplanýardy.***

Beýik açyşlaryň we oýlap tapy*şlaryň eýýamynda bilimi amalyýetde peýdalanmaga mümkinçilik berýän aýdyň-görkezme usullary ösüşe eýe bolýar. XIX-XX asyrlaryň çatrygynda «işiň üsti bilen*

*okatmak» atlandyrylýan taglymat uly gyzyklanma döretdi. Onuň tarapdarlary okadylyşyň amaly usullaryny ulanýardy.*

Mugallym okadylyşy guramagyň okuw, beýan etme, tejribelikler, gezelenç, işewür oýunlar, sosial-psihologik türgenleşik ýaly dürli görnüşlerini ulanyp bilýär. Islendik usulyň ählumumy däldigi sebäpli, olaryň diňe toplumlaýyn ulanylyşy garaşylýan netijäni berip biler.

Okatmagy **bilimleri özleşdirmegiň çeşmeleri boýunça** bölümlere bölmek has giň ýaýrandyr. Oňa laýyklykda: **söz üsti usullar** *(çeşmesi: sesli ýa-da ýazmaça söz)*; **aýdyň-görkezme usullary** *(çeşmesi: synlanylýan zatlar, hadysalar, aýdyň gollanmalar)*; **amaly usullar bar**.

**Okatmagyň usullarynyň we tärleriniň toparlara bölünişi.** Bellibir döwürde söz üsti usullar bilim bermegiň ýeke-täk usulydy. Hemmetaraplaýyn ösüşiň tarapdary bolan pedagoglar (Ya. Komenskiý we beýl.) bu işiň birtaraplaýynlygyny görkezip, üstüniň beýleki usullar bilen ýetirilmeginiň zerurlygyny nygtap çykyş edipdirler. Häzirki wagtda söz üsti usulyny köplenç könelişen, «işjeň däl» hasaplaýarlar. Ýöne onuň mümkinçiligine obýektiw baha berilmelidir. Söz üsti usuly örän gysga wagtyň dowamynda uly göwrümdäki maglumaty okaýana geçirip, onuň öňünde meseleler goýup, olaryň çözüliş usullaryny salgy bermäge mümkinçilik döredýär. Söz hyýaly, ýady we duýgyny işjeňleşdirýär.

**Söz üsti usullara *beýan etme, umumy okuw, gürrüň bermek, söhbet, çekişme, kitap bilen işlemek*** degişlidir. Çap edilen çeşmeler bilen özbaşdak işlemegiň *birnäçe tärleri* bardyr. Olaryň arasynda ýazga geçirmek (konspekt), okalany gysgaça ýazmaça beýan etmek; tekstiň meýilnamasyny düzmek; nutuklaşdyrmak-okalan zadyň esasy pikirlerini gysga beýan etmek; çykgytlar almak, tekstden gös-göni bölekler almak; annotirlemek-jemlemek, okalan kitabyň düýpli manysyny ýitirmezden gysgaça beýan etmek; syn ýazmak-okalana öz garaýyş-gatnaşygyňy gysga aňlatmak; resmi-mantyk (logiki) nusga döretmek – okalany sözülňüleýin şekillendirmek; temalaýyn - tema boýunça özeni jemleýji düşünjeleriň kadalaşdyrylan toplumyny döretmek tapawutlandyrylýar.

Söz üsti usullar bilen baglanyşyklylykda **aýdyň-görkeziş** usullary ulanylyp, olar hem öz gezeginde aýdyňlaşdyrma - **illýustrasiýa** (*aýdyň-görkeziş gollanmalaryny görkezmek)* we **demonstratiw** (*enjamlar, tejribeler, tehniki abzallar, kinofilmler*) görnüşlere bölünýär.

Täze tehniki serişdeleriň ornaşdyrylmagy (telewizor, wideomagnitofon, kompýuter) aýdyň - görkezme usullarynyň mümkinçiligini giňeldýär.

**Özbaşdaklyk derejesi boýunça şeýle gönükmeler tapawutlandyrylýar**:

- *gaýtadan dikeldiji (özleşdirileni berkitmek üçin);*
- *türgenleşdiriji (bilimleri täze şertlerde ulanmak maksady bilen).*

Bu topardaky usullaryň esasy maksady amaly hereketler esasynda maglumatlar almakdyr. Käbir alymlar bu topara didaktiki oýunlar usulyny-da goşýarlar. Olaryň esasy düzüjilerine: *okuw işiniň nusgalaşdyrylýan obýekti; oýna gatnaşyjylaryň bilelikdäki işi; oýnuň düzgünleri; üýtgeýän şertlerde netijä gelmek; ulanylýan çözülişiň netijeliligi degişlidir. Oýnuň tehnologiýasy – bu meseleleýin okatmagyň tehnologiýasydyr. Onda maglumat daşdan gelip gowuşmaýanlygy üçin akyl ýetiriş işi öz-özi hereketlenýän, işiň hut öz içki önümi bolup durýar. Alnan maglumat täzesini döredip, bu üznüksiz hereket tä ahyrky netije alynýança dowam edýär.*

Okuw tutumyna **bitewülikde çemeleşmek nazaryýeti** esasynda onuň usullarynyň **üç topary** ýüze *çykarylýar:*

1. Okuw-akyl ýetiriş işiniň guralyş we amala aşyrylyş usullary: *söz üsti, aýdyň-görkezme we amaly; böleklikden umumylyga--induktiw we umumylykdan böleklige-deduktiw; gaýtadan dikeldiji-reproduktiw we mesele-agtaryş, hem-de özbaşdak iş usullary;*
2. Höweslendiriji we meýillendiriji usullar: *okamaga höwes, okaýanda borç we jogapkärçilik duýgusy;*
3. Gözegçilik we öz-özüňe gözegçilik usullary: *sesli, ýazuw we tejribehana (laboratoriýa) tejribelikleri.*

Okatmagyň usullarynyň bölümlere bölünişiniň beýleki görnüşleri-de bardyr. Olaryň ählisi işjeň däl bilim-düşünjeleri işjeňlige öwürmeklige, täze bilimleriň özleşdirilmegine we amalyýetde ulanylmagyna ýardam bermeklige niýetlenendir.

## Okatmagyň görnüşleriniň taryhy taýdan ösüşi. Alym pedagoglar okatmagyň usullary barada

Okatmagyň görnüşleri – okuw işini guramagyň aýrylmaz bölegi bolmak bilen, okuwçylaryň bilimleri kämil derejede ele almagyna ýakyndan ýardam berýär. Okatmagyň görnüşleriniň taryhy taýdan ösüşi:

1. Özbaşdak-toparlaýyn okatmak (b. e. öňki döwürden- XVIIl asyra çenli).
2. Birek-biregi okatmak (l798ý. Angliýa, Bell-Lonkestr).
3. Okatmaklyga çeýe çemeleşmek. ABŞ XIX asyryň ahyrynda (gowşak-orta-oňat) okaýanlar.
4. Brigada-laborator. 1905ý. ABŞ (Daltonyň meýilnamasy).
5. Trampyň meýilnamasy. XX asyryň başynda ABŞ-da okuwyň 40% - 100-150 okuwçy bolup okamak, 20%-i 10-15 adamlyk kiçi toparlarda, 40%-i özbaşdak okap özleşdirmek.
6. Synp-sapak görnüşi. XVIII asyrda Y. A. Komenskiý tarapyndan girizilýär.

Sapak 3 sany düzüm bölekden (elementden) ybaratdyr:

1. Okuwçylaryň hemişeligi;
2. Ýörite sanaw boýunça okuw rejesi;
3. Bellibir meseläni çözmek (tema geçmek);

**Sapak:**

1. Aýratyn sanawda görkezilmeli;
2. Okatmagyň hemişelik görnüşi;
3. Okuwçylaryň ählisiniň gatnaşmagy hökmandyr;
4. Agzybir synpy kemala getirmek;
5. Şahsyýetiň bilesigelijigini kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Okatmak usullaryny bilimleriň haýsy çeşmelerden alynýanlygyna garap görnüşlere bölmegi teklip edýän usulýetçiler başga-da az däl. Mysal üçin, W. Ýa. Golant, S. G. Şapowalenko, N. M. Werzilin we beýleki käbir didaktlar hem usulyýetçiler tarapyndan okatmak usullaryny bilimleriň çeşmeleri boýunça üç topara, ýagny okatmagyň: **a)** dilden beýan edýän; **b)** görkezme esbaplarynyň peýdalanylýan; ç) tejribe usullary diýen toparlara bölünýär.

N. I. Boldyrew, N. K. Gonçarow, B. P. Ýesipow, F. F. Korolew ýaly belli rus pedagoglary okatmak usullaryny görnüşlere bölmekde, esasan, didaktik wezipeleri göz öňünde tutmaklygy makul bilýärler. ***Okatmak usullary şeýle tertipde bolýar:***

Deslapky gözegçilik: maglumatyň öňünden okalyşy. Gürrüň bermek, düşündiriş, okaýyş (leksiýa), gürrüň. Natural obýektleriň, tejribeleriň, görkezme esbaplaryň görkezilmegi (demonstrirlenmegi). Okuwçylaryň okuw kitaplarynyň materiallaryny öwrenmek babatyndaky işleri. Syn etmek we tejribeler geçirmek . Okuw kitaplarynyň we beýleki kitaplaryň maglumatlarynyň üstünde işlemek. Syn etmek we tejribeler geçirmek. Gönükmeler. Türgenleşik işleri. Meseleler düzmek we işlemek. Tejribe işlerini ýerine ýetirmek. Döredijilik häsiýetli dürli işler . Okuw kitabynyň maglumatyny gaýtadan okamak. Tejribe häsiýetli işleri gaýtadan işlemek. Gönükmeleri gaýtadan işlemek. Geçileni gaýtalamak maksady bilen geçirilýän gürrüňler. Gaýtalaýjy- umumylaşdyryjy gürrüňler. Okuwçylaryň işlerine gözegçilik etmek. Dilden soramak. Ýazuw-barlag işleri. Tejribe-barlag işleri.

Okatmak usullarynyň hödürlenilýän görnüşleri başga-da bar. Mysal üçin, görnükli rus didaktlary **I. Ý. Lerneriň, M. N. Skatkiniň** usullary:

1. Düşündirişli- illýustratiw ýa-da habar beriş-reseptiw ( resepsiýa – kabul ediş);
2. Reproduktiw;
3. Meseleleýin (problemalaýyn) beýan etme;
4. Bölekleýin gözleg ýa-da ewristiki;

5. Barlag usullary diýen toparlara bölýärler hem-de şol usullaryň hemmesini okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny, özbaşdak pikirlenip bilijiligini ösdürmäge gönükdirmegiň zerurlygyny belleýärler.

Okatmak usullarynyň görnüşleriniň esasynda pedagoglaryň *käbirleri* alynýan bilimleriň çeşmelerini, *ikinji bir* topar didaktik wezipeleri, *üçünji* bir topary pikirleniş işiniň logiki görnüşlerini, *dördünji bir topary* bolsa şol alamatlaryň bütin toplumyny goýýarlar.

Pedagogika boýunça okuw kitaplarynda, okuw gollanmalarynda, usuly gollanmalarda, edebiýatlarda okatmagyň bir topar usullary barada gürrüň edilýär. Olara okatmagyň giňden belli bolan *gürrüň bermek ýa-da hekaýa usuly, gürrüň usuly, suratlandyrmak (illýustratiw) we görkezip tanyşdyrmak (demonstratiw) usuly, ýazuw we* ýazmaça (*grafiki)* işler, özbaşdak işler, gaýtalamak, okuwçylaryň jogaplary, laboratoriýa işleri, okuw kitaplary we beýleki edebiýatlar bilen işlemek, meseleler çözmek, mysallary işlemek, sungat serişdelerini peýdalanmak ýaly usullaryň giden bir toplumy degişlidir. Okuw işinde iň esasy zatlaryň biri hem okatmak usuly okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny, işjeňligini, özbaşdak döredijilikli pikirlenip bilmek ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilmegi baradaky meseledir. Bu okuw işinde esasy meseledir, çünki okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklary-munuň özi öwrenilýän materialy olaryň aňly-düşünjeli özleşdirmeginiň esasy şertleriniň biridir.

## Okatmagyň usullary, olaryň okuw işini guramagyň görnüşleri bilen baglanyşygy

Okatmagyň görnüşi bilen usuly özara berk baglanyşykly, bir-birlerini şertlendirip durýan düşünjelerdir. Kämahallar bu iki düşünjäniň garyşdyrylýan, ýerleriniň çalşyrylyp ulanylýan wagtlary-da ýok däl. Okuw işini guramagyň görnüşi okatmagyň usuly arkaly anyk mazmun bilen baýlaşýar. Şol bir wagtyň özünde-de okuw işiniň görnüşi okatmak usulynyň hil taýdan täzelenmegine täsir edýär. Mysal üçin, okuw

işini guramagyň gezelenç görnüşi bilen baglanyşykly herekete gelýän birnäçe usullary bellidir. Gezelençlere taýýarlyk görlende, geçirilende hem onuň netijesi jemlenilende, okatmagyň düşündiriş, gürrüň, söhbetdeş bolmak, görkezmek, okaýyş (leksiýa) ýaly usullaryndan peýdalanmaly bolýar. Başga bir mysala ýüzleneliň. Gözükdirme (konsultasiýa) geçirilende düşündiriş, gürrüň bermek, anyk pedagogik hadysalary seljermek, şol hadysalaryň çözgütlerini ýüze çykarmak ýaly usullar ulanylýar. Mahlasy, okuw işini guramagyň her bir görnüşi (formasy) şol bir wagtyň özünde mugallymyň dilden beýan edýän usullarynyň, tärleriniň birnäçesini herekete girizmegi talap edýär. Ulanylýan iş usuly özüniň bitirýän hyzmaty taýyndan täze bir mana eýe bolýar, işjeň hem döredijilikli häsiýete geçýär.

## Okatmagyň özboluşly aýratynlyklary

**Okatmak** – jemgyýetçilik-taryhy tejribäni maksada gönükdirilen häsiýetde ýaş nesle geçirmek, bilim, başarnyk, endikleriň kemala getirilişini guramakdyr. Adatça, okadylyşa mugallymyň sapak okatmagy manyda düşünýärler. Okatmak – bu diňe mugallymyň okaýana berýäni däldir. Okatmak – okaýanyň tutuş okuw jaýy, jemgyýet, mugallymlar, okaýanlar bilen özara täsirinde alýanydyr.

Eýsem, sapak bermek okatmakdan näme bilen tapawutlanýar? Sapak bermek esasy ünsi okuw tutumynyň giriş bölümine - talyba näme berilýändigine, ýagny, okuw tutumynyň mazmunyna (bilimlere, başarnyklara, endiklere) gönükdirýär. Okatmak bolsa esasy ünsi onuň çykyş bölegine - talybyň näme alandygyna gönükdirýär. Üstesine-de, talybyň näme alandygy, özleşdirendigi onuň mazmuny ýa-da höwesi nukdaýdan däl-de, okatmagyň şahsyýetiň häzirki we geljekki işi üçin ähmiýeti jähtden bahalandyrylýar.

Sapagyň berlişi mugallymyň hadysalara we tutumlara garaýşyny şöhlelendirip, okatmak bolsa okaýanyň nazaryýetini şöhlelendirýär. Mugallymyň garaýşy hemişe giň we çuň bolup, bu bilermen eminiňekspertiň garaýşydyr. Ol hemişe diýen ýaly dersiň logikasyna-manty-

gyna tabyndyr. Okaýanyň garaýşyna bellibir derejede ähmiýete ymtylyş, böleklilik mahsusdyr. Mugallymyň garaýşy esasan umumylykdan ýekelige (deduktiw), okuwçynyňky bolsa, ýekelikden umumylyga (induktiw) ugrugýan häsiýetdedir. Mugallym bilýänini öwredýär. Okuwçy özüniň entek bilmeýän we başarmaýan zadyny öwrenýär.

Sapak bermek we okatmak biri-birinden höwesleriniň gönükdirilmesi boýunça tapawutlanýan täsirler toparynyň astynda bolýar. Sapak bermek – bu beýleki mugallymlaryň we mekdep administrasiýasynyň täsiri bolýan bolsa, okatmak degişlilikde – bu hem okuwçylar hem uçurymlar, şeýle hem okuw işiniň netijeliligi bilen gyzyklanýan köpsanly beýleki toparlardyr. Hut şonuň üçin mekdebiň öňdebaryjy mugallymlary okuw girizmek, okuwçynyň ünsüni diňe dogry jogaby agtarmaklyga gönükdirilmekden ony meseläni çözmek başarnygyny ösdürmekliklige gönükdirmek we beýlekiler. Bu babatda toplumlaýyn we has netijeli okatmak usuly hereketli okatmak bolup, onda durmuşy ýumuşlarda, durmuşy şertlerde ýa-da oňa golaýlaşdyrylan nusgalarda çözülýär.

Mekdeplerde sapakdan başga:

1. Gezelenç (ekskursiýa) sapagy 3 döwürden durýar: guramaçylyk, geçirilýän we jemleýji döwri. Görnüşleri: tebigata, muzeýlere, taryhy - medeni ojaklara, edebiýat-önümçilige gezelenç etmek;
2. Fakultatiw-gyzyklanma okuwlar (1967-68ý);
3. Seminar okuwlary;
4. Praktiki-tejribe okuwlar;
5. Umumy okuw (leksiýa);
6. Gözükdirme-maslahat görnüşdäki okuwlary bar.

## Okatmagyň usullaryndan edilýän talaplar

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen gününden döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesle bilim--terbiýe bermeklik, olary özbaşdak durmuşa taýýarlamak meselesine aýratyn üns berýär. Türkmen döwletiniň ykdysady, syýasy we mede-

ni taýdan has-da gülläp ösmegine ýardam etjek nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge umumybilim berýän mekdepleriň, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna uly orun degişlidir. Şeýle uly hem jogapkärli wezipäni günibirin durmuşa geçirmek üçin, biziň pikirimizçe, mugallymlaryň şeýle meselelere aýratyn üns bermekleri zerur. Okuw-terbiýeçilik işiniň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen öz üstünde yzygiderli işläp, okadýan dersi boýunça zerur bolan usullardan, serişdelerden, tärlerden ýerlikli peýdalanyp, okuwçylarda ylym-bilime bolan höwesi ösdürmek, olaryň hünär başarnyklaryny, ukyplaryny, endiklerini yzygiderli kämilleşdirmek meselelerini öz wagtynda we ýokary derejede çözmeli; özüniň pedagogik başarnygyny yzygiderli kämilleşdirmek bilen, talyplaryň içki dünýäsine aralaşmak, olar bilen toparyň, kollektiwiň öňünde durýan aýdyň meseleleri ylalaşykly we arkalaşykly amal etmek, okuw prosesinde-tutumynda zerur bolan tehniki serişdelerden ýerlikli peýdalanmak bilen öňde goýlan maksada ýetmek meselesini çözmelidir.

Häzirki döwürde ösüp gelýän ýaş nesli döwrebap okatmak we terbiýelemek babatynda mekdebiň öňünde durýan wezipeler hemme wagtdakysyndan has jogapkärli hem uludyr. Mugallymlaryň taýýarlanyşynyň gowulandyrylmagy-da, okatmak usullarynyň özüniň durmuşyň talaplaryna laýyk getirilmegi-de, mekdepleriň häzirki zaman okuw esbaplary bilen, şol sanda görkezme esbaplary bilen üpjün edilmegi-de gerek.

Okatmak işi (prosesi) – *bir topar usullary we dürli serişdeleri özünde jemläp* biler. Okatmak usullary okatmagyň maksady, wezipeleri hem-de mazmuny bilen kesgitlenilýär. Diýmek, *okatmakda haýsy usul, nähili serişde ulanylsa-da, onuň öz öňünde goýan esasy maksady bolýar*, şonda gazanyljak netije göz öňünde tutulýar. Mugallym öz öňünde goýan maksadyna ýetmek, garaşýan netijesini gazanmak üçin okatmagyň dürli-dürli usullaryndan ýerlikli peýdalanýar.

Usulyň çyzgysyny (shemasyny), şertleýin alanymyzda, takmynan, şeýleräk göz öňüne getirmek bolar.




Pedagogiki işiň üstünlikli bolmagy, **birinjiden,** mugallymyň okatmagyň usullaryny gowy bilmegine, ondan ýeterlik derejede peýdalanmagy başarmagyna ep-esli derejede baglydyr, çünki okuwçynyň ylmy dünýägaraýşyny kemala getirmek diňe bir okatmagyň mazmuny bilen däl, eýsem, okatmagyň usullary bilenem aýrylmaz baglanyşyklydyr. **Ikinjiden,** okatmagyň usullarynyň dürli okuw maglumatynyň mazmunyna baglylygy dürli okuw sapaklarynyň özlerine häsiýetli bolan okatmak usullaryny talap edýänliginden gelip çykýar. Şonuň üçin hem, mugallym okatmak usullaryny seçip alýan wagtynda okuw sapagynyň aýratynlygyndan ugur almalydyr. Çünki her bir okuw sapagy okuwçylara berilýän okuw maglumatynyň aýratynlygyna laýyk bolan okatmak usullaryny talap edýär. Okatmak usullarynyň köpdürlüliginiň talap edilmeginiň esasy sebäbi hem okuw sapagynyň mazmunynyň we ugrunyň dürli-dürli bolmagyndan ybaratdyr.

**Üçünjiden,** mugallym ol ýa-da beýleki okatmak usulyny saýlap alýan wagtynda okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny nazarda tutmalydyr. Eger mugallym başlangyç mekdebiň okuwçylaryna okaýyş (leksiýa) usuly bilen beýan etmegi göz öňünde tutsa, öz işini şeýle hem meýilleşdirse, onda onuň uly ýalňyşlyga ýol berdigi bolar. Çünki, kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň ünsüniň durnuksyzlygy sebäpli, olar okaýşy (leksiýany) diňläp we özlerine kabul edip alyp bilmeýärler.

Okatmak usullaryny saýlap almakda mugallym mekdebiň tehniki serişdeler bilen üpjünçiligini göz öňüne tutmalydyr.

## Okatmak usullarynyň ähli görnüşlerinde şeýle talaplar goýulýar:

1. Mugallym tarapyndan okuw maglumatynyň düşündirilmegi okuwçylarda ylmy taýdan dogry pikirlenmäni, giň gözýetimi, ruhubelentligi, ahlak taýdan päkligi, gowy gylyk-häsiýeti we tertip-düzgüni kemala getirmek, şularyň esasynda usul terbiýeleýjilik häsiýete eýe bolýar.
2. Okatmak usulynyň ylmy taýdan esaslandyrylmagy, ýagny düşnükli bolmagy, usulyň ylmylygy okuwçylaryň pikiriniň düşnükliligini hem aňladýar.
3. Okatmak usulynyň sistemalylygy onuň netijeliligini kesgitlemelidir.
4. Usullaryň güýçýeterliligi.
5. Tehniki serişdelerden, görkezme esbaplaryndan peýdalanmak bilen çagalaryň duýgularyny ösdürmeklige gönükdirmek.
6. Bilimleriň berk özleşdirilmegini we netijeliligini gazanmak.
7. Usul psihologik talaplara gabat gelmeli, ýagny, okuwçynyň ýaş aýratynlyklary, şahsy mümkinçilikleri göz öňünde tutulmaly.
8. Usul ulanylanda okuwçynyň beden ösüşindäki anatomiki-fiziologiki, biologiki gurluş aýratynlyklary hasaba alynmaly hem-de onuň işe bolan ukyplylygy, ýadawlygy, döredijiligi, saglyk ýagdaýy göz öňünde tutulmaly.
9. Okatmak usulynyň netijeliligi ýokary bolmaly. Okuw materialynyň berk özleşdirilmegine gönükdirilen bolmaly.
10. Mugallym öz işinde yzygiderli täze tejribeli usullary öwrenmeli, ulanmaly. Okatmagyň nazaryýetine we tejribeligine

degişli täze öňdebaryjy usullaryň gözleginde bolmaly, döredijilikli işlemeli.

11. Saýlanylyp alnan usul anyk hem-de kesgitli häsiýete eýe bolmaly.
12. Okatmagyň usuly bilim berijilik, terbiýeleýjilik hem-de ösdürijilik wezipeleri ýerine ýetirmeli, bu okatmagyň usulyndan edilýän esasy talaplaryň biridir.

**Okatmagyň usullaryny saýlamak.** Mugallym usullaryň haýsysy gerek bolsa özüne saýlap alýar diýen pikir diňe birbada, onda-da hünärmen bolmadyk adamda ýüze çykýar. Maksada ýetmek üçin ýollary kesgitlemek aňsat iş däl. Bar bolan mümkinçilikler, obýektiw we subýektiw sebäpler, tötänlikler usul saýlamak diapazonyny gysgaldýarlar we mugallyma effektiw (netijeli) işlemek üçin sanagly ýollary galdyrýarlar. Şol ýa-da başga bir usul saýlanylanda her gezek mugallyma köp garşylyklary hasaba almak gerek bolýar. Ilkinji hatarda sapakda çözüljek esasy maksat we anyk wezipeler kesgitlenilmeli. Olar öz gezeginde öňde goýlan wezipelere ýetmegiň usullaryny saýlamaga kömek edýärler. Ondan soň akyl ýetiriş prosesini gowy ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän maksada gönükdirilen anyk ýollar saýlanylýar. Okatmagyň usullaryny saýlamygyň 6 sany şertini görkezmek bolar:

1. Olardan gelip çykýan okatmagyň kanunalaýyklyklary we ýörelgeleri.
2. Kesgitlenen ylmyň umumy mazmuny we usuly, hususanam, onuň dersi we temasy.
3. Okatmagyň maksatlary we wezipeleri.
4. Okuwçylaryň okuw mümkinçilikleri ( ýaş, taýýarlyk derejesi, synp toparynyň aýratynlyklary).
5. Daşky şertleri ( geografiki, önümçilik gurşawy).
6. Mugallymlaryň mümkinçilikleri ( tejribesi, taýýarlyk derejesi, okuw prosesiniň tipli häsiýetleriniň biri).

Formal taýdan olary saýlamak onçakly bir çylşyrymly däl. Nazary köplük garaýşa daýanyp, şeýle pikir edýäris. Okatmagyň käbir

köpdürli usullarynyň ulanylýan şertleriniň-de köpdürlüligi bar. Real pedagogiki prosesde köpdürli usullardan we şertlerden başga-da göwrümini, täsiriniň ugruny öňünden göz öňüne getirip bolmajak hereket edýän näbelli, tötänleýin sebäpler bar. Bir zady ýatda saklamaly: garaşylmadyk, gözegçilik edilmedik sebäpleriň ýüze çykmagy bilen anyk netijeleriň ynamly bolmagy şertlendirilýär. Usullary anyklaşdyrmak (optimizasiýalaşdyrmak) birtaraplaýyn kemala gelýär. Bar bolan serişdelerden, usullaryň köplüginden okatmagyň derejesini ýokarlandyrmaga kömek edýänlerini saýlamak wajyp.

Şu gün okatmagyň optimal usullaryny saýlamakda mugallyma ynamly kömekçi hökmünde kompýuter we multimedia tehnologiýalary çykyş edýär. Interaktiw-multimedia usullary okatmagyň anyk şertleriniň eleginden geçirilip, mugallymyň öňünde şertlendirilen talaplaryny kanagatlandyrýan ýollary saýlamagy maslahat berýär.

## Okatmagyň söz üsti usullary

Okatmagyň dilden beýan edýän usuly okuw-terbiýeçilik işinde giňden ýaýran, hemme görnüşdäki mekdeplerde we ähli synplarda ulanylýan usuldyr. Bu usuly uly ussatlyk bilen hem-de ýerlikli peýdalanmagy başarýan mugallymlar öz işlerinde gowy netijelere eýe bolýarlar, okuwçylara ylmy bilimleriň ulgamyny-sistemasyny öwredýärler, olaryň tejribe başarnyklaryny we endiklerini emele getirýärler, okuw işinde işjeň gatnaşmaklaryny üpjün edýärler. Mekdep okuwçylaryna durnukly bilim bermekde onuň ähmiýeti örän uludyr. Bu babatda görnükli rus pedagogy **K. D. Uşinskiý** şeýle belleýär***:*** ***«Nähili kämilleşdirilen bolsa bolsun, okuw kitaplary, gollanmalary hat-da ustawlar – olar mugallymyň janly sözleriniň*** deregini tutup bilmezler».

Häzirki döwürde hem bu usula, ýagny okatmagyň söz üsti usulyna ýokary baha bermek bilen bir hatarda, okatmaklygyň beýleki usullarynyň hem ähmiýetiniň uludygy nygtalyp, ol usullaryň biri-biri bilen baglanyşykly häsiýetde ulanylýandygy bellenilýär. ***Mugallym***

***tarapyndan okuw maglumatyny dilden beýan etmegiň görnüşleri*** şeýle mazmunly ***esasy pedagogiki talaplary ödemelidir:***

1. Ylmylyk we ýokary ideýalylyk.
2. Logiki yzygiderlilik we subut edijilik.
3. Düşnüklilik we aýdyňlyk.
4. Keşplilik, duýguçyllyk we mugallymyň sözüniň dogrulygy.
5. Okuwçylaryň ýaş aýratynlygynyň hasaba alynmagy we başgalar.

Okatmagyň söz üsti usuly şeýle toparlary öz içine alýar*: **gürrüň bermek, gürrüň, düşündiriş, söhbetdeşlik, mekdep umumy okuwy (leksiýasy) we kitap bilen işlemek.***

**Okatmagyň gürrüň bermek usuly.** Mugallymyň gürrüňi – – bu mugallymyň okuw maglumatyny ýönekeý, sada dilde düşnükli edip okuwçylaryň aňyna ýetirip bilmegidir. Bu usul bilimleri dilden beýan etmegiň bir görnüşi bolup, okuw maglumatyny mugallymyň monologik, birtaraplaýyn görnüşde okuwçylara ýetirmegidir. Eger mugallym okuwçylara gürrüň bermegi başarýan bolsa, onda olar bellibir ugur boýunça geçilýän maglumaty doly özleşdirýärler. Dersiň aýratynlygynyň esasynda gürrüňiň häsiýeti üýtgäp biler. Bu usul okuw tutumynda-prosesinde bilimleri dilden beýan etmeginiň beýleki ***düşündiriş, gürrüň*** usullary bilen utgaşykly alnyp barylýar. Ol hemme okuw sapaklarynyň görnüşlerinde üstünlik bilen peýdalanyp bilner. Okatmagyň gürrüň bermek usuly görnükli alymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň ömri-döredijiligi, ylmy açyşlar, oýlap tapmalar, tebigy hem jemgyýetçilik hadysalary ýaly bir topar wakalar barada maglumat berlende-de üstünlik bilen peýdalanylýar. Mugallym maglumaty bellibir ulgam (sistema) boýunça kesgitli yzygiderlilikde beýan etmäge, ony düşnükli edip aýdyp bermäge öňünden taýýarlanýar, onuň bilim berijilik hem terbiýeleýjilik taraplaryna aýratyn ähmiýet berýär.

**Okatmagyň gürrüň usuly**. Bu usul bilimleri dilden beýan etmegiň giňden belli bolan görnüşidir. Ol, esasan, sorag-jogap arkaly amala aşyrylyp, okuwçylaryň akyl ýetirijilik işiniň işjeňleşdirilmegine ep-esli derejede ýardam edýär. Gürrüňiň sorag-jogap üsti bilen geçi-

rilýänligi, her bir soragyň akyl ýetirijilik işini ösdürýänligi sebäpli, mugallym öňünden soraglaryň ulgamyny (sistemasyny) taýýarlamaklyga aýratyn üns bermelidir.

Gürrüň: **a)** täze maglumaty düşündirmek; **b)** bilimleri, başarnyklary we endikleri berkitmek; ç) geçilenleri gaýtalamak; **d)** okuwçylaryň bilimini barlamak hem baha bermek maksady bilen geçirilýär.

Sapakda gürrüň usulyny peýdalananda, oňa mugallymyň örän berk taýýarlyk görmegi möhümdir. Ol ozaly bilen didaktik talaplara laýyklykda gürrüňiň giň we aýdyň meýilnamasyny döretmelidir. Soňra şol meýilnamanyň esasynda soraglar düzmelidir. ***Mugallymyň düzýän soraglary, okuwçylaryň şol soraglara berýän jogaplary didaktikanyň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidir:***

1. Soraglar özüniň mazmuny, görnüşi taýyndan dogry, okuwçylar üçin düşnükli bolmalydyr.
2. Her bir orta atylýan sorag okuwçylaryň ünsüni özüne çekmelidir. Başgaça aýdanymyzda, mugallym problemalaýyn häsiýetli soraglaryň ulgamyny (sistemasyny), ülňüsini döredip, şol soraglar bilen okuwçylary sapaga gyzyklandyrmagy başarmalydyr. Soraglar ilki tutuş synpa berilýär hem-de okuwçylaryň hemmesiniň pikirlenmegi üçin şert döredilýär, soňra haýsy hem bolsa bir okuwçydan soralýar.
3. Soraglaryň arasynda içki logiki arabaglanyşyk saklanylmalydyr, ýagny ikinji sorag birinji soragyň dowamy bolmalydyr.
4. Soraglar bir söz bilen jogap berer ýaly edilip düzülmeli däldir. Her bir sorag okuw materialynyň bellibir sebäbini, hadysany ýa-da kanuny aýdyňlaşdyrmagy talap etmelidir.
5. Bir wagtyň özünde iki ýa-da birnäçe sorag bermeli däldir. Soraglar talabediji häsiýetde bolmalydyr. Mugallym okuwçylardan ýazgy boýunça soramaly däldir, ol kimlerden sorajagyny öňünden belläp gelmelidir. Eger-de orta atylan soraga bir ýa-da birnäçe okuwçy jogap berip bilmese, onda şol soragy başga hili görnüşde bermek ýa-da oňa degişli gönükdiriji soraglar berip görmek peýdalydyr.

**Gürrüňiň giňden ulanylýan görnüşleri:**

***a) gürrüň-hekaýa etme usuly*** – ýagdaýy beýan etmek, ýazyjynyň, şahyryň ömri we döredijiligi barada gürrüň bermek we başgalar.

***b) gürrüň-suratlandyrma usuly*** – ösümlikleriň ösüş ýagdaýyny suratlandyrmak, her hili priborlaryň, enjamlaryň, apparatlaryň ýasalyşyny, ulanylyşyny beýan etmek we ş.m.

Mugallymyň gürrüňi düşnükli bolar ýaly, ol ilki bilen temanyň meýilnamasyny tagta ýazmalydyr. Mugallym meýilnama esasynda okuwça düşnükli dilde, edebi terminleri-düzgünleri peýdalanyp, gürrüňi alyp barmalydyr we okuwçylaryň ünsüni bir ýere jemlemelidir. Başlangyç synplarda gürrüňiň dowamlylygy **15 – 20 minut** bolup, tema düşündirilip gutarandan soň, okuwçylaryň bilim derejeleri barlanmalydyr.

**Düşündiriş usuly** – bu mugallymyň okuw materialyny logiki yzygiderlilikde düşündirmegidir. Bu usulyň esasy maksady sapaklaryň, hadysalaryň we faktlaryň häsiýetli alamatlarynyň üstüni açmakdan, kanunlary, netijeleri, düzgünleri düşündirmekden, okuwçylaryň täze-täze bilimleri çuňňur hem aňly – düşünjeli özleşdirmeklerini gazanmakdan ybaratdyr. Okatmagyň düşündiriş usulynyň sapakda tutýan orny okuw materialynyň mazmunyna, häsiýetine hem-de okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we bilim derejelerine laýyklykda, onuň beýleki okatmak usuly bilen näderejede utgaşdyrylýanlygyna baglylykda kesgitlenilýär.

Düşündiriş usulynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem düşnüklilik, okuwçylaryň öňünde aýdyň soraglaryň goýulmagy, anyk mysallaryň getirilmegidir. Düşündirilip bolandan soň, mugallym hökmany suratda düşündirişini jemlemelidir, netijäniň dogrudygyny aýtmalydyr.

**Söhbetdeşlik** – mugallymyň söhbetdeşlik döwründe okuwçylaryň bilimine, tejribesine daýanyp, gysga soraglary okuwçylara bermek bilen olary geçilýän temany özleşdirmäge gönükdirýär. Bu usula başgaça «sokratçylyk» usuly hem diýilýär. Söhbetdeşlik döwründe okuwçylaryň özbaşdaklylygy ýokarlanýar. Söhbetdeşlik geçirilen-

de, ýagny, mugallymyň berýän soraglaryna güýçli okuwçylar jogap bermeklige gatnaşanlarynda, beýleki orta we gowşak okuwçylar hem ýoldaşlaryndan galmajak bolup, sapaga işjeň gatnaşýarlar. Şu döwürde mugallym hem öz nobatynda güýçli okuwçylary höweslendirip durmalydyr.

Okuw materiallarynyň mazmunyna we anyk meselelere laýyklykda, **söhbetdeşlik** birnäçe topara bölünýär.

**1. *Ewristik söhbetdeşlik*** – «ewrika» latyn sözi bolup, «tapýaryn» diýen manyny berýär. Mugallym okuwçylaryň öňki bilimlerine seredip, anyk soraglary goýmak bilen, okuwçylary täze düşünjeleri, netijeleri, düzgünleri açmaklyga ugrukdyrýar.

**2. *Katehizik söhbetdeşlik*** – «katehizis» grek sözi bolup, «nesihat, öwüt» diýen manyny berýär. Başlangyç synplarda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini barlamakda, bahalandyrmakda we berkitmekde giňden ulanylýar. Ýönekeýje sowal-jogaplara – katehizik söhbetdeşlik diýilýär. (Aýdymyň awtory kim? (kompozitor). Aýdymyň sözleri kim tarapyndan ýazylypdyr? (şahyr). Bu görnüşli söhbetdeşlik okalan tekstleri seljermekde hem giňden peýdalanylýar.

**3. *Täzeden döretmek söhbetdeşligi*** – munda mugallymyň beren soraglarynyň üsti bilen okuwçylaryň öňki alan bilimleri täzeden ýatlanylýar we üsti doldurylýar. Söhbetdeşligiň bu görnüşli gaýtalamak, jemleýji sapaklarda giňden ulanylýar.

**4. *Habar beriji söhbetdeşlik*** – bu täze bilimleri habar bermekde ulanylýar. Ol mugallymyň okuwçylara sorag bermegi, okuwçylaryň hem ol soraglara jogap bermeginiň esasynda guralýar. Sorag berlende mugallym bütin synpyň okuwçylaryna ýüzlenip, sorag bermelidir. Sorag gysga bolup, sada dilde goýulmalydyr. Goşa soraglary we çaklama jogap berilýän soraglary goýmak özüniň oňaýly netijesini bermeýär.

Söhbetdeşligiň gidişi okuwçylaryň jogaplaryna hem bagly bolýar. Soraglara jogaplar dogry, aýdyň berlip, hemme okuwçylar eşider ýaly bolmalydyr. Soraglara jogap bermek üçin okuwçylary elipbiý ýa-da sanaw bilen çagyrmaklyk maslahat berilýär. Şeýle-de ünssüz okuwçylardan köpräk soramaklyk, okuwçylaryň arzuwlaryny

hasaba almaklyk, ýagny, göz öňünde tutmaklyk gowy netije berýär. Söhbetdeşlik döwründe her hili ýol bilen okuwçylary höweslendirip dursaň, olaryň işjeňligi artýar.

**Mekdep umumy okuwy (leksiýasy)** – «leksiýa» latyn sözi bolup, «okuw» diýen manyny berýär. Bilimleri dilden beýan etmegiň bu usuly orta mekdebiň ýokary synplarynda ulanylýar. Çünki, şol synplardaky okuwçylaryň ýaş aýratynlygy mugallymyň uzak wagtlyk düşündirişini diňlemäge mümkinçilik berýär. Mekdep leksiýasynda mugallym haýsydyr bir meseläni yzygiderli beýan edýär. Ol şonda, adatça, bir ýa-da iki sany meseläni derňäp geçmegi göz öňünde tutýar we öňe sürlen pikirleri giňden aýdyňlaşdyrýar.

Ýokary synplarda onuň dowamlylygy 30 – 35 minut, başlangyç synplarda bolsa, seýrek ulanylyp, dowamlylygy 15 – 20 minuta barabardyr. Mugallym ilki bilen umumy okuwyň temasyny aýdýar. Soňra onuň meýilnamasyny tagta ýazýar. Görkezme esbap, tehniki serişde ulanjak bolsa, ony taýýarlaýar.

## Başlangyç synplarda kitap bilen işlemegi öwretmek

Okuw kitaby okuwçylaryň materialyň düýp manysyna akyl ýetirip bilmeklerine, ony hem nazary hem tejribe taraplaryndan özleşdirmeklerine mümkinçilik döredýär. Okuw kitaby bilen işlemezden, häzirki zaman ylmynyň, tehnikasynyň we medeniýetiniň esaslaryny ele almak mümkin däldir.

Okuw kitaby bilen işlemeklik mekdebiň hemme synplarynda ähli okuw dersleri boýunça yzygiderli geçilýär. Okuw kitaplary okuwçylaryň bilim almagynyň iň möhüm çeşmesi hasaplanylýar. Okuw kitabynda yzygiderli bilimler beýan edilýär we okuwçylaryň özbaşdak işleri üçin zerur bolan temalar ýerleşdirilýär.

Okuw kitaplary okuwçylaryň bilim almagy üçin esasy çeşmedir, şeýle bolansoň, mugallym okuwçylara kitap bilen işlemegi, ýagny, dogry okamagy, okan zadynyň manysyna düşünmegi öwretmelidir.

Bu bolsa, düşündirip okatmak arkaly amala aşyrylýar. Akyl ýetirilip, oýlanyp okamaklyk, düşnüksiz sözleri öwrenmek hökmandyr.

1-nji synpda okuwçylar okan zadynyň meýilnamasyny düzmegi öwrenýärler, 3-nji synpda bolsa hekaýalaryň meýilnamasyny düzýärler. Meýilnama habar sözlemi esasynda düzülmelidir. Şeýlelikde, okuwçylar soňabaka makalalaryň atlaryny düzýärler. Kem-kemden mugallymyň ýolbaşçylygynda olar makala ýazmagy öwrenýärler.

***Kitap bilen işlenende, okuwçylar şulary berjaý etmelidirler:***

1. Temany bellemeli, nämeleri öwrenmelidigini gysgaça bellik etmeli.
2. Maglumaty ünsli okamaly, bölümlere bölmeli, okan ýeriň boýunça meýilnama düzmeli.
3. Soraglara dilden jogap bermeli.
4. Okan zadyňa öz soraglaryňy bermegi başarmaly.
5. Okan zadyň boýunça netije çykarmaly.

Mekdep okuwçylary okuw kitaby boýunça synpda okaýarlar, dürli tejribe işleri ýerine ýetirýärler, geçilen temalary gaýtalaýarlar, öý işlerini berjaý edýärler. Mugallym okuw kitaby bilen işlenende okuwçylara aýry-aýry edebi çeşmeleriň üstünde işlemegi öwredýär, olara kitap bilen işlemegiň özbaşdak endiklerini berýär. Şol endikleri kem-kemden ösdürýär. Ol okuwçylaryň ylym - bilimleriň esaslaryny has düýpli we berk özleşdirmekleri üçin, okuw kitaplarynyň temalaryny yzygider öwrenmegi, şol bir wagtyň özünde-de ylmy we çeper edebiýatlary özbaşdak okap, öz biliminiň üstüni dolduryp durmagy, düşünjesini giňeltmegi öwredýär. Mugallymyň esasy wezipeleriniň biri okuwçylara okuw kitabyndan dogry peýdalanyp bilmegi öwretmekden ybarat. Şonuň üçinem her bir mugallym ilkinji sapakda okuw kitabynyň orny, gurluşy, aýratynlygy, bilim berijilik roly barada; onuň näçe wagtyň dowamynda öwreniljekdigi, okuw kitabyna degişli nähili ýygyndynyň bolmalydygy, haýsy goşmaça edebiýatdan peýdalanmaly boljakdygy barada düşündiriş berýär. Iň esasy zat okuwçylaryň okuw kitaplary we beýleki edebiýatlar bilen özbaşdak işläp bilmek endiklerini döretmekdir.

***Okuwçylar kitap bilen özbaşdak işlänlerinde:***

a) okalan tekstden esasy pikirleri saýlap almagy;
b) okalany gaýtadan gürrüň edip bermegi ýa-da şol tekst boýunça soraglara jogap berip bilmegi;
ç) okalan kitap boýunça gysgaça beýan etmegi, meýilnama, annotasiýa düzmegi;
d) tekstdäki materiallary, şol materialdaky öňe sürlen pikirleri bir-birden parhlandyrmagy;
e) okan zadyňa düşünendigiňi ýa-da düşünmändigiňi barlap görmegi;
ä) berlen soraglara ýazuw üsti bilen jogap bermegi;
f) tekst boýunça çyzgylary, tablisalary, diagrammalary döretmegi;
g) sözlük üstünde işläp bilmegi;
h) pikirleniş işiň dürli operasiýalaryny (seljermek, deňeşdirmek, tapawutlandyrmak, netije çykarmak işlerini) ýerine ýetirmegi başarmalydyrlar.

Kitap bilen işlemekligiň esasy üç sany derejesini tapawutlandyrmak bolar. Şol derejäniň **birinjisi** kitaby okaýan adamynyň tekstiň manysyna akyl ýetirmegi, düşünmegi, ýagny ondaky maglumatlary özüne kabul edip almagydyr. Şonda ol tekstiň manysyna, onda aydyljak bolunýan zada düşünmek hem ony ýatda saklamak üçin dürli-dürli usullardan peýdalanmaly bolýar. Kitap bilen işlemegiň bu derejesini şertleýin ýagdaýda onuň **akyl ýetirijilik derejesi** diýip atlandyrmak bolar.

Kitap bilen işlemegiň **ikinji derejesi** – bu okalan teksti anyklaşdyrmagy, oňa tankydy nukdaýnazardan baha bermegi başarmaklykdyr. Bu derejäni kitap bilen işlemekligiň **analitik derejesi** diýip atlandyrmak bolar.

Kitap bilen işleşmegiň **üçünji derejesi** – munuň özi adamyň okan zatlarynyň esasynda, özbaşdak okap öwrenen maglumatlarynyň, alan düşünjeleriniň bazasynda nämedir bir täze pikiri orta atmagydyr. Kitap bilen işlemegiň bu derejesine onuň **döredijilik derejesi** diýilýär.

Okuwçylar kitap bilen işlänlerinde ýazgylaryň dürli görnüşlerini döredýärler. Şol ýazgylar, esasan, ***meýilnamadan, tezislerden, konspektden, göçürmelerden, sitatalardan, annotasiýalardan*** ybaratdyr. Şol ýazgylaryň üstünde gysgaça durup geçeliň.

**Meýilnama** – haýsydyr bir kitapda, ýa onuň bellibir babynda beýan edilen esasy pikirleriň sözbaşylar görnüşindäki ýazgysydyr. Gowy düzülen meýilnama şol meýilnamany düzen adamyň kitabyň gurluşyny mazaly özleşdirenligine, mazmunyna gowy düşünenligine şaýatlyk edýär. Meýilnama materialy gaýtalamak üçin amatlydyr. Ýöne şol meýilnama soraglaryň toplumy boýunça gaýtalamaklyk kitap okalandan onçakly kän wagt geçmänkä mümkindir. Meýilnama düzmeklik okuwlar geçirilende, makalalar ýazylanda, nutuklara, çykyşlara we şulara meňzeş işlere taýýarlanylanda möhümdir. «Meýilnamasyz iş başa barmaz» diýlip örän dogry aýdylypdyr.

**Tezisler** – meýilnama bilen ýazgynyň aralygyndaky ýazgydyr. Eger meýilnamada kitapda beýan edilen esasy meseleler baradaky soraglaryň toplumy bellibir yzygiderlikde berilýän bolsa, tezislerde kitabyň esasy mazmuny gysgaça beýan edilýär. Tezis düzmek babatyndaky iş okalan materialy örän çuňdan analiz etmegi, esasy pikirleri tapawutlandyrmagy, materialyň daýanç punktlaryny parhlandyryp bilmegi talap edýär.

**Tezisler** – munuň özi ara alnyp maslahatlaşyljak dokladlar bilen çykyş etmegiň iň bir amatly ýazgysydyr.

**Ýazgy** – okalýan kitabyň, ýa diňlenilýän leksiýanyň esasy mazmunyny gysgaça, yzygiderli beýan edýän ýazgydyr. Onda ownuk-uşak pikirler, gaýtalamalar bolmaýar. Ýöne ýazgyda awtoryň esasy pikirlerinden başga-da şol esasy pikirleri, netijeleri berkidýän, olary subut edýän degerli faktlar, zerur bolan göçürmeler, sitatalar bolmalydyr.

Eger şol bir wagtyň özünde birnäçe edebi çeşme öwrenilýän bolsa, onda esasy edebi çeşmäniň mazmuny ýazgy edilýär, beýleki edebiýatlardan alnan käbir täze, üýtgeşik pikirler bolsa şol esasy edebi çeşmä goşmaça hökmünde ulanylýar. Haýsydyr bir ulurak edebi çeşme ýazgy ediljek bolnanda, adatça, ilki meýilnama düzülýär, soňra

kitabyň her bölüminiň mazmuny aýry-aýrylykda ýazgy edilýär. Ýazgy (meýilnama, tezisler, sitatalar ýaly) beýleki ýazgylaryň hemmesiniň mazmunyny özünde jemleýän uniwersal görnüşdäki ýazgydyr.

**Göçürmeler** – bu kitapdan sözme-söz, hiç bir üýtgedilmän göçürilýän ýazgydyr. Göçürmeler aýry-aýry kitaplardan, beýleki edebi çeşmelerden dürli materiallar toplamaly bolanda, amatly çeşme bolup hyzmat edýär.

**Sitatalar** haýsydyr bir ýygyndydan jüpüne düşüp duran anyk hem-de ýerlikli pikirleri sözme-söz göçürilip alynýan ýazgylardyr.

**Annotasiýa** kitabyň, makalanyň mazmunyny örän gysgaça beýan edýän, onuň peýdalydygyny birnäçe setirde görkezýän ýazgydyr.

## Elektron kitaplar

Çagalar üçin niýetlenen elektron kitaplar özünde audio, wizual (wideo, surat, animasiýa) we ýazgyly (tekstli) çagalar edebiýatyny (ertekiler, goşgular, aýdymlar, hekaýalar, multfilmler we ş. m) göz öňüne tutýan tehniki serişdedir.

Alymlaryň bellemegine görä, çaga 2,5 ýaşa çenli bu kitaplaryň hiç hili bilim berijilik peýdasy ýok. Mekdebe çenli ýaşly çagalar suratly, animasiýaly, sesli kitaplary peýdalanyp bilýärler.

Çagalar üçin niýetlenen elektron kitaplaryň mazmunynyň kiçi ýaşly okuwçylar üçin bilim berijilik, terbiýeleýjilik, ösdürijilik ähmiýeti uludyr. Olar çaganyň gözýetimini giňeldýär, wagtyny tygşytlaýar, tehniki serişdeler bilen işlemek endiklerini kämilleşdirýär. Mugallym we ata-ene çaganyň elektron kitaphanasy üçin ýaş aýratynlygyna görä, edebiýatlary saýlap bermeli we ondan peýdalanylyşyny gözegçilikde saklamaly.

## Görkezip okatmak usuly

Okuwçylara okuw maglumatlaryny görkezmek arkaly öwretmegiň ýoluna **görkezip okatmak usuly** diýilýär. Bu usulda okuw maglumatlarynyň özleşdirilişi okuw işinde görkezilýän görkezme

esbaplary ulanmaklyga, tehniki serişdelere baglydyr. Görkezip okatmak usulynda esasy orny görkezmek, görkezme esbap, tehniki serişde eýeleýär. Bu usul dilden beýan edilýän usullar bilen berk arabaglanyşykdadyr. Düşündiriş, söhbetdeşlik, gürrüň, beýan etme, okaýyş usullary görkezip okatmak usulynda kömekçi hyzmatyny amala aşyrýarlar. Görkezip okatmak usulynyň häzirki okuw işindäki gymmaty hem biçak uludyr.

Okuwyň has netijeli bolmagy, öwrenilýän zadyň okuwçynyň ýadynda köp wagtlap galmagy üçin okatmakda görkezme usulyna esasy orun berilýär. Şeýle bolsa-da, görkezip okatmak usuly söz üsti usulyndan aýratynlykda ulanyp bilinmez. Sebäbi görkezme esbaplar, tehniki serişdeler sapagyň dowamynda mugallym tarapyndan düşündirilýär, gürrüň edilip berilýär.

Sapagyň dowamynda, ýagny mugallymyň gürrüň bermeginde-temany düşündirmeginde, söhbetdeşlik döwründe görkezme esbaplardan, tehniki serişdelerden peýdalanyp, ähli okuwçylaryň geçilýän materialy doly kabul edip alýandygyny synlaýar. Şunuň netijesinde mugallym umumylaşdyrýar we bellibir netije çykarýar. Görkezme esbaplardan sapagyň dowamynda giňişleýin peýdalanmak okuwyň has netijeli bolmagyna uly täsir edýär.

## Başlangyç synplarda görkezip okatmagyň ähmiýeti

Geçilýän materialy çuňňur öwrenmek üçin ***başlangyç synplarda*** dürli görkezme esbaplar ulanylýar.

Meselem:

a) «Gyş» temasy düşündirilende ýa-da tokaý, çöl barasynda gürrüň berlende, gar ýagyp duran suraty, tokaýyň, çölüň suraty çekilen görkezme esbaby ulanmak has amatlydyr.

b) Kiçi ýaşly mekdep okuwçysyna globus görkezilýär. Globusy okuwçylara görmäge bermeli. Goý, olar globusyň görnüşini, möçberini, aýlanyşyny, peslikleriň, belentlikleriň nähili reňk-

ler bilen bellenilişini öz gözleri bilen görsünler. Soňra okuwçylar globusyň esasynda Ýer şaryny, onuň aýlanyşyny, ýagtylandyrylyşyny göz öňüne getirýärler. Bu bolsa okuwçylaryň düşünjesiniň has ýokarlanmagyna getirýär.

ç) Mugallym 1-nji synpda matematikadan okuwçylara sanlary goşmaklygy öwredýär. Ol sapakda sanaw taýajyklaryndan peýdalansa, has amatly bolýar.

Sapagyň netijeli bolmagynyň ýene-de bir görnüşi mugallymyň sapagyň dowamynda **tehniki serişdeleriň** dürli görnüşlerinden giňişleýin peýdalanyp bilmegidir.

Mälim bolşy ýaly, tehniki serişdeler üç topara bölünýär.

1. **Görüş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler** – oňa epidiaskop, kodoskop, diaskop, filmoskop, diafilm we ş.m. degişlidir.
2. **Eşidiş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler** – magnitofon, radio, saz merkezi we başgalar.
3. **Görüş hem-de eşidiş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler** – kino, telewizor, wideomagnitofon, wideoproýektor we ş.m.

Umuman aýdylanda, okuwçylaryň bilim derejelerini çuňlaşdyrmaklygyň netijeliligini ýokarlandyrmakda tehniki serişdeleriň hem edil görkezme esbaplar ýaly ähmiýeti örän uludyr.

Görkezip okatmak usulynyň hemme taraplaryny işjeň peýdalanmak üçin multimedia tehnologiýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Mugallym multimedianyň kömegi bilen görkezip okatmak usulynda suratlary, çyzgylary, fotolary, animasiýalary, wideo ýazgylary ýerlikli peýdalanyp bilýär.

Mysal üçin, mugallym başlangyç synp okuwçylarynda dürs ýazuw endiklerini kemala getirmek üçin harplaryň ýazylyşyny ilki bilen howada, soňra synp tagtasynda ýazyp görkezýär. Türkmen dili, ene dili sapaklarynda bellibir surat boýunça ýazgy, sözlem, düzme, beýannama ýazmaklygy öwretmekde mugallym görkezip okatmak usulyndan peýdalanýar. Bu ýerde görkezme esbap (surat) esasy orny eýeleýär, mugallymyň düşündirişi, maslahaty kömekçi orunda durýar.

3. Sargyt № 1339

Okuw-görkezme esbaplaryň dürli görnüşlerini okuw işinde peýdalanmaklygyň zerurlygy barada jaýdar bellenilýär. Olary sapagyň haýsy döwründe, nähili maksat bilen, nädip ulanmalydygyna degişli käbir didaktik maslahatlary almak işimizi ýeňilleşdirer. Ozaly bilen okatmagyň bu usulynyň mugallymyň dilden beýan edýän usullary bilen berk arabaglanyşyklydygyny göz öňünde tutmak gerek. Sebäbi şol usullar suratlardyr görkezme esbaplar görkezilende-de, tablisalardyr gurallar bilen iş salşylanda-da, kartalardyr globuslar bilen işlenilende-de, telegörüşlerdir tejribeler geçirilende-de, görkezilip hem eşitdirilip öwredilýän beýleki serişdelerden peýdalanylanda-da mugallymyň dilden düşündirýän, beýan edýän zatlary bilen utgaşyp gidýär. Umuman aýdanyňda, görkezip hem eşitdirip okatmak işiniň mugallymyň sözi bilen utgaşyp gitmegi okuw işiniň kanuny talabydyr. Ol mekdebiň hemme synplarynda, ähli okuw dersleri boýunça geçirilip bilner.

Mugallym täze temany beýan edýän mahalynda degişli okuw-görkezme esbaplarynyň, geçirýän tejribeleriniň üsti bilen şol materialy has aýdyňlaşdyrýar, subut edýär, tejribe ähmiýetini düşündirýär. Beýle diýildigi görkezip hem eşitdirip öwretmek usuly diňe bir täze tema bilen baglanyşdyrylýar diýildigi däldir. Bu usul okuw materialy berkidilende-de, gaýtalananda-da, özbaşdak işler guralanda-da, hatda okuwçylaryň bilimleri barlananda-da giňden peýdalanylýan usuldyr. Agzalýan usul okuwçylaryň jogaplarynyň anyk hem düşnükli bolmagy, olaryň sapaga gyzyklanyp, höwes bilen ýapyşmaklary üçin, alynýan bilimiň nazaryýeti we tejribe gymmatyna akyl ýetirmekleri üçin hem bähbitlidir. Mugallym okuw işinde haýsy serişdäni görkezýän, nämäni eşitdirýän bolsa, şol serişdeleriň bitirýän hyzmatyna, görnüşine, reňkine we beýleki taraplaryna okuwçylaryň ünsüni çekýär, şeýdibem, sapagyň täsirli geçmegine şert döredýär.

Şu ýerde okuw-görkezme esbaplarynyň köpüsiniň okuwçylaryň güýji bilen döredilýänligini, olaryň ömrüni uzaltmak üçin aýawly saklanylýanlygyny we ýerlikli peýdalanýanlygyny belläp geçmek ge-

rek bolar. Başlangyç synp mugallymlary her bir okuw dersine degişli okuw-görkezme esbaplarynyň toplumyny döretmeklige uly ähmiýet berýärler.

Mugallym sapakda görkezjek serişdeleriniň maksadyny, bilim berijilik, terbiýeleýjilik gymmatyny kesgitleýär, onuň täsirli bolmagy babatynda pugta oýlanýar, seçilip alnan her bir görkezme esbaby sapagyň haýsy ýerinde, näçe wagtlyk peýdalanjakdygyny, synp tagtasynda oňa degişli nähili goşmaça ýazgylar etjekdigini öňünden anyklaýar. Jemläp aýdanymyzda, görkezilýän hem eşitdirilýän her bir serişde mugallymyň jüpüne düşüp duran täsirli hem aýdyň sözi bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp durulýar.

**Görkezip tanyşdyrmak (demonstrasiýa) usuly** – bu okatmagyň dilden beýan edilýän (düşündiriş, gürrüň bermek (hekaýa), okaýyş) usullary bilen organiki baglanyşykly bolup, şolara aýdyňlyk girizýän, öňe sürülýän pikiri subut edýän, okuwçylaryň synçylygyny ösdürýän, okuw işiniň işjeňligini ýokarlandyrýan, onuň hilini gowulandyrmaga hem netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam edýän täsirli serişdeleriň maksada gönükdirilip ýerlikli peýdalanylyşynyň usulydyr.

Sapakda bilimleri beýan etmeklik, esasan, öwrenilýän dersleri, hadysalary we olaryň şekillerini görkezip tanyşdyrmak arkaly durmuşa geçirilýär. Şeýle bolansoň, bu usul okuwçylaryň şol görkezip tanyşdyrylýan dersleri we hadysalary görüp, olar bilen ýakyndan tanyşmaklaryny hem-de olary özleşdirip bilmeklerine mümkinçilik berýär. Mugallymyň okuw materialyny suratlaryň, tablisalaryň, geografik, taryh kartalarynyň, tejribeleriň üsti bilen beýan etmegine **görkezip tanyşdyrmak (demonstrasiýa) usuly** diýilýär.

Biziň pikirimizçe, olary umumylaşdyryp, görkezip tanyşdyrmak usuly diýip atlandyrmak maksada laýyk bolar. Sebäbi bularyň ikisinde hem sapak işinde dürli tejribeler we görkezme esbaplar görkezip tanyşdyrylýar. Mugallym täze materialy beýan edýän wagtynda görkezme esbaplaryň ýa tejribeleriň üsti bilen şol bir materialy aýdyňlaşdyrýar we subut edýär, onuň tejribe ähmiýetini düşündirýär.

Görkezip tanyşdyrmak usuly mekdebiň hemme synplarynda we ähli okuw dersleri boýunça täze temany beýan etmekde giňden peýdalanylýar. Görkezme esbaplary we tejribeleri görkezip tanyşdyrmak geçilenleri gaýtalamakda, berkitmekde we okuwçylaryň bilimlerini barlamakda hem ýerlikli ulanylýar. Mysal üçin, okuwçylar geografiýa, taryh sapaklarynda mugallymyň soraglaryna jogap berýän wagtynda, aýdýan zatlaryny suratlarda ýa-da kartalarda görkezmek bilen aýdyňlaşdyrýarlar.

Geçilen materialy gaýtalamakda we okuwçylaryň bilimlerini barlamakda görkezip tanyşdyrmak usulynyň ulanylmagy okuwçylaryň jogaplarynyň anyk hem düşnükli bolmagy üçin ähmiýetlidir. Görkezip tanyşdyrmak usuly okatmagyň dilden beýan edilýän we beýleki usullary bilen dogry ugtaşdyrylyp alnyp barylýan wagtlarynda okuwçylar okuw materialyna çalt hem aňsat düşünýärler, öwrenilýän material okuwçylaryň uzak wagtlap ýatlarynda galýar.

Okatmagyň bu usuly bilimleri aňly-düşünjeli özleşdirmäge kömek edýär. Görkezip tanyşdyrmak usuly arkaly okuwçylar materialyň diňe bir nazaryýeti esaslaryna däl, eýsem tejribe ähmiýetine hem düşünýärler, özleşdirilýän materialyň tejribede nähili ulanylýandygyny, önümçilikde nähili orun tutýandygyny hut öz gözleri bilen görýärler.

Öwrenilýän sapaklary, hadysalary, işleri görkezip tanyşdyrmak. Okuwçylarda has takyk we dogry göz öňüne getirmeleri, düşünjeleri döretmek üçin, mümkin bolan ýerinde öwrenilýän sapagy özüniň ýagdaýynda görkezmek peýdalydyr. Mysal üçin, sapakda dürli ösümlikler, minerallar, motorlar we ş.m. görkezip tanyşdyrylyp bilner.

Mugallym öwrenilýän sapagy görkezip tanyşdyrýan wagtynda oňa okuwçylaryň pugta üns bermekleri, aňly-düşünjeli kabul etmekleri, okuwçylaryň onuň aýry-aýry bölekleriniň özara baglanyşygyna we gatnaşygyna düşünmekleri üçin soraglar berýär, ýagny görkezip tanyşdyrmak usulynyň düzüminde gürrüň usulyny giňden ulanmak bilen maglumatlary doly beýan edýär.

***Sapakda dersleri görkezip tanyşdyrmagyň düzgünleri:***

Öwrenilýän dersiň hemme taraplary (görnüşi, reňki, agramy, ýagdaýy) bilen tanyşdyrmakdan;

Öwrenilýän dersiň esasy häsiýetlerini okuwçylar düşünip özleşdirer ýaly edip görkezmekden;

Okuwçylar dersiň ösüşini, özgerişini doly görüp we oňa akyl ýetirip biler ýaly edip görkezmekden ybaratdyr.

Mekdebiň öňdebaryjy mugallymlary okuw-görkezme esbaplarynyň dürli görnüşlerini okuwçylaryň güýji bilen elde ýasamaklyga hem olary täze temany düşündirmekde, okuwçylaryň bilimlerini berkitmekde we barlamakda, özbaşdak işlerini guramakda giňden peýdalanýarlar.

Mugallym tarapyndan sapakda okuw-görkezme esbaplarynyň dürli görnüşleriniň görkezip tanyşdyrylmaklygy, görkeziljek esbaplary döretmeklige okuwçylaryň işjeň gatnaşdyrylmagy maksatnama materialynyň göwnejaý özleşdirilmegine, öwrenilýän zadyň okuwçylaryň ýatlarynda uzak wagtlap galmagyna, sapagyň gyzykly hem täsirli geçmegine, okuwçylaryň özbaşdak pikirleniş işiniň ösmegine, öwrenilýän materialyň durmuş bilen ýakyn arabaglanyşykda bolmagyna ýardam edýär.

***Suratlaryň, grafiki esbaplaryň görkezip tanyşdyrylyşy***. Mugallym sapakda suratlary görkezmek bilen okuwçylaryň okuw maglumatlaryna gowy düşünmeklerini gazanýar. Ol suraty görkezýän wagtynda hem gürrüň usulyny giňden ulanýar. Bu bolsa suratyň mazmunyna dogry düşünmeklige kömek edýär. Okuw maglumatlarynyň talabalaýyk özleşdirilmegi okuwçylaryň suratyň mazmunyna we onuň esasy böleklerine nähili düşünendiklerine baglydyr. Şonuň üçin mugallymyň soraglary suratyň mazmunyny we esasy taraplaryny doly aýdyňlaşdyrmaga gönükdirilmelidir.

Suratlar görkezilende, esasan, ewristik gürrüňi geçirilýär. Mugallym görkezilýän obýekte syn etmegiň wezipelerini düşündirenden soň, oňa syn etmek üçin wagt berýär. Soňra gürrüň arkaly suratyň

esasy elementleriniň aýratynlygyny görkezýän alamatlar arkaly onuň häsiýeti aýdyňlaşdyrylýar.

Mugallym bilimleri beýan edýän, berkidýän hem gaýtalaýan wagtynda, suratlar bilen bir hatarda, grafiki esbaplardan hem giňden peýdalanýar. Ýöne ol sapakda görkezilýän görkezme esbabyň maksadyny, bilim berijilik we terbiýeleýjilik gymmatyny öňünden kesgitleýär; onuň gyzykly hem täsirli bolmagy babatynda pugta oýlanýar; seçilip alynýan her bir görkezme esbabyň näçe wagtlyk peýdalanyljakdygyny, oňa degişli nähili goşmaça ýazgylaryň ediljekdigini anyklaýar. Has dogrusy, mugallym görkezilýän okuw-görkezme esbaplarynyň peýdalanylyş usulyny birkemsiz öwrenýär. Çünki şol serişdeler diňe şonda örän gymmatly hem täsirli esbaplar bolup hyzmat edýärler.

Mugallym sapakda haýsy görkezme esbaby görkezse-de, onuň gyzykly hem ünsüňi özüne çekiji bolmagy barada öňünden pugta oýlanmalydyr. Grafiki esbaplaryň tapmaça häsiýetli edilip döredilýänleriniň hem sapagyň aýry-aýry etaplarynda maksada laýyk edilip peýdalanylýanlaryň okuwçylaryň ünsüni öwrenilýän materiala çekmekde has täsirli serişdeler bolup hyzmat edýändiklerini mekdep tejribesi subut edýär.

Umuman aýdanymyzda, okuw işinde okuw görkezme-esbaplarynyň dürli görnüşleri peýdalanylyp, olar degişli ýerinde maksada laýyk edilip görkezilýär hem-de okuw-terbiýeçilik işiniň hiliniň we netijeliliginiň ýokarlanmagyna gönükdirilýär. Görkezip tanyşdyrylýan her bir esbap mugallymyň janly, obrazly, täsirli we jüpüne düşüp duran anyk hem aýdyň sözi bilen utgaşdyrylýar. Şeýle edilende sapak täsirli geçýär.

Didaktik edebiýatlarda görkezip tanyşdyrmak we suratlandyrmak usullary özbaşdak usullar hökmünde berlip, olaryň hersi aýratynlykda düşündirilýär. Awtorlaryň köpüsi sapakda dürli tejribeleri görkezmeklige görkezip tanyşdyrmak; görkezme esbaplary, suratlary, çyzgylary, shemalary görkezmeklige hem suratlandyrmak usuly diýip kesgitleme berýärler.

***Suratlandyryp düşündirmek (illýustratiw) usuly*** – bu usul täze materialy özleşdirmekde, dürli-dürli şekilleri düşündirmekde, gürrüň bermekde ulanylýar. Bu usulyň gurluşy 2 sany esasy bölege bölünýär.

**1. *Nazaryýet (teoretiki) bölegi.***

**2. *Suratlandyrmak (illýustratiw) bölegi.***

1. *Nazarýet bölegi.* Muňa kesgitlemeler, maglumatlar, subutnamalar, okuw maksatnamasyndaky maglumatlar degişli.

2. *Suratlandyrmak bölegi*. Muňa maglumatlar (faktlar), suratlandyrmalar, düşündirişler (söz we görkezme esbaplar arkaly) degişli. Suratlandyrmak bölegi materialy güýçýeterli edýär. Täze temanyň düşünjelerini okuwçynyň tejribesi bilen baglanyşdyryp berýär. Mugallym iki böleginem ýerlikli peýdalanmagy başarmaly.

## Alty ýaşly okuwçylara bilim bermekde ulanylýan usullaryň aýratynlygy

Okuw materiallaryny hödürlemek hem, alty ýaşly çagalaryň okuw gününiň tertibi hem adatdakylardan tapawutlanýar. Alty ýaşly birinji synp okuwçylarynyň sapaklarynyň geçýän wagty uly ýaşly okuwçylaryňkydan gysgadyr, dersleriň arasyndaky arakesmeler bolsa uzyndyr. Mysal üçin, hünärmenleriň maslahatlaryna laýyklykda, alty ýaşly okuwçylaryň okuw ýüki hepdede 21 sagatdan geçmeýär. Mekdepde sapaklar 8 sagat 30 minutda başlanýar, ýöne olaryň öňüsyrasynda irki maşklar geçirilýär. Alty ýaşly okuwçylaryň mekdep güni 12 sagat 05 minutda tamamlanýar. Birinji sapakdan soň arakesme 10 minuda, ikinji sapakdan soň bolsa 20 minuda barabardyr. Uly arakesme mahalynda hereketli oýunlar guralýar, üçünji sapakdan soň bolsa okuwçylar 45 minudyň dowamynda naharlanýarlar.

Çagalaryň saglygyna, olary bedenterbiýe bilen işjeň meşgullanmaga uly üns berilýär. Sapaklar mahalynda şadyýan beden maşklaryna hem wagt berilýär. Ýazuw we matematika sapaklarynda bolsa, lukman hünärmenler tarapyndan berlen maslahat boýunça göz üçin maşklar geçirilýär. Alty ýaşly okuwçylara öý işleri berilmeýär. Aýry-

-aýry sapaklar açyk howada geçirilýär, şonda çagalar mekdebiň ýanyndaky sport we oýun meýdançalarynda oýnap bilerler.

Alty ýaşly okuwçylar üçin ýörite işlenip taýýarlanan maksatnamada okuw mahaly aň ýetiriş-oýun elementlerine aýratyn üns berilýär. Oýun arkaly olar bilim dünýäsine ilkinji ädimlerini ädýärler. Mysal üçin, türkmen elipbiýiniň harplary öwredilende, şekillendiriş sungatynyň usullary işjeň ulanylýar. Şeýle sapaklar okuw sapaklaryndan daşary, mysal üçin, çagalaryň asfaltda surat çekýän mahaly hem dowam etdirilýär.

Sapaklar guralanda öwretmegiň başlangyç synplardaky usullarynyň ählisi (okuw-görkezme esbaplar arkaly öwretmek, söhbetdeşlik, mugallymyň gysgaça düşündirişi, öwrediji oýunlary guramak, dürli öwrediji serişdeler arkaly amaly işleri ýerine ýetirmek, tehniki enjamlardan peýdalanmak we ş.m.). Alty ýaşly 1-nji synpda 35 minutlyk sapagyň dowamynda täze maglumatlaryň üstünde işlemäge köp üns berlip, esasan dürli öwrediji serişdeleri ulanmak arkaly guralýan söhbetdeşlige we mugallymyň dykgatly esewan bolmagynda özbaşdak işleri ýerine ýetirmäge çalşylýar. Okuwçylar bilen amaly işleri ýerine ýetirmek üçin hususy paýlaýyş serişdelerinden peýdalanmaga uly üns berilýär. Sebäbi alty ýaşlylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk saýlanyp alynýan oýnawaçlardyr beýleki serişdeler olaryň akyl taýdan ösmeklerine oňaýly täsir edýär, çagalarda analiz, sintez etmek, deňeşdirmek, hyýala getirmek, umumylaşdyrmak başarnyklarynyň ösmegi gazanylýar.

**Oýun usuly**. Okuw, sapak döwründe ulanylýan oýunlara **okuw oýunlary** diýilýär. Olary şeýleräk görnüşlere bölmek bolýar:

a) öwrediji;

b) bilimleri barlaýjy;

ç) bilimleri umumylaşdyryjy;

***Öwrediji oýunlar*** täze bilimleri kabul etmekde ulanylyp, oýny guramaga zerur bolan bilimleri, başarnyklary we endikleri oýun geçirmäge taýýarlyk döwründe kabul edilýär.

***Bilimleri barlaýjy görnüşdäki oýunlaryň*** öwredijilik maksady başarnyklary, endikleri gaýtalamaga we öň alnan bilimleri berkitmekden ybaratdyr.

***Bilimleri umumylaşdyryjy oýunlar*** bilimleriň integrasiýasyny talap edýär. Ol dersara baglanyşygy dikeltmäge ýardam edýär, okuwyň dürli ýagdaýlarynda başarnyklary ele almaga gönükdirilendir.

## Okatmagyň tejribe işler bilen baglanyşykly usullary

***Okuwçylaryň sapagyň dowamynda dürli hili amaly-tejribe işleri ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly usullara tejribe usullary diýlip düşünilýär.*** Bu usullar ýokary synplarda girizilýär. Başlangyç synplarda bolsa zähmet, surat, tebigaty öwreniş sapaklarynda geçirilýär. Amaly işler gönüden-göni mugallymyň ýolbaşçylygynda ýa-da özbaşdak hem geçirilip bilner. Tejribe işleri şulardan ybaratdyr.

**1. Tejribe geçirmek, gözegçilik etmek** – ylmy bilimleriň akyl ýetirilip, düşünilip özleşdirilmegini, tejribe başarnyklaryň emele getirilmegini hem berkidilmegini üpjün edýär. Mysal üçin, okuwçy tejribe otaglarda, okuw otaglarynda, tejribe meýdançalarynda tejribe geçirmek, gözegçilik edilýän zadyň özgerişine hem ösüşine gözegçilik etmek arkaly nazaryýetde öwrenenlerine tejribede göz ýetirip bilýär. Ol sapakda öwrenilen materiallaryň tejribedäki güýjüne akyl ýetirýär, yzygider gözegçilik etmegiň netijesinde ösümlikleriň ösüşine, mekdebiň janly burçundaky janly-jandarlaryň özgerişine, tebigatyň hadysalaryna we ş.m. göz ýetirýär. Şeýle bolansoň, tejribe geçirmek, gözegçilik etmek usullary okuwçylaryň sapakda öwrenen hem tejribede gören zatlaryndan netije çykaryp, ol barada özbaşdak pikir ýöredip bilmeklerine şert döredýär.

Okuwçy hadysalara syn edip, degişli netije çykarmagy başaran mahalynda onda ynamly pikir, durnukly bilim emele gelýär, ylmy-barlag işini geçirmegiň deslapky alamatlary peýda bolup başlaýar.

Ýaş nesilde şeýle sypatlary döredip bilmek okuw işiniň gymmatly taraplarynyň biridir.

**2**. Mugallymyň ýolbaşçylygynda tehniki enjamlaryň, reaktiwleriň, gurallaryň kömegi bilen okuwçylaryň tejribe-gözegçilik işlerini geçirmeklerine **okatmagyň tejribe-amaly (laboratoriýa) usuly** diýlip düşünilýär. Şeýle usullar köplenç himiýa, fizika, biologiýa sapaklary öwrenilende ulanylýar. Okuwçylar tejribe geçirmek bilen şol ylymlara häsiýetli bolan kanunlaryň, düzgünleriň dogrulygyna göz ýetirýärler.

Okatmagyň tejribe-amaly (laboratoriýa) usulynyň maksadalaýyk guralmagy okuwçylarda iş esbaplaryna aýawly garamak, düzgün-nyzamlylyk, birek-birege kömek bermek ýaly bir topar ahlak sypatlarynyň emele gelmegine-de sebäp bolýar. Başgaça aýdanymyzda, okatmagyň terbiýeleýjilik häsiýeti utgaşyp gidýär. Mugallym tejribe-amaly (laboratoriýa) işini geçirip gutarandan soň, onuň netijesini jemläp, geçirilen işe her bir okuwçynyň, tutuş synpyň nädereje-de gatnaşandyklaryny, gazanylan üstünlikler, goýberilen kemçilikler barada öz pikirini mälim edýär.

***Tejribe işlerini geçirmegiň tertibi:***

1. Mugallymyň işiň teoretik esasyny düşündirýän döwri.
2. Iş ýüzünde ýerine ýetirilişiniň görkezilýän wagty.
3. Ilkinji synanyşyk, ýagny, mugallymyň ugrukdyryp durmagy bilen işi 2-3 sany okuwçynyň ýerine ýetirýän pursady. Şonda nätakyklyk bolsa düzedilýär, sorag ýüze çyksa jogap berilýär.
4. Işiň köpçülikleýin özbaşdak ýerine ýetirilişi. Gerek ýerinde mugallym okuwçylaryň tejribe işlerini ugrukdyryp, olara degerli kömekler berip durýar.
5. Ýerine ýetirilen ýumuşlaryň barlanylyşy, olaryň hiline, akyl ýetirilip özbaşdak ýerine ýetirilişine laýyklykda bahalandyrylýar.

Okatmagyň tejribe-gözegçilik, tejribe-amaly (laboratoriýa) usullary her bir okuw dersiniň mazmunyna, häsiýetine görä, her bir işiň öňde goýýan maksadyna laýyk edilip peýdalanylýar. Şoňa görä-de okatmagyň hemme babatlarda ulanarlykly uniwersal usullary bolup

bilmez. Şu işde mugallym okatmagyň usullaryny öňde goýlan maksatlara, ýüze çykan ýagdaýlara kybap edip, sazlap, utgaşdyryp durmaly bolýar.

Okuwçylaryň tejribe işleri bilen baglanyşykly ulanylýan usullar ýokarda agzalyp geçilenler bilen çäklenýän däldir. Olaryň görnüşleri kän. Mugallym olaryň haýsyny näme maksat bilen, näwagt, nädip ulanjakdygyny sapaga taýýarlanýan wagtynda anyklaýar.

**Okatmagyň gönükme usuly.** Bilimleri özleşdirmek, olary tejribede ulanmak, başarnyklary we endikleri kemala getirmek işinde dilden hem ýazuw üsti bilen geçirilýän gönükmeler giňden ulanylýar. Mysal üçin, türkmen dilinden «Dar çekimlileriň düşmek we düşmezlik kadalarynyň» öwrenilişi köp sanly gönükmeleriň, onda-da okuwçylaryň özbaşdak we döredijilikli işlemeklerini talap edýän, pikirleniş işini ösdürmäge ýardam edýän gönükmeleriň işlenilip geçilmegi bilen utgaşdyrylýar. Çünki başarnyklar we endikler hereketleriň ençeme ýola gaýtalanmagy bilen berkleşýär. Okuw işinde başarnyklary we endikleri emele getirmek hem-de kämilleşdirmek maksady bilen okuwçylaryň haýsy-da bolsa bir işi köp gezek ýerine ýetirmeklerine *gönükme usuly* diýilýär.

***Dilden geçirilýän gönükmeler*** işi gysga wagtyň içinde geçirmäge mümkinçilik berýär. Ýazuw üsti bilen geçirilýän gönükmeler has çylşyrymly ýumuşlary ýerine ýetirmäge, edilen işleri köp gezek gaýtalamaga we gowulandyrmaga, onuň aýry-aýry elementlerini deňeşdirip görmäge mümkinçilik berýär. Ýerine ýetirilen ýumuşlaryň netijesini görmek bilimleri, başarnyklary we endikleri berkleşdirmäge kömek edýär. Dogry, dilden geçilýän gönükmeler bilen deňeşdirilende, ýazuw işleri köp wagty talap edýär. Bu ýerde okuwçylaryň sowatlylygyna has köp üns berilýär. Şonuň üçin hem okuwçylar meseläni pikirlenip, has anyk beýan etmeli bolýarlar. Ýazuw işleri her bir işi dykgat bilen ýerine ýetirmek endigini terbiýeleýär, syn edijiligi ösdürýär, sowatlylygyň derejesini ýokarlandyrýar.

Okuwçylaryň özbaşdaklygynyň derejesi boýunça dil we ýazuw üsti bilen geçirilýän gönükmeleri üç topara bölmek bolar.

1. ***Maksatnama materiallaryny özleşdirmek hem berkitmek boýunça geçirilýän gönükmeler.***
2. ***Özleşdirilen bilimleri täze şertlerde peýdalanmak babatynda geçirilýän gönükmeler.***
3. ***Döredijilikli häsiýetdäki dürli türgenleşik işleri.***

Olar ähli synplarda dürli dersler boýunça geçilip bilner. Oňa, esasan hem, başlangyç synplarda matematikadan, ene dilinden we okuwdan, rus dilinden, aýdymdan, zähmetden, tebigaty öwrenişden we ş.m. degişli derslerden geçirilýän gönükmeler degişlidir. Gönükmeler okuwçylarda ilkinji özbaşdak endikleri kemala getirmeklige ýardam edýär. Gönükmeler, esasan, üç topara bölünýärler:

**a)** ***taýýarlaýyş gönükmeleri*** – olar täze düzgünleri öwrenmekde, sapagy berkitmekde giňden ulanylýar. Meselem, mugallymyň görkezmesi netijesinde okuwçylar ösümliklere, haýwanlara, transporta, käre we ş.m. degişli sözleri tapýarlar.

**b)** ***öwreniş gönükmeleri*** – bu gönükmeler has giňden ýaýrap, geçilen temany berkitmekde, bar bolan bilimleri, başarnyklary we endikleri kämilleşdirmekde ulanylýar.

**ç)** ***döredijilikli gönükmeler*** - gönükmeleriň okuw materialynyň mazmunyna laýyklykda beýleki gönükmeleriň görnüşlerinden düýpli aýratynlygy bardyr. Ol okuwçylaryň özbaşdak döredijilikli çemeleşmegini aňladýar, ösdürýär. Mysal üçin, okuwçylar tarapyndan doly özleşdirilenden soň, olara şol tema esasynda beýannama, düzme ýazmaklyk tabşyrylýar.

«Okuw işinde geçirilýän gönükmeleriň görnüşi dürli-dürlüdir. Geçirilýän işiň gowy netije bermegi, okuwçylary anyk başarnyklar we berk endikler bilen taplamak üçin gönükmeleri nähili edip geçirmek maksada laýyk bolar?» diýen sorag ýüze çykýar.

**1.** Gönükmäniň esasynda nähili we haýsy nazaryýet düzgüniniň, teoremanyň duranlygyny her bir okuwçy bilmelidir. Mehaniki özleşdirilen endigi okuwçylar täze we beýleki materiallarda ulanyp bilmezler.

**2.** Gönükmeler yzygiderliligi talap edýär. Her bir ele alnan täze endik öň ele alnan bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň ulgamyna

goşulmalydyr. Bu başarnygy ýa-da endigi ele almak bilen birlikde, okuw işinde okuwçylaryň özbaşdaklyk derejesi kem-kemden ýokarlanýar. Mysal üçin, okuwçylar mysallary, meseleleri we beýleki döredijilikli häsiýetdäki ýumuşlary ilki mugallymyň kömek bermegi bilen, soňabaka bolsa özbaşdak ýerine ýetirmegi başarýarlar. Gönükmeleriň ulgamlaýyn geçirilmegi netijesinde, okuwçylar her bir ýumşy özbaşdak çözmek başarnygyna eýe bolýarlar.

**3.** Okuwçylaryň özbaşdaklygynyň derejesini nazarda tutup, gönükmeleriň dürli-dürli bolmagyny gazanmak möhümdir.

Okuwçylar rus dili, türkmen dili, daşary ýurt dilleri bilen baglanyşykly gönükmeleri işlänlerinde: aýtmasy kyn bolan sözleri (aýdyp, okap) özleşdirmäge; sözlerde galdyrylyp gidilen harplary, bogunlary, sözlemlerde galdyrylyp gidilen sözleri ýazyp bilmäge; berlen sözler, söz düzümleri arkaly sözlemler, baglanyşykly tekstler düzmäge; tekstiň içinden talap edilýän sözleri, söz düzümlerini tapyp göçürmäge; berlen suratlar boýunça dürli görnüşdäki ýumuşlary ýerine ýetirmäge; olara dilden ýa-da ýazuw üsti bilen jogap bermäge; sinonimleri, omonimleri, antonimleri bir-birlerinden parhlandyryp, deňeşdirip bilmäge; aýry-aýry ýumuşlary berlen nusga esasynda işlemäge; tablisalar, çyzgylar bilen baglanyşykly ýumuşlary ýerine ýetirmäge; kanunlary, kesgitlemeleri ýatdan öwrenmäge hem olaryň tejribe işlerdäki ähmiýetine düşünmäge; döredijiligi, işjeňligi talap edýän dürli ýumuşlary özbaşdak işläp bilmäge kem-kemden türgenleşip başlaýarlar.

## Okatmagyň adaty, işjeň, interaktiw, interaktiw-multimedia usullary

Usulyýet (metodika) okatmagy guramakdyr. Okatmagyň usulyýeti okatmagyň dowamynda mugallym bilen okuwçylaryň özara gatnaşygynyň görnüşi. Mugallym bilen okuwçylaryň özara gatnaşygynyň görnüşi **dört topara bölünýär:**

1. Okatmagyň **adaty ýa-da işjeň däl usuly**
2. Okatmagyň **aktiw (işjeň) usuly**

3. Okatmagyň **interaktiw usuly**
4. Okatmagyň **interaktiw- multimedia usuly**

Okatmagyň
**adaty ýa-da işjeň däl**
usulynyň çyzgysy:




**1. Okatmagyň adaty usulynda** okuwçylar bilen mugallymyň gatnaşygynda mugallym sapakda esasy hereket ediji bolmak bilen sapagy doly düşündirýär, okuwçylardan sapagy diňlemegi talap edýär. Mugallymyň geçen sapagynyň netijesini okuwçylardan soramak, özbaşdak iş bermek, barlag işlerini hem-de testler geçirmek arkaly barlanýar.

2. Okatmagyň
**aktiw (işjeň)**
usulynyň çyzgysy:




**2. Okatmagyň işjeň (aktiw) usulynda** sapagyň bütin dowamynda mugallym bilen okuwçylaryň özara gatnaşygy dowam etdirilýär. Okuwçylar mugallym bilen bilelikde sapagyň deň hukukly agzalary hasaplanylýar. Her bir okuwçy sapagyň dowamynda mugallyma sapak barada sorag berip, soraga jogap alyp bilerler.

Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň 27-nji aprelinde geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwletimiziň bilim-terbiýeçilik edaralarynda interaktiw usulyndan peýdalanmak

hakyndaky meseläni goýdy. Bu bolsa, öz gezeginde, bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän işleriň täzeçe guralmagyny, ygtybarly ýola goýulmagyny talap edip, bilim bermekligiň dünýä ülňülerine gabat gelmelidigini görkezýär. Kemala gelýän şahsyýetiň köptaraply ösmegine ýardam edýän bu usulyň köpçülikleýin ornaşdyrylmagy ösüp gelýän ýaşlaryň dünýägaraýyşlarynyň kämil bolmagyna, pikirlenme ukyplarynyň ýeterlik derejede kämilleşmegine, başarnyklaryny, endiklerini öňde goýlan meseleleri töwerekleýin we işjeň häsiýetde çözmäge gönükdirmäge, mugallym bilen okuwçynyň, okuwçy bilen okuwçynyň arasyndaky akyl alyş-çalşygyny ýola goýmaga, ýokary derejede özgerýän dünýäniň hadysalaryna göz ýetirmek üçin düşünjeleri doly derejede özleşdirmäge şert döredýär.

***Işjeň usulynyň amatly taraplary:***

1. Okuw işiniň dowamynda mugallym bilen okuwçylaryň özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrýar we olaryň öz bilim derejesini kesgitlemäge ýol açýar.

2. Okuwçynyň ünsüni gozgalýan meselä gönükdirýär, berlen soraga jogap tapyp bilmegine getirýär, dürli pikirler orta atylanda öz goýberen bärden gaýtmalaryny düzetmäge kömek edýär.

3. Deň-duşlary bilen dogry aragatnaşygy ýola goýmak üçin zerur bolan endikleri we başarnyklary kemala gelýär, okuw işiniň dowamynda özüni ynamly duýmaga, erkin alyp barmaga bolan ynam döredýär.

3. Okatmagyň **interaktiw usulynyň** çyzgysy:




**3. Okatmagyň interaktiw usulynda** okuwçylar sorag-jogaplaryny sapagyň dowamynda biri-birlerine hem berip bilerler. ***«Interaktiw»*** iňlis

sözi bolup, terjime edilende «***inter***» – içki, içerki, «***aktiw***» – işjeňlik diýen manylara eýe bolup, okuwçylar mugallym bilen deň derejede işjeňleşýärler. Geçilýän her bir tema syýasat, ykdysadyýet, medeni we ruhy ösüşler bilen baglanyşykly ýola goýulýar. Okuw işinde öwrenmek we özleşdirmek meselesi biri-biriniň üstüni ýetirmek bilen, okuw işiniň dowamynda okuwçylaryň işjeňlik derejesini ýokarlandyrýar. Interaktiw usul diýlende, okuwçynyň töwerekdäki okuwa dahylly zatlar hem-de adamlar (mugallym, synpdaşlary, kompýuter we ş.m.) bilen işjeň aragatnaşykda bolýan okuwyna düşünmeli. Interaktiw okuwda sapaklar okuwçylaryň bary akyl ýetiriş işinde tutuşlygyna berler ýaly ýagdaýda bolup, okuw materiallaryny özleşdirmegine şahsy goşandyny goşar ýaly derejede geçirilmelidir. Interaktiw usulyň (usulyýet taýdan) netijeliligi, ilkinji nobatda, mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Hut mugallym oňaýly ýagdaýy döretmek arkaly, okuwçylar bilen aýratynlykda, iki-ikiden we toparlaýyn işleri gurnamak ýoly bilen, sapagyň maksadyna ýetmegini gazanmalydyr. Munuň üçin sapaklarda dürli hili döredijilikli ýumuşlar, görkezme esbaplary, köp dürli oýunlar ulanylýar, ýazmaça we dilden materiallar, kompýuter, multimedia we beýleki informasiýa çeşmeleri bilen işjeň ýagdaýda iş geçirilýär. Şeýle şertlerde okuwçylar özleriniň akyl taýdan gor baýlygyna eýediklerini duýýarlar, şeýlelikde, okuw işi has netijeli bolýar. Interaktiw usul bir özi çykyş edýäniň agalyk etmegini we ýeke-täk pikiri aradan aýyrýar. Häzirki zaman mugallymçylyk tejribesinde okatmagyň interaktiw usuly, esasan, okuwçylaryň alan täze maglumatlaryna akyl ýetirmegine, işjeň pikirlenmegine, bilimi esasly özleşdirmegine ýardam berýän tärleri ulanylýar. Bu usul okuwçylarda bar bolan bilimleriň ulanylmagyna, alnan täze maglumatlara gyzyklanma oýarmaga berilýän bilimlere olaryň şahsy çemeleşişini emele getirmäge gönükdirilendir.

## Kompýuter tehnologiýalary

Kompýuterleri terbiýe, okuw ulgamynda peýdalanmak, bilim ulgamynda giňden ornaşdyryp, onuň sapagyň netijeliligini ýokarlandyr-

maklykdaky orny barada birnäçe ylmy-amaly derňew işleri geçirildi. XXI asyr iň täze kompýuterler we maglumatlar tehnologiýalaryny terbiýede, okuwda ulanmazlyk asla mümkin däl. Sebäbi XXI asyr kompýuterler we tehnologiýalar asyry. Täze tehnologiýalar adamzat durmuşunyň ähli ugurlaryna günsaýyn çalt ornaşýar. Şeýle bolanda täze tehnologiýalary çaga terbiýesinde, okuw ulgamynda ulanmaklyk pedagogik we psihologik esaslaryny işläp düzmek bilim işgärleriniň, terbiýeçileriň öňünde goýlan uly jogapkärli wezipedir.

Bütin dünýäde kompýuter tehnologiýalarynyň adamzat ýaşaýşyna güýçli depginde ornaşýan wagtynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan parasatly syýasatlarynyň netijesinde, Watanymyzda ýaş nesle berilýän üns bimöçberdir. Gurulýan çagalar baglary, mekdepler iň täze kompýuterler, multimediýa tehnologiýalary bilen üpjün edilýär.




4. Okatmagyň **interaktiw-multimedia usulynyň** çyzgysy:

Okatmagyň häzirki zaman **interaktiw – multimedia usuly** tutuşlygyna innowasion, kommunikasion tehnologiýa esaslanýar. Onuň esasynda sapakdaky okuw maglumatlary has elýeter, sesli, reňkli we

4. Sargyt № 1339

hereketli bolýar. Okuwçylaryň sapaga bolan gyzyklanmasy artýar. Her bir sapakda çagalara kompýuterde işlemek endikleri öwredilýär.

Adam eşidenleriniň 25 %-ini, görenleriniň üçden birini, görüş we eşidiş kombinirlenende (görmek we eşitmek) 50% maglumaty özleşdirýär. Eger öwretmegi multimediany peýdalanyp işjeňleşdirseň, onda ýatda 75% maglumatynyň galýandygy hünärmenler tarapyndan anyklandy.

Okatmagyň interaktiw-multimedia usuly – öwrenilýän çylşyrymly materialyň ýönekeýleşdirilip, öwrenijileriň aňyna oňat ornaşmagyna getirýän amatly usullaryň biri bolup, dünýäde giňden ulanylýar.

Gürrüňi edilýän usulda okuw sapagy öňünden taýýarlykly ýagdaýda geçilýär. Ýagny okuw ulgamy deslapdan multimedia maksatnamalary bilen üpjün edilen bolmalydyr. Şeýle hem mugallym şol maksatnamalar bilen işlemek endiklerini ele almalydyr. Innowasion tehnologiýalary ulanyp, bu usula geçilende, ýazgy, şekil (grafik), ses bilen işlemek zerurlygy ýüze çykýar. Şol nukdaýnazardan garasaň, täze tehnologiýalar bilen birlikde täze adalgalary (terminleri) ulanmaly boljakdygy ikuçsuzdyr.

Multimedia diýen söz «**multi**» – köp, «**media**» – gurşaw, göteriji, habar beriji serişde ýaly manylary berýär. Bu sözi «köpgurşawlylyk» görnüşinde terjime etmek mümkin.

## Multimedia tehnologiýalary

- dürli görnüşli maglumatlary özgertmekligiň tertibini, işini we ulanylyşyny şöhlelendirýän tehnologiýadyr;
- dürli görnüşli maglumatlary birleşdirip ulanmaklygyň we özgertmegiň tehnologiýalary esasynda döredilen kompýuteriň maksatnama üpjünçiligidir;
- maglumatlary dürli görnüşleri bilen işlemeklige mümkinçilik berýän kompýuteriň serişde üpjünçiligidir; wizual (tekst, grafika), şeýle-de hereketli (ses, aýdym, wideo görnüşleri, anima-

siýa we ş.m.) maglumatlary özünde jemleýän maglumatlaryň aýratyn görnüşidir.

Ähli zatlaryň esasynda informasiýa (maglumat) düşünjesi ýatýar. Adam maglumatlary duýuş agzalarynyň üsti bilen syzýar, duýýar we merkezi nerw ulgamy – beýni arkaly ol maglumatlary saklaýar we özgerdýär. Adam pikirlenýär, hasaplaýar, gepleýär, diňleýär, okaýar we ýazýar. Şunlukda, ol hemişe maglumat bilen iş salyşýar. Maglumatlar bilen baglanyşykly ýagdaýlar dünýäde diňe bir adam we onuň işi bilen baglanyşykly bolup geçmän, janly tebigatda we tehnikalarda hem geçýär. Howanyň we topragyň derejesi, ýagtylyk gününiň uzynlygy, daşky gurşawyň signallary we şuňa meňzeş hadysalar maglumatlaýyn ýagdaýlary düzýärler. Maglumatlar diňe bir giňişlikde däl-de, eýsem, wagt boýunça hem ýaýraýarlar. «Informasiýa» sözüň özi irki döwürlere degişli bolup, ol köküni «informatio» diýen latyn sözünden alyp, düşündirmek, beýan etmek ýaly manyny berýär. Şu ýerde hem bu düşünjäniň esasy manysy gelip çykýar. Kabul edilişiniň görnüşine görä, ähli maglumatlary üç topara bölüp bolýar:

1. Adamyň görüş agzalary bilen kabul edilýän maglumatlar, ýagny **wizual (görünýän) maglumatlar** (tekstler, grafikler, şekiller, çyzgylar, suratlar, multfilmler, wideofilmler).
2. Adamyň eşidiş agzalary tarapyndan kabul edilýän, ýagny **ses maglumatlary** (sesler, sazlar, aýdymlar).
3. Ýörite tehnikalaryň, gurluşlaryň kömegi bilen alynýan maglumatlar.

Grafiki, ses, surat we wideo maglumatlaryň bilelikde ulanylmagy netijesinde emele gelýän multimedia serişdeleriniň örän köp görnüşleri bardyr. Multimedia tehnologiýalary çaga terbiýesini, okuw ulgamyny kämilleşdirmekde uly mümkinçiliklere eýe bolup, olar şularyň üsti bilen amala aşyrylýar:

- Wizual maglumatlaryň arasynda dürli baglanyşyklary guramak (orun üýtgetmek, wizual maglumatlary biri-biriniň üstünde, gapdalynda ýerleşdirmek, manipulirlemek);
- Dürli audiowizual maglumatlaryň süýşürmesi (kotaminasiýasy);

- Şekillere kölege bermek;
- Wizual informasiýalaryň bellibir bölegini berkitmek;
- Audiowizual informasiýalary şol bir ekranda köp gezek dürli ölçegde bermek (mysal üçin, şol bir penjirede wideofilm, beýlekisinde tekst);
- Wideofilmler;

Multimedia tehnologiýasynyň kömegi bilen birnäçe informasiýalary integrirläp, olary kompýuterde dürli formalarda berip bolýar. Mysal üçin:

- Şekiller, skanerlenen suratlar, çyzgylar, kartalar, slaýdlar;
- Ses ýazgylary, ses effektleri, saz;
- Wideo, çylşyrymly wideo effektleri;
- Animasiýalar, animasiýaly hereketler.

Multimedia çagalaryň maglumatlary doly we düşnükli kabul etmeklerine, bileleşikli işlemegi guramaklyga, okuwçylaryň okuwa çuň aralaşmaklaryna, dersleriň çuňlaşdyrylyp özleşdirilmegine ýardam edýär.

Multimedialary peýdalanmaklygyň artykmaçlyklaryny şeýleräk görkezip bolar:

- Oýun we okuw wagtynda çagalaryň birnäçe ugurlar boýunça maglumatlary almaklary üçin maglumatlary integrirlemek;
- Çagalar baglarynda we mekdepde we mekdepde geçirmesi kyn ýa-da mümkin bolmadyk çylşyrymly tejribeleri modelirlemek mümkinçiligi;
- Hadysalary dinamiki şöhlelendirmek arkaly hyýaly maglumatlary görkezmek;
- Mikro we makro dünýäniň hadysalaryny şöhlelendirmek.

**Multimedia maksatnamalary** – bular: ensiklopediýalar, dersler boýunça okuw kurslary, oýunlar we güýmenjeler, internetden peýdalanmak mümkinçilikleri, türgenleşdirijiler, söwda mahabatlandyrma (reklama) serişdeleri, elektron tanyşdyryşlar we maglumat almaga mümkinçilik berýän beýleki serişdeler.

Multimedia maksatnamalarynda işlemegi öwrenmezden, multimediýa tehnologiýalaryna düşünmezden, interaktiw-multimedia sapaklaryny taýýarlamak mümkin däldir.

Interaktiw tagtada ulanylýan **elektron galam** kompýuterde ulanylýan syçanjygyň işini ýerine ýetirýär, şeýle hem, mugallymyň tagta ýazýan hekini çalşyrýar.

Elektron galamyň kömegi bilen gerekli buýruklary berip, gönüläp aýtsak, ähli işler onuň üsti bilen dolandyrylýar.

Mugallym temany düşündirende interaktiw tagtada elektron galamyň kömegi bilen ýazgylary ýazyp, çyzgylary çyzyp, suratlary, fotolary, şekilleri goýup, filmleri goýberip bilýär. Şol bir wagtyň özünde bütin sapagy kompýuteriň gaty diskinde saklap, oňa düzedişler girizip, ony islendik wagt ulanyp bilýär. Şeýle sapaklary mugallym kompýuteriň ekranynda ýa-da interaktiw tagtada öz kärdeşleri bilen ara alyp maslahatlaşyp, tejribe alşyp biler. Bu sapaklaryň toplumyny kompýuteriň üsti bilen ýaýratmaga mümkinçilik berýär.

Interaktiw tagtada ulanylýan maksatnama üpjünçiliginiň kömegi bilen islendik dersde «janly» görkezme esbaplaryndan peýdalanyp, sapaklary täsirli, aňda galyjy we gyzykly edip guramak bolar.

Ýyllaryň dowamynda toplanan materiallary täzeläp, kämilleşdirip, hususy resurslar kitaphanasyny döredip bolar. Taýýarlanan görkezme serişdeleriniň elektron dokumentlerdigini nazara alsak, olaryň könelip, saralyp, ýyrtylyp gitmeýänligi onuň ýene-de bir artykmaç taraplarynyň biridir. Ýörite maksatnama ulgamy bilen testirleme sapaklaryny döredip, olardan islendik wagt peýdalanyp bolýar.

Mugallym simsiz baglanyşýan ýörite planşetiň kömegi bilen oturan ýerinde interaktiw tagtany dolandyryp bilýär. Ýagny okuwçylara düzedişler girizip, dürli buýruklary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar. Interaktiw tagtada birnäçe usullary yzygider peýdalanmak mümkinçiligi bar.

Mysal üçin, türkmen dili sapaklarda çekimli sesler öwrenilende, mugallym interaktiw tagtada tanyşdyrylyşyň kömegi bilen sesi aňladýan harpy, ondan başlanýan zatlaryň suratlaryny görkezip, sesi eşitmek arkaly kabul etmeklerini, aýdylşyny türgenleşdirmegi ýola goýup bilýär. Okuwçylaryň bu temadan alan bilimlerini mugallymyň kompýuterde taýýarlan suratly, ýazgyly, sesli, kem-käsleýin problemalaýyn ýumuşlar, gönükmeler arkaly barlap bilýär.

## Okatmagyň differensirlenen usuly we problemalaýyn häsiýeti

Okuwyň differensirlenen usuly diýlende, şol bir synpyň okuwçylarynyň hemmesini biraýakdan sürmän, zehini, başarnygy hem höwesi boýunça toparlara bölüp, olara aýry-aýrylykda çemeleşmek göz öňünde tutulýar. Bir synpda okaýan ýaşytdaş okuwçylar özleriniň akyl-paýhasy, beden taýdan ösüşi, görüşi hem eşidişi, beýleki psihologik we fiziologik taraplary boýunça bir-birlerinden tapawutlanýarlar.

Edil şonuň ýaly okuwçylar tebigy zehini, ukyby babatynda-da bir-birleri bilen deň derejede däldirler. Ine, şol sebäpler okatmagy differensirlenen usulda alyp barmagy talap edýär. Beýle diýildigi, okuw işini her çaganyň tebigatyna laýyk edip ýola goýmaly, ýagny şol bir synpdaky okuwçylaryň birnäçesi haýsydyr bir (aýdaly, edebiýata, dile we ş.m.) ugra ýykgyn edip, şol ugurdan öz ukybyny görkezip bilse, beýleki bir topar başga (aýdaly, matematika, fizika we ş. m.) ugra ymtylyp, şol ugurdan başarnygyny ýüze çykaryp bilse, üçünji bir topary ýene bir ugra höwes bildirse, olary saýhallap, okatmagyň usulyny hem şoňa laýyk edip alyp barmagy diýildigidir. Dogry, şol bir ugra ýykgyn edýänleriň arasynda-da ýetişikleri boýunça depgini deň bolmadyklar ýok däl. Mugallym şolary nazara almaly bolýar. Şeýle edilende, synpyň hemme okuwçylaryny ähli sapaklardan deň derejede ýetişdirmek üçin edilýän alada aradan aýrylar. Okuwçylar toparlarynyň zehini, höwesi, başarnygy boýunça okuw geçmek mümkinçiligi dörär. Kimiň haýsy ugra ýykgyn edýänligini bilip, şoňa laýyklykda okuw işini ýola goýmak okuwçynyň mertebesini birjik-de peseltmez, gaýtam, onuň şahsyýetine sarpa goýmak, durmuşda öz ornuny tapyp bilmegine kömek bermek mümkinçiligi ýüze çykar.

***Okatmagy differensirlenen usulda guramagyň esasy maksady:*** sapagyna ýetişmeýän okuwçylary yzagalaklykdan çykarmakdan, ortaça okaýanlary oňat okaýanlaryň hataryna goşmakdan, gowy okaýan okuwçylaryň has çuňňur, düýpli bilim almagyny gazanmakdan ybaratdyr. Indi ýurdumyzda şu maksady iş ýüzünde durmuşa geçirip başlan pedagogik toparlaryň hatary artyp başlady.

## Okatmagyň problemalaýyn-meseleleýin häsiýeti

Eger okatmagyň differensirlenen usuly okuwçynyň yhlasyny hem başarnygyny, zehinini hem ukybyny nazara alýan bolsa, okatmagyň problemalaýyn häsiýeti öwrenilýän meýilnama maglumatlaryna özbaşdak akyl ýetirip, düşünip özleşdirmegini hem şol özleşdiren bilimlerini tejribede ulanyp bilmegini göz öňünde tutýar.

Mugallym problemalaýyn okatmagyň elementlerini okuw işine ornaşdyrmagy gazanan mahalynda, okuwçylarda «bilsem», «başarsam» diýen içki höwes, içki talap döräp ugraýar. Ýöne okuwçynyň bilýän zady, alan sowady entek özünde dörän islegi kanagatlandyryp bilmeýär, onuň bilesigelijiligi bolsa artýar. «Bilsem», «başarsam» diýen pikirler ony öz erkine goýmaýar, şol bir wagtyň özünde-de ol göwün islegine ýetmek üçin, bilesigelijiligini kanagatlandyrmak üçin ýene-de käbir zatlary bilmegiň, özbaşdak okap, öwrenmegiň gerekligine-de göz ýetirýär. Meseleleýin okatmagyň gymmatly tarapy onuň okuwçylarda hakyky ymtylyşy, içki höwesi oýandyryp bilýänligindedir, bu usulyň okuwçylaryň öz yzyna eýerdip äkitmegi niýet edinýänligindedir. Ine, şoňa görä okuw işine meseleleýin okatmagyň elementlerini ornaşdyrmagyň, başaryp bolsa, ony tutuşlygyna meseleleýin häsiýete öwürmegiň zerurlygy görnetin äşgär bolýar duruberýär.

## Okatmagyň beýleki usullary

**Okatmagyň produktiw usuly** – bu usul döredijilik işiň netijesinde täze bilimleri we başarnyklary almagy göz öňünde tutýar. Problemalaýyn meseleleriň bolmagy bu usulyň okuw işindäki hyzmatyny şertlendirýär. Problemalaýyn meseleler hemişe çözgütleriň täze görnüşleriniň gözlegini talap edýär. Şeýlelikde, okatmagyň produktiw usullary okuw materialynyň problemalaýyn (kynmeseleleýin) düşündirilişine esaslanýar.

Problemalaýyn düşündirişiň aýratynlygy: mugallym okuw maglumatlaryny taýýar çözülen görnüşinde beýan etmän, okuwçynyň öňünde problemalaýyn meseleleri goýýar, olarda bilesigelijiligi oýaryp, meseläniň çözülişiniň serişdelerini we ýollaryny gözlemäge iterýär.

Okuw meselesini çözmegiň şu döwürlerini görkezmek bolar:

1. Problemalaýyn ýagdaýyň döredilmegi.
2. Problemalaýyn ýagdaýyň seljermesi we onuň birnäçe problemalaýyn meselelere dargadylmagy.
3. Problemalaýyn meseleleri çaklamalary öňe sürmek we olary yzygider barlamak arkaly çözmek.
4. Okuwçylar tarapyndan özleşdirilmedik, nätanyş okuw maglumatlaryna daýanyp, problemalaýyn ýagdaýy döredip bolmaz. Iň bolmanda okuwçylarda başlangyç bilim gory bolmaly. Muny bolsa diňe reproduktiw usuly arkaly döredip bolýar.

**Reproduktiw usul** – bu okuwçynyň öz tejribesine, düşünjesine esaslanmak bilen okuw materialyny özlerine aýtdyrmaklygy göz öňünde tutýan usul. Bu usul gaýtadan ýada salmak hem-de ýadyň wezipeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin bu usul esasan öň öwrenilen okuw materialyny berkitmekde, gaýtalamakda, umumylaşdyrmakda, bellibir ulgama salmakda, takyklaşdyrmakda ulanylýar. Reproduktiw usulyň kömegi bilen sapakda okuwçynyň öň bar bolan şahsy durmuşyna degişli bilimlere daýanylýar. Reproduktiw usuly bilimleriň berk bolmagyny ýokarlandyrýar, sebäbi onuň kömegi bilen okuw materialy yzygider gaýtalanýar. Mysal üçin, mugallym sapakda täze temany düşündirip bolandan soň, berkitmek döwründe okuwçylaryň özlerine kesgitlemäni, esasy düşünjelerini aýtdyrtmak bilen reproduktiw usulyny peýdalanýar.

**Kem-käs gözleg usuly** – bu usulda okuw materialyny özleşdirmek üçin aýry-aýry meseleleýin soraglar goýulýar. Okuwçylar özbaşdak pikirini, çaklamalaryny beýan edýärler we umumy meseleleriň bir bölegini özbaşdak çözýärler. Bu usula ewristik usuly hem degişlidir. Sapakda kem-käs gözleg usullary beýleki usullar bilen berk arabaglanyşykda bolýar, suratlandyryp düşündirmek usuly bilen baglanyşygy has ýakyndyr. Sapakda aýry-aýry gözleg ýagdaýlaryň girizilmegi okuwçylaryň akyl ýetirijilik işjeňligini ýokarlandyrýar, kem-kemden olary özbaşdak pikirlenmä we döredijilige türgenleşdirýär. Mysal üçin, türkmen dili sapagynda mugallym bir nätanyş ertekiniň esasynda beýannama, düzme ýazdyrýar. Mugallym ertekini kulminasion derejesine çenli gürrüň berýär, beýannama ýazdyrýar, soňra

ertekidäki wakany okuwçylara özbaşdak tamamlap, düzme ýazmaklaryny tabşyrýar. Şeýdip kem-käs gözleg usulyny peýdalanyp, okuwçylarda döredijilik ukyplaryny, özbaşdak pikirlenmeklerini ösdürýär. Şeýlelikde, bir ertekä derek birnäçe erteki emele gelýär.

**Okuwçynyň özbaşdak işi.** Okuwçynyň özbaşdak işi bu okuw akyl ýetiriş işiniň bir görnüşidir. Munda okuwçynyň pikirlenişiniň yzygiderliligi, akyl we tejribe ýagdaýlary, hereketleri okuwçynyň özüne bagly bolup durýar.

Okuwçylar özbaşdak gönükmeleri, tejribe işlerini ýerine ýitirýärler, çyzgylary taýýarlaýarlar, kesgitlemeleri ýat tutýarlar, ýazgylary okaýarlar, gürrüň berýärler. Mugallym olara gözegçilik edýär we gözükdirme berýär. Emma işi okuwçynyň özi ýerine ýetirýär. Bu iş okuwçynyň ösüşinde esasy taraplarynyň biridir.

Okuwça okamagy, özbaşdak bilimleri toplamagy öwretmek diňe özbaşdak tejribe okuw işini guramak arkaly mümkindir. Özbaşdak işi guramak şeýle meýilnamany göz öňünde tutýar:

1. Okuwçynyň özbaşdak işiniň öňde goýýan maksadyna, wezipesine düşünmegi.
2. Okuwçylara özbaşdak işi ýerine ýetirmekligiň düzgünlerini düşündirmek.
3. Işi ýerine ýetirmeklige ýolbaşçylyk etmek.
4. Öz-özüňi seljermek, öz-özüňe gözegçilik etmek.
5. Okuwçylaryň işlerini barlamak, üstünliklerini, kemçiliklerini, ýalňyşlaryny okuwçylar bilen seljermek.

Özbaşdak işler dilden we ýazuw görnüşinde, nazaryýeti we tejribe reproduktiw we döredijilikli bolup bilýär.

Özbaşdak iş okuwçylarda erki, işeňňirligi, ünsi, tertipliligi terbiýeleýär. Özbaşdak iş täze materialy öwrenmek, berkitmek, gaýtalamak, barlag üçin gönükmeler görnüşinde geçirilýär.

## Syn etmek, gözegçilik etmek usuly, olaryň okatmak işindäki orny we ähmiýeti

**Syn etmek usuly** – bu okuw materialyny gowy özleşdirmekde ulanylýan usullaryň bir görnüşidir. Syn etmegiň 2 görnüşi bar:

1. ***Hakyky, natural ýagdaýda syn etmek.***

2. ***Synp ýagdaýynda syn etmek.***

***Hakyky ýagdaýda syn etmek:*** Muňa tebigy ýagdaýda guşlara, haýwanlara, mör-möjeklere syn etmeklik; zawod-fabriklerde täze tehnologiýalaryň işine syn etmek; oba hojalykda traktorlaryň, kombaýnlaryň, maşynlaryň işine syn etmek; önümçilikde işleýän adamlaryň zähmetine syn etmek degişlidir. Mysal üçin, mugallym 2-nji synplarda tebigaty öwreniş dersinden «Gowaça» diýen temany geçende, gowaça meýdanyna äkidip syn etdirip bilýär we synyň esasynda gowaçanyň ösüşi, onuň aýratynlyklary barada düşünje berýär.

Bu hili synlaryň baş maksady okuwçylarda durmuşa bolan gyzyklanmany döredip, tebigy we sosial ýagdaýlara syn etmekligi öwretmek we syn etmegiň netijelerini okuw materialy bilen baglanyşdyrmakdan ybarat.

Syn etmekligi okuw işini guramagyň görnüşi bolan gezelençlerde amala aşyrmak has amatlydyr.

***Synp ýagdaýynda syn etmek*:** Synp ýagdaýynda syn etmek görkezme esbaplary peýdalanmak bilen baglanyşyklydyr. Mugallym okuwçylary modellere, gäplere, suratlara, çyzgylara, fotolara, aplikasiýalara, wideo ýazgylara syn etdirip biler. Mysal üçin, mugallym ýokardaky agzalan «Gowaça» diýen temany geçende, synpda gowaçanyň suratlaryny, gerbarilerini, dürli aplikasiýalary görkezip okuwçylara syn etdirip bilýär. Olar okuw materialyny özleşdirmekligi aňsatlaşdyrylýan serişde bolup hyzmat edýärler. Syn etmezden öň okuwçylar haýsy pikiri, düşünjäni, ýagdaýy öwrenmelidiklerine gowy düşünmelidirler, bolmasa syn etmekligiň manysy ýitýär.

Syn etmek we gözegçilik etmek usulynyň yzygiderli tebigy ýagdaýlara syn etmekde, tebigaty öwreniş dersinden gözegçilik gündeligini ýöretmekde ähmiýeti uludyr. Syn etmek usulynyň amaly we tejribe işlerini guramakda hem ähmiýeti örän uludyr. Mysal üçin, zähmet, bedenterbiýe, çyzuw, surat sapaklarynda okuwçylar mugallymyň hereketlerine syn edýärler.

## Problemalaýyn-meseleleýin we maksatnamalaýyn okuw

Meseleleýin okuwy ilkinjileriň hatarynda rus alymlary *T. W. Kudrýawsew, I. Ý. Lerner, N. G. Daýri, A. M. Matýuşkin, M. I. Mahmu-*

*tow, M. N. Skatkin, polýak alymlary W. Okon, Ý. Barteskiý, E. Habior* dagylar esaslandyrdylar.

Okuwçylaryň öňünde dürli problemalaryň goýulmagy we olary okuwçylaryň özbaşdak çözüp bilmegi – meseleleriň okuwyň esasyny düzýär. Meseleleýin okuwy iş ýüzüne geçirmek üçin mugallymyň işi şeýle görnüşde amala aşyrylýar.

1. Meseleleýin ýagdaýy döretmek, ýagny, okuwçylaryň öňünde mesele goýmak.
2. Okuwçylara şol goýlan meseläniň çözülişiniň dürli ýollaryny tapmagy öwretmek, ýagny, oňa ýolbaşçylyk etmek.
3. Ony jemlemek.
4. Goýlan meseläni mugallymyň özi çözüp bermeli däldir, sebäbi bu ýagdaýda okuwçylaryň özbaşdaklygy peselýär.

Okuwçylaryň öňünde matematikadan problema goýalyň.

Meselem, okuwça iki iş tabşyrylýar.

1. $(2 + 5) \cdot 3 = 21$
2. $2 + (5 \cdot 3) = 17$
3. Ýa-da $15 \cdot 7 = 105$, ýene-de nädip 105 tapyp bolar? 15-i 7 gezek gaýtalap ýazman, 7-ni 15 gezek gaýtalap ýazmak.
4. Ýediligiň alnyşy: $2 + 5 = 7$ we başga görnüşleri.

Maksatnamalaýyn-programmirlenen okuwyň esasy maksady okuw tutumynyň netijeliligini ýokarlandyrmakdan we okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek endigini ösdürmekden ybaratdyr. Maksatnamalaýyn-programmirlenen okuw geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda amerikan alymy Skinner tarapyndan esaslandyryldy. Soňra rus alymlary W. P. Bespalko, T. A. Ilina, P. Ý. Galperin, N. F. Talyzyna, A. I. Raýew we nemes pedagogy E. Drefenştedt dagylar bu babatda köp işleri alyp bardylar.

Häzirki döwürde maksatnamalaýyn (programmirlenen) okuwyň **iki görnüşi** okuw mekdeplerinde giňden ulanylýar.

1. *Bir ugurly (lineýnyý) görnüşi.*
2. Şahalandyrylan görnüşi.

**Bir ugurly (lineýnyý) görnüşi** – munda goýlan mysalyň ýa-da meseläniň çözülişiniň bir ýoly bar. Bu ugur bilen düzülen okuw kitaplarynda öwrenmek üçin ähli berlen ýumuş uly bolmadyk böleklere

bölünýär. Okuwçy berlen ýumşuň her bir bölegini öwrenýär we oňa degişli goşmaça berlen tabşyryklary hem ýerine ýetirýär. Şeýlelikde, sapagy özbaşdak öwrenip, ol ädimme-ädim öňe gidýär.

**Şahalandyrylan görnüşi** – munda okuwçylar diňe biri dogry bolan taýýar jogaplaryň içinden haýsy hem bolsa bir jogaby saýlap alyp, şonuň netijesinde hem dürli ýol bilen öňe gidýärler. Goýlan soraglaryň birnäçe jogaplary bolup, ol jogaplaryň diňe biri dogry, beýlekileri bolsa nädogry bolýar. Okuwçy dogry jogaby tapýança işleýär. Şeýdip, meseläniň çözülişiniň dogry ýoluny tapmagy öwrenýär. Maksatnamalaýyn-programmirlenen okuw, esasan, **iki topara** bölünýär.

*a*) tehniki serişdeli;

*b*) tehniki serişdesiz.

*a*) Maksatnamalaýyn okuwyň ***tehniki serişdeli*** görnüşiň innowasion tehnologiýalar, kompýuterler, proýektorlar, ähli görnüşli lingafon otaglary, görüş we eşidiş agzalarynyň üsti bilen materialy kabul etmek üçin peýdalanylýan serişdeler – slaýdlar, diafilmler, magnitofon ýazgylary we beýlekiler.

*b*) Maksatnamalaýyn okuwyň **tehniki serişdesiz** görnüşine – maksatnamalaýyn okuw kitaplary, gollanmalary, depderleri degişlidir. Maksatnamalaýyn okuw kitaplarynda we gollanmalarynda öwrenilýän okuw sapagy jikme-jik logiki yzygiderlilikde işlenilip geçilýär. Okuw sapagy esasy böleklere bölünip, soňky öwreniljek sapak öňki öwrenilen sapagyň dowamy bolup hyzmat edýär.

Maksatnamalaýyn okuw depderleri başlangyç synplarda giňden ulanylýar. Ol okuwçylaryň ýaşlykdan özbaşdak pikirlenmek endigini ösdürmäge kömek edýär. Maksatnamalaýyn-programmirlenen okuwyň käbir kemçilikleri hem bardyr:

a) okuwçylar ýekelikde işleýärler, ýoldaşlarynyň pikirlerini diňläp, özara pikir alşyp bilmeýärler;

b) okatmagyň terbiýeleýjilik ähmiýeti peselýär;

ç) mugallymyň janly sözüniň täsiri peselýär.

Bulara seretmezden, maksatnamalaýyn okuwyň edil meseleleýin (problemalaýyn) okuw ýaly okuwyň netijeliligini ýokarlandyrmakda, okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek endigini ösdürmekde ähmiýeti örän uly.

## Okuw işini guramagyň görnüşleri (formalary)



Okuw işini guramagyň görnüşi nämedir? ***Okuw işini guramagyň görnüşi – munuň özi okuwy ýola goýmagyň anyk ulgamydyr, onuň içki gurluşydyr, şol işiň bellibir tertipde geçirilişidir.***

Ýaş nesli okatmagyň we terbiýelemegiň has ýokary netije bermegi ozaly bilen okuw işiniň ýokary hilli bolmagyna bagly bolup durýar. Mekdepde okuw işini guramaklyk bellibir tertip boýunça alnyp barylýar. Ol mugallym bilen okuwçynyň arasynda ýörite guralýan köptaraply hem çylşyrymly işdir.

***Okuw işini guramaklygyň şeýleräk görnüşleri mekdep tejribesinde giňden ulanylýar:***

Okuw işini guramaklygyň işjeň, söweşjeň (**frontal**) görnüşi. Ol gezelençlerde (ekskursiýalarda), umumy okuwlarda, sapaklarda giňden ulanylýar.

Okuw işini guramaklygyň şahsy **(indiwidual)** görnüşi. Mugallym her bir okuwçy bilen aýratynlykda, özbaşdak işi ýerine ýetirýär.

Okuw işini guramaklygyň **köpçülikleýin** görnüşinde synp wagtlaýynça birnäçe toparlara bölünip, tabşyrylan işi, tabşyrygy ýerine ýetirýärler.

Didaktikada okuw işlerini guramagyň birnäçe görnüşleri ýüze çykdy hem-de mekdep tejribesine mäkäm ornaşdy. Okuw işlerini guramagyň şonuň ýaly görnüşlerine gezelençler (ekskursiýalar), tejribe okuwlary (praktikumlar), konsultasiýalar (gözükdirmeler), döredijilik işi we fakultatiw okuwlar, mekdep ussahanasynda, mekdep meýdançasynda guralýan okuwlar, önümçilik we pedagogik tejribelik, ders bäsleşikleri, goşmaça okuwlar, okuw öý işi, ders synaglary we beýlekiler girýär.

**Sapak** – okuw işini guramagyň esasy görnüşidir. Ýaşy hem bilim derejesi, esasan, deň bolan okuwçylaryň bir synpa jemlenip, her bir okuw dersiniň bölümleriniň we temalaryň aýry-aýry böleklere bölünip, bellibir yzygiderlilikde öwrenilmegine ***sapak*** diýilýär.

Ýaş nesli okatmagyň we terbiýelemegiň has ýokary netije bermegi ozaly bilen sapagyň ýokary hilli bolmagyna bagly bolup durýar. Mekdepde okuw işlerini guramaklyk bellibir tertip, kesgitli reje boýunça alnyp barylýar. Ol mugallym bilen okuwçylaryň arasynda ýörite guralýan köptaraply hem çylşyrymly işdir.

Okuw işini guramagyň dürli-dürli görnüşleri bar. Işiň bu babynda onuň esasy görnüşi bolan sapak geçmek hakynda durup geçmegi makul bildik.

Synpda geçilýän her bir sapak aýry-aýry etaplardan, birnäçe bölekden ybarat bolýar. Şol böleklere sapagyň döwürleri (elementleri) diýilýär. Sapak iki-üç döwürden hem, alty-ýedi döwürden hem ybarat bolup biler. Şol döwürleriň köp ýa az bolmagy bolsa sapagyň mazmunyna, maksadyna, görnüşine hem gurluşyna baglydyr.

Okatmagyň synp – sapak görnüşini ilkinji bolup esaslandyran XVII asyrda ýaşap geçen çeh pedagogy Ý. A. Komenskiýdir.

***Ýan Amos Komenskiniň synp - sapak ulgamy***. Ýan Amos Komenskiý 1632-nji ýylda «Beýik didaktika» diýen işinde synp-sapak ulgamyny işläp düzdi. Oňa okuw, çärýek, dynç alyş, her bir sapagy synpdaky ýaşytdaş okuwçylar bilen bilelikde geçirmek, başlangyç synplarda – 4, ortaky synplarda – 4 – 5, ýokary synplarda – 5 – 6 sagat okatmak, okuw ýylyny güýz aýynyň ilkinji günlerinde başlamak düşünjelerini girizipdir. Ol bir wagtyň özünde 40 – 50 okuwçy bilen sapak geçip, soňra onuň sanyny 300 ýetirip sapak geçmekligi ýola goýupdyr. Şundan soň okatmaklygyň synp-sapak ulgamy beýleki birnäçe ýurtlarda hem giňden ulanylyp başlaýar.

Bu ulgamyň ösmegine uly goşant goşan pedagoglaryň ýene biri görnükli rus pedagogy, rus mugallymlarynyň mugallymy, rus pedagogikasynyň atasy K. D. Uşinskidir. Emma Russiýanyň şertlerinde bu ulgamy doly amala aşyrmak mümkin bolmandyr.

XX asyryň başyndan ABŞ-da ***dalton meýilnama*** ulgamy ýüze çykýar. Dalton meýilnama bu her okuwçynyň özbaşdak öz güýjüniň ýetdiginden öňe gitmegini aňladýar. Dalton meýilnamasynyň käbir elementleri (düzümi) sowetler döwrüniň pedagoglary tarapyndan okatmaklygyň brigada – tejribe görnüşinde hem ulanylypdyr.

Sowetler döwrüniň ilkinji ýyllarynda okatmaklygyň synp-sapak ulgamyna uly orun berilýär.

**Synp-sapak ulgamy şeýleräk görnüşden durýar:**

– Ýaşy hem bilim derejesi deň bolmaly;
– Her synp öz okuw ýyllyk meýilnamasy esasynda işleýär;
– Okatmagy meýilnamalaşdyrmak;

– Her bir sapak aýratyn derse bagyşlanýar;
– Mugallymyň ýolbaşçylyk orny;
– Sapaklaryň hemişelik yzygiderliligi.

**Sapakdan edilýän talaplar:**

1. Sapak bilim bermegiň hemmetaraplaýyn (kompleksleýin) meselelerini çözmeli;
2. Sapagy geçirmegiň takyk ulgamy bolmaly;
3. Sapagy pedagogikanyň, psihologiýanyň, okatmagyň usulyýetiniň täze gazananlaryna laýyk guramaly;
4. Sapak okatmagyň esaslaryna laýyk guralmaly;
5. Sapakda berk tertip-düzgüniniň bolmagyny gazanmaly;
6. Sapagyň mazmuny okuw maksatnamasyna laýyk gelmeli;
7. Bilim we terbiýe bermekligiň birligi;
8. Sapakda okatmagyň hyzmatlary (bilim berijilik, terbiýeleýjilik, ösdürijilik) ýerine ýetirilmeli;
9. Didaktiki materiallary, görkezme esbaplary, tehniki serişdeleri sapagyň temasyna, maksadyna laýyklykda saýlamaly;
10. Okatmaklygyň netijeli usullaryny saýlap almaly;
11. Sapagy durmuş, nazaryýet, tejribe bilen baglanyşdyrmaly;
12. Mugallymyň hereketiniň aýdyňlygy, onuň täsir ediji, dogry manyly sözi, pikiriň logiki yzygiderliligi, tagtada ýazylan, çekilýän ýa-da çyzylýan zatlaryň dogry we göwnejaý ýerine ýetirilmegine görkezme esbaplardan, tehniki serişdelerden dogry we ýerlikli peýdalanyp bilmek;
13. Sapakda soraglaryň dogry goýulmagy;
14. Dersara baglanyşygyny ýola goýmaly;
15. Okuwçylaryň dünýägaraýşyny, şahsy tejribesini gazanmaly;
16. Sapagyň guramaçylyk aýdyňlygy.

**Her bir sapak üç maksada ýetmäge gönükdirilendir: okatmak, terbiýelemek, ösdürmek:**

**Sapakdan edilýän didaktiki talaplar**:

1. Sapagyň bilim berijilik maksady anyk kesgitlenilmeli;
2. Sapagyň mazmuny maglumatlara baý we ruhubelentlige ýol açýan görnüşde (optimizasiýalaşdyrylan) bolmaly;

3. Akyl ýetiriş işiniň täze tehnologiýalaryny ornaşdyrmaly;
4. Işleriň dürli görnüşlerini we usullaryny ulanmaly;
5. Sapagyň gurluşyny kämilleşdirmäge döredijilikli çemeleşmeli;
6. Okuwçylaryň özbaşdak işlerini toparlaýyn işleriň dürli görnüşleri bilen aralaşdyrmaly;
7. Sapakda täsirli gözegçiligi we dolandyrmagy ýola goýmaly;
8. Sapagyň geçişinde ussatlyk we ylmy hasap bolmaly.

**Sapakdan edilýän terbiýeçilik talaplar:**

1. Sapagyň okuw maglumatlarynyň terbiýeleýjilik mümkinçiliklerini kesgitlemek;
2. Diňe okuw işiniň mazmunyndan we maksatlaryndan gelip çykýan terbiýeçilik wezipeleri goýmak;
3. Okuwçylary umumadamzat gymmatlyklary esasynda terbiýelemek, durmuşda gerek boljak hökmany wajyp ahlak hilleri: tertipliligi, işjeňligi, jogapkärligi, ýerine ýetirijiligi, ünslüligi, dogruçyllygy, topar agzybirligini terbiýelemek;
4. Okuwçylara ünsli we adamkärçilikli garamak, olar bilen hyzmatdaşlyk etmek we olaryň üstünlikleri bilen gyzyklanmak.

**Sapakdan edilýän ösdürijilik talaplar:**

1. Okuwçylarda okuw-terbiýeçilik işine bolan oňyn itergileri, gyzyklanmalary, döredijilik başlangyçlary we işjeňligi emele getirmek we ösdürmek;
2. Okuwçylaryň akyl (intellektual), duýgy (emosional), ýaşaýyş (sosial) ösüşleriniň tizligini anyklamak we ýüze çykýan üýtgeşikler netijesinde okuw sapaklaryny täzeden gurmak.
3. Okuwçylaryň psihologik aýratynlyklaryny öwrenmek we hasaba almak;
4. Ösüşde ýüze çykan täze hilli üýtgeşmeleri stimulirlemek (höweslendirmek), okuw sapaklaryny öňde barýan, öňürtileýän derejede geçirmek.

Sapakdan edilýän talaplaryň ýokarda sanalyp geçilenlerinden başga-da şeýle talaplar saýlanýar: **guramaçylyk, psihologik, dolandyryjylyk, mugallymyň okuwçylar bilen söhbetdeşliginiň ta-**

**laplary, hyzmatdaşlyk talaplary, sanitar-gigiýeniki (arassaçylyk), estetiki we başgalar.**

**Sapak geçilende şular ýaly ýalňyşlyklara ýol berilmeli däldir:**

1. Geçilýän temalardan çetleşmek, derse, tema degişli bolmadyk zatlar barasynda sorag-jogap alyşmak.
2. Okuw meýilnamasynyň dogry we doly ýerine ýetirilmezligi ýa-da gyssagly ýagdaýda geçilmegi.
3. Käbir okuwçylaryň çekýän kynçylygynyň wagtynda öwrenilmezligi we ony düzetmegiň ýollarynyň okuwça salgy berilmezligi.
4. Mugallymyň gaýtalamaklygy başaryp bilmezligi.
5. Tejribe, özbaşdak, ýazuw we öý ýumuşlarynyň ulgamyna dogry we doly baha berilmezlik.
6. Görkezme esbaplardan, didaktiki materiallardan, tehniki serişdelerden ýerlikli peýdalanyp bilmegi başarmazlyk we başgalar.

## Sapagy guramagyň we geçirmegiň esasy düzgünleri

Häzirki wagtda mekdepde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmekligiň, okuwçylary okatmagyň hilini hem netijeliligini has ýokary götermekligiň möhümdigi baradaky mesele öňe sürülýär. Şu wezipäni üstünlikli çözmek sapagyň hiliniň gowulanmagy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Çünki sapakda ozaly bilen terbiýäniň maksady hem wezipeleri amala aşyrylýar, okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda täze-täze ylmy-bilimleri, tejribe başarnyklary we endikleri ele alýarlar, galyberse-de, olaryň kemala geliş başarnyklary ösdürilýär, ylmy dünýägaraýşy kemala getirilýär. Bu bolsa mugallymyň hem okuwçylaryň bilelikde durmuşa geçirýän bir topar işleriniň netijesinde, sapagyň talabalaýyk edilip guralmagynda mümkin bolýar.

**1. Her bir sapagyň öz öňünde goýan aýdyň maksady bolmalydyr**. Her bir sapak okuwçylaryň öňki özleşdiren okuw maglumatlaryny olaryň aňynda täzeden dikeldýär hem ony dürli ýollaryň üsti bilen mäkäm berkidýär. Şonuň bilen birlikde her bir sapak

okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini nämedir bir täze zat bilen baýlaşdyrýar. Mugallym bütin synp bilen birlikde iş geçirýär, käbir okuwçylara aýratynlykda çemeleşýär, şeýlelikde, ol öňde goýan maksadyna ýetýär hem-de bellibir netijä eýe bolýar.

**2. Synpy sapaga taýýarlamak – sapagy talabalaýyk edip guramagyň we geçirmegiň möhüm şertleriniň biridir.** Sapagyň gowy geçmegi onuň anyk hem meýilnamaly guralmagyna, bellenilen wagtda guramaçylykly başlanmagyna, onda gerek boljak hemme zatlaryň (sapagyň meýilnamasynyň we ýazgysynyň, tehniki serişdeleriň, görkezme esbaplaryň, tablisalaryň, çyzgylaryň, suratlaryň, reaktiwleriň, hekiň we beýlekileriň) öňünden taýýarlanmagyna, ýerbe-ýer edilip goýulmagyna ep-esli derejede baglydyr. Şeýle edilende okuwçylaryň hemmesiniň sapagyň bütin dowamynda öz mümkinçilikleriniň çäginde işläp bilmeklerini gazanmak bolar.

**3. Sapakda amatly şertleriň döremegi okuw işiniň has gowy geçmegini, maksatnama materialynyň aňly-düşünjeli özleşdirilmegini üpjün edýär.** Şoňa görä sapakda geçilýän temany hemme okuwçylaryň uly höwes hem gyzyklanma bilen öwrenmäge ymtylmaklaryny gazanmak gerek. Munuň üçin ozaly bilen sapagyň şatlykly hem gyzykly geçmegine böwet bolup biläýjek sebäpleriň öňüni almak talap edilýär. Şol sebäpleriň biri-de mugallymyň synpda, ýagny okuwçylaryň öňünde özüni nähili alyp barýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Onuň şähdaçyk, güler ýüzli hem çagalara mähirli bolmagy, sapakda işjeňligini döredip bilmegi hökmandyr. Elbetde, mugallymyň gündelik iş-aladasy az däl. Onuň şahsy durmuşynda, maşgala ýagdaýynda käbir şowsuzlyklaryň bolýan, näsazlyklaryň ýüze çykýan pursatlary-da ýok däl. Ýöne şu zatlaryň hiç biri-de sapagy talabalaýyk edip guramaga hem ýokary derejede geçirmäge päsgel bermeli däldir. Mugallym her hili ýagdaýda özüni ele alyp bilmegi başarmalydyr.

***K. S. Stanislawskiý*** aktýoryň işi bilen baglanyşykly şeýle diýipdi: «Aktýor öýe gelende, köwşüni gapyda çykaryp içerik girýär, aktýor teatra gelende, özüniň şahsy durmuşyndaky şowsuzlyklary, gynançlary teatrdan daşarda goýup girmelidir, ol bu ýerde – teatrda özüni bütinleý sungata bagyşlamalydyr».

Mugallymyň ýagdaýy hem şeýledir. Ol mekdebe gelip, özüni bütinleý çagalara bagyşlamalydyr, bar güýjüni olary okatmak we terbiýelemek işine sarp etmelidir. Mugallym sapak wagtynda haýsydyr bir sebäbe görä özünde ýüze çykan gahary ýuwutmagy başarmalydyr. Mysal üçin, aýdaly, mugallym materialy düşündirip durka, haýsydyr bir okuwçy öz öňünde – partanyň üstünde duran kitaby açýar-da, onuň sahypalaryny agdaryşdyryp başlaýar. Muňa mugallymyň birden gahary gelýär hem onuň üstüne hemleli gygyrýar. Şeýlelikde, okuwçy ynjydylýar, mugallymyň keýpi gaçýar, iň esasy-da temanyň düşündirilişindäki öňki sazlaşyk ýitýär, ony gaýtadan dikeltmek kyn bolýar. Şeýle ýagdaýyň bolmazlygy üçin şol mugallyma: «Gygyrmazdan öň, birnäçe sekuntlap sesiňizi çykarman duruň hem öz ýanyňyzdan pedagogdygyňyzy göz öňüne getiriň. Şeýtseňiz, ýüze çykan ýagdaýy ýeňip geçmegi hem öz okuwçylaryňyz bilen arkaýyn düşünişmegi başararsyňyz» diýesimiz gelýär.

Käbir mugallymlar arakesme wagtlarynda, mugallymlaryň otagynda özlerini şadyýan alyp barýan hem bolsalar, synpa giren pursatlaryndan başga bir görnüşe girjek bolýarlar, ýagny özlerini örän berk, talabediji mugallym hökmünde görkezmäge çalyşýarlar. Bu ýagdaý mugallym bilen okuwçylaryň arasyndaky ýakynlygy, mähirli garaýyşlary döredip bilmeýär, okuwçyny mugallymdan çetleşdirýär. Şeýle bolanda mugallym öz okuwçylarynyň ýürek tarlaryny seslendirip, olaryň içki dünýäsine aralaşyp bilmeýär. Mugallym şu zatlary hemişe göz öňünde tutmalydyr. Ol giň göwrümli, şol wagtyň özünde-de berk talabediji bolmalydyr. Ol çagalara hemişe mähirli göz bilen garamalydyr, olary çyn ýürekden söýmelidir.

**4. Sapakda okuw işiniň depgini.** Bu mesele okuwçylaryň düzgün-nyzamlylygy we sapagyň hili baradaky mesele bilen baglanyşyklydyr. Sapak gowşak depgin bilen alnyp barylsa, onda okuwçylar öz mümkinçiliklerinden pes derejede işleýärler, olaryň ünsüni öwrenilýän materiallarda jemlemek kyn bolýar. Eger has ýokary depgin bilen geçirilse, onda okuwçylar materialy aňly-düşünjeli özleşdirip ýetişmeýärler. Ýeterlik iş tejribesi bolmadyk mugallymlar konspekte meýilnamalaşdyrylan çärelerimizi doly geçip ýetişmeris diýen pikir bilen sapagy köplenç çalt depginde geçmäge çalyşýarlar. Bu, elbetde, nädogrudyr.

Her bir sapagyň gidişi ortaça depginde bolmalydyr. Ýöne takyk ýagdaýlardan ugur alyp, sapagy ilki haýalrak, soňra birneme çaltrak depginde alyp barmak bolar. Eger okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklary mümkinçilik berýän bolsa, onda okuw işini sapagyň bütin dowamynda-da ýokary depginde alyp barmak başardar.

Şu ýerde her bir synpda has güýçlüräk, ortaçarak hem gowşagrak okuwçylaryň bardygyny bellemek gerek. Hemmesi gyradeň başarnykly hem ukyply okuwçyly synplar örän seýrek bolsa gerek, hatda şeýle synplaryň ýok bolmagy-da mümkin. Eger şeýle bolsa, onda gowşak, orta, güýçli okuwçyly synplarda sapagy nähili depginde alyp barmaly diýen sorag gelip çykýar.

Biz öň synp bilen toparlaýyn işlenilýän wagtynda okuwçylara indiwidual çemeleşmegiň möhümdigini, differensirlenen usuldan peýdalanmagyň ähmiýeti barada ýatlap geçipdik.

Şeýle işi geçirmek, elbetde, ýeňil däl, 30-40 okuwçyly synpda sapak geçilende, her bir okuwçy bilen aýratynlykda iş geçirmek kähalatlarda agyr bolýar. Ýöne şeýle-de bolsa, synp bilen köpçülikleýin işlenilende, aýry-aýry okuwçylara indiwidual çemeleşmek örän möhümdir. Tejribeli mugallymlaryň bu işiniň hötdesinden ökdelik bilen gelýändiklerini mekdep tejribesi subut edýär. Başarnyklary we iş ukyplary gowşagrak okuwçylar möçberi birneme azrak hem ýönekeýräk material bilen iş salyşýarlar. Ortaça okaýan okuwçylara berilýän materialyň möçberi birneme artýar, mazmuny bolsa çylşyrymlaşýar. Synpda güýçli diýlip hasaplanylýan okuwçylar has köpräk hem çylşyrymlyrak okuw materialynyň üstünde depgini birneme kadalaşdyrylýar.

**5. Sapaklarda okuw işiniň yzygiderli geçirilişi.** Her bir sapagyň öz öňünde goýan aýdyň maksadynyň bolmalydygyny, onda guralýan okuw işiniň şol maksada tutuşlygyna tabyn edilmelidigini başda belläpdik. Sapagyň umumy maksadyndan ugur almak bilen, okuw sapagy didaktik düzgünler esasynda bellibir yzygiderlikde beýan edilýär. Sapakda ýerine ýetirilýän her bir iş özara baglanyşykly bolup, täze temany düşündirmeklik we berkitmeklik geçilenleri gaýtalamak bilen birsyhly utgaşdyrylyp alnyp barylýar.

Mugallym okuw işini bellibir yzygiderlilik bilen geçirmek üçin, ozaly bilen, sapagyň ilkinji etaplarynda okuwçylaryň öňki geçile-

ni näderejede özleşdirendiklerini, täze sapagy öwrenmäge girişmek boljakdygyny ýa bolmajakdygyny anyklaýar hem öz işini şoňa laýyk edip guraýar. Ol sapagyň bir etabynda edilmeli işi gutarnykly tamamlandan soň, onuň indiki etabynda edilmeli işleri ýerine ýetirmäge girişýär, ony gutaransoň, beýlekisine geçýär, şeýlelikde, sapagyň mazmuny kesgitli meýilnama esasynda, bellibir yzygiderlilikde okuwçylaryň aňyna ýetirilýär, olaryň başarnyklary we endikleri berkidilýär.

Sapagyň bellibir etabynda edilmeli işleri talabalaýyk ýerine ýetirmezden, onuň beýleki bir etabynda amala aşyrylmaly işlere geçmek bolmaz. Mysal üçin, okuwçylar täze temany mazaly özleşdirmeseler, oňa düşünip akyl ýetirmeseler, onda sapagy berkitmäge girişmek bolmaz. Dogry, käte şeýle-de bolýar: entek ýeterlik iş tejribesi hem pedagogik ussatlygy bolmadyk käbir mugallymlar sapaga gowy taýýarlansalar-da, ony talabalaýyk edip düşündirmegi başarmaýarlar. Okuwçylar mugallymyň aýdan zatlaryna düşünmeýärler. Kähalatlarda mugallym temany düşündiren dessine, okuwçylar oňa akyl ýetirip düşünen ýaly hem bolýar. Hatda okuwçy mugallymyň «düşündiňmi?» diýen soragyna şo mahal «düşündim» diýip, ynam bilen jogap berýär, tejribede barlanylanda bolsa, okuwçylaryň düşünmändikleri äşgär bolýar. Elbetde, şeýle ýagdaýda mugallym okuw sapagyny düşündirmegiň has täsirli, gyzykly ýoluny agtarýar, ony tapmak barada oýlanýar, ahyrynda ony tapýar hem şol usul bilen sapagyň mazmunyny okuwçylara elýeterli edip düşündirýär.

**6. Sapakda wagtyň tygşytly peýdalanylmagyny gazanmak.** Sapak bary-ýogy 45 minut. Bu mugallym üçin gymmatly, okuwçylar üçin iň peýdaly wagtdyr. Kyrk bäş minutyň içinde bir topar okuw – terbiýeçilik işleri durmuşa geçirilýär. Şoňa görä mugallym onuň ýekeje minutyny-da bisarpa tutmaly däldir, oňa örän aýawly garamalydyr, şonça wagty tutuşlygyna has peýdaly edip geçirmegi başarmalydyr.

Sapakda wagty tygşytly peýdalanmagy başarmak munuň özi uly ussatlygy, gowy taýýarlygy, hut okuw gidip durka häli-şindi ýüze çykyp durýan çylşyrymly ýagdaýlardan şo mahalyň özün-

de baş çykaryp bilmegi talap edýär. Sapakdaky käbir ýagdaýlar mugallyma oturyp oýlanmaga, pikir etmäge we şoňa laýyk täsir ediş serişdelerini tapmaga hem peýdalanmaga mümkinçilik bermeýär, şol ýagdaýlary dessine analiz edip, şoňa laýyklykda, täsir edişiň degişli usullaryny peýdalanmak gerek bolýar. Muny bilýän we başarýan mugallymyň sapagy gowy geçýär, onda okuwçylaryň düzgün-nyzamlylygy, işjeňliligi kadaly bolýar.

**7. Sapakda okuw işiniň gidişine gözegçilik etmek.** Mugallym her bir okuwçynyň sapagy neneňsi özleşdirýändigini, nazaryýetiniň sapak bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýan tejribe işleri näderejede ýerine ýetirýändigini, umuman, onuň okuw işine bolan gatnaşygyny: yhlaslylygyny, işjeňligini, özbaşdaklygyny, erjelligini we şulara meňzeş taraplaryny göz astynda alyp öwrenýär hem-de öz işini şoňa laýyk edip guraýar. Has dogrusy, mugallym okuwçylaryň sapak wagtynda bilimleri, başarnyklary we endikleri näderejede özleşdirişlerine garap, hut öz işini, okuw işini talabalaýyk gurap bilendigine ýa bilmändigine, haýsydyr bir zatda nädogrulyk goýberendigine ýa goýbermändigine hem göz ýetirip, geljekde näme etmelidigine düşünýär.

Mugallym sapakda okuwçylaryň okuw işlerine gözegçilik etmek bilen birlikde, esasy ünsüni olaryň özbaşdak pikirleniş işini ösdürmäge gönükdirmelidir, olary işjeňleşdirmelidir. Ol okuwçylaryň mätäçlik çeken pursatlarynda kömek berip, olary dogry ýola gönükdirip durmalydyr.

**8. Sapakda bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň üstüni ýetirip durmak.**

Okuwçylaryň her bir ders boýunça özleşdiren bilimlerini wagtly-wagtynda berkidip, şol bilimleriň üstüni dolduryp durmak sapakda okuw işini kadaly guramagyň we göwnejaý geçirmegiň möhüm düzgünleriniň biridir. Mälim bolşy ýaly, käbir temalary okuw maksatnamasynda berlen sagatlaryň çäginde doly özleşdirmek mümkinçiligi az bolýar. Şeýle bolanda şol tema barada okuwçylara berilýän bilimiň üsti beýleki temalar öwrenilende-de, beýleki ugurdaş dersler geçilende-de doldurylyp durulýar. Mysal üçin, okuwçylaryň edebiýatdan öwrenenleri taryh sapagynda berkidilýär, biologiýada alan düşünjeleriniň üsti fizika we himiýa sapagynda ýetirilýär.

**9. Sapagyň gurluşyny we geçirilişini yzygiderli kämilleşdirmek.** Bu mesele halk magaryfynyň, pedagogika ylmynyň hemişe üns merkezinde duran wajyp meselelerden biridir.

Häzirki wagtda didaktika ýüze çykýan täzelikler, ösüşler az däl. Didaktlar, usulyýetçiler, öňdebaryjy mugallymlar okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmek babatynda ençeme işleri durmuşa geçirýärler. Sosiologiýa, psihologiýa, didaktika ylymlarynyň gazananlaryna salgylansak, onda okuw işinde reproduktiw pikirlenmäniň agdyklyk edip, produktiw (döredijilikli) pikirlenmäge az üns berilýändigini görýäris.

**10. Sapak her bir okuwça döredijilikli işjeňligi öwretmelidir, olaryň özbaşdaklygyny, tejribe başarnyklaryny ösdürmelidir**. Okuwçylar her bir işe özbaşdak, döredijilikli çemeleşenlerinde durmuşa has ukyply adamlar bolup ýetişýärler. Şoňa görä mugallym sapakda okuwçylaryň özbaşdak hem döredijilikli pikirlenip bilmeklerine aýratyn üns berýär. Mysal üçin, okuwçy haýsydyr bir düzgüni, kesgitlemäni öwrenip, ony ýatdan aýdyp berende, mugallym oňa: «Hany, indi şuny öz sözüň bilenem düşündir!» diýip ýüzlenýär. Bu iňňän ownujak zat, emma okuwçylara bellibir derejede özbaşdak pikirlenmegi öwredýär.

Hut sapak gidip durka, mugallymyň aýratyn üns bermeli taraplary az däl. Meselem: mugallym dilden soramak arkaly okuwçylaryň bilimlerini, başarnygyny barlaýar. Okuwçy gürrüň berýär. Mugallym hem oňa hakyky baha bermek üçin üns berip diňleýär. Aýratynam ýokary synplarda dilden soramak zerur. Emma edil şol pursatda, ýagny bir okuwçynyň gürrüň berýän wagtynda beýleki okuwçylar näme iş bilen meşgul bolmaly? Belki, olara täze tema ýa öý işi bilen baglanyşykly bolan özbaşdak ýumuş tabşyrmak maksadalaýyk bolar.

Okuwçylar synpda ýazuw-grafiki işleri özbaşdak ýerine ýetirýärler.

Olaryň käbiri ýumşy dessine – hemmelerden öňürti ýerine ýetirip bolýar-da, täze ýumuş almazdan, bikär oturýar. Şeýle bolanda, sapagyň mundan beýläk guramaçylykly dowam etmegine, synpdaky düzgün-nyzamyň sazlaşygyna zeper ýetýän wagtlary-da bolýar.

Şular ýaly obýektiw faktorlar başga-da az däl. Ine, şoňa görä mugallym sapagy meýilnamalaşdyranda, haýsy okuwçylaryň neneňsi işlemelidigini-de göz öňünde tutýar.

Sapakda okuwçylaryň tejribe-barlag, gözegçilik işleri kadaly ýola goýlanda, olaryň özbaşdak işlemek ukyplary ýokarlanýar, döredijilik işjeňliligi artýar. Sapaklaryň tematiki meýilnamalary düzülende anyk wezipeler göz öňünde tutulsa, sapagyň bilim berijilik hem terbiýeleýjilik tarapyna ähmiýet berilse, mugallym öz işinde gowy netije gazanyp biler.

## Sapagyň görnüşleri we olaryň gurluş aýratynlyklary




**Sapagyň gurluşy we onuň görnüşleri.** Sapak – özara baglanyşykly, aýry-aýry böleklerden ybarat bolup, onuň mazmuny bellibir yzygiderlilikde beýan edilýär. Şol bölekler sapagyň döwürleri diýlip atlandyrylýar. Sapak dört-bäş, alty-ýedi döwürden ybarat bolup biler. Onuň döwürleriniň az ýa köp bolmagy – sapagyň maksadyna, öwrenilýän sapagyň mazmunyna, okatmagyň usullarydyr serişdelerine, okuwçylaryň taýýarlyk hem ösüş derejesine, mugallymyň işiniň döre-

dijilikli häsiýetine, haýsy wezipeleriň öňde goýlanlygyna baglydyr. Bular sapagyň gurluşyny kesgitleýär.

Mugallymyň adaty, gündelik guraýan sapaklaryna ***adaty sapaklar*** diýilýär. Adaty sapaklara garyşyk (kombinirlenen), täze bilimleri bermek, berkitmek we endikleri başarnyklary kemala getirmek, jemleýji we gaýtalamak, barlag, giriş, synpdan daşary okuw we gezelenç sapaklary degişlidir. Adaty sapaklaryň takyk gurluşy bar. Bu sapak okuw maksatnamasyna esaslanyp, 45 minutyň dowamynda amala aşyrylýar.

**Adaty sapaklaryň gurluşy.** Sapak özüniň häsiýetine, mazmunyna, maksadyna, öňde goýýan wezipesine laýyklykda dürli-dürli bolup biler: giriş sapagy, barlag sapagy, täze bilimleri bermek sapagy, garyşyk (kombinirlenen) sapagy, berkitmek we endikleri, başarnyklary kemala getirmek sapagy, jemleýji we gaýtalamak sapagy. Olaryň gurluşy hem dürli-dürli bolýar.

**Giriş sapagy** – galapyn gumanitar dersleriň uly hem çylşyrymly temalary boýunça geçirilýär, özem köplenç haýsydyr bir dersi öwrenmäge girişilen mahalynda guralýar. Şonda her bir temanyň esasy meseleleriniň üstünde giňden durlup geçilýär. Şeýle sapak okuwçylaryň özbaşdak işlemäge bolan ymtylyşynyň ösmegine goltgy berýär.

Eger mugallym iňlis dili boýunça giriş sapagyny guraýan bolsa, onda ol ilki bilen bu ders hakynda, ony öwrenmegiň zerurlygy barada birin-birin düşündirmeli bolýar. Gürrüňiniň dowamynda kimiň ata-enesiniň, dogan-garyndaşynyň haýsy daşary ýurt dilini bilýändigini, Angliýanyň ýerleşýän ýeri, tutýan meýdany, ilaty barada gysgaça gürrüň berýär: «Angliýanyň şäherlerinde okap, bilim alýan türkmenistanly talyplar iňlis we türkmen halklarynyň ykdysady, medeni gatnaşyklarynyň barha pugtalanýandygynyň subutnamasydyr.

Mugallym Türkmenistanda iňlis diliniň çuňlaşdyryp öwrenilýänligi, Angliýanyň dürli şäherlerinde ýerleşýän okuw jaýlarynda türkmenistanly talyplaryň okap bilim alýanlygy, iki halkyň arasynda doganlyk-dostlugyň mizemezligi hakda gürrüň berýär.

Soňra iňlis dilini azda-kände bilýänler bilen pikir alyşýar. Bu bolsa şol meselelere okuwçylaryň has çuňňur düşünmeklerine, olaryň

özbaşdak işlemek endikleriniň ýokarlanmagyna kömek edýär. Şeýle görnüşdäki sapaklar köplenç gumanitar sikldäki dersler geçilende giňden ulanylýar. Mysal üçin, edebiýat boýunça haýsydyr bir ýazyja ýa-da uly bir esere häsiýetnama bermekde, giriş sapagynyň guralýan hem geçirilýän wagty seýrek bolmaýar.

**GIRIŞ SAPAGYNYŇ GURLUŞY**

**1. GURAMAÇYLYK DÖWRI – 2 – 3 min.**

**2. SAPAGYŇ MAKSADYNY, WEZIPESINI GOÝMAK – 1-2 min.**

**3. MUGALLYMYŇ GÜRRÜŇI – 20 – 25 min.**

**4. SAPAGY JEMLEMEK – 10 – 15 min.**

**5. ÖÝ IŞI TABŞYRMAK – 2 – 3 min.**

Şu işlerden soň mugallym okuwçylara indi iňlis dilini öwretmäge başlajakdygyny, olaryň bu dili üns berip öwrenmelidiklerini aýdýar hem olara iňlis aýdymynyň ýazgysyny diňledýär. Soňra mugallym okuwçylarda bu dili öwrenmäge bolan höwesi döretmek niýeti bilen birnäçe işleri durmuşa geçirýär, okuwçylar bilen «Myhman» oýnuny guraýar, sorag-jogap arkaly sapagy jemleýär, iňlisçe salamlaşmagy, hoşlaşmagy, «Adyň näme?» diýen soraga jogap bermegi öýe iş tabşyrýar.

Giriş sapagynyň şunuň ýaly pugta oýlanylan meýilnama esasynda geçirilmegi onuň örän täsirli bolmagyna, bu dersi öwrenmäge bolan höwesiň, gyzyklanmanyň döremegine mümkinçilik berýär.

**Garyşyk (kombinirlenen) sapak**. Häzirki wagtda mugallymlar gatyşyk ýa-da kombinirlenen sapakda okuwçylaryň işjeňligini ýokar-

landyrmaklyga, olaryň tejribe iş endiklerini kämilleşdirmeklige aýratyn üns berýärler.

Gatyşyk ýa-da (kombinirlenen) sapaklar – sapagyň birnäçe döwürlerini özünde jemleýär. Okuwçylary hem täze material bilen tanyşdyrýar, geçilenleri berkidýär, öňki öwrenilenleri gaýtalaýar, okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini hasaba alýar. Görşümiz ýaly, bu sapak aýry-aýry didaktik wezipeleri ýerine ýetirýär.

1. Guramaçylyk döwründe mugallym okuwçylar bilen salamlaşýar, gatnaşygy barlaýar, okuwçylaryň ünsüni sapaga çekýär. Sapagy gowy guramagy başarmak sapagyň tutuş gowy geçmegine ýardam edýär.

2. Öý işini soramak döwründe ýekelikde (indiwiduallaýyn) we köpçülikleýin (frontallaýyn) dil üsti bilen, ýazuw üsti bilen aýlaw depderleri çalyşmak esasynda öý işleri barlanylýar.

3. Sapagyň maksadyny, wezipelerini goýmak döwründe mugallym görkezme esbaplary synp tagtasynda asýar. Täze temanyň adyny ýazýar. Geçiljek temanyň adyny, haýsy başarnyklary, endikleri kemala getirmelidigini aýdýar.

4. Täze temany düşündirmek döwründe mugallym sapagyň mazmunyny ylmy esasda beýan edýär. Bu sapagyň esasy döwri hasaplanylýar, sapagyň köp wagty bu döwre sarp edilýär.

5. Sapagy berkitmek döwründe mugallym düşündiren temasyna degişli dilden sorag-jogap alyşýar. Meseleleriň, mysallaryň, gönükmeleriň üsti bilen sapagy berkidýär. (Amaly iş, özbaşdak iş, gönükme, okuw kitaby bilen işlemek, reproduktiw, interaktiw usullaryndan ýerlikli peýdalanýar).

6. Sapagy jemlemek döwründe mugallym birnäçe minutyň dowamynda sapagy jemleýär. Mugallym bu döwri reproduktiw usulda hem gurap biler.

7. Bahalandyrmak döwründe başlangyç synplarda okuwçylaryň bahalaryna derňew bermeli. Işjeň gatnaşan okuwçylary bahalandyrmaly.

8. Öý işini tabşyrmak döwründe okuwçylara öý işini düşündirip, kitapdan görkezmeli. Öý işini ýerine ýetirmegiň tärini, ýoluny düşündirmeli we gündelige belletmeli. Eger mümkin bolsa nusgasyny görkezmeli.

Okuwçylar şol bir wagtyň özünde sapagyň bu görnüşinden talabalaýyk peýdalanmagy, ony beýleki sapak görnüşleri bilen utgaşdyrmagy hem-de okuw-terbiýeçilik işinde gowy netijeler gazanmagy başarýarlar. Kombinirlenen sapak, käbir maglumatlara görä, okatmagyň tejribesinde, ähli geçilýän sapaklaryň umumy sanynyň 75-80 % tutýar.

**GARYŞYK SAPAGYŇ GURLUŞY**

1. **GURAMAÇYLYK DÖWRI – 1 – 2 min.**
2. **ÖÝ IŞI SORAMAK – 8-10 min.**
3. **SAPAGYŇ MAKSADYNY, WEZIPELERINI GOÝMAK – 2 -3 min.**
4. **TÄZE TEMANY DÜŞÜNDIRMEK – 10- 15 min.**
5. **TÄZE TEMANY BERKITMEK – 7-8 min.**
6. **BAHALANDYRMAK – 1-2 min.**
7. **SAPAGY JEMLEMEK – 1-2 min.**
8. **ÖÝE IŞ TABŞYRMAK – 2-3 min.**

Täze bilimleri bermek maksady bilen sapak geçirlende mugallymyň ygtyýarynda bolan wagtyň agramly bölegi täze materialy öwrenmeklige sarp edilýär. Entek okuwçylara nätanyş bolan maksatnama materialy, esasan, mugallym tarapyndan beýan edilýär. Beýle diýildigi bir sapaga berlen wagt tutuşlygyna mugallymyň gürrüňine sarp edilýär diýildigi däldir. Okuw işine synpyň hemme okuwçylary işjeň gatnaşdyrylýar.

Täze bilimleri bermek sapaklarynda mugallymyň işi bilen okuwçylaryň özbaşdak işleriniň utgaşygy az däl.

Mugallym meýilnamada göz öňünde tutulýan bilimleri beýan edýär, okuwçylar bolsa ony synpda we öýde özleşdirýärler hem berkidýärler. Mugallymyň täze bilimleri beýan etmegi, düşündirmegi okuwçylaryň özbaşdak işleri bilen şunuň ýaly tertipde utgaşdyrylýar.

Mugallym sapakda diňe esasy meseleleri beýan edýär, okuwçylar galan beýleki materiallary, mugallymyň beýan etmediklerini okuw kitaplaryndan we beýleki gollanmalardan peýdalanmak arkaly özbaşdak özleşdirýärler.

Mugallym okuwçylara sapakda özbaşdak işlemegiň usulyny düşündirýär, okuwçylar bolsa mugallymyň ýolbaşçylygynda özbaşdak işleri ýerine ýetirip, täze bilimleri özleşdirýärler.

**TÄZE BILIMLERI BERMEK MAKSADY BILEN GEÇILÝÄN SAPAGYŇ GURLUŞY**

- **1. GURAMAÇYLYK DÖWRI – 1-2 min.**
- **2. SAPAGYŇ MAKSADYNY, WEZIPESINI GOÝMAK 2-3 min.**
- **3. T ÄZE TEMANY DÜŞÜNDIRMEK – 20-25 min.**
- **4. TEMANY BERKITMEK – 7-10 min.**
- **5. SAPAGY JEMLEMEK – 2-3 min.**
- **6. ÖÝ IŞI TABŞYRMAK – 1- 2 min.**

Kähalatlarda täze materialy öwrenmek hut okuwçylaryň üsti bilen hem amala aşyrylýar. Bu, köplenç, gezelençlerden, tejribe işlerinden, ýörite ýumuşlar ýerine ýetirilenden soň guralýar. Şeýle edilende mugallym okuwçylary ilki gürrüň bermäge taýýarlaýar, olaryň özbaşdak işlerini (gürrüňlerini) gurap hem ugrukdyryp goýberýär, oňa zerur bolan düzedişleri girizýär, soňra umumylaşdyrýar.

**Berkitmek we endikleri, başarnyklary kemala getirmek sapagy** – öwrenilýän okuw materialynyň mazmunyna baglylykda guralýar. Çünki özleşdirilen her bir sapak özüniň kem-kemden yzygiderli berkidilip durulmagyny talap edýär.

Bu iş sapagyň gidişinde-de, ýörite guralýan sapakda-da amala aşyrylyp bilner. Her bir tema boýunça berilýän bilim, başarnyk, endik ençeme türgenleşik işleriniň üsti bilen berkidilýär.

Şeýle edilende okuwçylar öz bilimlerini, başarnyklaryny, zerurlyk ýüze çykanda, dilden hem, ýazuw üsti bilen hem beýan edip bilýärler. Bu işe döredijilikli çemeleşmegi-de, ýagny täzelikler girizmegi-de başarýarlar. Şeýle bolmagy üçin mugallym sapagy berkidýän mahalynda durmuş bilen baglanyşykly goşmaça hem gyzykly mysallary, ynandyryjy delilleri getirmäge çalyşmalydyr.

Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini berkitmegi täze materialyň öwrenilip durlan wagtynda-da (bölekleýin), material öwrenilenden soň, hut şol sapagyň her bir döwründe-de, ýörite sapaklarda-da talabalaýyk gurap hem geçirip bolýar.

Diýmek, okuwçylaryň aňynda dörän başarnyklar we endikler dürli-dürli türgenleşik arkaly berkidilýär; öňki öwrenilenler okuwçylaryň ýatlarynda ikinji (gerek bolsa üçünji) gezek gaýtalanyp, täzeden dikeldilýär.

Şeýle bolansoň, okuwçylar şol başarnyklaryny we endiklerini gerek wagty dilden aýdyp ýa-da ýazuw üsti bilen beýan edip bilýärler; bilimleri berkitmeklik işine döredijilikli çemeleşýärler; ýagny okuwçylaryň diňe bir öňki öwrenenlerini olaryň aňynda täzeden dikeltmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň düşünjelerine täzelik girizilýär. Täzelik, goşmaça gyzykly maglumatlar bolmasa, sapagy berkitmek gyzyksyz bolar, oňa okuwçylaryň höwesi bolmaz.

**BERKITMEK ÝA-DA ENDIKLERI, BAŞARNYKLARY KEMALA GETIRMEK SAPAGY**

- **1. GURAMAÇYLYK DÖWRI – 1-2 min.**
- **2. SAPAGYŇ MAKSADYNY WE WEZIPESINI GOÝMAK – 2-3 min.**
- **3. OKUW MATERIALYNY BERKITMEK WE ENDIKLERI, BAŞARNYKLARY KEMALA GETIRMEK – 25-30 min.**
- **4. SAPAGY JEMLEMEK – 4- 5 min.**
- **5. BAHALANDYRMAK – 2-3 min.**
- **6. ÖÝ IŞI TABŞYRMAK – 2-3 min.**

**Jemleýji ýa-da gaýtalamak sapagy** – özleşdirilen ylmy-bilimleri umumylaşdyrmak, bellibir ulgama salmak hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şular ýaly sapaklar galapyn uly bölümler, temalar geçilip gutarylandan soň, çärýegiň ahyrynda, okuw ýylynyň soňunda geçirilýär.

Şeýle okuwlar talabalaýyk guralan mahalynda okuwçylaryň biliminde, başarnygynda bar bolan ýetmezçiligiň öwezini dolmak bolýar.

Okuwçylar deňeşdirmegi, täze-täze mysallara ýüzlenmegi öwrenýärler. Olaryň bilimleri çuňlaşýar, tejribe endikleri berkleşýär. Şeýle sapaklaryň gurluşy dört-bäş döwürden ybarat bolup biler.

Gaýtalamak işi diňe bir ýörite guralýan sapaklarda amala aşyrylman, eýsem, täze material öwrenilende-de, berkidilende-de alnyp barylýar.

Jemleýji ýa gaýtalamak sapagy barlag sapagynyň öň ýanynda guralýar, onda tematik barlag amala aşyrylýar.

Okuw kitaplarynda (mysal üçin, geografiýa, tebigaty öwreniş, taryh) uly baplaryň we bölümleriň ahyrynda jemleýji we gaýtalamak sapagyny guramak üçin niýetlenen soraglar we ýumuşlar berilýär. Jemleýji we gaýtalamak sapagynda okuwçynyň bellibir tema, bap boýunça düşünjesi barlanylýar.

**JEMLEÝJI ÝA-DA GAÝTALAMAK SAPAGYNYŇ GURLUŞY**

1. GURAMAÇYLYK DÖWRI – 1-2 min.
2. SAPAGYŇ MAKSADYNY WE WEZIPESINI GOÝMAK – 2-3 min.
3. OKUW MAGLUMATLARYNY JEMLEMEK -25-30 min.
4. BAHALANDYRMAK – 2-3 min.
5. SAPAGY JEMLEMEK 2-3 min.
6. ÖÝ IŞI TABŞYRMAK – 2-3 min.

Sapaklaryň agzalyp geçilen görnüşlerinden başga-da barlag işleri (diktant, beýannama, düzme ýazdyrylanda, mysal, mesele işledilende, ýazuw grafiki ýumuşlar ýerine ýetirilende), amaly-tejribe işler geçirilende guralýan görnüşleri hem okuw işine ornaşyp gitdi. Elbetde, şolar ýaly sapaklaryň gurluşynyň nähili boljakdygyny olaryň maksady, içki mazmuny, geçiriliş tertibi, mugallymyň işiniň häsiýeti kesgitleýär.

**Barlag sapagy** – köplenç okuwçylaryň ýazuw-tejribe işleri bilen baglanyşykly guralýar: diktant, beýannama, düzme ýazdyrylýar, mesele çözdürilýär, mysal işledilýär, ýazuw-grafiki işleri ýerine ýetirilýär.

6. Sargyt № 1339

Barlag sapagy, esasan, jemleýji we gaýtalamak sapakdan soň guralýar. Barlag sapagynyň maksady okuwçylaryň bellibir baplar, temalar boýunça alan bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlamak.

Kähalatlarda barlag sapagynyň yz ýanyndan gelýän sapagyň bir döwri barlag işiniň netijesine bagyşlanýar.

Dersler boýunça geçirilýän barlag işleriniň sany okuw maksatnamasynda görkezilen.

Mugallym öz okadýan dersi boýunça okuw maksatnamasy esasynda geçirjek barlag işiniň wagtyny kalendar-tematik iş meýilnamasynda kesgitleýär.

Barlag sapagynyň gurluşy takmynan şeýleräk bolup biler.

**BARLAG SAPAGY**

**1. GURAMAÇYLYK DÖWRI; OKUWÇYLARYŇ TAÝÝARLYGYNY BARLAMAK – 2-3 min.**

**2. BARLAG IŞINIŇ MAKSADYNY, WEZIPESINI DÜŞÜNDIRMEK – 1-2 min.**

**3. BARLAG IŞINIŇ MAZMUNY, ŞERTLERI BILEN TANYŞDYRMAK- 2-3 min.**

**4. OKUWÇYLARYŇ ÖZBAŞDAK IŞI – 30-35 min.**

**5. TAKMYN NETIJE ÇYKARMAK, SAPAGY JEMLEMEK -2-3 min**

**Gezelenç sapagy** – üç döwürden ybarat bolup durýar:
gezelenje taýýarlyk;
gezelenji geçirmek;
gezelenji jemlemek;

Birinji döwürde gezelenje gidiljek ýeriň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşyp, onuň wagty, ýerine ýetirilmeli işler öňünden meýil-

leşdirilýär. Onuň ugry (marşruty), çyzgysy çyzylýar. Maksady aýdyňlaşdyrylýar. Şeýle-de gerekli zatlary öňünden taýýarlamaklyk okuwçylara duýdurylýar.

Ikinji döwürde okuwçylar gören, öwrenen zatlary barasynda özlerine bellik edip alýarlar. Ony umumylaşdyrýarlar.

Üçünji döwürde mugallym okuwçylaryň gören, eşiden, öwrenen zatlaryny sorag-jogap ýa-da ýazuw üsti bilen (beýannama, düzme) ýazdyryp ony jemleýär.

**Sapakdan daşary okuw**

Sapakdan daşary okuw bu kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň ene diliniň çäginde taýýarlygynyň hökmany bölegidir. Sapakdan daşary okuwyň maksady bolsa okuwyň başlangyç döwründe okuwçylarda çagalar edebiýatyna bolan höwesi artdyrmakdan ybaratdyr. Çeper eserleri kabul etmekligiň ilkinji görnüşi mugallymyň labyzly okaýşyny we gürrüňini diňlemekdir. Sapakdan daşary okuw ene dili okuw sapagynyň bir bölegi bolmak bilen esasy iş görnüşleriniň biridir. Munuň üçin ene dili okuwyň meýilnamasynda ýörite sagat berlip, okuwçylaryň gatnaşygy gözegçilige alynýar we bahalandyrylýar.

Sapakdan daşary okuw sapaklarynda okamak üçin ene dili okuw kitabynda ýörite eserler hödürlenýär. Mugallymyň wezipeleriniň ýene-de biri çagalaryň çeper eserleri okamaklaryny mekdepden daşary ýagdaýda dowam etdirmeklerini gazanmakdyr. Çagalarda edebi eserleri okamaga bolan höwesi, birinji nobatda, kiçiräk hekaýalary, basnýalary, şygyrlary, atalar sözlerini, ertekileri, tapmaçalary, nakyllary okatmak bilen döretmek bolar. Mugallym başlangyç synp okuwçylaryna çeper eserleri diňe bir ene dili okuw sapaklarynda okatmak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň synpdan we mekdepden daşary özbaşdak okamaklaryny guramalydyr. Synpdan daşary çeper eserleri okuwçylara okatmak, olaryň dünýägaraýşynyň ösmegine-de, kämilleşmegine-de, mekdepde tertip-düzgüni pugtalandyrmakda hem kömek edýär. Okuwçylaryň synpdan daşary okan çeper eserleri ýörite okuw sagatlarynda derňelýär. Şonuň üçin-de, başlangyç synplaryň täze okuw maksatnamasynda sapakdan daşary okuw sapaklaryny geçirmek üçin ýörite okuw sagatlary berilýär.

Mugallym sapakdan daşary okuwy guramakda 2 sany meseläni oňaýly çözmegi-ilki sapakdan daşary okuw sapagyna okuwçylary

taýýarlamagy, soňra sapagy gyzykly guramagy başarmalydyr. Şonuň üçin sapakdan daşary her bir okuw sapagy üçin okuwçylara kitap saýlap almaga kömek etmek we okamaga hödürlemek mugallymyň döredijilikli işidir.

Mugallym okuwçylaryň boş wagtlaryny nähili geçirýändiklerini öwrenýär. Okuwçylaryň ýagdaýlary, ýaşaýyşlary bilen tanşandan soň, okuwyň ilkinji günlerinden başlap, öz okuwçylary bilen olaryň boş wagtlaryny nähili geçirýändiklerini anyk bilmek üçin gürrüň guraýar. Şonda okuwçylara şeýle soraglar berilýär:

1. Okuwçylar, siz haýsy kitaby okadyňyz?
2. Häzir haýsy kitaby okaýarsyňyz?
3. Okan kitaplaryňyzdan haýsyny gowy gördüňiz?
4. Kitaby nireden alyp okaýarsyňyz? (Mekdep kitaphanasyndanmy ýa-da başga kitaphanadanmy?)
5. Haýsy kitaby okamagy söýýärsiňiz?

Mugallym şeýle soraglar bilen okuwçylarda sapakdan daşary çeper eserleri okamaga höwes döredýär. Okuwçylaryň esasy böleginiň kitap alýan kitaphanasyny anyklandan soň, mugallym şol kitaphananyň müdiri bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýar.

2-4-nji synp mugallymlary öz okadýan okuwçylaryny synpdan daşary okamak üçin hödürlenýän eserleriň sanawy bilen okuw ýylynyň başynda tanyşdyrýarlar. Birinji synpda synpdan daşary okuwa ýylyň dowamynda okuw sapagynyň 10-15 minutyny sarp edip, şonda çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelýän ertekileri, goşgulary, hekaýalary, tapmaçalary, matallary, sanawaçlary labyzly okap bermeli we olaryň mazmunyny aýtdyrmaly. Synpdan daşary okuwa II-IV synplarda her çärýekde okuw sapaklarynyň 2 sagady berlip, şolardan çagalaryň ýaşyna laýyk gelýän kitaplar mugallymyň ýolbaşçylygynda okalmaly, okuwçylara özbaşdak okamagy tabşyrmaly, okalan eserleriň mazmunyny bölekleýin we tutuşlygyna yzygiderli gürrüň etdirmeli, şol eserler boýunça ýazgylary ýöretmek, kitaphanadan gerekli kitaby saýlap bilmek, ony tapmagy öwretmeli.

## Mugallymyň sapaga taýýarlygy

Mugallym okadýan dersini nähili gowy bilýän hem bolsa, onuň pedagogik tejribesi näçe ýeterlik hem bolsa, ol her bir sapaga jo-

gapkärçilik duýgusy bilen taýýarlanmagy, oňa haýsy bir täzelik girizmegi unutmaly däldir. Okuwçylaryň hemmesiniň biraýakdan sürülmeýän, ukyplarynyň parhlandyrylýan, güýçlüler hem olardan birneme gowşagraklar bilen aýry-aýrylykda iş salyşmaly bolunýan mahalynda, mugallymyň her bir sapaga ykjam taýýarlanmagy baradaky jogapkärçiligi has hem güýçlenýär. Ol sapakda ulanyljak serişdeleriň giden bir tapgyryny döretmeli hem olary peýdalanmagyň usullaryny öňünden anyklamaly bolýar. Mundan başga-da mugallym sapakda öwreniljek sapagyň möçberini anyklaýar: sapagyň takyk maksadyny, ony öňki geçilen temalar bilen baglanyşdyrmagyň ýollaryny kesgitleýär, esasy hem ikinji derejeli düşünjeleri parhlandyrmagy göz öňünde tutýar, täze düşünjeleri öwretmegiň hem berkitmegiň tärlerini belleýär, okuw sapagynyň öwredijilik hem terbiýeleýjilik hyzmatyny meýilnamalaşdyrýar.

Sapaga taýýarlyk, ony geçirmek we seljermek sapagyň maksadyna, mazmunyna we ony guramaklygyň görnüşine baglydyr.

1. Mekdepde her bir sapak ylmylyk, yzygiderlilik, güýçýeterlik, aňlylyk we işjeňlik, bilimleri berk özleşdirmeklik, okuwçylaryň ýaş we ýekelikdäki aýratynlyklaryny hasaba almaklyk çelgileri esasynda guralmalydyr.
2. Maksatnama materialyny öwrenmekde sapak esasy orna eýedir. Her bir tema öwrenilende mugallym sapagyň gurluşyny bilmek bilen bir hatarda, okatmak usullaryny we serişdelerini saýlap almagy başarmalydyr. Esasan hem başlangyç synplarda sapakda geçilýän materialyň köpdürli usullary bilen öwrenilmegi mugallymdan şol sapagyň öňünden düzülen tertip esasynda geçilmegini talap edýär. Haçan-da geçilýän material bir ugur boýunça yzygider öwrenilse, onda ony okuwçylar ýeňil özleşdirýärler we öwrenilen zat okuwçylaryň köp wagtlap ýadynda galýar.
3. Sapak öňünden oňat taýýarlanylan, guralan we abzallaşdyrylan bolmalydyr. Mugallym sapagyň meýilnamasyny we konspektini öňünden taýýarlaýar, sapagyň bilim berijilik we terbiýeleýjilik maksadyny anyklaýar. Şunuň bilen birlikde mugallym sapagyň bölümleriniň yzygider geçilmegini we onuň döwürlerini (sapagy nähili başlamaly we ony gutarmaly, sapakda haýsy görkezme

esbaplardan peýdalanjakdygyny) öňünden belleýär. Nähili tejribeli, ýokary pedagogik ussatlygy bolan mugallym bolsa hem ol konspektsiz, sapaga taýýarlyksyz barmaly däldir.

4. Häzirki zaman şertlerinde, döwrüň talabyny ödejek bolsa, islendik sapak döredijilikli häsiýete eýe bolmalydyr. Täze mowzuklar düşündirilende we geçilenler gaýtalanylýan döwründe mugallym her hili netijeli usullary tapmaga çalyşmalydyr we öňdebaryjy mugallymlaryň iş tejribelerinden peýdalanmalydyr.
5. Döredijilik – mugallymyň esasy işi bolmalydyr. Sapaklaryň bir meňzeş geçilmegi okuwçylaryň işjeňligini peseldýär, olary tiz ýadadýar we okuw materialy doly öwrenilmeýär, ýüzleý häsiýete eýe bolýar. Sapagyň netijeli bolmagy üçin synpda okuwçylaryň berk tertip-düzgüni bolmalydyr. Bu babatda: «Tertipsiz mekdep suwsuz degirmendir» diýip, Ý. A. Komenskiý ýerliki belleýär.
6. Synpda berk tertip-düzgüniň bolmagy uly täsir edýär. Bu babatda rus pedagogy K. D. Uşinskiniň belleýşi ýaly: «Sapakda ýumor we gülki hem bolmalydyr, ýöne sapagy welin, gülkä öwürmek bolmaz».

Okatmaklygyň ilkinji gününden başlap tertip-düzgüni talap etmeklik hökmanydyr. Synpda okuwçylary gorkuzmak, olara gygyrmak bilen tertip-düzgüni saklap bolmaz. Diňe parasatly, yzygider talap etmek bilen we talap edilýän zadyň wagtly – wagtynda barlanyp durulmagy bilen sapakda dogry we doly tertip-düzgüni saklap bolar.

Bu babatda sowetler döwrüniň pedagogy S. S. Makarenko şeýle belleýär: «Çagadan näçe köp talap edildigiçe, şonça-da oňa hormat goýulmalydyr».

Haçan-da çaga, özüne hormat goýulýandygyny duýsa, ol ýa-da beýleki işi göwnejaý ýerine ýetirjek bolup çalyşýar. Ilki bilen çagalar mugallyma aladalanýan, ünsli, söýgüli mugallym hökmünde seretseler, soňra oňa akylly, bilimli adam hökmünde garaýarlar.

7. Ýaş çaga öz-özüni, ýoldaşlaryny terbiýeläp bilmeýär, şonuň üçin hem olara parasatly, adalatly, berk talap ediji mugallym gerek bolýar.
8. Sapak okuw işini guramaklygyň esasy görnüşi bolup, ol okatmaklygyň esasy meselelerini ýerine ýetirmeklige ýardam edýär. Oňat sapak – bu tejribeli mugallymlar üçin hem ýönekeý iş däldir.

## Adaty däl sapaklar

Mugallymyň we okuwçylaryň ýokary taýýarlygyny, döredijiligini talap edýän, mazmuna baý, takyk gurluşy bolmadyk, dowamlylygy kesgitlenilmedik sapaklara ***adaty däl*** sapaklar diýilýär. Mugallym adaty däl sapagyň gidişiniň döwürlerini üýtgedibem biler, käbir döwürlerini ulanmanam biler. Adaty däl, sapaklar, köplenç, okuw materialyny berkitmekde, gaýtalamakda we jemlemekde ulanylýar.

**Adaty däl (standart däl)** sapaklaryň esasy maksady okuwçylarda okuw işine gyzyklanmany oýarmak we saklamak. Adaty däl (standart däl) sapak garaşylmadyk, duýdansyz okuw sapaklary bolup, olaryň gurluşy adaty däldir. Pedagoglaryň käbirleri bu sapaklary pedagogik pikiriň ösüşiniň, mekdebi demokratizasiýalaşdyrmagyň uly ädimi diýip düşündirýärler. Pedagogik edebiýatlary seljermek adaty däl sapaklaryň onlarça görnüşlerini saýlamaga mümkinçilik berdi. Olaryň ady, bu sapaklaryň maksady, wezipesi geçiliş usullary barada käbir düşündirişler berýärler. Adaty däl (standart däl) sapaklaryň görnüşleriniň köp ýaýranlaryny sanap geçeliň!

1. Maslahat sapaklary;
2. Ýaryş sapaklary;
3. Bäsleşik sapaklary;
4. Teatr sapaklary;
5. Gözükdirme (konsultasiýa) okuw sapaklary;
6. Döredijilik sapaklary;
7. Hasap sapaklary;
8. Formula sapaklary;
9. Gepleşik sapaklary;
10. Portret sapaklary;
11. Fantaziýa sapaklary;
12. Oýun sapaklary;
13. «Sud» («Kazyýet») sapaklary;
14. Gözleg sapaklary;
15. «Paradoks» sapaklary;
16. Konsert sapaklary;
17. Dialog sapaklary;
18. «Bilgirjeleriň barlagy» sapaklary;
19. Keşpli oýunlar sapagy;
20. Türgenleşik sapaklary;
21. Dersara sapaklar;
22. Syýahat sapaklary;
23. «Täsinlikler meýdançasy» oýny sapaklary;
24. Wideo-sapaklary;
25. «Panorama» sapagy.

Şonuň ýaly sapaklary ähli mugallymlar ulanmalydyrlar. Ýöne adaty däl (standart däl) sapaklary işiň esasy görnüşine öwrüp, olary

ulgama girizmek maksadalaýyk däl. Onuň sebäbi olaryň netijesiniň pesligi, köp wagtyň ýitmegi bilen düşündirilýär.

## Ýaryş sapagy

Sapagyň bu görnüşi, köplenç, temalary we bölümleri gaýtalamakda ulanylýar. Sapak ýaryş görnüşinde geçirilýär. Ýaryş birnäçe bäsleşiklerden – döwürlerden ybarat bolýar. Mysal üçin, 5 bäsleşik döwürli sapaga üns bereliň!

I döwür – türgenleşik. Ýumuş : geçilen sapak boýunça hekaýa düzmeli: bir okuwçy hekaýany başlaýar, ikinji okuwçy ony dowam edýär we ş.m.

II döwür – «Öý işini barlamak» bäsleşigi. Temanyň mazmunyny beýan edýän sahna oýnuny oýnamaly.

III döwür – jogaby saýlamak meselelerini çözmek.

IV döwür – «Bil» bäsleşigi. Bir okuwçy synpdan çykyp gidýär. Beýlekiler geçilen tema boýunça bir sözi belleýärler. Synpdan çykyp giden okuwçy gelenden soň, oňa dürli hereketler, mysallar bilen haýsy sözüň bellenendigini aýtdyrjak bolýarlar.

V döwür – «artistler» we «suratçylar» bäsleşigi. «suratçylar» topary synpdan daşary çykýarlar. «Artistler» toparyna sapagyň temasyndan bir bölegi gürrüň berilýär. «suratçylar» topary içeri girenden soň «artistler» topary aýdylan zatlary hereketleri bilen görkezýärler, «suratçylar» bolsa onuň jogabyny suratyň üsti bilen beýan etmeli.

Netije döwür – sapagyň jemini jemlemek.

## Kalendar-tematik iş meýilnama

***Kalendar-tematik iş meýilnama*** sapakda durmuşa geçirilýän okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmegi maksat edinýän resminama. Kalendar-tematik iş meýilnamasy okuw maksatnamasynyň esasynda, okuw ýyly başlamazdan öň mugallymlar tarapyndan düzülýär we degişli usuly birleşmäniň ilkinji geçirilýän maslahatynda ara alnyp maslahatlaşylýar. Kalendar-tematik iş meýilnamasyny mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary barlaýar, mekdep müdiri tassyklaýar. Kalendar-tematik iş meýilnamasynyň, okuw mak-

satnamasynyň, okuw kitabynyň esasynda sapagyň meýilnamasy we ýazgysy taýýarlanylýar.

## Kalendar -tematik iş meýilnamasy

| T/b | Geçilmeli temalar | Sagat sany | Wagty | Gaýtalanmagy zerur temalar | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

Mugallymyň göz öňünde tutmaly işleriniň ýene biri **sapagyň meýilnamasyny we ýazgysyny** düzmekdir. Sapagyň meýilnamasynda we ýazgysynda temanyň mazmunynyň nähili yzygiderlilikde, haýsy serişdeleriň üsti bilen, haýsy usullar bilen beýan ediljekdigi, näçe wagtda geçip gutarmagyň mümkindigi, öňde goýlan maksada nädip ýetip boljakdygy görkezilýär. Mahlasy, sapagyň meýilnamasynda mugallym bilen okuwçylaryň synpdaky işiniň esasy taraplary öňünden aýdyňlaşdyrylýar.

Sapagyň ýazgysyny we meýilnamasyny düzmek – mugallymyň ýerine ýetirmeli esasy işleriniň biridir. Ol okuw materialynyň mazmunyny bellibir synpda nähili yzygiderlilikde, haýsy usulda beýan etmelidigini, näçe wagtda geçip gutarmak mümkindigini, göz öňünde tutulan maksada nädip ýetip boljakdygyny takyk edip anyklaýar. Mugallym her bir sapagyň meýilnamasyny okuw maksatnamasynyň mazmunyna, okuw kitabyna, okuwçylaryň bilim derejelerine hem-de senenama-tematik meýilnama laýyklykda düzýär. Elbetde, gysga çyzgyly meýilnama mugallyma az peýda berýär, ol sapagyň doly mazmunyny aýdyňlaşdyrmaýar, okuw işiniň ähli gidişini göz öňüne getirmäge mümkinçilik bermeýär. Gysga çyzgyly meýilnama köplenç ýagdaýlarda öz işine ýüzleý seredýän mugallymyň resmi ýazgysydyr.

Sapagyň yzygiderli we doly ýazgysy mugallymyň köp wagtyny alýan hem bolsa, ol örän peýdalydyr. Açyk sapaklar geçirilende sapagyň doly ýazgysy ýazylýar. Giňişleýin ýazylan sapagyň ýazgysy tejribelik geçýän talyplar, işe täze başlan mugallymlar üçin hem zerurdyr.

Sapagyň meýilnamasy gysga bolmalydyr. Emma ol mugallymyň we okuwçylaryň synpdaky işiniň esasy böleklerini, sapagyň mazmu-

nyny we usulyýetini aýdyňlaşdyrmalydyr. Şeýle meýilnama sapakda mugallyma uly kömek berer, bellenilen okuwy döredijilikli guramaga we geçirmäge mümkinçilik döreder.

Sapagyň bölümleriniň, döwürleriniň we olaryň yzygiderliliginiň hem mazmunynyň aýry-aýry mugallymlarda dürlüçe berilmegi mümkindir. Mugallym sapagy meýilnamalaşdyrýan wagtynda okuwçylaryň akyl ýetirijilik işini nädip ýola goýjakdygy, olaryň özbaşdak ýerine ýetirýän döredijilik işini nädip dolandyrjakdygy barada pugta oýlanýar. Dogry, synpda sapak wagtynda käbir garaşylmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy-da mümkindir. Şeýle ýagdaýlary öňünden görüp bilmeklik, oslagsyz ýüze çykýan soraglara şol wagtyň özünde dogry jogap bermeklik, ýagny, ýagdaýdan baş çykarmak mugallymyň ussatlygy bilen baglanyşyklydyr.

Mugallym sapagyň her bir döwrüne sarp ediljek wagty belländen soň, sapagyň gidişini we onuň her bir bölüminiň mazmunyny aýdyňlaşdyrmaga girişýär. Sapagyň meýilnamasyny şunuň ýaly edip bellemek sapagy ýokary derejede geçirmäge, onda döredijilikli işlemäge mümkinçilik berýär.

Mugallym sapaga taýýarlanýan wagtynda öňki geçilen sapaklaryň we öň bellenilen meýilnamanyň ýerine ýetirilişini hasaba alyp, geçilen sapaklar bilen geçiljek sapagyň arasyndaky baglanyşygy bellemelidir. Käbir mugallymlar sapak wagtynda bellenilen meýilnama seretmeli däl diýip hasaplaýarlar. Bu nädogrudyr. Meýilnama sapak wagtynda peýdalanmak we ähli bellenilen çäreleri doly ýerine ýetirmek üçin gerekdir. Meýilnama bilen işleýän mugallym sapagy bellenen wagtynda başlaýar we gutarýar. Meýilnama esasynda geçirilýän sapak okuwçylar üçin gyzykly hem täsirli bolýar. Mugallym sapaga taýýarlanýan wagtynda onuň mazmunynyň ylmy taýdan ýokary derejede bolmagy barada aladalanmalydyr. Gowy meýilnamalaşdyrylan we taýýarlanylan sapak okatmagyň üstünlikli geçmeginiň möhüm şertidir.

Herhal, mugallym sapak wagtynda käbir garaşylmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagynyň mümkinligini, şeýle bolanda, ýüze çykan ýagdaýdan şol mahalyň özünde baş alyp çykmagyň zerurlygyny hem ýatdan çykarmaly däldir. Sebäbi okuw wagtynda döreýän käbir pedagogik hadysalar mugallyma haýsydyr bir gollanmany okap çykalga

gözlemäge, ýa bolmasa, kimdir biri bilen maslahatlaşyp dogry netijä gelmäge maý bermeýär. Ýüze çykýan soraglar, hadysalar dessine pikirlenip, pedagogik nazaryýetden dogry bolan jogaby bermegi, täsir ediş usullaryny ýerlikli peýdalanyp bilmegi talap edýär.

Mugallymyň sapaga taýýarlanýan mahalynda aýratyn üns bermeli zatlarynyň ýene biri sapakda wagtdan tygşytly peýdalanmak baradaky meseledir. Şoňa görä wagty bisarpa tutman, has manyly edip geçirmek maslahat berilýär.

Şu ýerde bir ýagdaý barada durup geçmek ýerlikli bolsa gerek. Kähalatlarda tejribe toplap hem öz pedagogik ýoluny anyklap başlan mugallymyň sapagynda täze tema düşündirilende durlup geçilmeli 4-5 sany soragyň ikinji ýa üçünji soragy barada gürrüň edilýän mahalynda birdenkä okuwçylarda oňa aýratyn gyzyklanma döreýär hem-de oňa degişli soraglar orta atylyp, özara pikir alyşma möwjäp gidýär. Okuwçylaryň özleriniň orta atýan soraglarydyr olara berýän jogaplary biri-birine çapraz gelip, hakyky çekişme döreýär duruberýär. Netijede, düşündirilmeli diýlip niýetlenilen soraglaryň hemmesi derňelmän galýar, sebäbi sapagy düşündirmäge sarp edilmeli wagt tamamlanyp, arakesmä çykmak üçin jaň kakylýar. Eýsem, şeýle ýagdaýda düşündirilmän galan soraglaryň ykbaly nähili bolmaly? Şeýle ýagdaýda mugallymy «sapak maksadyna ýetmedi» diýip aýyplamak adalatsyzlyk bolýar. Okuw şolar ýaly gyzyklanma esasynda ugrugyp gitse, onda sapagam, mugallymam, okuwçylaram maksatlaryna birkemsiz ýetýär. Okuwçylaryň pikirleniş işi, işjeňligi ýokarlanýar, olarda höwes, gyzyklanma döreýär. Şeýle okuwçylar bolsa galan soraglary özbaşdak okap öwrenmäge-de ukyplydyrlar. Aslyýetine garanyňda, okuwyň düýp manysy mugallymyň düşündiren, aýdyp beren zatlaryny okuwçynyň kitapdan okap, ýene mugallyma gaýtaryp aýdyp bermegi niýet edinmän, özbaşdak pikirlenmäniň netijesinde döredijilik häsiýetine ýugrulan jogaplary eşitmekdir.

Mugallym sapagy nähili atlandyrsa-da, okuwçylaryň özbaşdak, döredijilikli pikirlenmekleri üçin zerur bolan şertleri döretmeli bolýar. Okuwçylaryň okuw materialyna akyl ýetirip, düşünip özleşdirmegini niýet edinýär. Okuwçy köplenç haýsydyr bir düzgüni, kesgitlemäni öwrenip, ony ýatdan aýdyp berýär.

Mugallym sapaga taýýarlanýan mahalynda, haýsydyr bir okuwçydan geçileni soraýan pursatynda, synpda oturan beýleki okuwçylaryň näme iş bilen meşgul bolmalydygy, ýa bolmasa, hemmeler üçin deň derejedäki ýumuş tabşyrylanda, ökderäkleriň ýumşy ýüzüniň ugruna işläp gutaran mahalynda, gowşagraklaryň bolsa ony uzaga çekdirip durýan wagtlarynda näme etmelidigi hakynda-da öňünden pikirlenmeli bolýar.

Mugallymyň sapaga taýýarlanmak, ony **didaktik düzgünleriň** esasynda talabalaýyk edip geçirmek babatynda etmeli işleri az däl. Ol synpa girenden okuw işinden beýleki aladalarynyň hemmesini unudyp, ata-babalardan miras bolup geçen parasatlylyk, geçirimlilik, giň göwrümlilik ýaly asylly sypatlaryny äşgär edip başlaýar. Sapagyň guramaçylyk bölüminden başlap, onuň ahyrky minutlaryna çenli geçirilýän işleriň netijeli bolmagyny gazanýar. Şonda mugallymyň jaň kakylan dessine synpa girmegi, güler ýüz hem şähdaçyklyk bilen salamlaşmagy, turuwbaşdan, emosional ýagdaýy döretmegi sapagyň gowy geçmegini üpjün edýän alamatlardyr. Şeýle edilende okuwçylaryň özbaşdak işlerini kadaly ýola goýmaga-da mümkinçilik döreýär, çünki her bir sapagyň has netijeli bolmagy okuwçylaryň özbaşdak işleriniň näderejede ýola goýulanlygyna köp derejede baglydyr. Şonuň üçin sapagyň haýsy pursatlarynda ýola goýulýanlygyna garamazdan, mugallym okuwçylaryň özbaşdak ýerine ýetirýän işleriniň döredijilikli häsiýetde bolmagyna aýratyn ähmiýet berýär, her bir özleşdirilen okuw materialynyň gönükmeler, meseleler, mysallar işletmek, tejribeler geçirmek ýaly türgenleşik çäreleriniň üsti bilen berkidilip durulmagy hem möhümdir.

Soňky döwürde sapagyň mazmunyny meseleleýin okatmagyň elementlerini ornaşdyrmak, sahnajyklardan bölejikleri, iş oýunlaryny guramak, pedagogik hadysalary ara alyp maslahatlaşmak ýaly iş görnüşleri peýdalanylyp başlanyldy, bu ugurda netijeli üstünliklere eýe bolunýar.

### Okuwçylaryň sapaga ýetişip bilmezlikleriniň käbir sebäpleri

Okuwçylaryň sapaklara ýetişip bilmezlikleriniň sebäplerini öwrenmek, köp pedagoglary alymlary gyzyklandyryp gelipdir we gelýär. Şeýle bolansoň her bir mugallym öz okadýan synpynyň okuwçylarynyň

käbiriniň sapaklara gowşak ýetişýändiginiň, beýlekisiniň bolsa düýpli ýetişmeýändiginiň sebäplerini hemmetaraplaýyn öwrenmelidir. Şol sebäpler doly anyklanylandan soň, mugallym ony düzetmegiň ýollaryny gözlemelidir.

Okuwçylaryň sapaklara ýetişip bilmezlikleriniň sebäplerini pedagog – alymlar şeýle düşündirýärler:

**Blonskiý P. P.** – bu meseläniň üstünde işläp şeýle netijä gelýär, ýagny, ol mekdep okuwçylarynyň sapaklara ýetişip bilmezlikleriniň sebäplerini dört topara bölýär.

a) çaganyň saglygynyň gowşaklygy, netijede işe bolan ukybynyň pesligi;

b) okuwçylaryň işläp bilmezligi, ýagny öz zähmetini dogry gurap bilmezligi;

ç) çaganyň okuwa bolan isleginiň, gyzyklanmasynyň pesligi ýa-da ýoklugy;

d) mekdep okuwçysynyň gowşak ösmegi;

**Efrussi P. O.** – çaganyň sapaklara ýetişip bilmezlikleriniň sebäplerini alty topara bölýär.

a) çaganyň ýaşlykda dürli kesele sezewar bolup, fiziki – beden taýdan gowşak ösmeginiň netijesinde;

b) ösüşden yza galan, zehin taýdan gowşak çaganyň toparyna degişli;

ç) maddy, ykdysady taýdan agyr şertde, ýagdaýda ýaşaýanlygy sebäpli;

d) tertipsizligi, terbiýelemesi kynlygy sebäpli;

e) çaga şahsyýetiniň käbir taraplarynyň, beýleki taraplarynyň täsiri netijesinde nädogry ösmegi we başgalar;

Häzirki zaman pedagoglary bolsa mekdep okuwçylarynyň sapaklara ýetişip bilmezliklerini üç topara bölüp düşündirýärler.

**a)** ***biologiki sebäpleri***, ýagny duýgy organlarynyň (görüş, eşidiş duýuş, syzyş, ys alyş, tagam biliş) kemçiliginiň, näsazlygynyň bolmagy;

**b)** ***psihologiki sebäpleri***, ýagny käbir psihiki proseslerиň (ýadyň, pikirlenmäniň we ş.m.) ösüşiniň ýetmezçiliginiň bolmagy;

**ç)** ***pedagogik sebäpleri***, ýagny mekdepde okuw – terbiýeçilik işiniň gowşak guralmagy, okuw – material bazanyň ýetmezçilik etme-

gi, okuw meýilnamalaryň, maksatnamalaryň, usuly gollanmalaryň, okuw kitaplarynyň talabalaýyk bolmazlygy we başgalar.

**Okuwçylaryň sapaklaryna ýetişmezliginiň öňüni almagyň ýollary**

Sapaklaryna ýetişmeýänler özleriniň intellektual mümkinçiliginden peýdalanyp bilmegi başarmaýan okuwçylardyr. Okuwçylaryň sapaklaryna ýetişmezligi mugallymlaryň, ata-eneleriň ynjalyksyzlanmagyna alyp barýar; okuwçylaryň kadaly ösüşini bozýar; çagalaryň ösüşine bellibir derejede şikes ýetirýär; olaryň öz güýçlerine we mümkinçiliklerine bolan ynamyny gaçyrýar. Okuwa ýetişmezlik her bir çaganyň başarjaňlygy boýunça iş alyp barmaklyga doly mümkinçilik bermeýär.

Sapaklaryna ýetişmeýän okuwçylaryň bolmagy dürli sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdanymyzda, sapaklaryna ýetişmeýän okuwçylaryň bolmagyna mekdep, maşgala, jemgyýetçilik hem okuwçynyň özi sebäpkärdir. Şularyň ilkinjisine düşýän jogapkärçilik örän uludyr, esasydyr. Şol nukdaýnazardan ugur almak bilen ýurdumyzyň öňdebaryjy pedagogik toparlary okuw-terbiýeçilik işini has kämilleşdirmeklige aýratyn ähmiýet berýärler, okuwçylaryň sapaklaryna ýetişmezliginiň öňüni almak üçin okuwçynyň psihologik aýratynlygyny öwrenmegi, okatmakda oňa indiwidual çemeleşmegi talap edýär. Mugallym sapaklara ýetişmezligiň öňüni almak, öz okadýan dersi boýunça ýokary ýetişik gazanmak üçin ýyllarboýy örän dartgynly fiziki we nerw işini ýerine ýetirmeli bolýar:

1. Okuwa ýetişmezligiň öňüni almak üçin, ilki bilen, ***sapagy ýokary hilli edip guramak we geçirmek*** gerek. Eger täze material okuwçylar tarapyndan berk we aňly-düşünjeli özleşdirilse, sapakda okuwçylaryň özbaşdak işleri ýokary hilli edip guralsa we geçirilse, onda sapagyna ýetişmeýän okuwçylar bolmaz, bolaýsa-da olaryň sany örän az bolar.
2. Ýetişmezligiň öňüni almak üçin her bir okuwçyny, ylaýta-da yza galýan ***okuwçylary oňat öwrenmek gerek***. Olar bilen diňe bir sapak wagtynda däl, eýsem, zerur hasaplanylsa, sapakdan soň hem yzygider iş alyp barmak möhümdir. Öňdebaryjy mugallymlar sapagyna ýetişmeýän ýa gowşak ýetişýän okuwçylary geçileni

gaýtalaýan wagtlarynda, täze sapagy beýan edýän we berkidýän döwründe sapaga işjeň gatnaşdyrmaga çalyşýarlar. Özbaşdak işler ýerine ýetirilýän wagtynda mugallym şeýle okuwçynyň ýanyna barýar, onuň işindäki kemçilikleri ýüze çykarýar hem degişli kömek berýär, gazanýan üstünliklerini hemme okuwçylaryň öňünde belläp geçýär, şeýdip, onda okuw işine bolan höwesi döredýär, özbaşdak işläp bilmek başarnygyny emele getirýär.

3. Okuwa ýetişmezligiň sebäplerini anyklamak hem onuň öňüni almak işi mugallymyň her bir okuwçynyň ukybyny, başarnygyny, bilim derejesini, akyl ýetirijilik we özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny, iş depginini gowy bilip, olaryň her birine ***indiwidual çemeleşmegini talap edýär***. Özbaşdak işlenilýän wagtynda okuwçy has yza galýan bolsa, onda mugallym onuň güýjüne laýyk indiwidual tabşyryklar berýär, differensirlenen usuldan peýdalanýar. Munuň üçin mugallym sapaga taýýarlanýan wagtynda ýetişmeýän okuwçylaryň haýsylary bilen işlemelidigini, onuň bilen näme iş etmelidigini, nämeleri soramalydygyny, nähili aýratyn tabşyryklar bermelidigini öňünden kesgitlemelidir; ýetişmeýän okuwçylara syn edip, özüniň gözegçiliklerinden degişli netije çykarmalydyr; geljekde oňa nähili kömek bermelidigini bellemelidir.
4. Okuwçylaryň bilimleriniň arasyndaky ýokarda ýatlanylyp geçilen üzňeligi ýok etmek üçin, olaryň ***okuwa doly gatnaşmagyny üpjün etmek möhümdir***. Eger okuwçy näbelli sebäplere görä, okuwdan galsa, synp ýolbaşçysy dessine onuň sebäbini anyklamalydyr hem-de zerur bolan çäreleri görmelidir.
5. Öý işiniň hemme okuwçylar tarapyndan doly we dogry ýerine ýetirilmegi okuwa ýetişmezligiň öňüni almagyň zerur şertleriniň biridir. Şoňa görä okuwçylaryň öýe berlen tabşyryklary ýerine ýetirişlerine berk gözegçilik etmegiň ähmiýeti uludyr. Sapagyň başynda mugallym kimiň tabşyrygy ýerine ýetirenligini ýa-da ýetirmänligini anyklaşdyrmalydyr. Öýe berlen ýumşy ýerine ýetirmedik ýa harsal ýerine ýetiren okuwça işi täzeden ýerine ýetirtmek ähmiýetlidir.

6. Okuwa ýetişmezligiň öňüni almakda we wagtynda geçirilýän ***barlag işleriniň ähmiýeti*** uludyr. Barlag işleriniň netijesi diňe bir synpyň däl, eýsem, aýry-aýry okuwçylaryň bilimlerindäki goýberen şowsuzlyklaryny, harsallyklaryny we kemçiliklerini kesgitlemäge takyk material berýär. Ol material esasynda mugallym goýberilen kemçilikleriň öňüni almak boýunça öz wagtynda takyk çäreleri durmuşa geçirmekligi meýilnamalaşdyryp bilýär.
7. Mugallym her bir okuwçynyň gowşak tarapyny ýüze çykaryp, olar bilen diňe sapakda däl, eýsem ***sapakdan beýleki wagtlar-da-da meýilnamaly işlemelidir.*** Ol sapaklaryna ýetişmeýänler bilen işlemegiň meýilnamasyny düzýär, olaryň haýsyna nähili çemeleşmelidigini anyklaýar, olary okuw işine höweslendirmegiň ýollaryny belleýär: olary köpçülik işlerine çekýär; gowşak okuwçylary güýçlülere berkidýär; goşmaça okuwlar geçirýär; gyzykly we täsirli ýumuşlary tabşyrýar; okuw-görkezme esbaplaryny döretmek işine çekýär; olaryň ata-eneleri bilen hemişe ýakyn aragatnaşykda bolýar. Elbetde, bu işler mugallymyň pedagogik ussatlygyny kämilleşdirişine, okatmak usullarynyň dürli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanyp bilşine, öz hünärine bolan yhlasyna, çagalara bolan söýgüsine we ş.m. baglydyr.
8. ***Mugallym okuwçylar tarapyndan goýberilýän tipiki ýalňyşlary hasaba almalydyr we onuň sebäplerini anyklaşdyrmalydyr.*** Okuwçylaryň özbaşdak işlerine gözegçilik etmek we olaryň ýazan işlerini barlamak munuň özi okuwçylaryň üstünlikli okamagyna päsgelçilik dörедýän sebäpleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Her bir okuw dersinde hem has kynlyk bilen özleşdirilýän temalar we bölümler bar. Şolary mäkäm özleşdirmek üçin ol temalary, bölümleri tiz-tizden gaýtalap hem berkidip durmak gerek. Mugallym sapagyna ýetişmeýän okuwçylaryň synpda ýerine ýetirýän, öýe berlen işleri ýerine ýetirip gelşine gözegçilik etmek arkaly okuwçynyň özbaşdak işlemeginde kemçilikleri düzedýär.
9. ***Aýry-aýry dersler boýunça gowşak ýetişýän hem yza galýan okuwçylar bilen geçirilýän goşmaça okuwlar*** olaryň bilimdäki kemçiliklerini gysga wagtyň içinde ýok etmäge mümkinçilik berýär.

10. Takyk ýagdaýlary we okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklaryny nazara alyp, olarda duş gelen kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan ***erki terbiýelemek möhümdir.***

Sapagyna ýetişmeýän we yza galýan okuwça takyk kömek bermeklik onuň özüni alyp barşyna yzygiderli gözegçilik etmek, ýerine ýetirýän işlerini yzygiderli barlap durmak, tä özbaşdak işlemeklige bolan höwesi berkeýänçä, ol okuwçynyň hereketini synp toparynyň öňünde makullap hem ony höweslendirip durmak zerurdyr.

Her bir mugallym, synp ýolbaşçysy, bütin pedagogik topar, çagalar we ýaşlar guramalary bilen bilelikde ýokary ýetişik gazanmak ugrunda göreşmelidir, yza galýan okuwçylara öz wagtynda kömek bermegi guramalydyr, şeýlelikde, mekdebiň maşgala we jemgyýetçilik bilen bilelikdäki tagallasy bu möhüm meselä gönükdirilmelidir.

**Okuw işlerini guramagyň beýleki görnüşleri**

Sapak okuw işini guramagyň esasy görnüşi bolýan hem bolsa, ol okuw işini guramagyň ýeke-täk görnüşi däldir. Okuw işlerini guramagyň başga-da görnüşleri kän. Olara gezelençler (ekskursiýalar), fakultatiw okuwlary, tejribe okuwlary (praktikumlar), gözükdirmeler (konsultasiýalar), dersara bäsleşikler we başgalar degişlidir. Şolaryň käbiri hakynda aýry-aýrylykda durup geçeliň!

## 1. Okuw öý işi. Okuwçylaryň özbaşdak öý işi, onuň aýratynlygy we ähmiýeti

**Okuw öý işi** okuw-terbiýeçilik işiniň möhüm bölegi bolup, onuň mazmunyna okuwçylaryň okuw kitaplaryndan, hrestomatiýalardan, gönükmeler ýa meseleler ýygyndylaryndan, çeper, syýasy, ylmy edebiýatlardan okap öwrenmeli, ýerine ýetirmeli ýazuw-grafiki, tejribe-gözegçilik ýaly işleri girýär.

Okuw öý işi bu okuw işini guramagyň bir görnüşidir. Okuw işi mekdepde tamamlanman, öýde hem dowam etdirilýär. Okuw öý işi okuwçynyň özbaşdak pikirlenmesini we öz-özüňi dolandyrmaklygy ösdürýär. Okuwçy özüni öz pikirlerini, hereketlerini gözegçilikde saklamagy öwrenýär, öý işi ýerine ýetirmegiň ýollaryny gözleýär.

7. Sargyt № 1339

Mälim bolşy ýaly, öýe berlen ýumuşlary okuwçylar özbaşgdak, mugallymyň kömegi bolmazdan ýerine ýetirýärler. Şeýle bolansoň öý işleri okuwçylaryň pikirleniş işlerini, erjelligini ösdürýär; olaryň öz zähmetini meýilnamalaşdyryp hem gurap bilmeklerini üpjün edýär; olara okuw kitaby hem beýleki (syýasy, çeper) edebiýatlar, sözlükler, gönükmeler we meseleler ýygyndylary bilen işlemek endiklerini berýär; özbaşdak gözegçilik etmelidigini, dürli gurallar hem-de beýleki enjamlar bilen işlemekligi öwredýär.

Gündelik tabşyrylýan öý ýumuşlaryny öz wagtynda hem yzygiderli ýerine ýetirmek okuwçylaryň aýry-aýry kynçylyklary ýeňip geçmegi, özünde erkliligi, düzgün-nyzamlylygy terbiýelemegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Okuwçylaryň öý ýumuşlaryny doly we dogry, yzygiderli hem döredijilikli ýerine ýetirmegi onuň derse, şol dersi okadýan mugallyma bolan gatnaşygyny, maksatnama materialyny neneňsi özleşdirendigini anyklamaga-da, okuwçynyň okuw işleriniň maşgalada nähili guralandygyny bilmäge-de mümkinçilik berýär.

Öýe berilýän ýumuş göwrümi boýunça uly bolmaly däldir, häsiýeti taýyndan bolsa her bir okuwçynyň güýjüne laýyk bolmalydyr. Her bir mugallym öý işini tabşyranda beýleki okuw derslerinden okuwçylaryň nähili we takmynan näçe wagtlyk ýumşy ýerine ýetirmeli boljakdygyny göz öňünde tutmalydyr. Mugallym öýe tabşyrylan ýumşy düşnüksiz bolandyr öýtse, onda öýde etmeli işiň mazmunyny we ýerine ýetiriliş usulyny hut okuwçylaryň özlerine sapak wagtynda gaýtalatdyryp biler.

**Öý işinden edilýän talaplar:**

1. Öý işi gysgadan mazmunly bolmaly. Takyk düşünjäni kesgitlemäni özleşdirmek, gaýtalamak, berkitmek üçin niýetlenmeli. Okuwçylaryň pikirlenmek we tejribelik endiklerini kemala getirmeli.
2. Okuw öý işi synp işinden has ýönekeý we düşnükli bolmaly. Sebäbi synp işini okuwçy mugallymyň gözegçiliginde we topar bilen bile işleýär. Eger öý işi çylşyrymly bolsa okuwçy köp wagt sarp etmeli bolýar. Bu okuwçynyň gyzyklanmasyny we bilesigelijiligini pese düşürýär.

3. Öý işleri okuwçylaryň syn edýän we täsir edýän zatlary bilen baglanyşykly we okuwçynyň durmuşyna ýakyn bolmaly.
4. Öý işini ýerine ýetirmek üçin mugallym tarapyndan gözükdirme berilmeli.
5. Öý işi ýekeleýin häsiýetde berilmeli. Has çylşyrymly işleri güýçli okuwça, ýönekeý işleri gowşak okuwça bermeli, mugallym differensirlenen usulyndan ýerlikli peýdalanmaly.
6. Öý işi hökman mugallym tarapyndan barlanylmaly. Bu okuwçyda jogapkärçiligi we tertipliligi ösdürýär.
7. Mugallym ene-atanyň öý işi ýerine ýetirmegindäki kömegini anyklamaly.

***Öý işini tabşyranda, mugallym şeýleräk ugurlara üns bermelidir:***

1. Öý işi sapagyň bellibir döwründe, hemme okuwçylara düşnükli bolar ýaly edilip tabşyrylýar. Sapagyň ahyrynda, jaň kakylmazynyň öňüsyrasynda, gyssagara tabşyrylan ýumuş hiç bir netije berip bilmez.
2. Öý işi okuwçylaryň hemmesiniň ünsüniň jemlenen pursadynda berilmelidir. «Näme etmelidigine düşünmedim», «Öýe berlen işi belläp ýetişmändirin» diýen ýaly jogaplara delil bolmaly däldir.
3. Her bir okuwçy öýde ýerine ýetirmeli ýumşuň tärini bilmelidir. Onuň nähili işlenilýändiginiň nusgasyny synpda öwrenmelidir.
4. Öýde ýerine ýetirilýän her bir ýumuş okuwçynyň özbaşdak zähmetiniň, döredijiliginiň netijesidir. Şol zähmete öz wagtynda degişli baha bermek mugallymyň esasy wezipeleriniň biridir. Öýde bitirilen işi barlamazlykdan erbet zat ýokdur. Okuwçylaryň zähmetine mynasyp baha berilmese, onda onuň okuw işine bolan höwesi gaçýar, okuwçyda geleňsizlik, jogapkärsizlik döreýär, sapak gyzyksyz bolýar. Gözegçilik etmezligiň okuwçylaryň ýetişigine gaty zyýanlydygyny her bir mugallym ýadynda saklamalydyr. Şoňa görä, her bir öýe berilýän ýumuş mugallym tarapyndan wagtly-wagtynda barlanyp, onuň kemçilikleri ýüze çykarylyp, olary düzetmegiň ýollary salgy berlip durulmalydyr.

Kähalatlarda haýsydyr bir okuwçynyň sapaklaryna ýetişmeýänligi ýa gowşak ýetişýänligi barada gürrüň gidende, onuň öý işlerini ýerine ýetirmeýänligi, munuň üçin maşgalada zerur şertleriň

döredilmänligi ýaly delilleriň ýüze çykýanlygyny görmek bolýar. Elbetde, günäni öý işiniň üstüne ýüklejek bolmak nädogrudyr. Çünki täze tema has gowy edilip düşündirilse, ýagny okuwçylara öý işiniň mazmuny we usuly öwredilse, onda okuwçylaryň ony ýerine ýetirmezlikleri mümkin däldir. Ýöne öý işi synpda edilen işi gaýtalamagy göz öňünde tutmaly hem däldir. Öýe berilýän ýumuşlaryň üsti bilen okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnyklaryny, özbaşdaklygyny, işjeňligini mümkingadar berkidip hem-de döredijilik ukyplaryny ösdürip durmak zerurdyr. 6 ýaşly 1-nji synplarda öýe iş tabşyrylmaýar. Barlag sapaklarynda we dynç alyş günlerine öý işi tabşyrylmaýar.

**OKUW ÖÝ IŞLERI**

**DILDEN TABŞYRYKLAR** | **ÝAZUW TABŞYRYKLAR** | **TEJRIBE TABŞYRYKLAR**

***Öý işleri okuwçylara güýji ýeter ýaly görnüşde berilýär***
**1-nji synplarda –** öýe iş tabşyrylmaýar
**2-nji synplarda –** 1,5 sagada çenli
**3-4-nji synplarda –** 2 sagada çenli
**5-6-njy synplarda –** 2,5 sagada çenli
**7- nji synplarda –** 3 sagada çenli
**8-nji synplarda –** 3,5 sagada çenli
**9-10-njy synplarda –** 4 sagada çenli
**11-12-nji synplarda –** 4,5 sagada çenli

**2. Gezelençler (ekskursiýalar)** – hemme synplaryň okuwçylary bilen hem geçirilýär. Şonda okuwçylaryň ýaş aýratynlygy-da, höwesi-de, okuw dersiniň häsiýetli aýratynlygy-da nazara alynýar. Gezelençleriň bilim berijilik, terbiýeleýjilik ähmiýetiniň az däldigini mekdep tejribesi bireýýäm subut etdi. Okuwçylar gezelenç döwründe tebigatyň gözellikleridir dürli hadysalar, jisimler bilen ýüzbe-ýüz bolup, olary syn etmek mümkinçiliklerine eýe bolýarlar, önümçilik enjamlary, önümçilik işleri bilen tanyşýarlar, medeni, taryhy ýadygär-

liklere baryp görýärler. Bu zatlaryň hemmesi olaryň aň-düşünjesine, gözýetimine täsir edýär.

Gezelenç boýunça geçirilýän işi, esasan, üç döwre, ýagny **taýýarlyk görülýän, geçirilýän, netijesiniň jemlenilýän** döwürlerine bölmek bolýar.

**Taýýarlyk** döwründe gezelenje gidiljek ýeriň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşyp, onuň wagty, ýerine ýetirilmeli işler öňünden meýilleşdirilýär. Onuň ugry, çyzgysy çekilýär. Maksady aýdyňladyrylýar. Şeýle-de gerekli zatlary öňünden taýýarlamaklyk okuwçylara duýdurylýar.

**Geçirilýän** döwründe okuwçylar gören, öwrenen zatlary barasynda özlerine bellik edip alýarlar. Ony umumylaşdyrýarlar.

**Netijesiniň jemlenilýän** döwründe mugallym okuwçylaryň gören, eşiden, öwrenen zatlaryny sorag-jogap, ýa-da ýazuw üsti bilen (beýannama, düzme ) ýazdyryp, ony jemleýär.

Ýeri gelende aýtsak, şu bölünişik synpdan we mekdepden daşary geçirilýän her bir terbiýeçilik çäresine-de häsiýetlidir. Adatça, mugallym, ozaly bilen, geçiriljek gezelenjiň obýektini belli edenden soň, onuň maksadyny, bilim berijilik hem terbiýeleýjilik mümkinçiliklerini anyklaýar, soňra bu iş barada, eger oňlanylsa, her kimiň etmeli işi hakynda okuwçylar bilen geňeşýär, olaryň pikirini diňleýär, tekliplerini nazara alýar, netijede, gezelenjiň maslahatly düzülen meýilnamasy taýýar bolýar.

Gezelenç önümçilik desgasyna, muzeýe, kitaphana ýaly ýerlere guralýan bolsa, onda mugallym ilki bilen şol ýeriň jogapkär işgärlerini özüniň durmuşa geçirjek bolýan işi, onuň maksady, meýilnamasy bilen tanyşdyrýar, onuň geçiljek wagty, ýolbelediň kim bolmalydygy hem-de birnäçe beýleki meseleler barada maslahatlaşýar. Geňeşiň netijesi bilen okuwçylary habardar edýär. Olaryň soraglaryna jogap berýär.

Eger gezelenç başga bir ýere, aýdaly, çöllüklere, daglyklara, deňiz-derýa kenarlaryna, jeňňelliklere guralýan bolsa, onda-da mugallym bu işe öňünden ykjam taýýarlyk görýär. Ol ilki şol ýeri öwrenýär, gezelenç döwründe bolsa okuwçylara degişli düşünje berýär.

***Gezelençler köplenç okuwdan soň ýa dynç alyş günleri geçirilýär. Olar, esasan,*** şeýle ýagdaýlarda guralýar:

**1.** Maksatnama sapagynyň haýsydyr bir bölümi ýa temasy öwrenilmänkä, şol temanyň ýa bölümiň has düşnükli, has aýdyň bolmagyny gazanmak maksady bilen geçirilýän gezelençler. Şonuň ýaly gezelençler wagtynda bilnen maglumatlar mugallymyň täze tema baradaky düşündirişini ep-esli ýeňilleşdirýär. Has bähbitli tarapy-da şeýle gezelençlere okuwçylaryň gyzyklanmak bilen işjeň gatnaşýanlygydyr.

Mysal üçin, «Türkmenistanyň halklary Parfiýa patyşalygynyň düzüminde (b. e. öňki asyryň ortalaryndan b. e. 3-nji asyrynyň ortalaryna çenli) diýen tema öwrenilmänkä, Parfiýa döwletiniň merkezi Nusaýa gezelenç guramak maksada laýyk bolýar.

**2.** Okuw materialynyň öwrenilýän döwründe guralýan gezelençler. Şeýle gezelençler okuwçylaryň nazaryýetde öwrenenlerini tejribede berkidip bilmeklerine mümkinçilik döredýär, alnan bilimleriň durnukly bolmagyny üpjün edýär.

Mysal üçin, «Bathyz» goraghanasyna golaýrak bolan mekdebiň geografiýa mugallymy «Türkmenistanyň goraghanalary» diýen temany öwredýän wagtynda, şol goraghana gezelenç geçirýär. Ol okuwçylary goraghanadaky haýwanlar, guşlar, ösümlikler bilen tanyşdyrmagy hem-de olaryň bu baradaky düşünjelerini has hem çuňlaşdyrmagy niýet edinýär.

Okuwçylar bilen geçirilmeli gezelençleriň tematik meýilnamasyny takmynan şeýleräk çyzgyda düzmek bolar:

| Gezelenjiň temasy | Gezelenjiň maksady | Geçirilýän wagty | Gezelenjiň obýekti | Gezelençleriň okuw maksatnamalaryna degişli temasy |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

Aýry-aýry derslerden okuw ýylynyň bütin dowamynda geçiriljek gezelençleriň tematik meýilnamasyny düzmegiň peýdalylygyny öňdebaryjy mekdep mugallymlarynyň iş tejribesi subut edýär. Şonuň ýaly tematik meýilnamada gezelençleriň haýsy synp okuwçylary bilen geçiriljekdigi, temasy, maksady, wagty, ýeri, okuw maksatnamasyndaky haýsy temalara degişlidigi görkezilýär hem-de mekdebiň pedagogik ýygnaklarynda ara alnyp maslahatlaşylýar.

**3.** Tema öwrenilip gutarylandan soň geçirilýän gezelençler. Şeýle gezelençler öwrenilen materiallary jemleýär hem berkidýär.

**4.** Okuwçylaryň aýry-aýry okuw derslerinden alan düşünjelerini baglanyşdyryp bilmek, ýagny dersara baglanyşygy ýola goýmak hem-de olaryň aňynda bitewi ylmy garaýyşlary döretmek maksady bilen guralýan toparlaýyn gezelençler. Mysal üçin, **haly fabrigine** toparlaýyn gezelenç guralanda: a) fabrigiň döreýiş taryhy hakynda maglumat bermek; b) fabrigiň önümçilik işiniň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmek; ç) halyçylaryň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlary, hak-heşdekleri, bu nepis sungata söýgi döretmek ýaly maksatlar göz öňünde tutulýar.

Mugallym gezelenjiň jemini jemleýän wagtynda oňa gatnaşanlaryň hemmesiniň, aýry-aýry toparlaryň, her bir okuwçynyň tabşyrylan ýumuşlary näderejede ýerine ýetirendiklerine aýratyn üns berýär, ýygnalan materiallary, **eksponatlary**, ýazylan ýazgylary, çekilen çyzgylary gözden geçirýär. Adatça gezelenjiň jemine bagyşlanyp ýörite gürrüňler, pikir alyşmalar, (konferensiýalar) guralýar. Şonda okuwçylaryň özlerine çykyş etdirmek, özara söhbetdeşligi çekişmelere ýazdyryp goýbermek, çekinjeňräk diýlip hasap edilýänlere çykyş etdirmek, şeýdibem okuw işini işjeň ýagdaýa öwürmek maslahat berilýär.

### 3. Döredijilik işi we fakultatiw okuwlary

Hormatly Prezidentimiziň bilimli, Watan bähbitli işlere okgunly nesli kemala getirmek babatda bilim işgärleriniň öňünde goýan wezipelerini durmuşa geçirmek, okuwçylaryň ykdysady, medeni, durmuş baradaky düşünjelerini artdyrmak, dürli ugurlardan höweslerini kanagatlandyrmak, bilimlerini has çuňlaşdyrmak, ylmy-barlag işleri bilen meşgullanmaklyga gönükdirmek, olara geçiren ylmy-barlaglarynyň netijesi boýunça çykyş, makala, hasabat ýazmagy öwretmek, şahsy pikirlerini beýan etmek boýunça başarnyklaryny kämilleşdirmek, okuwçylary ders, ylmy bäsleşiklere taýýarlamak hem-de olaryň geljekde hünärleri dogry saýlap almaklaryna ýardam bermek maksady bilen, ýurdumyzyň umumy orta bilim berýän mekdepleriniň okuw meýilnamasynda **döredijilik we fakultatiw okuwlary** geçirilýär.

Döredijilik we fakultatiw okuwlary Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan her okuw ýylynda orta mekdepleriň okuw meýil-

namalaryna laýyklykda tassyklanylýar. Okuwçylaryň döredijilik aýratynlyklaryny ösdürmek maksady bilen döredijilik we fakultatiw okuwlaryň sagatlary **başlangyç synplarda** şekillendiriş sungaty, el işi, saz we aýdym, tans we ritmika, küşt, informatika boýunça**, IV – XI (V – XII) synplarda** bolsa ***aýdym-saz, tans, şekillendiriş sungaty boýunça geçirilýär we zehinlerini ösdürmäge, ders, ylmy bäsleşiklere taýýarlamaga, ylmy-gözleg işlerini alyp barmaga gönükdirilýär***.

Döredijilik we fakultatiw okuwlaryna okuwçylar başarnyklaryna we isleglerine laýyklykda, synp ýolbaşçylarynyň pikirini hasaba almak bilen, mugallymlar tarapyndan **sentýabr aýynyň 10-na çenli** saýlanyp alynýar we alnan toparlar ondaky okuwçylaryň sanawyny görkezmek bilen, mekdep müdiriniň buýrugy arkaly resmileşdirilýär. Toparlardakylaryň sany ***7 okuwçydan az bolmaly däldir.***

Olarda sapaklaryň dowamlylygy I – IV (I – III) synplarda **35 minut**, V – XII (IV – XI) synplarda **45 minut** bolmalydyr.

**Döredijilik okuwlarynyň maksatnamalary** Türkmenistanyň Milli bilim instituty tarapyndan taýýarlanylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda döredijilik we fakultatiw okuwlarynda goşmaça edebiýatlar bilen işlemek, amaly sapaklary geçirmek, çekişmeleri, oýunlary guramak, sorag-jogap alyşmak ýaly okuw işiniň görnüşleri ulanylýar. V – VI (IV – V) synplarda döredijilik işiniň temasy mugallym tarapyndan kesgitlenilýär. Bu synplarda döredijilik işleri köpçülikleýin ýerine ýetirilýär. Okuwçylaryň her biri umumy işe öz goşandyny goşýar. Şeýle etmek bilen okuwçylarda işi köpçülikleýin ýerine ýetirmek başarnyklary kemala getirilýär.

**Döredijilik okuwlarynda** okuwçylar berlen tema degişli goşmaça edebiýatlary okap, gerekli maglumatlary toplamagy, ylmy-döredijilik işiň meýilnamasyny düzmegi, derňew geçirmegi, çykyş, makala, hasabat ýazmagy we işi köpçüligiň öňünde goramagy öwrenýärler. Ylmy-döredijilik işi syýasat, ykdysadyýet, medeniýet, tehnika, adam, jemgyýet, ýer, älem giňişligi, matematika, fizika, himiýa, biologiýa, astronomiýa, ekologiýa we beýleki ugurlar boýunça ýerine ýetirilip bilner.

Okuwçylar öwrenýän okuw dersleri boýunça çözülmegi zerur meseleleri ýüze çykarmak, olary çözmek boýunça şahsy pikirlerini beýan etmek, taýýarlanan maglumatlar boýunça çykyş etmek, döredijilik işini goramak ýaly ylmy başarnyklary hem ele alýarlar.

**Fakultatiw okuwlarynyň meýilnamalary** her okuw ýylynda olary okadýan mugallymlar tarapyndan düzülýär we mekdebiň mugallymlar geňeşinde ara alyp maslahatlaşylýar hem-de mekdep müdiri tarapyndan tassyklanylýar. Fakultatiw okuwlaryň meýilnamasynda synplar boýunça öwrenilýän temalarda üznüksiz, sazlaşykly yzygiderlik saklanylmalydyr.

Fakultatiw okuwlary okuwçylara okuw derslerinden goşmaça maglumatlary ulanmak bilen, çuňlaşdyrylan bilim bermegi maksat edinýär. Şeýle okuwlaryň her biri üçin aýratynlykda ***mekdep boýunça bir žurnal ýöredilýär***. Žurnallarda döredijilik we fakultatiw okuwlaryň her bir topary üçin aýratyn sahypa berilýär.

Žurnallarda okuwa gatnaşýan topardaky okuwçylaryň atlary, atalarynyň atlary, öwrenilýän temalaryň mazmuny ýazylýar. Okuwlaryň bu görnüşleri boýunça okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary bahalandyrylyp, žurnalda bellenilýär.

Okuwçylara döredijilik we fakultatiw okuwlaryň ikisine gatnaşmaga rugsat berilýär. Okuwlar bellibir synpyň ýa-da ugurdaş synplaryň okuwçylaryndan ybarat düzümde guralyp bilner.

Döredijilik we fakultatiw okuwlaryň ýörite düzülen tertibi mekdep müdiri tarapyndan möhür bilen tassyklanyp, esasy okuwlaryň tertibiniň ýanynda, görnükli ýerde asylyp goýulýar. Okuwlar adaty **sapaklardan öň ýa-da soň** guralýar. Döredijilik okuwlaryny orta mekdepleriň, orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň tejribeli mugallymlary, alymlar, tanymal edebiýat we sungat işgärleri, şeýle hem degişli taýýarlygy bolan önümçiligiň, oba hojalygynyň hünärli adamlary, fakultatiw okuwlary bolsa diňe degişli mugallymlary okadyp biler. Döredijilik we fakultatiw okuwlaryny okadýan mugallymlaryň sapak ýazgylary, iş meýilnamalary mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary tarapyndan gözegçilikde saklanylýar.

Bellibir sebäbe görä, okuwçylaryň käbiri döredijilik we fakultatiw okuwlaryny dowam etdirip bilmese, mekdep müdiriniň buýrugy

bilen ol döredijilik we fakultatiw okuwlaryndan boşadylýar we onuň ornuna başga isleg bildiren okuwçy kabul edilýär. Okuwlaryň gurluşyna, geçirilişine, mazmunyna ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek mekdebiň müdiri we onuň okuw-terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary tarapyndan alnyp barylýar.

Her okuw ýylynyň dowamynda mekdebiň mugallymlar geňeşlerinde döredijilik we fakultatiw okuwlarynyň netijeleri barada olary okadýan mugallymlaryň hasabatlary diňlenilýär. Käbir okuw dersleri boýunça döredijilik okuwlaryny geçirmegiň mazmunyna seredeliň.

***Matematika boýunça döredijilik okuw sapagy aşakdaky ýaly meýilnamalaşdyrylyp bilner:***

- Täze usul bilen meseleleri çözmek we teoremalary subut etmek;
- Meseleleri birnäçe usullar bilen çözmek;
- Okuwçylara meseleleri, mysallary düzdürmek;
- Matematiki düzmeleri ýazdyrmak;

Okuwçylaryň özbaşdak döredijiligini ösdürmegiň netijeli serişdeleriniň biri-de okuwçy düzmesidir. Düzme okuwçynyň döredijilik ukybyny, onuň özbaşdak oýlanmak, logiki pikirlenmek, öz oý-pikirini dil we ýazuw üsti bilen beýan etmek başarnygyny ösdürýär.

IV-V synplar üçin matematiki düzmäniň mysaly temalary şeýleräk bolup biler: ýönekeý we düzme sanlar. Gönüburçluklaryň dürli görnüşleri. Droblaryň durmuşda ulanylyşy. Ýokary synplar üçin matematiki düzmäniň mysaly temalary: kwadrat deňlemäni çözmegiň usullary. Pifagoryň teoremasyny subut etmegiň usullary. Matematika we geografiýa.

Meseleleri çözmekde önümiň ulanylyşy. Kesgitli integralyň kömegi bilen aýlanma jisimleriň göwrümini kesgitlemek. Düzme ýazmak ähli okuw dersleri boýunça hem geçirilip bilner.

***Geografiýa dersi boýunça*** «Türkmen köli» atly temany döredijilik işiň temasy edip bolar. Bu tema boýunça döredijilik işini ýerine ýetirmegiň algoritmi şeýle bolup biler: kölüň adynyň gelip çykyşy, onuň geografik taýdan ýerleşişi, esasy häsiýetlendirmeler: ölçegleri (meýdany, çuňlugy we ş.m.), görnüşi, süýjüligi we duzlulygy, kölüň haýwanat we ösümlik dünýäsi, kölüň töweregindäki ýaşaýyş (ýaşaýan adamlar, olaryň ýerine ýetirýän işleri), ekologik ýagdaýyň häsiýetlendirmesi.

***Taryh, edebiýat dersleri*** boýunça «Görnükli akyldarlar», «Beýik şahsyýetler» (mysal üçin, Oguz han, Alp Arslan, Magtymguly Pyragy, Berdimuhamet Annaýew we başgalar) ýaly temalar boýunça döredijilik işlerini şeýle yzygiderlikde ýerine ýetirmek bolar: görnükli şahsyýetiň umumy häsiýetnamasy, nirede we haçan doglanlygy, onuň maşgalasy, ýakynlary, onuň döredijiligi, bitiren hyzmatlary we geljekki şahsyýetleriň döremegine olaryň döredijiliginiň täsiri.

«Meniň şäherim», «Meniň obam» atly temalar boýunça şäheriň, obanyň, köçeleriň, ýadygärlikleriň döremeginiň taryhyny öwrenmek, daş-töwerekdäki ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen tanyşmak, ata-babalarynyň medeni mirasyny öwrenmek bilen baglanyşykly döredijilik we gözleg işleri geçirilip bilner.

***Biologiýa dersi*** boýunça okuwçynyň ýaşaýan ýerindäki derman ösümlikleri öwrenmegi üçin «Daş-töweregimizdäki dermanlyk ösümlikler» atly tema boýunça döredijilik işini ýerine ýetirip bolar. Bu tema boýunça okuwçylar hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitaby bilen tanyşdyrylýar. Tema boýunça şeýle işler ýerine ýetirilip bilner:

- derňew üçin ösümligi saýlamak, bu ösümlige degişli edebiýatlary okamak, maglumatlary saýlap almak, tejribeli adamlar bilen sorag-jogap alyşmak, internet maglumatlaryny ulanmak, gözegçilik etmek;
- derman ösümligiň gurluşyny öwrenmek;
- öz howlularyndaky, mellek ýerlerindäki, ýaşaýan ýerlerinde ýoluň gyralaryndaky derman otlary kesgitlemek, olaryň sanawyny düzmek (mugallymlaryň, ata-eneleriň maslahatlaryny ulanmak bilen);
- ata-enelerden soraşmak, edebiýatlary okamak arkaly derman ösümlikleriň peýdaly häsiýetlerini bilmek. Şeýle işleriň geçirilmegi bilen döredijilik we gözleg işiniň jemi jemlenýär, netijede bolsa «Daş-töweregimizdäki dermanlyk ösümlikler» atly döredijilik işi taýýarlanylýar.

**4. Goşmaça okuwlar** – sapaklaryna gowşak ýetişýän, haýsydyr bir sebäbe görä, bir-iki dersden kanagatlanarsyz baha alan aýry-aýry okuwçylar bilen alnyp barylýar. Okuwçylaryň sapaklaryna gowşak

ýetişmekleriniň sebäpleri (näsaglyk, maşgala ýagdaýy, höwessizlik we ş.m.) ozalyndan jikme-jik anyklanylanda geçirilýän goşmaça okuwlaryň netijeliligini gazanmak mümkin. Dogry, okuwçylaryň individual aýratynlygy synpda sapak geçirilýän pursatda-da göz öňünde tutulýar: öňünden gowşagrak okuwçylaryň güýjüne, ukybyna laýyk bolan ýumuşlar taýýarlanyp goýulýar hem synpda işlenilýär. Ýöne bu özüne köp zähmet siňdirilmegini talap edýär. Emma muňa garamazdan, bu iş örän ähmiýetlidir. Onsoňam mugallym synpda gowşak okuwçylar bilen aşa gyzyklanyp, beýlekileri (orta we güýçli okuwçylary) ünsden düşürmeli däldir. Goşmaça okuwlarda gowşak okuwçylary orta okaýan okuwçylaryň hataryna ýetirmek mümkinçiligi hemişe bardyr.

Goşmaça okuwlarda okuwçylaryň özbaşdak özleşdirmesi kyn bolan materiallar, köplenç mugallym tarapyndan düşündirilýär ýa topar bolup ýerine ýetirilýär. Mugallym gowşak okuwçylary synpyň güýçli okuwçylaryna berkitmek arkaly hem ep-esli üstünlikler gazanyp biler.

Dürli sebäplere görä, sapaklaryna gowşak ýetişýän okuwçylaryň ukybyna, güýjüne laýyklykda öňünden ýörite ýumuşlar taýýarlanylyp sapak wagtynda-da degişli işler geçirilýär. Şeýle çäreler garaşylan netijeleri bermedik mahalynda sapakdan daşary goşmaça okuwlar geçirmegiň ähmiýeti az däl. Bu işde güýçli okuwçylaryň kömeginden peýdalanmagyň gowy netije berýänligini hem mekdep tejribesi subut edýär. Olar mugallymyň ýakyn kömekçileri bolup biler. Ýöne şonda mugallymyň pedagogik ussatlygy gerek. Ol bu işi sapaklaryna gowşak ýetişýänleriň mertebesini hiç bir peseltmezden, ökdeleriň minnetsiz kömekleşmeklerini gazanyp biler.

Goşmaça okuwlar diňe bir sapaklaryna gowşak ýetişýänler bilen däl, eýsem, aýry-aýry dersleri has düýpli öwrenmegi niýet edinýän ökde okuwçylar bilen hem geçirilip bilner.

**5. Ders bäsleşikleri** – mekdep durmuşyna mäkäm ornaşdy hem-de okuw işini netijeli edip guramagyň ygtybarly görnüşine öwrüldi. Geçirilýän ders bäsleşikleri okuwçylaryň ýykgyn edýän taraplaryna, ukyplaryny hem başarnyklaryny ýüze çykarmaga, ösdürmäge hem kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Okuw dersleri boýunça bäsleşiklere taýýarlyk görlende hem olar geçirilende okuwçylarda

içki hyjuw möwjäp ugraýar, bäsleşikde üstün çykmak üçin bar bolan mümkinçiliklerinden peýdalanmaga ymtylýarlar. Ders bäsleşikleri fizika, matematika, himiýa, biologiýa, taryh, edebiýat we beýleki okuw dersleri boýunça her ýylda geçirilip durulýar. Ders bäsleşiklerine gatnaşýan okuwçylar ozaly bilen mekdepde güýçlerini synap görýärler. Ýeňiş gazananlar etrabyň ýa şäheriň mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän ýaryşlara gatnaşýarlar, soňra welaýatyň, ondan soňra-da ýurduň mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän Döwlet bäsleşiginde güýç synanyşýarlar. Ýeňiş gazanan okuwçylar sylaglara mynasyp bolýarlar, ýokary okuw jaýlaryna girenlerinde degişli ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Aýry-aýry derslerden halkara bäsleşikleri hem geçirilýär.

Ders bäsleşikleri ýörite taýýarlanylan düzgünnama boýunça guralýar. Döwlet boýunça geçirilýän ders bäsleşikleriň düzgünnamasy Bilim ministrligi tarapyndan düzülýär we tassyklanylýar. Ders bäsleşiklerinde iň gowy jogaplar, ýazuw işleri ýokary baha mynasyp bolýar.

**6. Konsultasiýalar (gözükdirmeler)** – okuwçylar bilen aýratynlykda, toparlaýyn, synpyň hemme okuwçylary bilen bilelikde geçirilýär. Çünki okuwçylar özbaşdak ýerine ýetirilmeli ýumuşlara, amaly-tejribe, tejribe-gözegçilik işlerine girişmezden öňürti degerli maslahatlara – düşündirişlere mätäçlik çekýärler. Konsultasiýalarda edilmeli işiň bütin mazmuny, geçilen materiallaryň hemmesi boýdan-başa düşündirilmeýär. Bu mümkin hem däl, asla oňa zerurlygam ýok. Konsultasiýa wagtynda okuwçylar üçin has kyn, has çylşyrymly, olaryň özbaşdak özleşdirip bilmejek soraglary barada gürrüň edilýär. Konsultasiýalar ekzamenleriň öň ýanynda hem geçirilýär. Şonda okuwçylar üçin has kyn, has çylşyrymly, olaryň özbaşdak öwrenip bilmejek meseleleri barada gürrüň edilýär, okuwçylaryň soraglaryna jogap berilýär, zerur hasaplanylsa, aýry-aýry ýazuw-grafiki işleriň ýerine ýetirilişiniň nusgalary işlenilip görkezilýär, degişli edebi çeşmelerden, tehniki serişdelerden, okuw-görkezme esbaplaryndan peýdalanyp bilmegiň ýollary öwredilýär.

Mugallym konsultasiýa berende okuwçylaryň nämäni gowy, nämäni gowşak bilýändiklerini anyklamaly, haýsy soraglary özbaşdak

özleşdirip biljekdiklerine, ýa kynçylyk çekjekdiklerine akyl ýetirmeli, hem şondan ugur almaly bolýar. Ol konsultasiýa geçirýän mahalynda bir okuwçynyň orta atýan soragyna beýleki bir okuwçynyň jogap bermegini gurap goýbermegi başarsa has netijeli bolýar.

***Konsultasiýalarda, esasan,*** şeýle maksatlar ***göz öňünde tutulýar:***

- okuwçylara özbaşdak özleşdirmekde kynçylyk çekäýjek materiallar düşündirilýär;
- okuwçylaryň soraglaryna jogaplar berilýär;
- zerur diýlip hasap edilse, onda aýry-aýry ýazuw-grafiki işleriniň ýerine ýetiriliş nusgalary işlenilip görkezilýär;
- tehniki serişdelerden, taryha we geografiýa degişli kartalardan, tablisalardyr shemalardan we beýleki kömekçi serişdelerden peýdalanmagyň ýollary öwrenilýär.

**7. Mekdep ussahanasyndaky we mekdep meýdançasyndaky guralýan okuwlar.** Mekdep ussahanasynda we mekdep meýdançasynda guralýan işleriň birnäçe görnüşleri bellidir. Zähmet okuwynyň käbir görnüşleri mekdep ussahanasynda we mekdep meýdançasynda guralýandyr. Ýöne şeýle görnüşdäki okuwlarda okuwçylaryň zähmet endiklerini emele getirmeklige, beýleki adaty sapaklara garanda, köp wagt sarp edýändigini bellemek gerek.

Ussahanalarda guralýan okuwlaryň käbir taraplaryna seredip geçeliň. **4-6-njy** synplaryň zähmet sapaklarynda agajy we metaly işläp bejermegiň tärleri aýry-aýrylykda öwrenilýär.

Okuwçylar el bilen işledilýän gurallary öwrenmek boýunça guralýan okuwlarda agajy we metaly özbaşdak işläp bejermäge taýýarlanýarlar. Bu bolsa okuwçylaryň tejribe işini köpçülikleýin (frontallaýyn) guramakdan toparlaýyn we indiwiduallaýyn görnüşde guramaga geçmeklige mümkinçilik berýär.

Bu okuwlarda okuwçylar mekdebe, onuň otaglaryna, okuw ussahanasyna, okuw-tejribe meýdançasyna gerekli zatlary ýasaýarlar. Okuwçylar agajy, metaly we plastik materiallary bilelikde, peýdalanyp dürli önümleri ýasamagy öwrenýärler.

Mekdep meýdançasynda guralýan okuwlaryň ähmiýeti hem uludyr. Okuwçylar zähmet sapaklarynda oba hojalyk zähmetiniň

aýratynlyklaryny özleşdirenlerinde mekdep meýdançasynda nazaryýetde alan bilimlerini tejribede barlap görýärler, agaçlary, gülleri ekmegiň we timarlamagyň ýollaryny öwrenýärler, topragyň düzümini, ony gowulandyrmagyň ýollary barada düşünje alýarlar.

**8. Umumy okuw (leksiýa)** – ýokary okuw jaýynyň tejribesinden mekdebe geçen okuw işiniň görnüşi. Ol, adatça, ýokary synp okuwçylary bilen aýry-aýry dersler (edebiýat, taryh, biologiýa we ş.m.) öwrenilende geçirilýär. Okuwçylar maksatnamanyň uly hem möhüm temasyndan okalýan umumy okuwlary (okaýyşlary) diňlemäge kem-kemden taýýarlanylýar. Ilki-ilkiler umumy okuwyň temasy, maksady, meýilnamasy aýdylyp berilýär. Onuň esasy özenini (pikirleri, maglumatlary, netijeleri, umumylaşdyrmalary we ş.m.) ýazgy edip taýýarlamagyň ýollary öwredilýär, material ýuwaşjadan okalýar, gerek ýerinde esasy pikirler birki ýola gaýtalanylýar.

Mugallym bilim bermegi okatmagyň okaýyş usulynda geçirende, adatça bir ýa iki sany meseläni bellibir yzygiderlilikde beýan edýär, orta atylýan pikirleri aýdyňlaşdyrýar.

Eýsem, ýokary we ýörite okuw jaýyndaky umumy okuwyň nähili tapawudy bar? Geliň, olaryň käbiri barada durup geçeliň!

1. Mekdep umumy okuwy ýokary okuw jaýlaryndaky umumy okuwdan özüniň dowamlylygy bilen tapawutlanýar. Mekdepde okalýan umumy okuwyň wagty aňry gitse 30 minutlap dowam edýär. Ýokary we ýörite okuw jaýynda okalýan umumy okuwy bolsa 45-80 minuta çekýär.
2. Mekdep umumy okuwynda diňe bir täze materiallar beýan edilip durman, eýsem, geçilenleri gaýtalamak, berkitmek ýaly elementler hem öz beýanyny tapýar. Ýokary we ýörite okuw jaýlarynda umumy okuwda şonuň ýaly elementler bolmaýar. Ýöne täze tema we olaryň soraglary öňki geçilenler bilen baglanyşdyrylýar. Umumy okuwyň soňunda talyplaryň soraglaryna jogap berilýär.
3. Mekdep maksatnamada göz öňünde tutulan meseleleriň bary diýen ýaly mugallym tarapyndan aýdyňlaşdyrylýar. Ýokary we ýörite okuw jaýlarynda umumy okuwda maksatnamada göz öňünde tutulan meseleleriň esasy hem kyn bölekleri düşündirilýär, galanlary özbaşdak öwrenmek üçin hödürlenilýär.

4. Mekdep umumy okuwy gidip duran mahalynda mugallym aýry-aýry okuwçylaryň ünsüni çekmek maksady bilen, gysga wagtlyk sorag-jogap geçirip, olaryň sapaga näderejede düşünendiklerini anyklap bilýär, şol bir wagtyň özünde-de ünsi başga täsirlere sowulanlaryň ünsüni derňelýän meselede jemleýär.
5. Mekdep umumy okuwynda materialy beýan edýän wagtynda, okaýşy dykgat bilen diňlemeýän we ünsüni başga zada sowýan okuwçylar bolanda, mugallym sözüniň ortasyny kesip, beýan edilen material boýunça gysgaça sorag-jogap geçirip biler. Mugallym birinjiden, materialyň beýan edilen bölümine degişli soraglar berip, okuwçylaryň nähili düşünendigini anyklaýar. Eger-de beýan edilen sapaga okuwçylar doly düşünmedik bolsalar, onda mugallym ony has takyk mysallaryň üsti bilen ýaňadandan düşündirmäge, ýagny sapagyň birinji ýarymynda düşnüksiz ýerlerini öz wagtynda düşündirmäge mümkinçilik tapýar. Ikinjiden, sapagy okuwçylaryň nähili üns berip diňleýändigini barlaýar. Mugallym şunuň ýaly ýagdaýda, köplenç, ünsüni başga zada sowmaga meýilli okuwçylardan soraýar. Şeýle edilende, sapagy diňlemeýän okuwçylaryň ünsüni özüňe çekmäge mümkinçilik bolýar

**9. Laboratoriýa-tejribe okuwlary –** köplenç himiýa, biologiýa, fizika ýaly dersler boýunça geçirilýär. Önümçilik okuwlaryna degişli derslerden bolsa tejribe okuwlar guralýar.

**10. Söhbet (seminar) okuwy**

**Seminar okuwlary** – okuw işlerini guramagyň bir görnüşidir. Bu esasan ýokary okuw jaýlarynyň okuw prosesinde giňden ulanylýar. Soňky ýyllarda seminar okuwlary umumybilim berýän orta mekdepleriň iş tejribesine-de aralaşdy. Şeýle okuwlar orta mekdebiň ýokary synp okuwçylary bilen *edebiýat, taryh, jemgyýeti öwreniş, geografiýa* ýaly okuw dersleri boýunça geçirilýär. Pedagogik edebiýatlarda okuw işlerini guramagyň bu görnüşi seminar-sapaklary diýlip hem atlandyrylýar. Ýöne muňa esas ýok. Seminar okuwlary öz öňünde goýýan maksady, mazmuny, gurluş we geçiriliş usulyýeti boýunça sapakdan tapawutlanýar. Mekdepde geçirilýän seminar okuwlary okuwçylaryň özbaşdak işlemek babatyndaky başarnyklaryny we endiklerini has hem giňeltmegi, olara aýry-aýry edebi çeşmeler

bilen has ýakyn iş salşyp bilmegi, şeýlelikde, okuwçylara dokladlar, umumy okuwlary taýýarlamagy hem şolar bilen çykyş edip bilmegi öwretmegi maksat edinýär.

Seminar okuwyny maksadalaýyk edip geçirmek üçin oňa öňünden pugta taýýarlyk görülýär. Mugallym tarapyndan seminaryň soraglary düzülýär hem-de okuwçylaryň dykgatyna hödürlenilýär. Okuwçylar şol soraglara özbaşdak taýýarlanyp başlaýarlar. Soňra bellenilen wagtynda seminar geçirilýär.

Seminar geçirmek üçin bellibir tema boýunça düzülen soraglaryň hemmesini-de, has möhümlerini ýa-da birnäçe temalardan seçilip alnan soraglary-da hödürlemek bolar. Şonda mugallym geçiriljek seminaryň temalaryny, mümkin boldugyça, okuwçylar üçin gyzykly hem täsirli bolar ýaly edip düzmäge çalyşmalydyr, ýagny meseleleýin ýagdaýlary döretmeklige aýratyn üns bermelidir.

Mekdepde seminar okuwyny guramaklyk we geçirmeklik aýry-aýry etaplardan (döwürlerden) ybaratdyr.

**1. Seminara taýýarlanmak** barada mugallymyň okuwçylar bilen deslapky geçirýän işleri. Işiň bu döwründe mugallym okuwçylary geçiriljek seminaryň maksady we mazmuny bilen tanyşdyrýar, onuň meýilnamasyny aýdyp berýär. Şeýle hem, ol seminaryň geçiriljek wagtyna çenli bütin synpyň, her bir okuwçynyň näme iş etmelidigini, kimiň nähili nutuklary taýýarlamalydygyny birin-birin düşündirýär.

**2. Okuwçylaryň seminara özbaşdak taýýarlanýan döwri**. Okuwçylar seminaryň maksadyna we mazmunyna mazaly düşünenlerinden soň, özlerine tabşyrylan ýumuşlar boýunça özbaşdak işlemäge girişýärler. Taýýarlyk işleri iki hepdeden bir aýa çenli dowam edýär. Seminara okuwçylaryň hemmesi taýýarlyk görýär. Olar ýumuşlary aýratynlykda-da, 2-3 topara bölünip-de ýerine ýetirip bilerler. Şonda ilki hödürlenen edebiýatlar bilen tanşylýar, zerur bolsa, gözegçilik-tejribe işleri geçirilýär, mahlasy, seminarda ediljek esasy nutuklar boýunça goşmaça çykyşlar etmek üçin gerekli materiallar toplanylýar.

Seminarda nutuk bilen çykyş etjek her bir okuwçy öz pikirini meýilnama boýunça, logiki arabaglanyşykda, yzygiderli beýan edip bilmäge, her bir aýdýan pikirini degişli deliller bilen berkitmäge,

8. Sargyt № 1339

subut etmäge, hemmelere düşnükli edip delillendirmäge, beýleki okuwçylaryň soraglaryna jogap bermäge taýýar bolup durýar.

**3. Seminaryň geçirilýän döwri.** Seminaryň haýsy temadan we näme maksat bilen geçirilýändigine laýyklykda, ony mekdebiň synp otaglarynda-da, laboratoriýasynda-da ýa-da haýsydyr bir muzeýde-de, kitaphanada-da geçirmek bolar. Seminarda öňden bellenilen okuwçylar taýýarlan nutuklary bilen çykyş edýärler. Olar beýlekiler tarapyndan özlerine berilýän soraglara jogap berýärler. Kähalatlarda haýsydyr bir okuwçy esasy nutukçynyň çykyşy boýunça goşmaça nutuk bilen çykyş edýär. Soňra edilen nutuklary ara alyp maslahatlaşmak başlanýar. Şonda her bir çykyş edýän okuwçy nutukçynyň üstünliklerini belleýär, kemçiliklerini ýüze çykarýar hem-de şol kemçilikleri düzetmegiň ýollary barada öz pikirini orta atýar.

Seminar sapaklary işjeňlik ýagdaýynda geçirilende, okuwçylaryň pikirleniş işini işjeňleşdirmek (aktiwleşdirmek), olarda özbaşdak işlemäge höwes döretmek mümkinçiligi ýüze çykýar. Şol nukdaýnazardan ugur almak bilen, mugallym seminary geçirmeklige ykjam taýýarlanyp, okuwçylaryň işini gurap hem ugrukdyryp durýar. Okuwçylar özbaşdak işläp, nutuk taýýarlanlarynda-da, degişli okuw-görkezme esbaplaryny, tehniki serişdeleri seçip almaly bolanlarynda-da mugallym olara ýakyndan kömek berýär. Her bir nutugyň, nutuk boýunça çykyş edilýän goşmaça çykyşyň ylmy, aýdyň hem düşnükli bolmagy ugrunda çalyşýar, soňundan seminaryň netijesini jemleýär, geljekde nämelere üns bermelidigini aýdýar.

Amaly okuw (praktikum)

**Praktikumlar** okuw işlerini guramagyň bir görnüşi bolup, esasan ýokary synp okuwçylary bilen geçirilýär.

Praktikumlar himiýa, *fizika, biologiýa, geografiýa* ýaly dersler boýunça geçirilýän laboratoriýa işleriniň bir görnüşidir. Mekdepde laboratoriýa okuwlary esasan iki görnüşde alnyp barylýar:

**1. Frontal laboratoriýa işleri.** Bu, esasan, *fizikada we himiýada* şeýle atlandyrylýar, muňa biologiýada laboratoriýa okuwlary (sapaklary) diýlip at berilýär. Frontal laboratoriýa işleri guralanda, okuwçylaryň hersi aýratynlykda ýa ikibir-ikibir şol bir ýumşy onçakly çylşyrymly bolmadyk abzallaryň ýa-da beýleki tehniki seriş-

deleriň üsti bilen ýerine ýetirýär. Bu iş öwrenilýän temanyň bellibir düzümi bolup durýar.

**2. Tejribelikler (praktikumlar) bellibir bölüm öwrenilip gutarylandan soň, şol bölümde öwrenilenleri özbaşdak gaýtalamak we umumylaşdyrmak maksady bilen geçirilýär.** Bu iş, köplenç, okuw ýylynyň ikinji ýarymy geçenden soň, ýa-da okuw ýylynyň ahyrynda guralýar. Tejribelikler frontal laboratoriýa işlerinden özbaşdak işlemeklige aýratyn ähmiýet berýänligi, okuwçylardan has çylşyrymly, köp zähmet işi ýerine ýetirmekligi talap edýänligi bilen tapawutlanýar. Mysal üçin, fizikadan – ýagtylandyryş kanunlaryny öwrenmek, kondensatoryň sygymlylygyny ölçemek we ş.m. himiýadan – hil we mukdar elemetleriniň analizi, organiki däl we organiki maddalaryň sintezi we ş.m. temalar boýunça tejribelikler geçirilýär. Bu bolsa okuwçylaryň şol ugurdan çuňňur bilimli, berk praktiki endikli bolmaklaryny üpjün edýär.

**Tejribelik** işleri geçirmekligiň döwürleri

1. Mugallymyň düşündirişi. Işiň nazary esasyna düşünilýän döwür.
2. Görkezilýän hem instruktaž berilýän döwür.
3. Ilkinji synanyşyk. Bu döwürde iki-üç okuwçy mugallymyň ýolbaşçylygynda işi ýerine ýetirýär, galanlary oňa syn edýärler. Iş ýerine ýetirilende näsazlyklar ýüze çyksa ýa ýalňyşlyklar goýberilse, onda olar bu barada öz pikirlerini aýdýarlar.
4. Işiň köpçülikleýin ýerine ýetirilişi. Bu döwürde okuwçylar tabşyryklary özbaşdak ýerine ýetirýärler. Mugallym ähli okuwçylaryň, aýratyn-da gowşak okuwçylaryň işi ýerine ýetirişine üns berýär, gerekli ýerine kömek edýär.
5. Işiň barlanylýan hem baha berilýän döwri. Okuwçylaryň işlerine baha berlende ýerine ýetirilen işiň hili, her okuwçynyň materiallara we gurallara aýawly garaýşy, işi nähili çaltlykda ýerine ýetirişi, işleri dogry gurap bilşi we ş.m. göz öňünde tutulýar.

## Başlangyç synplarda guralýan sapaklar we olaryň aýratynlyklary

**Bilim ulgamynda başlangyç okuwyň maksady we orny.** Şahsyýetiň doly manysynda kemala gelmeginde başlangyç bilimiň

ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi bilimiň düýbi başlangyç synplarda tutulýar.

Jaýyň uzak möhletleýin durmagynyň, ulanylmagynyň onuň binýadynyň, düýbüniň berkdigine bagly bolşy ýaly, bilimiň hem berkligi başlangyç synplarda okuwyň guralyşyna, okuwçylaryň okadylyşyna bagly bolup durýar.

Düzgün boýunça başlangyç synpda okuwçylary bir mugallym okadýar. Şonuň üçin hem ol mugallymyň jogapkärçiligi has ýokarydyr.

Bu döwürde okuwçylar matematikadan we grammatikadan, tebigaty öwrenişden we jemgyýetçilik-taryhy sapaklardan, şeýle-de saz we şekillendiriş sungatyndan bilimleri ele alýarlar.

Başlangyç bilimiň anyk maksady şulardyr:

– Okuwçylary bilimler, başarnyklar we endikler bilen hemmetaraplaýyn üpjün etmek;

– Okuwça okamak başarnyklaryny öwretmek, olarda akyl ýetirme ukybyny ösdürmek, okuw işini kemala getirmek;

– Çagada okuwa bolan gyzyklanmany, höwesi, okuwyň gowy mazmunyny kemala getirmek, ösdürmek.

Rus pedagogy K. D. Uşinskiniň belleýşi ýaly, başlangyç okuw – bu çaganyň hemmetaraplaýyn doly ösüşi we çaganyň bilimleriň esaslaryny ele alşynyň başlangyjydyr hem-de iň esasydyr.

1-nji synpa gelýän okuwçylaryň arasynda çagalar baglaryna gatnanlarynyň we şol bilim edaralaryna gatnamadyk, okamak, ýazmak başarnyklaryny çalt ýa-da haýal ele alýan çagalaryň-da barlygyna mekdep tejribesi şaýatlyk edýär. Mugallym sapaklaryny guramakda şol meselelere üns bermelidir.

Başlangyç synplarda guralýan sapaklaryň gurluşy şol sapagyň öňde goýýan maksadyna, okuw işiniň mazmunyna baglydyr. Bu sapaklarda täze bilimleri bermek, ýagny, täze temany talabalaýyk düşündirmek meselesi mugallymyň esasy wezipesidir. Beýleki synplardan tapawutlylykda, başlangyç synp okuwçylarynyň *kabul edişiniň, ünsüniň kämil däldigini* göz öňünde tutup, mugallym täze temany düşündirmänkä, hemme okuwçylary täze materialy kabul etmeklige ykjam taýýarlamaly, ünsüni jemlemeli.

Başlangyç synplarda guralýan sapaklaryň gurluşy, esasan, şu döwürlerden durýar:

1. Guramaçylyk.
2. Öý işini barlamak.
3. Täze temany düşündirmek.
4. Bilimleri berkitmek.
5. Öý işi tabşyrmak.

Bu gurluşdan başga, başlangyç synplarda sapagyň öňde goýýan wezipelerine laýyklykda gaýtalamak (beýle sapaklarda täze tema düşündirlmeýär), berkitmek ýaly sapaklar hem guralýar.

Mugallym sapagy geçirýän wagtynda okuwçylarda çylşyrymly akyl ýetiriş işiniň bolup geçýänligini unutmaly däldir. Mugallymyň sapagyň dürli döwürlerinde **ýerine ýetirýän işleri,** esasan, şulardan ybarat bolmaly.

*Jaň bolan badyna okuwçylaryň öz ýerlerine geçip oturmaklaryny gazanmak.* Bu iş türgenleşmäniň, mugallymyň yzygiderli talaplarynyň esasynda ýola goýulýar. Çaganyň mekdebe gelen ilkinji günlerinden başlap, mugallymyň synp otagyna girende okuwçylaryň ýerlerinden turup salamlaşmaklarynyň uly terbiýeçilik ähmiýetiniň barlygyny alymlar belleýärler. Şeýle etmeklik okuwçyda medeniýetliligi, mylaýymlygy, öz mugallymyna hormat bilen garamaklygy terbiýeleýär. Okuwçylar ýerlerinden turup, mugallym bilen salamlaşanlarynda, olar göni, tertipli durmaly. Mugallym salamlaşyp bolandan soň, okuwçylara oturmaga rugsat berýär. Yzygiderli türgenleşmeleriň we talaplaryň esasynda, sapak başlamanka okuwçylaryň oturýan partalarynyň üstüniň tertipli bolmagyny gazanmak mugallymyň üns bermeli meseleleriniň biridir. Şondan soňra mugallym gysga wagtyň dowamynda synpyň ýagdaýyny gözden geçirmeli (hemme okuwçy ýerli-ýerindemi, okuwçylaryň talabalaýyk geýnişi we ş.m.).

Mugallym okuwçylaryň jogap bermek üçin ellerini galdyranlarynda-da tertip-düzgüniň bolmagyna hem üns bermeli, eger-de şeýle edilmese, onda okuwçylar hemişe «Men bilýärin, men aýdaýaýyn», «Men başarýan, menden soraýyň» diýen ýaly sözleri aýtmaklyga endik ederler, bu bolsa sapakda tertipliligiň, işjeň ýagdaýyň bozulmagy-

na getirýär. Sapakda tertip-düzgüniň gazanylmagy mugallymyň göz öňünde tutan işleriniň talabalaýyk gazanylmagynyň esasy şertleriniň biridir.

Sapakda tertip-düzgüniň bolmagy bilen bir hatarda mugallym okuwçylarda keýplilik, ynamlylyk ýaly duýgularyň bolmagyny-da gazanmalydyr. Okuwçylar talapkär mugallymy gowy görýärler, onuň talapkärliginiň aňyrsynda özlerine bolan mähir-söýginiň barlygyna gowy düşünýärler, ony hormatlaýarlar.

Başlangyç synp okuwçylarynda mugallyma öýkünmek, ondan görelde almak ýaly sypatlar ösen bolýar. Şol sebäpli-de mugallym özünde iň görelde alarlyk sypatlary jemlemelidir. Ol sapaga gelende sypaýy, medeniýetli, arassa geynüwli bolmaly.

Sapaga giren pursadyndan başlap, synpda işjeň ýagdaýy döretmeli, synpy «ele almaly», ýagny, okuwçylar bilen dogry aragatnaşygy ýola goýmaly.

Birnäçe alymlar mugallym sapagy dik durup geçirmeli diýip hasap edýärler. Onuň her bir hereketi dogry, ýasama däl-de, tebigy bolmaly, synp otagynyň içinde eýläk-beýläk gezmelemeli däl, sebäbi başlangyç synp okuwçysy mugallymyň hereketlerini yzarlajak bolup her tarapa öwrülmäge ýykgyn edýär.

Mugallymyň sözleýşi-de talabalaýyk bolmaly. Ol öz sesiniň beýikligine üns bermeli, mugallymyň sesi yzda oturanlara-da eşidilmeli. Aşa gygyryp gepleýän mugallym okuwçyny ýadadýar.

Mugallym sapagyň dowamynda hemme okuwçylaryň işleýişlerine uly üns bermelidir. Synpda okuwçylaryň arasynda eýläk-beýläk garanjaňlamaklygyň, hyşy-wyşylaryň başlanmagy olaryň okuw işinde ýadandyklarynyň görkezijisi hasap edilýär. Şular ýaly ýagdaýda mugallym okuwçylara öňkülere görä ýeňil soraglary bermeli ýa-da okuwçylara agram salmaýan, ýöne bellibir derejede ünsleri jemlener, saklanar, ýadawlyklary aýrylar ýaly, mekdep durmuşy bilen baglanyşykly gysgajyk gyzykly wakalar barada gürrüň bermeli. 1-nji synp okuwçysy islendik sapakda 15-20 minut geçenden soň ýadap başlaýar, şeýle ýagdaý 3-4-nji sagatlarda has-da duýulýar. Şonuň üçin mugallymlar bedenterbiýe minutlaryny geçirmeli.

Okuwçy temany gürrüň berende, ýalňyş aýtsa, mugallym onuň sözüni bölmeli däl, ýöne soňra onuň goýberen ýalňyşlaryny düzetmeli.

Sapagyň öý işini tabşyrmak döwründe-de mugallym birnäçe talaplary berjaý etmeli. Okuwçylaryň öý işlerini ýerine ýetirmändikleriniň sebäplerine degişli barlaglar geçirilende, okuwçylaryň öýe nähili ýumuşlaryň berlenligine düşünmändikleri esasy sebäp hökmünde görkezilýär. Şonuň üçin hem, başlangyç synp mugallymy öýe iş tabşyranda, okuwçylaryň şoňa anyk düşünmegini gazanmaly. Pedagogik talaplara görä, mugallym öý işini, täze temany aýdyp bolandan soň, berkitmekden öň ýa-da sapagyň ahyrynda tabşyryp biler. Şonda hemme okuwçylaryň dykgatly bolmagyny gazanmaly, kitapdaky berlen öý ýumşuny takyk görkezmeli.

Başlangyç synp mugallymy sapaklaryň arasyndaky arakesmeleriň dogry guralmagyna hem üns bermeli. Arakesmelerde okuwçylar dynç almaly, hereket etmek baradaky islegler kanagatlandyrylmaly. Okuwçylaryň dynç almaklary üçin ýörite oýunlary guramaly.

Şol bir synpda okaýan hemme okuwçyda akyl ýetiriş başarnyklary meňzeş, deň derejede diýip aýtmak bolmaz. Olaryň biri okuw materialyny özbaşdak özleşdirip bilýän bolsa, beýleki biri şol materialy özleşdirjek bolanda, mugallymyň ýa-da başga biriniň kömegine mätäç bolýar. Bir okuwçy mugallymyň berýän gürrüňini üns berip diňlese, beýleki biriniň ünsi başga ýerde bolýar. Bir okuwçy edepli bolsa, beýlekisi maşgalada, mekdepde, köpçülik ýerlerinde özüni medeniýetli alyp barmagy başarmaýar.

Käbir okuwçynyň görüşi, eşidişi aýratyn üns berilmegini talap edýär. Ýene biri öz adyna aýdylýan tankydy belligi örän ýokuş görýär. Gepiň keltesi, şol bir ýaşdaky okuwçylaryň öz ýaşytdaşlary bilen bir synpda okaýandyklaryna, şol bir mazmunly okuw materiallaryny öwrenýändiklerine garamazdan, olaryň hersi özboluşly bir dünýä, şahsyýet. Belli türkmen alymy Eziz Derýaýewiň aýdyşy ýaly, näçe adam bar bolsa şonça hem biri-birine meňzemeýän şahsyýet, gaýtalanmaýan içki dünýä bar. Ol okuwçylaryň indiwidual aýratynlygyny mazaly öwrenmegi hem okuw-terbiýeçilik işinde şondan ugur almagy talap edýär.

Çagalaryň saglygyna, olary bedenterbiýe bilen işjeň meşgullanmaga uly üns berilýär. Sapak mahalynda şadyýan beden maşklaryna hem wagt berilýär. **Ýazuw we matematika sapaklarynda** bolsa lukman hünärmenler tarapyndan maslahat berlen göz üçin maşklar geçirilýär. Alty ýaşly okuwçylara **öý işleri berilmeýär.** Aýry-aýry sapaklar açyk howada geçirilýär, şonda çagalar mekdebiň ýanyndaky sport we oýun meýdançalarynda oýnap bilerler.

Oýun arkaly olar bilim dünýäsine ilkinji ädimlerini ädýärler. Mysal üçin, türkmen elipbiýiniň harplary öwredilende, şekillendiriş sungatynyň usullary işjeň ulanylýar. Şeýle sapaklar okuw sapaklaryndan daşary, mysal üçin, çagalaryň asfaltda surat çekýän mahaly hem dowam etdirilýär.

Çagalara 1-nji synpda okuw-terbiýeçilik işi şeýle talaplar esasynda amala aşyrylmaly:

Okuw sapaklary diňe günüň birinji ýarymynda alnyp barylmaly;

Okuw hepdesiniň ortasynda ýeňilleşdirilen okuw gününi gurnamaly;

Okuw her gün 4 sapakdan köp okadylmaly däl;

Okuw sapagynyň dowamlylygy ýylyň birinji ýarymynda 35 minutdan köp bolmaly däl;

Okuw gününiň ortasynda dowamlylygy 20 minutdan az bolmadyk hereketli arakesme gurnamaly.

## Başlangyç synplarda okatmak usullarynyň aýratynlygy

*Gürrüň bermek usuly.* Başlangyç synplarda gürrüňiň dowamlylygy 15 – 20 minut bolup, tema düşündirilip gutarandan soň, okuwçylaryň bilim derejeleri barlanmalydyr.

*Okatmagyň gürrüň usuly.* Bu usul bilimleri dilden beýan etmegiň giňden belli bolan görnüşidir. Ol esasan sorag-jogap arkaly amala aşyrylyp, okuwçylaryň akyl ýetirijilik işiniň işjeňleşmegine ep-esli derejede ýardam edýär.

Gürrüň: a) täze materialy düşündirmek;

b) bilimleri, başarnyklary we endikleri berkitmek;

ç) geçilenleri gaýtalamak ;
d) okuwçylaryň bilimini barlamak hem baha bermek maksady bilen geçirilýär.

Gürrüň usulynda:

1. Soraglar özüniň mazmuny, gurluşy taýyndan dogry, okuwçylar üçin düşnükli bolmalydyr.
2. Her bir orta atylýan sorag okuwçylaryň ünsüni özüne çekmelidir. Soraglar ilki tutuş synpa berilýär hem-de okuwçylaryň hemmesiniň pikirlenmegi üçin şert döredilýär, soňra haýsy hem bolsa bir okuwçydan soralýar.
3. Soraglaryň arasynda içki logiki arabaglanyşyk saklanylmalydyr, ýagny ikinji sorag birinji soragyň dowamy bolmalydyr.
4. Soraglar bir söz bilen jogap berer ýaly edilip düzülmeli däldir.
5. Bir wagtyň özünde iki ýa-da birnäçe sorag bermeli däldir.

**Söhbetdeşlik**. Söhbetdeşlik döwründe okuwçylaryň özbaşdaklygy ýokarlanýar.

Söhbetdeşlik birnäçe topara bölünýär.

Ewristik söhbetdeşlik – ewrika latyn sözi bolup, tapýaryn diýen manyny berýär. Bu söhbetdeşlikde mugallymyň okuwçylaryň öňki bilimlerine seredip, anyk soraglary goýmak bilen okuwçylaryň täze düşünjeleri, netijeleri, düzgünleri açmaklygyna sebäp bolýar.

Katehizik söhbetdeşlik – bu başlangyç synplarda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini barlamakda, bahalandyrmakda we berkitmekde giňden ulanylýar. Ýönekeýje sowal-jogaplara katehizik söhbetdeşlik diýilýär.

## Başlangyç synplarda görkezip okatmagyň ähmiýeti

Geçilýän materialy çuňňur öwrenmek üçin ***başlangyç synplarda*** dürli görkezme esbaplar ulanylýar.

Meselem:

a) «Gyş» temasy düşündirilende ýa-da tokaý, çöl barasynda gürrüň berlende, gar ýagyp duran suraty, tokaýyň, çölüň suraty çekilen görkezme esbaby ulanmak has amatlydyr.

b) Kiçi ýaşly mekdep okuwçysyna globus görkezilýär. Globusy okuwçylara görmäge bermeli. Goý, olar globusyň formasyny, möçberini, aýlanyşyny, peslikleriň, belentlikleriň nähili reňkler bilen bellenilişini öz gözleri bilen görsünler. Soňra okuwçylar globusyň esasynda Ýer şaryny, onuň aýlanyşyny, ýagtylandyrylyşyny göz öňüne getirýärler. Bu bolsa okuwçylaryň düşünjesiniň has ýokarlanmagyna getirýär.

ç) Mugallym 1-nji synpda matematikadan okuwçylara sanlary goşmaklygy öwredýär. Ol sapakda sanaw taýajyklaryndan peýdalansa, has amatly bolýar.

Sapagyň netijeli bolmagynyň ýene-de bir görnüşi mugallymyň sapagyň dowamynda **tehniki serişdeleriň** dürli görnüşlerinden giňişleýin peýdalanyp bilmegidir.

Mälim bolşy ýaly, tehniki serişdeler üç topara bölünýär.

**1. *Görüş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler*** – epidiaskop, kodoskop, diaskop, filmoskop, diafilm we beýlekiler.

**2. *Eşidiş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler*** – magnitofon, radio, saz merkezi we başgalar.

**3. *Görüş hem-de eşidiş ýoly bilen habar beriji tehniki serişdeler*** – kino, telewizor, wideomagnitofon, wideoproýektor we ş.m.

Umuman aýdylanda, okuwçylaryň bilim derejelerini çuňlaşdyrmaklygyň netijeliligini ýokarlandyrmakda tehniki serişdeleriň hem edil görkezme esbaplar ýaly ähmiýeti örän uludyr.

Görkezip okatmak usulynyň hemme taraplaryny işjeň peýdalanmak üçin miltimedia tehnologiýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Mugallym multimedianyň kömegi bilen görkezip okatmak usulynda suratlary, çyzgylary, fotolary, animasiýalary, wideo ýazgylary ýerlikli peýdalanyp bilýär.

Mysal üçin, mugallym başlangyç synp okuwçylarynda dürs-ýazuw endiklerini kemala getirmek üçin harplaryň ýazylyşyny ilki bilen howada, soňra synp tagtasynda ýazyp görkezýär. Türkmen, ene dili sapaklarynda bellibir surat boýunça ýazgy, sözlem, düzme, beýannama ýazmaklygy öwretmekde mugallym görkezip okatmak usulyndan peýdalanýar. Bu ýerde görkezme esbap (surat) esasy orny eýeleýär, mugallymyň düşündirişi, maslahaty kömekçi orunda durýar.

Okuw-görkezme esbaplaryň dürli görnüşlerini okuw işinde peýdalanmaklygyň zerurlygy barada jaýdar bellenilýär. Olary sapagyň

haýsy döwründe, nähili maksat bilen, nädip ulanmalydygyna degişli käbir didaktik maslahatlaryň üstünde gysgaça durup geçeliň! Ozaly bilen, okatmagyň bu usulynyň mugallymyň dilden beýan edýän usullary bilen berk arabaglanyşyklydygyny göz öňünde tutmak gerek. Sebäbi şol usullar suratlardyr görkezme esbaplar görkezilende-de, tablisalardyr gurallar bilen iş salşylanda-da, kartalardyr globuslar bilen işlenilende-de, telegörüşlerdir tejribeler geçirilende-de, görkezilip hem eşitdirilip öwredilýän beýleki serişdelerden peýdalanylanda-da mugallymyň dilden düşündirýän, beýan edýän zatlary bilen utgaşyp gidýär. Umuman aýdanyňda, görkezip hem eşitdirip okatmak işiniň mugallymyň sözi bilen utgaşyp gitmegi okuw işiniň kanuny talabydyr. Ol mekdebiň hemme synplarynda, ähli okuw dersleri boýunça geçirilip bilner.

Mugallym täze temany beýan edýän mahalynda degişli okuw-görkezme esbaplarynyň, geçirýän tejribeleriniň üsti bilen şol materialy has aýdyňlaşdyrýar, subut edýär, tejribe ähmiýetini düşündirýär. Beýle diýildigi görkezip hem eşitdirip öwretmek usuly diňe bir täze tema bilen baglanyşdyrylýar diýildigi däldir. Bu usul okuw materialy berkidilende-de, gaýtalananda-da, özbaşdak işler guralanda-da, hatda okuwçylaryň bilimleri barlananda-da giňden peýdalanylýan usuldyr. Agzalýan usul okuwçylaryň jogaplarynyň anyk hem düşnükli bolmagy, olaryň sapaga gyzyklanyp, höwes bilen ýapyşmaklary üçin, alynýan bilimiň nazaryýeti we tejribe gymmatyna akyl ýetirmekleri üçin hem bähbitlidir. Mugallym okuw işinde haýsy serişdäni görkezýän, nämäni eşitdirýän bolsa, şol serişdeleriň bitirýän hyzmatyna, görnüşine, reňkine we beýleki taraplaryna okuwçylaryň ünsüni çekýär, şeýlelikde, sapagyň täsirli geçmegine şert döredýär.

Şu ýerde okuw-görkezme esbaplarynyň köpüsiniň okuwçylaryň güýji bilen döredilýänligini, olaryň uzak ulanylmagy üçin aýawly saklanylýanlygyny we ýerlikli peýdalanylýanlygyny belläp geçmek gerek bolar. Başlangyç synp mugallymlary her bir okuw dersine degişli okuw-görkezme esbaplarynyň toplumyny döretmeklige uly ähmiýet berýärler.

Mugallym sapakda görkezjek serişdeleriniň maksadyny, bilim berijilik, terbiýeleýjilik gymmatyny kesgitleýär, onuň täsirli bol-

magy babatynda pugta oýlanýar, seçilip alnan her bir görkezme esbaby sapagyň haýsy ýerinde, näçe wagtlyk peýdalanjakdygyny, synp tagtasynda oňa degişli nähili goşmaça ýazgylar etjekdigini öňünden anyklaýar. Jemläp aýdanymyzda, görkezilýän hem eşitdirilýän her bir serişde mugallymyň jüpüne düşüp duran täsirli hem aýdyň sözi bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp durulýar.

**Sapakda oýunlaryň orny, olaryň bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösdürijilik ähmiýeti.** Alymlar we pedagoglar çaga oýunlaryny gadym wagtdan bäri öwrenipdirler we olary ýaş, ösüp gelýän nesli hemmetaraplaýyn terbiýelemekde esasy serişdeleriň biri hökmünde peýdalanypdyrlar.

Beýik rus pedagogy K. D. Uşinskiý çagalary terbiýelemekde oýunlaryň bilim hem-de terbiýe berijilik ähmiýetine belent sarpa goýupdyr. Beýik pedagogyň pikiriçe, oýunlar çagalaryň ýatkeşligini, göz öňüne getirme endigini ösdürýär hem-de olaryň dostluk, ýoldaşlyk we kollektiwizm ruhunda terbiýelenmegine kömek edýär. Şeýlelikde, oýun netijesinde çagalaryň şahsyýetinde bolýan ilkinji gylyk-häsiýetleriň-de düýbi tutulýar.

Çagalaryň aňynda ilkinji ahlak kadalarynyň göwnejaý kemala gelmeginde-de oýunlaryň ähmiýeti örän peýdalydyr. Çagalar oýun oýnanlarynda, adatdaky ýaly dostluk, ýoldaşlyk hem-de Watana bolan söýgülerini we beýleki asylly häsiýetlerini aýdyň ýüze çykarýarlar.

Oýunlaryň düzgünlerini dogry ýerine ýetirmekleri körpelerde dogruçyllygy, ak ýürekliligi terbiýeleýär.

Oýunlar çagalaryň döredijiliginiň, hyýalynyň hem-de özbaşdak pikir edip bilmek ýaly ukyplarynyň ösmegine-de kömek edýär hem-de fantaziýa esasynda täze ýagdaýy döredýär.

Käbir oýunlar ilkibaşda çagalara ýaramaýar, olar körpelere kyn ýaly bolup görünýär. Oýun birnäçe gezek gaýtalananda, çagalaryň oýna bolan söýgüsi artýar.

**Dynç alyş minutlarynyň ähmiýeti.** *Dynç alyş minutlary diýlip sapagyň dowamynda ýa-da öýde öý ýumuşlaryny ýerine ýetirmekde guralýan gönükmelere düşünilýär.* 1-2-nji synplarda günüň dowamynda 3-4 gezek, 3-nji synplarda 2-3 gezek dynç alyş minutlaryny gura-

mak maslahat berilýär. Dynç alyş minutlarynyň dowamlylygy 1,5 – 2 minutdan geçmeli däl. Şolaryň mazmunyna 3 sany gönükme degişli: ýokarlygyna çekilmek, aýaklara we bile degişli gönükmeler. Ele degişli gönükmeler agzalanlar bilen utgaşdyrylmaly.

Dynç alyş minutlary okuwyň gidişine päsgel bermeli däldir. Mysal üçin, ýazuw işleriniň arasyny bölmek, okuwçylaryň işjeň ýagdaýynda dynç alyş minudyny geçirmek maksadalaýyk hasaplanylmaýar. Dynç alyş minutlaryny geçirmäge başlamazdan öň, synp otagy howalandyrylmaly, partalaryň üstündäki esbaplar tertipleşdirilmeli, okuwçylar partalaryň arasynda hatara durmaly, şonda olar biri-birine päsgel bermez ýaly ýagdaýda durmaly.

# III BAP

## Okuwçylaryň bilimini barlamak we bahalandyrmak

### Bilimi, başarnygy hasaba almagyň hem oňa baha bermegiň zerurlygy

Bu mesele pedagogik işiň möhüm pudagydyr. Sebäbi okuwçylaryň bilimini, başarnygyny hasaba alýan mahalynda, mugallym öz işinde ulanan iş usullarynyň, tärleriniň, serişdeleriniň nähili netije berenligine göz ýetirýär, her bir okuwçynyň okuw işine bolan garaýşyna düşünýär, kimiň ukyplydygyna, kimiň yhlaslydygyna akyl ýetirýär, haýsy temanyň, bölümiň, tutuş kursuň näderejede özleşdirilenligini bilýär, öz işinde gazanan üstünlikleri, goýberen säwlikleri barada oýlanyp, degişli netije çykarmaga mümkinçilik tapýar. Gepiň keltesi, mugallym okuwçylaryň bilimini, başarnygyny hasaba almak bilen özüniň okuw işine siňdiren zähmetiniň netijesini görüp, öz-özüne gözegçilik edip bilýär.

Görşümiz ýaly, okuwçynyň bilimini hasaba almak munuň özi esasy zerurlyk bolup durýar. Çünki bu iş mugallym bilen okuwçynyň bilelikde çeken zähmetiniň netijesidir. Bilim hasaba alnanda, zähme-

tiň ýerine düşmänligi aýyl-saýyl bolýar, has takygy, kimiň kimligi ýüze çykýar. Eger şeýle bolsa, onda okuwçynyň sowatlylyk derejesi, akyl ýetiriş netijeliligi, ukyby – mugallymyň nähili işlänligini görkezýän ölçeg daşydyr diýip hasap etmek bolýar.

Okuwçynyň bilimi, başarnygy dogruçyllyk hem adalatlylyk bilen bahalandyrylyp durlan mahalynda, okuw işini ugrukdyryp hem dolandyryp durmagyň mümkinçiligi az däl.

Eger okuwçylar berlen soraglara dogry we doly jogap bermegi başarsalar, nazaryýetde alan bilimlerini tejribede peýdalanyp bilseler, onda mugallymyň okuw materialyny didaktikanyň talaplaryna laýyk edip, göwnejaý düşündirendigine, okuwçylaryň hem şol materialy aňly – düşünjeli özleşdirendiklerine şaýatlyk edýär.

Munuň tersine, eger okuwçylar geçilen temalara jogap berenlerinde kynçylyk çekseler, nazaryýetde alan bilimlerini tejribede peýdalanyp bilmeseler, onda mugallym özüniň haýsy-da bolsa bir ýerde kemçilik goýberendigine göz ýetirip biler. Bu ýagdaý geljekde nämä üns bermelidigini mugallyma gös-göni salgy berýär. Okuwçylaryň alan bilimine adalatly baha berip bilmek, okuw işine ýolbaşçylyk etmäge, ony talabalaýyk guramaga doly mümkinçilik berýär.

**Bilimi hasaba almagyň hem oňa mynasyp baha bermegiň esasy wezipeleri:**

1. Okuwçylaryň maksatnama materialyny özleşdirişiniň hilini anyklamak;
2. Olaryň özleşdiren bilimini tejribede ýerlikli ulanyp bilmeklerini gazanmak;
3. Şol başarnyklaryny yzygiderli berkidip durmak, kimiň zehinlidigini, nämä ukyplydygyny ýüze çykarmak;
4. Okuw işine bolan jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemek.



***Bilimi barlamagyň, bahalandyrmagyň bilim berijilik, terbiýeleýjilik ähmiýeti, hyzmatlary*** kiçi-girim däl.

**Bilim berijilik ähmiýeti.** Bilimiň barlanýandygyny we bahalandyrylýandygyny bilýän okuwçy köp okamaga, köp zady bilmäge, öwrenmäge ymtylýar. Öň bilmeýän zadyny bilmäge çalyşýar, öwrenip galýar. Okuwçy soraga jogap beren mahalynda, mugallym hem öz ýoldaşlarynyň öňünde hasabat bilen çykyş edýär. Mugallym tarapyndan orta atylýan soraglar okuwçylaryň ýatkeşligini, özbaşdak pikirleniş işini gönükdirip goýberýär. Akyl ýetirijilik ukybyny ösdürýär. Çünki okuwçy özüne berilýän her bir soraga degişli bolan materialyň mazmuny barada ýatdan oýlanýar. Ony özüniň aňynda tertipleşdirýär, meýilnamalaşdyrýar. Soňra bolsa bellibir yzygiderlikde dilden beýan edýär, netijede okuwçy synpda öz ýoldaşlarynyň öňünde geçilenleri nähili özleşdirenligi barada hasabat berýär. Mugallymyň we öz synpdaşlarynyň kömek bermekleri netijesinde, soralýan tema boýunça beren jogabynda goýberen kemçiliklerini düzedýär, gaýtalaýar we bilmedik ýerlerini öwrenýär.

**Terbiýeleýjilik ähmiýeti.** Okuwçylaryň bilimleriniň hasaba alynmagy we adalatly bahalandyrylmagy ýaş nesilde düzgün-nyzamlylygy, erkliligi terbiýelemäge, bilime bolan höwesi döretmäge ýardam edýär.

Şol nukdaýnazardan seretmek bilen, mugallym ozaly bilen, okuwçylaryň bilim almaga sarp eden wagtyny, siňdiren zähmetini anyklamaga çalyşmalydyr. Ony hormatlamagy başarmalydyr. Her bir okuwçynyň anyk ösüşiniň, özboluşly gylyk-häsiýetiniň, okuw materialyny kabul edip alyş we beýan ediş aýratynlygynyň bardygyny, olaryň hersiniň köňül taryny nädip seslendirmelidigini bilmelidir. Okuwçylaryň bilimleri barlanyp, baha berlende ownujak diýlip hasap edilýän ýalňyşyň okuw-terbiýeçilik işine, mugallymyň abraýyna uly zyýan ýetirmegi mümkin. Muny her bir pedagog berk ýatda saklamalydyr hem-de işinde şeýle ýagdaýa ýol bermezlige çalyşmalydyr. Okuwçylaryň erkini terbiýelemekde, okuw işiniň endiklerini, öz-özüne gözegçilik etmegi, ýerine ýetirýän işiň jogapkärçi-

ligini duýmaklygy terbiýelemekde olaryň päk zähmetini dogry bahalandyrmagyň ähmiýeti has ýokarydyr. Bu ýagdaý okuwçylarda düzgün-nyzamlylygy, erjelligi, tutanýerliligi, maksada okgunlylygy, özbaşdaklygy, borçlulygy terbiýelemäge-de, ylym-bilime bolan höwesini artdyrmaga-da mümkinçilik döredýär.

Mekdebiň, mugallymyň işine baha berlende, okuwçylaryň bilimlerini barlamaklyga, bahalandyrmaklyga esaslanylýar.

Mugallym bilimi barlamagyň, bahalandyrmagyň iňňän jogapkärli işdigini birjik-de ünsden düşürmän, oňa her mahalam uly jogapkärçilik duýgusy bilen çemeleşmeli. Sebäbi pedagogyň bu ugurda goýberýän hatasyny ýa adalatsyzlygyny soňundan düzetmek juda kyndyr, hatda käbir halatlarda mümkin hem däldir. Okuwçylar her bir mugallymyň öz kärine näderejede taýýardygyny, yhlaslydygyny örän tiz duýuşlary ýaly, özleriniň dilden berýän jogaplary, ýazuw üsti bilen ýerine ýetirýän ýumuşlary, tejribe-gözegçilik we beýleki işleri bahalandyrlanda-da öz garaýyşlaryny basym ýüze çykaryp bilýärler. Olar bu babatda örän duýgur hem ägä adamlardyr. Şoňa görä mugallym bu işe iňňän ünsli, seresaply hem adalatly çemeleşmeli. Okuwçynyň berýän jogaby, isle ol doly ýa kemter bolsun, isle-de dogry ýa nädogry bolsun, parhy ýok, şol jogap onuň akyl zähmetiniň netijesi bolup durýar. Şeýle bolansoň, okuwçynyň berýän her bir jogabyna, ýerine ýetirýän her bir ýumşuna onuň näçeräk akyl yetirendigi, näçe wagt sarp edenligi göz öňünde tutulmaly bolýar. Mugallym her bir okuwçynyň akyl taýdan ösüşine-de, onuň gylyk-häsiýetiniň özgerişine-de aýratyn üns berýär.

Mugallymlaryň birentegi okuwçynyň sapagyň bütin dowamynda beren jogabyny, görkezen işjeňligini çugdamlap, näme üçin şeýle bahalary goýýandygyny delillendirmek bilen utgaşdyrmagy maksada laýyk hasaplaýar.

Bilim hasaba alnanda, barlananda hem oňa degişli baha berlende, okuwçynyň öz pikirini erkin beýan edip bilýänligine, özbaşdak pikirlenmegi, aýdýan zatlaryndan degişli netije çykarmagy başarýanlygyna aýratyn üns bermek gerek. Çünki sapaklarda beýan

edilýän bilimiň mazmuny, aýdylyp berilýän şol bir material mugallym bilen okuwçynyň arasynda hiç bir üýtgewsiz gatnawyny üzmän ýörmeli däldir. Dilden berilýän jogaplar, ýerine ýetirilýän tejribe ýumuşlar, tejribe-gözegçilik işleri döredijilikli häsiýetde bolmalydyr. Okuwçynyň biliminiň gowşaklygy üçin, onuň mertebesini peseltmek nädogrudyr. Haýsydyr bir okuw dersinden ýaramaz okaýan, bilim derejesi pes bolan okuwçynyň başga bir gowy tarapy, nämedir bir zada ökdeligi bardyr. Şol gowy tarapyny tapyp, okuw işinde oňa daýanmak ökdäniň işidir. Hemişe gözlegde bolýan mugallymlar her bir okuwçyny ösüp barýan şahsyýet hökmünde görýär hem onuň kalbynda ornaşmagy başarýar.

**Bilimleri barlamakdan edilýän didaktiki, pedagogiki we psihologiki talaplar.**

1. Bilimi yzygider barlamagyň hökmanylygy. Mugallym her gün her sapakda geçilen temany okuwçylardan sorap, olary bahalandyryp durmaly.

2. Bilimi barlamagyň indiwidual häsiýetde bolmagy. Her bir okuwçy özüne berlen bahanyň diňe öz düşünjesine berilýänligine düşünmelidir.

3. Ol ýa-da beýleki okuwçynyň okuwa bolan hususy garaýşynyň netijesinde bütin synpyň işine baha bermezlik.

4. Okuwçylaryň okuwa bolan höwesini ýokarlandyrmak üçin, bilim beriji we terbiýeleýji häsiýetdäki işleri guramak.

5. Okuwçylaryň bilimleriniň ýetişiginiň dogry barlanmagy we bahalandyrylmagy üçin ähli mugallymlaryň ýeke-täk talaby .

6. Okuwçynyň bilimine berilýän bahalar okuw maksatnamasyna esaslanan bolmaly ýa-da esaslandyrylmaly.

7. Okuwçynyň bilimini barlamak bilen onuň umumy akyl taýdan ösüşine täsir ediş aýratynlyklaryny kesgitlemek .

8. Bilimi barlamakda we bahalandyrmakda köp dürli usullaryň ulanylmagynyň zerurlygy.

9. Her bir dersiň öz aýratynlygy esasynda öwrenilmegine çemeleşmek bilen, okuwçylaryň ýetişigi hasaba alnanda dürli usuldan peýdalanmak we olara differensirlenen ýagdaýda bahalary goýmak.

9. Sargyt № 1339

**OKUWÇYLARYŇ BILIMLERINI BARLAMAGYŇ WE BAHALANDYRMAGYŇ GÖRNÜŞLERI**

- **GÜNDELIK BARLAG**
- **TEMATIK BARLAG**
- **JEMLEÝJI BARLAG**

Bilimi, başarnygy hasaba almagyň, barlamagyň, bahalandyrmagyň bellibir ulgamy bar. Şolaryň käbir görnüşleri barada gysgaça durup geçeliň!

**1. Gündelik barlag.** Bilimiň gündelik hasaba alnyşy diýlende, geçilen temalary okuwçylaryň näderejede özleşdirendiklerini her gün, her sapakda yzygiderli barlap, bahalandyryp durmaklyk göz öňünde tutulýar. Munuň özi çärýekleriň aralygynda okuwçylaryň bilim derejesini, tejribe başarnygyny hasaba almak niýeti bilen yzygiderli geçirilip durulýan okuw işidir. Bilimleri, başarnyklary we endikleri gündelik barlamagyň amala aşyrylmagy okuwçylara sistematik okuw işini öwretmegiň, olaryň sapaklaryna ýetişmezliginiň öňüni almagyň täsirli serişdeleriniň biridir.

Mekdepde yzygiderli öwrenilýän maksatnama materialyny okuwçylaryň neneňsi özleşdirendiklerini, öýe berlen ýumşy nädereje-de ýerine ýetirendiklerini her gün, her bir sapakda barlap durmak okuwçylaryň öz alan bilimini ýatdan çykarmazlygy, ony aňynda berkidip hem iş ýüzünde ulanyp bilmegi üçin peýdalydyr. Mugallym sapakda bir temanyň ýa bölümiň talabalaýyk özleşdirilendigini anyklamak bilen, okuwçylaryň üstünliklerini we kemçiliklerini belleýär, okuw materialynyň beýleki bölümini öwrenmäge geçip boljakdygyny ýa bolmajakdygyny kesgitleýär.

Gündelik barlagda mugallym geçilen materialyň iň esasy ýerlerini, täze tema bilen baglanyşykly bolan taraplaryny gaýtalamaga hem

berkitmäge aýratyn üns berýär. Öwredijilik ähmiýeti bolan gündelik barlag hem okuwçylaryň, hem mugallymyň işindäki ýetmezçiligi ýok etmäge, okuw işlerini has netijeli edip guramaga gerekli şertleri döredýär.

Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini gündelik hasaba almak, çagalary yzygider işlemäge, olarda ahlagyň we erkin hillerini kemala getirmäge ýardam edýär.

Başlangyç synplarda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini gündelik hasaba almaklyga esasy orun berilýär.

Okatmaklygyň ilkinji döwründe çagalaryň her bir ädimini barlap durmak hökmandyr. Çagalaryň okamakda we bilim almakda tejribesiniň bolmandygy üçin, olar öz işiniň diňe mazmunynda köp ýalňyşlyk goýbermän, eýsem, ol işleri ýerine ýetirmegiň usullarynda hem gödek ýalňyşlyklary goýberýärler. Ýalňyş iş usullarynyň birnäçe gezek gaýtalanmagy okuwçylarda nädogry endikleriň we adatlaryň döremegine getirýär. Okuwçylarda dörän bu nädogry endikleri we adatlary düzetmek bolsa örän kyn bolýar. Şonuň üçin hem, çaga has ýaş boldugyça onuň edýän hereketine, işine yhlasly we her hili ýol bilen gözegçilik etmek gerek.

Gündelik hasaba almagyň netijesini mugallym synp kitabynda, okuwçynyň gündeliginde belleýär. Çärýegiň, ýarym ýyllygyň we okuw ýylynyň ahyrynda okuwçylaryň ol ýa-da beýleki ders boýunça alan bahalary jemlenilýär. Şeýle etmek bilen, mugallym okuwçylaryň bilimlerine tötänden baha goýman, eýsem, hasaply, dogry bahalary ol ýa-da beýleki ders boýunça okuwça goýýar.

Başlangyç synplarda okuwçylaryň işine syn etmeklik olaryň bilimlerini gündelik hasaba almaklyk gözegçilik etmek ýyl boýunça amala aşyrylýar. Mugallym okuwçylaryň gürrüňini diňleýşine, olaryň her hili işleri ýerine ýetirişine, özlerini tertipli alyp barşyna, sapaga işjeň gatnaşyşyna, ol ýa-da beýleki öwrenilýän tema we okuwa bolan garaýşyna gözegçilik edýär.

Okuwçylaryň akylynyň, aňynyň ösmeginde gözegçiligiň ähmiýeti hem ýokarydyr. Okuwçylara ýekelikde çemeleşmekde, okuw-terbiýeçilik işini meýilnamalaşdyrmakda gözegçiligiň netijesinde ýygnalan material esasy orna eýedir. Haçanda mugallym okuwçynyň işine hemişe gözegçilik edip dursa, gözegçiligiň esasy ýerlerini belle-

se, okuwçylaryň bilimini, başarnygyny we endigini bahalandyranda ýalňyşlyk goýbermeýär.

Çagalaryň okaýyşlaryna, olaryň özlerini alyp baryşlaryna, buýrulan işleri ýerine ýetirişlerine yzygiderli gözegçilik etmek – olaryň hemmetaraplaýyn ösmegine, okuwa bolan gyzyklanmasynyň ýokarlanmagyna we jogapkärçilik duýgusynyň artmagyna getirýär. Gündelik hasaba almak her gün amala aşyrylýandygy we okuwçylaryň okuw işine hemişe täsir edýändigi üçin esasy hasaplanýar.

**2. Döwürleýin hasaba almak.** Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini döwürleýin hasaba almaklyk gündelik hasaba almagyň esasynda amala aşyrylýar hem-de okuw maksatnamasynyň bir bölümi öwrenilip bolandan soň, her çärýegiň ahyrynda hem ýarym ýyllygyň soňunda geçirilýär.

Ýokary synplarda käbir dersler boýunça ýazuw we tejribe işlerini ýerine ýetirmek, dilden jogap bermek netijesinde döwürleýin hasaba almaklyk ýerine ýetirilýär hem-de bellenilen bölümler, temalar boýunça okuwçylara hasap goýulýar. Barlanjak bölümler, temalar maksatnama esasynda mugallym tarapyndan meýilnamalaşdyrylýar.

**3. Tematik barlag**. Bir temany tutuşlygyna gaýtalamak, umumylaşdyrmak üçin ýörite sapaklar guralyp, onda şol temanyň (ýa-da bölümiň) okuwçylar tarapyndan neneňsi özleşdirilendigini anyklamak maksady bilen geçirilýän barlaga **tematik** barlag hem diýilýär. Kämahallar, eger mugallym zerur diýip hasap etse, maksatnama materialynyň aýry-aýry temalary ýa bölümleri geçilip gutarylandan soň, olaryň nähili özleşdirendigini, ýatda saklandygyny anyklamak üçin ýörite sapaklar guralyp (jemleýji we gaýtalamak sapagy), okuwçylaryň bilimleri barlanylýar hem hasaba alynýar. Şonda gaýtalanýan temanyň ýa bölümiň mazmuny tutuşlygyna däl-de, onuň has möhüm taraplary üns merkezinde saklanylýar.

Tematik barlag geçirmeklik başlangyç synplarda çäklendirilen ýagdaýda amala aşyrylýar.

Temalar boýunça hasaba almagyň esasy maksady okuwçylaryň kem-kemden iki-üç, birnäçe soragy jemläp, ol soraglara jogap berip bilmeginden ybaratdyr.

**4. Jemleýji barlag.** Bilimiň jemleýji barlagy diýlende bilimiň, başarnygyň çärýegiň, ýarym ýylyň ahyrynda, okuw ýylynyň soňunda jemleýji häsiýetde barlanylyşy hem bahalandyrylyşy nazara alynýar. Bilimiň bu hili hasaba alnyşy bilimiň gündelik hasaba alnyşyna esaslanýar, çünki mugallym her çärýegiň, ýarym ýylyň ahyrynda ýa tutuş okuw ýylynyň soňunda okuwçylaryň bilimini, başarnygyny jemläp hasaba alanda, maksatnama materialynyň haýsy bölümleriniň näderejede özleşdirilendigini göz öňünde tutmaly bolýar.

Umuman aýdanymyzda, okuwçylaryň bilimlerine çärýeklik, ýyllyk baha goýlanda, esasan, olaryň öňki bilimine esaslanmak pedagoglara häsiýetli bolan sypatlardyr diýmek bolar. Emma beýle diýildigi okuwçylaryň bilimlerini bellibir ulgama salmak, jemlemek ünsden düşürilýär diýildigi däldir.

Döredijilikli işleýän ussat pedagoglar haýsy okuwçynyň okuw işine, akyl zähmetine näderejede ukyplydygyny, kimiň nämä ökde, nämä asgyndygyny, tejribe başarnygynyň nähilidigini örän gowy bilýärler. Şeýle-de bolsa çärýegiň, ýarym ýylyň ahyrynda, okuw ýylynyň soňunda bilimi, başarnygy jemläp hasaba almak, oňa degişli baha bermek okuwçylary has tijenip taýýarlyk görmäge itekleýär, olarda borçlulyk duýgusyny döredýär.

Okuwçylaryň bilimini, başarnygyny tutuşlygyna göz öňüne getirmekde, ol barada bellibir netijä gelip, pikir ýöredip bilmekde **synaglaryň (ekzamenleriň) aýratyn** ähmiýeti bar.

Mekdep okuwynyň hilini gowulandyrmak maksady bilen ***1944--45-nji okuw ýylyndan başlangyç, ýediýyllyk, orta mekdepleri gutaranlar üçin hökmany*** **gutardyş synaglary (ekzamenleri) girizilipdi**. Orta mekdebi üstünlikli tamamlan okuwçylary altyn we kümüş medallary bilen sylaglamak bellenildi. Şondan soňky ýyllarda gutardyş we geçiriş synaglary babatynda ençeme özgerişler bolup geçdi.

Gutardyş we synpdan synpa geçiriş synaglaryň düzgünleri Bilim ministrligi tarapyndan bellenilýär, soragnamalaryň soraglary hem ministrlik tarapyndan hödürlenilýär.

Umuman aýdanymyzda, synaglar (ekzamenler) okuwçylar üçin, şol sanda mugallymlaryň özleri üçin hem möhüm synagdyr. Şoňa görä oňa öňünden ykjam taýýarlyk görmek talap edilýär.

Synaglar bir topar guramaçylyk-usuly çäreleriň durmuşa geçirilmegini, soragnamalaryň soraglary boýunça konsultasiýalaryň guralmagyny, sorag-jogaplaryň alşylmagyny, okuwçylaryň özbaşdak taýýarlanmaklary üçin mümkinçilikleriň döredilmegini, zerur bolan okuw-görkezme esbaplarynyň, beýleki serişdeleriň taýýarlanyp goýulmagyny, mahlasy, synaglaryň talabalaýyk geçmegi üçin ähli şertleriň döredilmegini talap edýär.

Bilimi, başarnygy barlamagyň birgiden usullary okuw jaýlarynyň tejribesine mäkäm ornaşyp gitdi.




**Dilden soramak**. Bu usulyň giňden ýaýran 4 görnüşi bar: 1) *indiwidual soramak;* 2) *frontal soramak;* 3) *bir wagtda birnäçe*

*okuwçydan soramak; 4) sapagyň dowamynda okuwçynyň işjeň gatnaşygyna baha bermek.*

Okuwçylaryň bilim derejeleri dilden barlanan döwürde, olaryň alýan bilimlerini tejribede peýdalanyp bilmekligine, mesele, mysallar çözmekde, sözlemleri grammatik derňew etmekde peýdalanyp bilmekligine seredilýär.

Köp mugallymlar däp boýunça öý işi barlaýan wagtynda dilden barlamaklygy ulanýarlar. Emma tejribeli, öňdebaryjy mugallymlar şeýle usuldan çetde durýarlar. Öý işi barlamaklyga sapagyň diňe bir döwri hökmünde seredýärler. Öý işleriniň dilden barlanylmagy bilimleriň pugtalandyrylmagyna we kämilleşdirilmegine getirýär.

Bilimleri dilden barlamagyň bilim berijilik we terbiýeçilik häsiýeti bolmalydyr. Oňa mugallym yhlas bilen taýýarlanmalydyr. Ilki bilen, ol haýsy okuwçydan soramalydygyny belleýär, beriljek soraglaryň hem birnäçesini depderine belleýär. Okuwçylaryň bilimlerini dilden barlamaklyk yzygiderli alnyp barylýar. Bilimleriň yzygiderli barlanyp durulmagy okuwçylary terbiýelemeklige we bilim bermeklige uly ýardam edýär. Eger-de okuwçydan çärýegiň dowamynda iki-üç gezek sapagy sorasaň, onda mugallymyň şol okuwçyny doly okadyp we terbiýeläp bildigi däldir. Şony her bir mugallym berk ýatda saklamalydyr.

**Dilden barlamaklygyň esasy görnüşleri şu aşakdakylardyr:**

*a*) ýekelikde (indiwidual) barlamak;

*b*) köpçülikleýin (frontal);

*ç*) gatyşyk barlamak.

***1. Ýekelikde barlamak*** mugallymyň ol ýa-da beýleki okuwçynyň bilimini, başarnygyny we endigini doly barlamak maksady bilen geçirilýär. Düzgün boýunça ýekelikde barlananda okuwçy tagta çagyrylýar. Eger-de okuwçy jogabynda görkezme esbaplardan peýdalanmasa, ýazyp görkezmese ol duran ýerinden hem jogap berip biler. Ýekelikdäki barlagda okuwçynyň materialy doly özleşdirendigi ýa-da özleşdirip bilmändigi, öwrenen zadyny tejribede ulanyp biljekmi ýa-da bilmejekligi göz öňünde tutulýar.

Haýsy okuwçydan soramalydygyny mugallym öňünden belläp geçýär we geçilenleri soranda bir ugur bilen soraman, eýsem, her hili

usullardan peýdalanýar. Geljek sapakda kimden sorajakdygyny mugallym okuwçylara duýdurmaly däldir. Haçanda okuwçylar kimiň indiki sapakda jogap bermelidigini bilmese, olaryň ählisi-de sapaga yzygiderli taýýarlanyp gelýär. Geçilen temany näçe okuwçydan soramaly we näçeräk wagt sarp etmelidigi temanyň möçberine bagly bolýar. Sapagyň köp bölegini geçileni soramaklyga bermeklik talabalaýyk däldir.

Okuwçylaryň jogabyna ähli okuwçylaryň ünsüni çekmek, sapagyň şu bölümine okuwçylary işjeň gatnaşdyrmak mugallymyň esasy borjudyr. Bu bolsa okuwçylaryň hemmesine ýüzlenip, sorag bermek, soňra öňünden soraljak okuwçylardan soramak bilen amala aşyrýar. Şeýlelikde, ýekelikdäki barlamaklyk frontal barlamaklyk bilen utgaşykly alnyp barylýar.

Dilden soramagyň ýokarky görnüşleri sapagyň belli-belli döwürlerinde, barlag işleri bilen baglanyşykly ýörite geçirilýän sapaklar, goşmaça okuw sagatlarynda durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, türkmen dilinden «Çalyşmalar» diýen tema öwreniljek bolnanda, ony öňki geçilen temalar bilen baglanyşdyrmak zerurlygy ýüze çykýanlygy sebäpli, frontal sorag arkaly atlar, sanlar, sypatlar gaýtalanýar hem okuwçylar täze temany özleşdirmäge taýýarlanylýar.

Ýekeleýin soramak diýlende öňe çagyrylan her bir okuwçynyň orta atylan soraga aýratynlykda jogap bermegi göz öňünde tutulýar. Mugallym bilimi barlamagyň bu usulyny peýdalanmaklyga öňünden pugta taýýarlanmaly bolýar. Ol kimden sorajakdygyny, nähili soraglary orta atjakdygyny, dilden jogap berýän okuwçy asgynlyk çekse näme etjekdigini öňünden anyklaýar. Mugallym indiwidual soragy amala aşyrýan mahalynda, okuwçynyň berýän her bir jogabyny üns berip diňlemegi, gerek ýerinde oňa kömek bermek üçin beýleki okuwçylary çekmegi netijeli edip guraýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, orta atjak soraglarynyň ulgamyny pugta oýlanyp düzýär hem ony öňden taýýarlap goýýar. Ol her bir okuwçyny pikirlenmäge, ara alyp maslahatlaşylýan meselä goşulyp gidibermäge mejbur edýän soraglary orta atmagy ünsden düşürmeli däl. Soraglar anyk hem düşnükli, gysga hem ünsüni çekiji bolmaly. Olar bir-birleriniň üstüni ýetirip durmaly, özem kem-kemden çylşyrymlaşýan häsiýetde, şol bir wagtyň özünde-de her bir okuwçynyň güýjüne, başarnygyna laýyk bolmaly.

Mugallym indiwidual soragy geçirende hem bilime baha berende, okuwçylaryň pikirleniş işiniň, özbaşdaklygynyň, erjelliginiň näderejede ösýändigini, öz pikirini logiki baglanyşykda, döredijilikli beýan edip bilýändigini, goşmaça edebiýatlardan peýdalanmagy başarýandygyny ýüze çykarýar. Bir-biriniň üstünligine guwanýan, şowsuzlygyna gynanýan jebis hem agzybir synp toparyny döretmek hem berkitmek ugrunda çalyşýar. Munda mugallymyň emosional keýpiniňem aýratyn hyzmaty bar. Mugallym mydama şähdaçyk, ruhubelent, adyl hem prinsipial bolmalydyr.

Dilden soramagyň beýleki görnüşlerinde edilişi ýaly, ýekeleýin soramak geçirilende-de soraglaryň meýilnamasyny öňünden taýýarlamagyň möhüm ähmiýeti bar.

Okuwçylary özbaşdak pikirlenmäge mejbur etmeýän soraglary orta atmak peýdasyzdyr. Her bir sorag okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutmalydyr hem olaryň pikirleniş işini ösdürmäge ýardam etmelidir.

Mugallym öz soragyna doly jogap almaga çalyşmalydyr.

**2**. ***Bilim köpçülikleýin (frontal)usuly bilen barlanylanda*** gürrüň usuly bütin durky bilen uly güýje girýär. Mugallym az wagtyň dowamynda birnäçe okuwçydan sorap hem degişli jogap alyp bilýär. Ol öňden taýýarlap goýan soraglaryny orta atyp, islän okuwçyny jogap bermäge çekip bilýär. Munuň tutuş synpy işjeň ýagdaýa geçirmekde, okuwçylary durky bilen gulaga öwürmekde ähmiýeti az däl. Mugallym soramagyň frontal usulyny ýerlikli peýdalanmak bilen öňki geçilenleri-de, ýap-ýaňyja özleşdirilenleri-de okuwçylaryň aňynda täzeden dikeltmegi ýola goýup bilýär. Şeýle hem, mugallymyň öz aňynda-da jogap bermäge gatnaşýanlaryň hersiniň bilimi, başarnygy barada düşünje emele gelýär.

Köpçülikleýin soramak – wagty tygşytlamaga, ýagny gysga wagtyň içinde birnäçe okuwçynyň materialy neneňsi özleşdirendigini hasaba almaga, olaryň bilim derejesini deňeşdirip görmäge hem belli netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Gürrüň görnüşinde dilden soramagyň bu usuly sapakda okuwçylaryň işjeňligini ýokarlandyrýanlygy, olaryň ünsüni diňe okuw işine gönükdirýänligi bilen hem ähmiýetlidir. Şonuň üçin mugallym köpçülikleýin soraga hemme okuwçylary çekmelidir.

Köpçülikleýin (frontal) soramak arkaly: a) öňki synplarda, çärýeklerde geçilen temalar barada okuwçylaryň düşünjeleri; b) olaryň täze tema bilen baglanyşykly geçilen materiallary bilişleri; ç) sapakda ýaňyja düşündirilen materiallary neneňsi özleşdirendikleri; d) mysallary we meseleleri okuwçylaryň nähili işländikleri; e) her bir soraga döredijilikli hem özbaşdak jogap berişleri, şeýle hem, bilimleriň, başarnyklaryň beýleki taraplary anyklanylýar.

**3. Gatyşyk (*bir wagtda birnäçe okuwçydan soramak*) usuly** peýdalanylanda, bir okuwçy dilden jogap berýär, öňe çagyrylan okuwçylaryň beýleki biri, ýa ikisi bolsa synp tagtasynda haýsydyr bir ýumşy özbaşdak ýerine ýetirýär. Gatyşyk usul bilen okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlamaklyk bir wagtyň özünde birnäçe okuwçydan geçilen materialy soramaklyk netijesinde durmuşa geçilýär. Mysal üçin, bir okuwçy geçilen tema degişli çyzgyny çyzyp, jogaba taýýarlanýar. Şu wagtyň özünde okuwçylaryň birnäçesi bolsa oturan ýerlerinde ýekelikdäki ýazuw ýa-da tejribe işleri ýerine ýetirýärler. Gatyşyk usul bilen geçilenleri soramaklygyň has amatly bolmaklygy şol bir gysga wagtyň içinde okuwçylaryň birnäçesinden mugallymyň geçilen temany doly sorap bilmeginden ybaratdyr.

Geçilen material gatyşyk usul bilen soralanda, mugallym tarapyndan berlen işi özbaşdak ýerine ýetirýän okuwçylar synpyň işine doly gatyşyp bilmeýärler. Şol bir wagtyň özünde mugallymyň dilden gürrüň berýän okuwçynyň jogabyny diňlemegi, beýleki işi ýerine ýetirýän okuwçylara gözegçilik etmegi we synpyň beýleki okuwçylarynyň hemmesini işjeň sapaga gatnaşdyrmagy örän kyn bolýar. Şonuň üçin hem, gatyşyk usul bilen geçilenleri soramaklyga örän köp okuwçyny çekmezlik maslahat berilýär. Oňa 3 – 5 okuwçydan köp gatnaşmaklyk maslahat berilýär.

Bu usul haçanda okuwçylaryň geçilen temany doly özleşdirendigi mugallym anyklandan soň, bir wagtyň özünde birnäçe okuwça baha goýlan halatynda giňden ulanylýar.

Bu usulyň wagtdan tygşytly peýdalanmakda ähmiýeti az däl, ýöne şeýle edilende mugallymyň ünsi üç-dört ýere bölünmeli bolýar. Şeýle-de bolsa, işine ussat mugallymlar bu usuldan ýerlikli hem netijeli peýdalanmagy başarýarlar.

Kähalatlarda mugallym sapagyň dowamynda okuwçynyň ***işjeň gatnaşygyna görä bahalandyrýar***. Bu okuwçy sapakda beýleki okuwçylaryň beren jogaplarynyň üstüni ýetirýär, kemçiliklerini, ýalňyşlaryny düzedýär, mugallymyň ýakyn kömekçisi bolup, mysal getirişýär, umuman, sapaga işjeň gatnaşýar.

**Bilimiň, başarnygyň ýazuw üsti bilen barlanylyşy**. Okuwçylar tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli görnüşli, dürli häsiýetli ýazuw işleri *(gönükmeler, beýannamalar, barlag işleri, soraglara ýazuw üsti bilen berilýän jogaplar we ş.m.* ) olaryň bilimlerini, başarnyklaryny barlamak hem bahalandyrmak işinde möhüm ähmiýete eýedir. Barlagyň bu görnüşi has amatlydyr. Şo bir gysga wagtyň içinde mugallym synpyň ähli okuwçylarynyň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini barlap, umumy synpyň ýa-da her bir okuwçynyň bilim derejesini kesgitleýär.

Öýde ýerine ýetirilýän ýazuw işleriniň okuwçylar tarapyndan özbaşdak ýerine ýetirilendigini barlamaklyk mugallyma örän kyn düşýär.

Barlag-ýazuw işleri synpda geçirmeklik okuwçylary taraplara (çepe, saga) bölmek netijesinde amala aşyrylýar. Synp diktantlary ýazylanda bolsa okuwçylary taraplara bölmeklik bolmaýar.

Barlag-ýazuw işleri geçirilende mugallym okuwçylaryň geçirilýän barlag işlere aňly-düşünjeli gatnaşmagyny gazanmalydyr.

Mugallym ýazuw işleriniň üsti bilen okuwçylaryň nazaryýetde öwrenen bilimlerini tejribede ulanyp bilişlerine, okuw işine bolan garaýşyna, erjelligine, höwesine hem, ymtylyşyna göz ýetirýär, özüniň okuw işinde gazanan netijesini, goýberen hatasyny görüp bilýär. Bu ýagdaý mugallyma geljekde nämä üns bermelidigini salgy berýär.

Okuwçylaryň her bir ýazuw-grafiki işi onuň nazaryýeti biliminiň tejribede beýan edilişidir, özbaşdak ýerine ýetiren zähmetidir. Okuwçy öz zähmetiniň netijesine, nazaryýet bilimini tejribe iş bilen utgaşdyryp bilşine diýseň guwanýar, zähmetine mynasyp baha berlende bolsa, onuň okuw işine bolan höwesi artýar, ol üstünlige ymtylýar, bilimindäki ýetmezçiligiň öwezini dolmaga çalyşýar. Bu bolsa mugallymyň ýazuw işlerini yzygiderli barlap durmagyny, olara gijikdirmän, öz wagtynda baha bermegini, goýberlen kemçilikleri synpda köpçülikleýin işläp geçmegini talap edýär.

Mälim bolşy ýaly, okuwçylar öýe berlen ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirýärler. Şoňa görä oňa nädip işlemelidigini hut synpda düşündirmek hökmandyr.

Okuwçylar synpda we öýde ýazuw işleriniň dürli görnüşlerini ýerine ýetirýärler***: barlag diktantlaryny, beýannamalar, düzmeler ýazmak, mysallar we meseleler çözmek, çyzgylar, diagrammalar, tablisalar döretmek, suratlar çekmek we başgalar.***

Barlag diktantlary diňe bir dil sapaklarynda däl, eýsem taryh, himiýa, geografiýa ýaly sapaklarda-da ýerlikli peýdalanylýar. Ýazuw işleri arkaly okuwçylaryň bilimlerini barlamagy guramakda we geçirmekde aýry-aýry dersler boýunça neşir edilen ýumuşly kitapçalaryň uly ähmiýeti bar. Şeýle kitapçalar okuwçylaryň özbaşdak işläp bilmegine, wagtyny tygşytlamagyna (gönükmeleriň, mysallaryň şertlerini, gaýta-gaýta ýazmak, suratlary, kartalary, diagrammalary döretmek üçin sarp etmezligine) mümkinçilik berýär.

Okuwçylaryň bilimlerini manysyna üns bermän barlamagy mugallym maksat edinmän, eýsem, olaryň yzygider pikirlenmesini ösdürmäge çalyşmalydyr. Şonuň üçin käbir barlag işler ýerine ýetirilende okuw kitaplaryndan, sözlüklerden we beýleki gollanmalardan peýdalanmaklyga okuwça rugsat bermeklik ýerliklidir. Soňky döwürlerde programmirlenen okuwyň elementleriniň girizilmegi netijesinde, başlangyç synplarda käbir ýazuw-barlag işlerini ýerine ýetirmeklige wagty az sarp etmek maksady bilen okuwçylaryň dürli tabşyryklary özbaşdak ýerine ýetirip bilmegi üçin her hili ýumuşly depderler çapdan çykarylýar. Mysal üçin, nokatlaryň ýerini sözler, harplar, belgiler, sanlar bilen doldurmak. Bular ýaly depderler okuwçylar bilen işlemegi we olaryň bilimlerini barlamagy ep-esli derejede ýeňilleşdirýär. Okuwçylaryň bilimlerini we başarnyklaryny, endiklerini hasaba almaklyk okuwçynyň özüniň nähilidigini görmegine kömek edýär. Aňlaýjylyk ukyplaryny, isleglerini ösdürmäge kömek edýär. Ol okuwçyda beden, ahlak, gözellik hilleriniň ösmegine täsir edýär. Ol okuwçynyň güýjüni we wagtyny ýerlikli guramaga kömek berýär.

## Bilimi barlamagyň esaslary (prinsipleri)

Bilimi, başarnygy hasaba almak, barlamak hem bahalandyrmak işi ylmy taýdan esaslandyrylan, mekdep durmuşynda barlanyp görlen esaslaryň we usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Ine, şol esaslaryň käbiri.

***1. Adalatlylyk hem aýanlyk esasy*** – okuwçynyň bilimini, başarnygyny dogruçyllyk bilen hakyky barlap, delillendirip bilmegi, synpdaşlarynyň öňünde ynandyryjy edip bahalandyrmagy göz öňünde tutýar. Bu esasyň mekdep tejribesine işjeň ornaşdyrylýanlygyny öňdebaryjy mugallymlaryň iş tejribeleri subut edýär.

Kähalatlarda bilime berilýän bahalaryň dogrudygy, ýa nädogrudygy hakynda okuwçylaryň pikirini bilmek okuw işiniň demokratik häsiýetini güýçlendirýär. Okuwçylaryň öz synpdaşlarynyň dilden berýän jogaplaryna, ýazuw üsti bilen ýerine ýetiren ýumuşlaryna, okuw işi bilen baglanyşykly beýleki işlerine baha berip bilmekleri hem oňlanylýan tejribeleriň hataryna girýär.

Bu esas amala aşyrylanda, mugallymyň ahlak sypatlary bütin durky bilen äşgär bolýar.

Adalatlylyk hem aýanlyk esasy – ähli okuwçylaryň bilimlerini barlamagy aç-açan we şol bir kriteriýalar boýunça geçirilmegini talap edýär. Anyklamak işinde ýüze çykarylan her bir okuwçynyň bilim derejesi açyk, deňeşdirme häsiýetde bolýar. Bu ýörelge bahalaryň aç--açan aýdylmagyny talap edýär. Baha – bu okuwçylaryň olardan edilýän talaplary, mugallymyň obýektiwligini bilmekleriniň görkezijidir. Bu ýörelgäniň wajyp şertleriniň biri hem bir barlagyň netijeleriň jemlerini jemläp, ony aýtmagy, olary gyzyklanýan adamlaryň gatnaşmagynda maslahatlaşmagy we seljermegi ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmegiň perspektiw (ösüş) meýilnamalarynyň düzülmegidir.

***2. Bilimiň töwerekleýin barlanmak esasy*** – maksatnama materialyny okuwçylaryň tutuşlygyna näderejede bilýänligini ýüze çykarýar.

***3. Bilimiň, başarnygyň bellibir ulgamda barlanmak esasy*** – okuwçylaryň bir gezekki beren jogaplary bilen kanagatlanman, her bir sapaga yzygiderli taýýarlanyp gelmeklerini üpjün edýär. Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny anyklamagy, gözegçilik et-

megi, barlamagy we bahalandyrmagy olaryň öwreniliş logiki yzygiderliginde amala aşyrmaly.

Bellibir ulgamda barlanmak esasynyň talaplary – bilimi, başarnygy hasaba almak, barlamak hem bahalandyrmak işi okuw işiniň ähli etaplarynda ilkinji kabul etmekden tä bilimleriň tejribede ulanylyşyna çenli geçirmekdir. Bu ulgam mekdepde okaýan ähli okuwçylaryň okuwyň birinji gününden tä soňky gününe çenli hemişe barlag, gözegçilik astynda bolmagyny talap edýär. Onuň üçin mekdep gözegçiligini wagtly-wagtynda geçirip, okuwçylaryň bilimlerini we ýerine ýetirmeli maglumatlaryny barlamaly. Ulgamlylyk ýörelgesi, anyklamagy, bir maksada boýun bolýan gözegçiligiň, barlagyň, bahalandyrmagyň dürli görnüşlerini, usullaryny we serişdelerini berk arabaglanyşykda we bitewülikde toplumlaýyn geçirmegi talap edýär. Bu çemeleşme aýry-aýry usullary we anyklaýyş serişdeleriniň uniwersal ulanylyşyna ýol bermeýär.

***4. Her bir okuwçynyň häsiýetli aýratynlygyny göz öňünde tutmak esasy*** – zehinli, ukyply hem olardan gowşak okuwçylara aýry-aýrylykda çemeleşmegi, olaryň psihologik hem fiziologik aýratynlyklaryny nazara almagy talap edýär. Başgaça aýdanymyzda, differensirlenen usuldan peýdalanmagy talap edýär.

Her bir okuwçynyň bilimleri, başarnyklary we endikleri özleşdirişiniň, iş ýüzünde ulanyp bilşiniň aýratynlygyny ýüze çykarýar. Sebäbi okuwçylaryň käbiri sapagy ýeňillik bilen özleşdirýär, beýlekisi onuň tersine, haýsydyr bir temany öwrenmäge ençeme wagt sarp edýär. Okuwçylaryň özleşdiren sapagyny ýatda saklaýyşlary, sapak wagtynda beýan edişleri-de deň däl. Şoňa görä, olaryň hersine aýratynlykda çemeleşmek gerek bolýar.

Okuwçylaryň bilimlerini barlamaklyga we bahalandyrmaklyga degişli pedagogik ýagdaýlar:

Okuwçylaryň bilimleri barlanylyp baha berlende, ownujak diýlip hasap edilýän ýalňyşyň okuw-terbiýeçilik işine, mugallymyň abraýyna uly zyýan ýetirmegi mümkindir.

Şu ýerde käbir mysallara ýüzleneliň.

**1-nji mysal.** Öý ýumuşlaryny birkemsiz ýerine ýetiren okuwçy mekdebe gelýär. Ol päk zähmetden lezzet alýan her bir adam ýaly, arkaýyn hem şähdaçyk, jogap bermäge-de taýyn.

Ine, ol öňe çykýar. Ilki, biraz tolgunýar, soňra özüni ele alýar, pikirini jemläp, soraga jogap bermäge başlaýar. Birdenem özüniň aýdan zatlaryna hiç bir üns bermedik görnüşde oturan mugallyma onuň nazary düşýär. Okuwçynyň keýpi gaçýar. Onuň kellesine: «Näme, men biderek zatlary samrap otyrmykam, meniň berýän jogabym nädogrumyka? Mugallym näme sebäpden meniň gürrüňimi diňlemeýärkä?» diýen pikir gelýär. Ol gürrüň bermesini goýýar-da dymýar. Biraz wagtdan soň mugallym oňa ýüzlenip: «Gutardyňmy? Ilki erbedem başlamadyň welin, soňuny bulaşdyraýdyň. Jogabyň zordan 3-lük» diýip, baha berýär. Çaganyň keýpihonlugy zym-zyýat bolýar. Mugallymyň öz beren bahasynyň öňünde «zordan» sözüni goşmagy oňa has hem ýokuş degýär, çaganyň okamaga bolan höwesi gaçýar.

**2-nji mysal.** Gowşagrak hasaplanýan bir okuwçy öňe çagyrylýar. Ol ýuwaş-ýuwaş jogap bermäge başlaýar. Birdenem mugallym onuň sözüni bölüp sorag berýär. Okuwçy dymýar. Mugallym biraz soň: «Okadyňmy? Taýýarlanan bolsaň, şunuň ýaly ýönekeýje soraga jogap berip bilmän durmazdyň. Ýaltalyk edipsiň. 2-lik otur» – diýýär.

Hakykatda welin, okuwçy köp zatlary öwrenipdi, entek bilýänlerini aýdyp berjekdi, onuň sözüni bölmeli däldi, gaýta, ony ugrukdyryp goýbermek gerekdi. Hiç bolmanda ony ruhy taýdan ýepbeklemeli däldi ahyryn. Ol häzir özüniň yhlas bilen çeken zähmetine laýyk bolan baha – 3-e mynasyp boljakdy. Oňa has başarjaň okuwçylaryň 5-ligine guwanyşy ýaly guwanjakdy. Indi ony häzirlikçe jogap bermäge taýýarlamak, gör, näçe kynçylyklar bilen baglanyşykly bolar.

**3-nji mysal.** Sapagy gowy özleşdiren okuwçy öz pikirini yzygiderli, özara baglanyşykly beýan edip başlaýar. Ol entek şu sorag barada bilýän zatlarynyň ýarysyny hem aýdyp gutarmanka, mugallym onuň sözüni bölýär. Okuwçynyň etjek gürrüňini, aýdyp biljek pikirini mugallymyň özi dowam etdirýär. Soňundanam: «Örän gowy taýýarlanypsyň, 5-lik» diýip baha goýýar.

Biz şeýlelikde, käbir mysallary görüp geçdik. Ýöne faktlaryň, esasan, entek baý iş tejribesi bolmadyk ýaş mugallymlara degişlidigini bellemek gerek.

***Pedagogik işe ökdelän ussat mugallymlar okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we tejribe endiklerini öwrenmäge, hasaba almaga***

***hem baha bermäge ykjam taýýarlanýarlar, netijede, bu işi didaktikanyň talaplaryna laýyklykda geçirmegiň hötdesinden gelýärler.***

## Bilime berilýän bahalar

Okuwçynyň özleşdiren bilimi, tejribe başarnygy yzygiderli, töwerekleýin öwrenilip, barlanylyp hem bahalandyrylyp durulýar. Şonda mugallym dilden berilýän jogaplaryň, ýazuw üsti bilen ýerine ýetirilýän dürli görnüşli ýumuşlaryň hilini, döredijilikli häsiýetini göz öňünde tutýar.

Okuw işinde özbaşdak oýlanylyp berilýän döredijilikli jogaplar hemişe-de höweslendirilip durulmagyna mynasypdyr. Şol nazaryýetden seredeniňde, mugallym okuwçydan diňe bir özüniň düşündiren, ýa bolmasa, okuw kitabynda berlen maksatnama materialyny aýdyp bermegi talap etmek bilen oňňut edip bilmez.

### Bilime berilýän bahalar barada taryhy maglumatlar.

Okuwçylaryň bilimine onçakly kesgitli bolmadyk ***«kanagatlanarly»*** we ***«kanagatlanarsyz»*** diýen bahalar bermeklik otuzynjy ýyllardan başlandy.

Soňra 1935-nji ýyldan ***«örän ýagşy», «ýagşy», «orta», «ýaman» we «örän ýaman»*** diýlip atlandyrylan bäş bal ulgamy girizildi. Differensirlenen bahalaryň girizilmegi okuwçylarda jogapkärçilik duýgusyny, okuwa bolan höwesi artdyrdy.

1944-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, okuwçylaryň bilimine hem tertibine aýry-aýrylykda baha bermek düzgüni girizildi. Şondan soňky döwürlerde okuwçylaryň bilimine baha bermekligiň düzgüni ençeme üýtgeşmelere sezewar edildi.

### Dünýä ýurtlarynyň baha ulgamy.

Dünýä ýurtlarynyň ählisiniň bilim ulgamynda özboluşly baha görnüşleri bar. Mysal üçin, bir ýurtda 5-lik iň gowy baha bolýan bolsa, beýleki bir ýurduň bilim ulgamynda bu baha kanagatlanarly baha hökmünde hem kabul edilmeýär. Käbir ýurtda bolsa baha sanlaryň üsti bilen däl-de, harplaryň, anyk sözleriň ýa-da bolmasa geçilen dersiň özleşdirilen göterimi arkaly goýulýar. Ilkinji san arkaly baha goýmak usulynyň bolsa **1792**-nji ýylda Angliýanyň Kembrij uniwersitetinde ulanylyp başlanylandygy barada maglumatlar berilýär.

**Tunisiň** mekdeplerinde okuwçynyň bilimine baha bermekde 0-dan 10-a çenli sanlar ulanylýar. Şeýlelikde, 0-uň pes baha, 10-uň ýokary baha hasap edilýär. Kanagatlanarly baha 5-likdir.

**Eýranyň** mekdeplerinde baha ulgamy 20 bilen şertlendirilýär we bu san indi ençeme ýyllardan bäri diňe bir bilim ulgamyna däl, eýsem, halkyň diline hem ornaşypdyr.

**Günorta Koreýanyň** orta mekdeplerinde bilime baha okuwçynyň geçilen dersiň näçe göterimini özleşdirenligi bilen baglanyşdyrylyp goýulýar. Olaryň iň gowy bahasy 100% diýlip, 60-dan aşagy bolsa kanagatlanarsyz baha diýlip hasap edilýär. Koreý dilinde 100-den 60-a çenli bahalar «su, wu, mi, ýang, ga» diýlip atlandyrylýar.

**ABŞ-da** okuwçylaryň bilimine harplar arkaly baha berilýär. A- örän gowy, B+ gowy, B- oňat, C+ ýagşy, C- kanagatlanarly, D+ pes, D- geçiş bahasy, F- kanagatlanarsyz. Bu baha ulgamyny Malaziýa, Tailand ýaly beýleki birnäçe ýurtlar hem ulanýarlar.

**Bolgariýanyň** bilim ulgamynda okuwçylaryň bilimine baha bermegiň görnüşi 6 bilen şertlendirilýär. Synaglardan 6-lyk almak- örän gowy, 5-lik-oňatdan gowy, 4- oňat, 3- ýagşy, 2- kanagatlanarsyz. Göterim hasabynda 6-lyk 50-58% arasy, 2-lik bolsa 0 – 49% arasydyr.

**Daniýada** 2007-nji ýylda ilkinji gezek 7 basgançakly baha ulgamy ulanylyp başlandy. Bu ulgam ýedi dürli bahadan ybarat bolup, olar 12-den 3-e çenli sanlary öz içine alýar. 12-iň ýokary baha bolmak bilen, 3-den aşaky sanlar kanagatlanarsyz hasap edilýär.

**Germaniýada** bolsa Daniýanyňkydan tapawutlylykda 6-lyk iň pes baha, 1-lik bolsa iň ýokary bahadyr.

**Urugwaýda** ýokary bahalar bilen okamak juda kyn. Çünki ol ýerde iň uly baha 12-dir. Synaglardan geçmek üçin 6-lyk bahany almaly. Gowy bahalar hökmünde 10-luk, 11-lik we 12-lik hasap edilýär.

**Okuwçynyň bilimini barlamakda we bahalandyrmakda mugallymyň tutýan orny we onuň baha berýän seljermesiniň ähmiýeti.**

Bilimleri bahalandyrmak bäş bally bahalar bilen amala aşyrylýar. 5 (örän ýagşy), 4 (ýagşy), 3 (kanagatlanarly), 2 (kanagatlanarsyz), 1 (örän ýaramaz).

10. Sargyt № 1339

Okuw ýyly üçin okuw meýilnamalaryny peýdalanmak boýunça ugrukdyryjy görkezmelerde bellenilýär: ähli synplarda okaýan okuwçylara her çärýekde bahalar goýulýar. 1-nji (6ýaşly) synpda okaýan okuwçylara bahalar goýulmaýar.

Biz bilimi barlamagyň we oňa baha bermegiň ýollary barada durup geçdik. Şu ýerde bu tema bilen baglanyşykly meseleleriň ýagdaýlara, talaplara laýyklykda özgerip, üýtgäp durýandygyny hem bellemelidiris.

Okuwçynyň bilimine baha bermek işine has jogapkärli garamak gerek. Okuwçy jogap berip gutarandan soň, mugallym onuň nähili baha mynasyp bolandygyny aýtmak bilen ýa-da «Bolýar, gowy okapsyň», «Köpräk okamak gerek» diýmek bilen çäklenmeli däldir.

Synp dergisiniň öýjüklerinde goýulýan her bir baha belliginiň okuwçynyň çeken zähmetiniň ölçegi bolup durýanlygy sebäpli, ony giňişleýin düşündiriş bilen utgaşdyrmak gerek.

Okuwçy özüniň jogabyna berlen bahadan doly kanagatlanmalydyr, onuň ýoldaşlary-da bahanyň hakykydygyna göz ýetirmelidirler.

Tejribeli mugallymlar şeýle hem edýärler:

«Soraga dogry jogap berdiň. Gowaçanyň ähmiýeti, gurluşy, ösdürilip ýetişdirilişi, sortlary barada öz pikiriňi yzygiderli hem düşnükli beýan etdiň. Jogabyňa 5-lik baha goýsagam boljak. Ýöne gowaçany ösdürip ýetişdirmekde hem ondan bol hasyl almakda ýurdumyzda uly üstünlikler gazanylýanlygy barada aýtmadyň. Bahaň 4-lük».

Şeýle edilende, okuwçy öz jogabynda kemçiligiň bardygyna hem onuň öwezini doldurmak üçin ýene käbir zatlary bilmelidigine, berlen bahanyň dogrudygyna, okuw materialyny durmuş bilen baglanyşdyrmalydygyna gowy düşünýär.

Baha ölçegleri okuwçylaryň dilden berýän jogaplarynyň, ýerine ýetirýän ýazuw-grafik işleriniň hili hem-de göwrümi esasynda kesgitlenilýär.

Okuwçylaryň dilden berýän jogaplaryna baha bermegi, takmynan, şeýleräk kesgitlemek bolar.

**Mekdepde bilime berilýän bahalaryň görnüşleri we olara häsiýetnama.**

**Bilime berilýän bahalar.** Okuwçylaryň dilden berýän jogaplaryna we ýazuw işlerini bahalandyrmagyň aýratynlyklary bardyr.

| baha | Dilden berlen jogaplary bahalandyrmak |
| --- | --- |
| **5** (örän ýagşy) | 1. Okuwçy okuw maksatnamasynyň mazmunyny çuň we doly bilende;<br>2. Okuw materialynyň nazaryýeti we beýleki äheňlerini tapawutlandyranda;<br>3. Doly degişli mysallar arkaly dogry, edebi dilde jogap berende;<br>4. Jogaby ynandyryjy we ýalňyşsyz beýan edende;<br>5. Özbaşdak pikirini, garaýşyny subut edip, beýan edende;<br>6. Okuw maglumatlaryny ylmy dilde, yzygider, döredijilikli beýan edende goýulýar. |
| **4** (ýagşy) | 1. Okuwçy maglumatlaryň mazmunyny çuň we doly bilende;<br>2. Öwrenilen düşünjäni, düzgünnamany, kesgitlemäni, ýagdaýy subut edende we dogry beýan edende;<br>3. Okuwçy jogabynda nätakyklyk goýberende;<br>4. Okuw maglumatlarynyň mazmunynyň şekilinde ýa-da stilinde ýalňyşlyk goýberende;<br>5. Käbir nätakyklyklary, ýek-tük ýetmezçiligi bolan, emma ýokarky talaplary ödeýän jogap üçin goýulýar. |
| **3** (kanagatlanarly) | 1. Okuwçy okuw maglumatlaryny okapdyr, emma esasy ýagdaýlaryna, baglanyşyklaryna düşünmändir;<br>2. Goýberýän ýalňyşlyklaryny okuw maglumatlaryň çuň özleşdirilmedigine şaýatlyk edende;<br>3. Öz pikirini düşündirip bilmäninde;<br>4. Jogabynda bitewülik bolmanynda;<br>5. Käwagt jogaby dogry bolsa-da, pikiri üzlem-saplam bolanda;<br>6. Okuwçy mugallymyň kömegi bilen jogap berende goýulýar. |
| **2** (kanagatlanarsyz) | 1. Okuwçynyň pikirinde bellibir ulgam bolman, üzlem-saplam bolanda;<br>2. Okuwçy birinji derejedäki okuw maglumatlaryny ikinji derejedäkiler bilen, bilimiň nazaryýeti bölümini tejribe bölümi bilen tapawutlandyryp bilmände;<br>3. Okuwçy okuw maglumatlarynyň käbirlerini ýat tutanda, emma onuň jogaby özünem, mugallymam kanagatlandyryp bilmände;<br>4. Bilimiň bu derejesinde okuw maksatnamasynyň maglumatlaryny dowam etdirip bolmaýar;<br>5. Bu hili bilimler okuwçynyň akyl taýdan ösüşine az täsir edýär. |

| | |
|---|---|
| **1** (örän ýaramaz) | 1. Okuwçy maksatnama materialyny bilmände we düşünmände;<br>2. Jogabynda köp gödek ýalňyşlyklary goýberende;<br>3. Bilim derejesiniň bu ýagdaýynda okuwça bilim almak işini dowam etdirmek başartmanda goýulýar. |

### Okuwçylaryň ýazuw-grafik işlerine baha bermegiň ölçegleri

Her bir okuw dersiniň özboluşly aýratynlygy esasynda kesgitlenilýär.

Mysal üçin, okuwçylary türkmen dilinden barlag diktantlaryna goýulýan baha kadalary şeýle:

**«5-lik» baha** – ýalňyşsyz ýazylan işe bir sany gödek däl, orfografik ýa punktuasion ýalňyşy bolan işe goýulýar.

**«4-lük» baha** – 2 orfografik, 2 hem punktuasion ýa-da 1 orfografik we 3 punktuasion, şonuň ýaly hem, orfografik ýalňyşsyz, emma 4 punktuasion ýalňyşly diktantlara goýulýar. 3 orfografik ýalňyşly işlere eger ýalňyşlarynyň arasynda bir görnüşli bolsa, «4-lük» baha goýmak bolar.

**«3-lük» baha** – 4 orfografik, 4 hem punktuasion ýa-da 3 orfografik we 5 punktuasion, şonuň ýaly hem, orfografik ýalňyşsyz, emma 7 sany punktuasion ýalňyşy bolan işlere goýulýar. 5 orfografik we 4 punktuasion ýalňyşly işlere hem «3-lük» baha goýmak bolar. 6 orfografik 5 punktuasion ýalňyşly işlere, eger ýalňyşlarynyň arasynda 3 sany bir görnüşli ýalňyş bolsa, «3-lük» baha goýmak bolar.

**«2-lik» baha** – 7 orfografik we 7 punktuasion ýa 6 orfografik, 8 sany hem punktuasion, şonuň ýaly hem, 5 orfografik, 9 punktuasion ýa 8 orfografik we 6 punktuasion ýalňyşly diktantlara goýulýar.

**«1-lik» baha** – ýokardakylardan köp ýalňyşy bolan diktantlara goýulýar.

Mugallym her bir ýazuw işiniň netijesini köpçülikleýin seljermek üçin mäkäm taýýarlanmaly bolýar. Çünki ýazuw işiniň seljerme öwredijilik häsiýetine eýe bolup, geçilen materialyň ençeme ýerini

gaýtalamak bilen baglanyşyklydyr. Goýberlen ýalňyşlary düzetmek üstünde işlenilende, okuwçy öz-özüne gözegçilik etmegi öwrenýär.

Nazaryýeti bilime, tejribe başarnyga berilýän bahalary parhlandyryp bilmekligi okuwçylara 1-nji synpdan başlap öwretmek, olarda gowy bahalara guwanmak duýgusyny, okuw işine jogapkärli ýapyşmaklygy terbiýelemek gerek.

Dördünji bölüm

# TERBIÝÄNIŇ NAZARYÝETI. TERBIÝÄNIŇ MAKSADY, MAZMUNY, ESASLARY WE ULGAMY

## IV BAP

### Terbiýe barada umumy düşünje

Islendik adamyň ösüşi terbiýe işinde amala aşyrylýar. Täze nesil öňküleriň toplan tejribesini özleşdirýär, ony çuňlaşdyrýar we baýlaşdyrýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, terbiýe sözüň ***giň*** we ***dar*** manysynda ulanylýar. Has **giňişleýin düşünilende,** terbiýe – bu şahsyýeti maksadalaýyk kemala getirmekdir. Bu babatda terbiýe şahsyýeti kemala getirmegiň ähli taraplaryny, ony önümçilik işine, jemgyýetçilik we medeni durmuşa işjeň gatnaşdyrmaga taýýarlygy, ýörite we özakymlaýyn täsirleriň ähli toplumyny özünde jemleýär. Şeýle düşünilende ol maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetiň tutuş durmuş keşbiniň, onuň aňyýetiniň täsirini, edebiýatyň, sungatyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň täsirini öz içine alýar. Terbiýe sözüň şeýle manysynda bilim berşi we okadylyşy hem özünde jemleýär.

Terbiýe pedagogiki işiň esasy düzüjisidir. Ol diňe bir şahsyýeti emele getirmegi göz öňünde tutman, eýsem, onuň şahsy ösüşi üçin şertleri döredýär. Bu şertleriň **birinjisi,** ýaşlary anyk jemgyýetçilik, durmuş aragatnaşyklaryna goşmakdyr. Olarda işe bolan şahsy garaýşy döretmeli. **Ikinji** şert çagalaryň jemgyýetçilik, durmuş aragatnaşyklarynda özüni tapyp bilmegidir. Çaga ýerine ýetirýän işiniň maksadynyň we wezipeleriniň öz şahsy ösüşi üçin wajyplygyny bilmeli. Terbiýe pedagogiki işiň wajyp bölegi hökmünde özünde **dört sany esasy häsiýeti** jemleýär.

1. Terbiýeçilik täsiriň maksada gönükdirilmegi.

2. Bu täsiriň jemgyýete gönükdirilenligi, adamzadyň taryhy ösüşinde ýeten sepgitlerine we sosial-medeni gymmatlyklaryna gabat gelmegi.

3. Guralýan terbiýeçilik täsirleriň we hereketleriň kesgitlenen ulgamynyň bolmagy.

4. Adam tarapyndan durmuş (sosial) tejribäniň özleşdirilmegi.

Terbiýäniň aýratynlyklary köp faktorlylygy, köp dowam edýänligi we köp wagt talap edýänligi, basgançakly ösüş häsiýetdeligi, üznüksizligi, bir maksada gönükdirilenligi, bitewüligi, talaplaryň birligi bilen düşündirilýär.

Sözüň **dar manysynda** terbiýe ösýän şahsyýetde dünýägaraýşy, ahlak keşbi, estetiki, fiziki ösüşi kemala getirmekdir. Onuň has takyk mazmuny okatmak bilen baglanyşyklylykda we deňeşdirmede ýüze çykýar: *okatmak* şahsyýetde bilim, başarnyk endikleri kemala getirmeklige gönükdirilen bolsa, *terbiýe* onda barlygyň (daşky dünýäniň) dürli taraplaryna sagdyn, ahlak mazmunly gatnaşyklaryny döretmäge niýetlenendir. Terbiýe şol bir wagtyň özünde pedagogyň we terbiýelenýäniň işini birikdirýän *ikitaraplaýyn* hereketdir. Olaryň bir-birine täsiri arkalaşyk häsiýetde bolýar. Başgaça aýdanyňda, okuw-terbiýeçilik işinde diňe bir okaýan, terbiýelenýän öwrenmän, terbiýelenmän, eýsem, okadýan, terbiýeleýän hem kämilleşýär. Galyberse-de, bellibir aragatnaşyklar, özara täsirler okaýanlaryň arasynda hem döreýär.

**Terbiýeçi** – bu terbiýe işini amala aşyrýan (nesilleriň tejribesini geçirýän) adamdyr (kähalatlarda gurama); galyberse-de, ol okuw-terbiýeçilik edarasynda terbiýe işi bilen meşgullanýan wezipäniň eýesidir.

Terbiýäniň üznüksizligi we täsirliligi onuň öz-özüňi terbiýeleýşe geçmegi, terbiýelenmäniň hususy işjeňligini döretmegi bilen baglanyşyklydyr. **Öz-özüňi terbiýelemek** – bu adamyň öz edim-gylymlaryna akyl ýetirip, ony kämilleşdirmek we hususy kemçiliklerini ýeňip geçmek işidir. Häzirki döwürde, bazar gatnaşyklarynyň rowaçlanýan döwründe kärhanalar (aýratyn-da, hususy firmalar) öz işgärlerine ýokary talap bildirýärler. Bu işgärler önümçiligiň tehnologiýasyny bilmek bilen bir hatarda öz-özüni we topary dolandyryp bilmelidir; olar sagat (sagdyn) we ýokary medeniýetli, sözleýşe ezber, işewür

aragatnaşyklary guraýan hem-de özleriniň duýgularyna erk edip bilýän bolmalydyr. Mundan başga-da, olaryň fiziki, ruhy we sosial-durmuş kämilligine degişli talaplar bildirilýär. Bu häsiýetler adama dogabitdi berilmän, bilim berşiň dowamynda ösdürilýär. Hut şonuň üçin-de terbiýe işiniň dolandyrylyşy mugallymyň we okaýanyň bilelikdäki işiniň sazlaşygyna, öz-özüni ösdürijiligine we özara dörediji-ligine esaslanýan bolmalydyr.

Terbiýe işini üznüksiz guramak üçin (oňa yzygider hereketde we ösüşde seredip) her bir okuw ýagdaýynda goýlan maksada laýyklykda hem-de onuň üýtgeýjiligini nazarda tutup, toplumlaýyn terbiýe ýumuşlaryny çözmeli bolýar. Islendik okuw ýagdaýynda terbiýäniň dolandyrylyşyny üpjün edip, pedagoga we okaýana, özleşdirilýän derse hem-de tutuş bilim ulgamyna gös-göni täsir etmek gazanylmalydyr.

Okaýanyň şahsyýetini kemala getirmekde aýgytlaýjy orun mugallyma degişlidir. Onuň işi ýaş nesilde ylmy we dünýägaraýyş pikirleri, nazaryýet we amalyýet bilimleri, şeýle hem geljekki hünärmeniň ahlak hem-de pähim-paýhas goruny döretmek bilen baglanyşyklydyr.

**Terbiýeleýji** okatmakda okaýanyň biliminiň, başarnyklarynyň we endikleriniň ele alnyşyny ýola goýmak bilen, onuň şahsyýetini kemala getirmegiň özara baglanyşygyny gazanýar. Bu didaktiki düzgün okatmagyň mazmunynda, guramaçylyk görnüşlerinde we usullarynda öz beýanyny tapýar. Terbiýeleýji okatmak işinde terbiýäniň esasy wezipelerini amala aşyryp, şahsyýetiň ahlak ösüşine düýpli täsir edýän sosial-durmuş ýagdaýlaryň kämilleşmegine oňyn täsir edýär.

Terbiýäniň sosial-durmuşy hyzmaty (funksiýasy) adamlaryň önümçilik-durmuş tejribesiniň nesilden-nesle geçirilmeginden hem-de adamzadyň medeniýetde, ylymda, sungatda, edebiýatda, syýasatda gazanan üstünliklerini öwrenmekligi, ýörelge edinmeklerinden ybaratdyr.

Terbiýeçilik işi ýaşlaryň jemgyýetiň maddy we ruhy baýlyklaryny özleşdirmeklerine ýardam edýär, olary durmuşa taýýarlaýar, dogry, manyly jemgyýetçilik gatnaşyklary emele getirýär. Terbiýeçilik işinde ahlaklylyk hem-de özüňi terbiýelemek ýaly derejelere ýetilse, terbiýäniň öňde goýýan wezipesiniň hötdesinden üstünlikli ge-

linýänligini aňladýar. Terbiýeçilik işi dowamly, hemişelik hem-de kompleksleýin häsiýetdedir.

Terbiýeçilik işi dinamiki-güýçli, ýagny ösýän, hereketli hadysadyr. Ol hadysa sosial talaba, terbiýelenýäniň ýaşyna, durmuşyň özgermelerine baglydyr.

Terbiýe we öz-özüňi terbiýelemek hyzmatlarynyň (funksiýalarynyň) barlygy terbiýeçilik işinde birnäçe garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirýär. Garşylyklar **içki** we **daşky** toparlara bölünýärler. **Içki garşylyk** şahsyýetiň ösüşinde ýüze çykýan täze talaplar we olary kanagatlandyrmagyň mümkinçilikleriniň çäkliligi zerarly ýüze çykýar. Şu garşylyk terbiýeçiniň işiniň çuňlaşmagyny, kämilleşmegini talap edýär hem-de terbiýeçilik işiniň has ýokary derejä çenli ösmegine getirýär. **Daşky gapma-garşylyklar** mekdep we maşgalanyň, aýdylan söz bilen hereketiň deň gelmezligi bilen baglylykda ýüze çykyp bilýär. Mekdep bilen maşgalanyň arasyndaky, aýry-aýry çagalaryň durmuşyndaky ýaramaz subutnamalar, jemgyýetdäki ahlaksyz göreldeler, mekdepde mugallymlaryň ýeke-täk talaby amala aşyrmazlygy daşky garşylyklary döredip biler. Şeýle ýagdaýlaryň bolmazlygyny gazanmak üçin terbiýeçilik işiniň yzygiderli ösdürilmegi, kämilleşmegi zerurdyr.

**Terbiýeçilik işiniň amala aşyrylmagy birnäçe döwri öz içine alýar:**

- Terbiýelenýänler tarapyndan özüňi alyp barmak barada bilimleriň we düzgünleriň aňlanylmagy.
- Ynançlar barada bilimleriň döremegi, olaryň ynançlara geçmegi.
- Duýgularyň emele gelmegi.

Terbiýeçilik işinde esasy orun terbiýeçä degişlidir, her bir uly ýaşly adam öz hereketleridir aýdýan sözleri bilen ähli terbiýeçilik işine kömek edip ýa-da zyýan ýetirip biler.

Terbiýeçilik işine bütin jemgyýet, radio, teleýaýlym, metbugat, lukmançylygyň amala aşyrylyşy, ykdysady özgerişler ymykly täsir edýär. Terbiýe meselesinde maşgalanyň we mekdebiň bilelikdäki işi, terbiýeçiniň kämilligi zerurdyr. Terbiýeçiniň terbiýeliligi, onuň dünýägaraýşy, ideýa-ahlak, estetik garaýyşlary, pedagogiki taýýarlygy terbiýe meselesiniň oňaýly çözülmeginiň özenidir. Şunda terbiýeçiniň

tagallalary bilen sungatyň, medeniýetiň mümkinçiliklerinden yzygiderli peýdalanmak gowy netijeleri berýär.

## Terbiýäniň maksady we wezipeleri

Hemmetaraplaýyn kämil we ösen şahsyýeti terbiýelemek – bu **terbiýäniň esasy maksadydyr**. Bu maksada ýetmäge bitewi pedagogik ulgamyna birleşen ***syýasy**, **akyl, zähmet, politehniki, ahlak, gözellik, beden, hukuk, ykdysady, ekologik*** terbiýeler mümkinçilik berýär.

**Terbiýäniň maksady:**

1. Ýaşuly nesliň durmuş tejribesini öwrenmek we döredijilikli peýdalanmak.
2. Terbiýäniň üsti bilen adamyň özüni alyp barşyny, dünýägaraýşyny kämilleşdirmek.
3. Ösýän şahsyýetlere maksadalaýyk, yzygiderli täsir etmek.
4. Jemgyýetde özüni alyp barmagyň düzgünlerini, kadalaryny kemala getirmek.
5. Jemgyýetçilik we zähmet işjeňligini ýola goýmak.
6. Täze jemgyýeti gurmaga işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak.
7. Umumadamzat gymmatlyklaryny öwrenmek we geljekde oňa goşant goşmagy gazanmak.

Terbiýäniň ösen şahsyýeti kemala getirmek maksady jemgyýetiň maddy bazasy, syýasy gurluşy, medeni bazasy maşgala arkaly çözülýär.

Terbiýeçilik işiniň ideologik esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasaty durýar.

Jemgyýetiň goýan maksadyna görä geçirilýän ähli işleriniň jemine terbiýeçilik işi diýilýär.

Terbiýe ýaş nesilde düşünjelilik bilen özüňi alyp barmaklygyň, ynamlar bilen hereketleriň we tejribe (praktiki) işleriň bitewüligini, biri-birine kybapdaş gelmegini terbiýelemekligi **wezipe** edip goýýar.

**Terbiýelemek bilen okatmagyň bitewüligi we käbir aýratynlygy. Terbiýeçilik işiniň mazmuny** – goýlan maksatlar we wezipeler esasynda okuwçylary döwrebap terbiýelemek baradaky

bilimleriň, ynançlaryň, endikleriň, şahsyýetiň hilleriniň we häsiýetleriniň ulgamydyr.

Okuw işini terbiýeçilik işi bilen bitewi bir zat diýip düşünmek hem olaryň ikisiniň hem bir maksada – köp taraplary sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek maksadyna tabyn edilendigini ýatda saklamak gerek.

Terbiýeçilik işiniň esasy manysy bolsa tälim-terbiýe işiniň içki kanunlaryny, içki arabaglanyşygyny, özara gatnaşygyny ýüze çykarmagy, nädeňde terbiýeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyryp boljakdygyny salgy bermegi göz öňünde tutýar. Elbetde, okuw işini döwrüň talaplaryna laýyk edip ýola goýmak üçin, terbiýäniň nazaryýetinde hem, tejribesinden hem ýeterlik derejede baş çykaryp, pedagogik işde ondan döredijilikli peýdalanyp bilmek hökmandyr. Terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan her bir pedagog döwrüň talap edýän adamlaryny terbiýeläp ýetişdirmegiň ýeňil bolmadyk ýollaryny ymykly öwrenmeli bolýar.

Jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi, öňde goýýan talaplary ýaş nesle ylym-bilim, tälim-terbiýe bermegiň häsiýetini kesgitleýän esasy zatlardyr. Başgaça aýdanymyzda, okuw-terbiýeçilik işi tutuşlygyna ýurduň ykdysady, syýasy, sosial ýagdaýlaryna laýyk edilip ýola goýulmagyny talap edýär. Öň hem belläp geçişimiz ýaly, okuwçylar okuw işinde terbiýelenýärler, ýagny olar akyl, ahlak taýdan ösýärler hem kämilleşýärler, zähmet endiklerini ele alýarlar, gözellik düşünjelerine eýe bolýarlar, berk bedenli bolup ýetişýärler. Emma şeýle-de bolsa, terbiýeçilik işi bilen okuw işini bir-birlerinden parhlandyrýan aýratynlyklar ýok däl. Mysal üçin, okuwçylaryň aňynda halklaryň dostlugy baradaky duýgy-düşünjäni, hakyky ynamy terbiýelemek işi matematikadan «Trigonometrik funksiýalary» ýa-da türkmen diliniň grammatikasynda «Çalyşmalar» diýlen temany öwreden bilen deň däldir. Mugallym şol temalary öwredensoň, olary okuwçylaryň neneňsi özleşdirendiklerini indiki sapakda barlap hem bellibir netijä gelip bilýär. Emma okuwçylaryň aňynda halklaryň dostlugy baradaky düşünjelerini welin bir hepdede, bir aýda emele getirip hem barlap bolýar diýip aýdyp bilmeris. Ýa-da başga bir mysal. Okuw işi, adatça, okuwçylar bilen mugallymyň bilelikde geçirýän işini göz öňünde tutýar. Emma terbiýeçilik işinde beýle

däl. Onda terbiýeleýäne täsir edýän faktorlar kän bolýar. Oňa maşgala-da, mekdep hem, beýleki adamlar-da, radiodyr teleýaýlymlar-da, daş--töwerekde bolup geçýän wakalardyr okalýan kitaplar hem, görülýän kinolar-da birsyhly täsir edip durýar. Terbiýeçilik çäreleriniň taýýarlanýan hem geçirilýän mahallarynda oňa gatnaşýanlaryň içki dünýäsi äşgär bolup ugraýar: işe, ýoldaşlaryna bolan garaýşy, gatnaşygy, hüý--häsiýeti, başarnygy, ugurtapyjylygy bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykyp başlaýar. Bu ýagdaý guramaçy pedagoga köp zatlary bilip, onuň ýeneki işlerinde birtopar meseleleri anyklaşdyrmagynda kömek edip biler.

**Häzirki zaman mekdeplerinde terbiýäniň maksatlary.**

Terbiýäniň maksatlarynyň arasynda, terbiýäniň iň ýokary ýerine ýetirmeli işi bar, ol hem: dünýä inen her bir adamy hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösüş bilen üpjün etmekdir. Bu maksadyň mazmuny özüniň köklerini antik döwrüň filosofiki garaýyşlaryndan, Täzeden döreýiş eýýamynyň ynsanperwer filosoflarynyň we pedagoglarynyň garaýyşlaryndan alyp gaýdýar. Dürli döwürlerde hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüş düşünjesine dürli-dürli many beripdirler.

Täzeden döreýiş eýýamynyň pedagogik-gumanistleri **F. Rable, M. Monten, W. de Feltre** hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet diýen sözüň manysyna beden gözelligini, sungatdan, sazdan, edebiýatdan lezzet almagy goşdular. Bu terbiýe saýlantgylar üçin däl-de, adamlar köpçüligine niýetlenen bolmaly.

**T. Moryň, T. Kampanellanyň, R. Oueniň, Sen-Simonyň, Ş. Furýeniň** garaýyşlarynda bu pikir başga mana eýe bolýar. Olar hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemäge zähmeti goşmagy, terbiýe bilen zähmeti birleşdirmegi teklip etdiler.

XVIII asyr fransuz pedagoglary **D. Didro, K. Gelwesiý** bu pikiri ösdürip, oňa hemmetaraplaýyn ösen ahlak kämilligini goşdular.

Hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek maksadynyň kynçylygy umumy bilim berýän mekdepleriň wezipelerini gaýtadan gözden geçirip, anyklaşdyrmagy talap etdi, ýöne maksadyň çalyşmagyna getirmedi. Hemmetaraplaýyn we sazlaşykly terbiýäniň maksadyna deň geljek terbiýäniň maksady ýok. Ol hemişe wajyplygyna galýar. Bu maksada ýetmek üçin dogry, akylly-başly

gurnalan okuw-terbiýeçilik işleriniň guralmagy we jemgyýetiň ähli agzalarynyň goltgy bermegi gerek.

Şahsyýetiň akyl, ahlak, emosional we fiziki ösüşini, onuň döredijilik mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn açmak, ynsanperwer aragatnaşyklary kemala getirmek, çaganyň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, onuň häsiýetli aýratynlyklarynyň ösmegi üçin ähli şertleri döretmek şu günki orta mekdepleriň baş maksadydyr.

Gowy gurnalan terbiýe adamyň durmuşda ýerine ýetirjek üç **sany esasy** wezipesini ýerine ýetirmeklige, ýagny **raýat, hünärmen, maşgalabaşy** hökmünde taýýarlamaklyga gönükdirilen bolmaly.

**Raýat hökmünde** Watanyň, jemgyýetiň, ata-enäniň öňündäki borçlary ýerine ýetirmeli. Öz halkyna, milletine, bolan guwanç duýgusy bolmaly; Döwlet Konstitusiýasyna, Prezidentine, döwlet nyşanlaryna hormat goýmaly; döwletiň ykbaly üçin jogapkärçilik; jemgyýetde ýaşamagyň tertip-düzgünine, medeniýetine, däp-dessuryna aýawly garaýyş; işjeňlik; tebigaty goramak; başga adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny sylamak; dogruçyllyk; ynsanperwerlik; mylaýymlyk; öz eden işiňe we hereketleriňe jogapkärçilik; başga döwletleriň halklaryny sylamak ýaly häsiýetler bolmaly.

**Hünärmen hökmünde** – tertiplilik, jogapkärçilik, işi doly ýerine ýetirmek we gurnamak; umumy, ýörite ykdysady bilim; syýasy bilim; zähmete döredijilikli garaýyş; tabşyrylan ýumşy tiz we ýokary hilli ýerine ýetirmek; öz hünär ussatlygyňa bolan sylag we şatlyk, aňlylyk, mylakatlylyk, iş tejribäň bolmagy, önümçilik medeniýeti; toparda işlemek; özbaşdaklyk; Watan, halk, jemgyýet üçin köp we netijeli işlemäge taýýarlyk; öz işiň netijesine jogapkärçilik çekmek ýaly häsiýetler bolmaly.

**Maşgalabaşy hökmünde** – zähmetsöýerlik, jogapkärçilik, söhbetdeşligiň medeniýeti, edeplilik, mylakatlylyk, köpçülikde özüňi alyp baryp bilmek; arassalyk; gowy geýinmek; talaplary ýerine ýetirmek, saglyk, sagdyn durmuş endikleri; dynç alşy guramagy başarmak we geçirmek; hemmetaraplaýyn sowatlylyk; kanunlary bilmek; psihologiýanyň, pedagogikanyň, etikanyň esaslaryny bilmek; çagalary terbiýeläp bilmek.

Şahsyýetiň kemala gelmeginde öz-özüňi terbiýelemekligiň hem ornunyň bardygyny aýtmalydyrys. Öz-özüňi terbiýelemeklik adamyň özündäki, ýaramaz (otrisatel) sypatlary ýok etmeklige we olaryň deregine oňyn (položitel) sypatlaryny ornaşdyrmaklyga hem berkitmeklige yzygider suratda aňly-düşünjeli çalyşmagydyr. Terbiýe bilen öz-özüňi terbiýelemegiň arasynda tebigy baglanyşyk bar. Şahsyýet öz-özüňi terbiýelemegiň zerurlygyna düşünmek derejesine hut terbiýe we jemgyýetiň, toparyň talaplary netijesinde gelip ýetýär. Hut terbiýäniň täsiri bilen adam özüne barha talapkärçilikli çemeleşip başlaýar, öz kemçiliklerini duýýar, özüni terbiýelemäge girişýär. Şeýlelikde, terbiýe işiniň üsti öz-özüňi terbiýelemek işi bilen doldurylýar. Emma munuň özi indi şahsyýeti terbiýelemegiň zerur däldigini aňlatmaýar. Ol ikisini bir-birine garşy goýmak hem bolmaz. Terbiýeçiler okuwçylaryň özlerini terbiýelemeklerine ussatlyk bilen ýolbaşçylyk etmelidirler. Okuwçylaryň kemçiliklerini takatlylyk bilen aýdyp, olary ýok etmekligi guramagyň ýollary hakynda maslahatlar berilmelidir.

Pedagoglar terbiýeçilik işinde **täzeden terbiýelemek** bilen hem meşgullanmaly bolýarlar. Käbir çagalaryň özlerini alyp baryşlarynda, düşünjelerinde beýlekileriňkiden tapawutlanýan erbet, zyýanly ýagdaýlaryň, düzümleriň bardygy ýüze çykarylýar. Bu çagalar bilen **täzeden terbiýelemek** işini ýola goýmazdan, topary terbiýelemegiň üstünliklidigi hakynda aýdyp bolmaz. Täzeden terbiýelemek şol çagalaryň özlerini alyp baryşlaryndaky otrisatel, ýaramaz endikleri ýok etmegiň, olary dogry ýola gönükdirmegiň ygtybarly serişdesidir. Hakykatda, çagada ýaramaz sypatlaryň bolmagy-da maşgalada, mekdepde terbiýeçilik işinde, aýratyn hem maşgala terbiýesinde goýberilen kemçilikleriň netijesidir. Mundan beýläk täzeden terbiýelemekligiň üstünlikli bolmagy maşgalanyň, ene-atalaryň mekdebiň tagallalaryny goldamaklaryna gönüden-göni baglydyr.

***Terbiýe, öz-özüňi terbiýelemek we täzeden terbiýelemek*** işleri özara baglanyşykly bolup, hemmesi-de deň derejede üns berilmegine mätäçdir. Şahsyýetiň kämil adam bolup ýetişmegi olaryň hiç birini-de ünsden düşürmezligi, äsgermezlik etmezligi talap edýär.

Terbiýe ulgamynyň esasy, pedagogik nusgasy adamzadyň köp asyrlyk tejribesinde gazanylan ynsanperwerlik düzgünleri bolmalydyr. Ynsanperwerlik ilkinji nobatda adamyň adamçylygydyr, adamlara söýgi, ýokary geçirimlilik we sypaýyçylyk, şahsyýetiň mertebesini hormatlamakdyr. Ynsanperwerlik nazaryýeti adamy iň ýokary gymmatlyk hasaplap, ony özüniň dünýägaraýyş ugrukmasynyň merkezinde goýýar.

Ynsanperwer nusgalar bilen baglanyşyklylykda okuw-terbiýeçilik işiniň esasy maksady – şahsyýetiň öz-özüni kämilleşdirmegi üçin şertler döretmekdir. Taryhy şertler we hakyky durmuşyň düzgünleri häzirki zaman ýaşlarynyň umumy we özboluşly şahsy sypatlaryny kesgitleýär.

Ýaşlaryň medeniýetliligini terbiýelemek islendik hünär işiniň içki düzüjisi hökmünde şahsyýeti kemala getirişiň maksadyna goşulýar. Terbiýäniň maksady ol ýa-da beýleki jemgyýetiň öňe sürýän aňyýet we gymmatlyk ugrukmalary bilen kesgitlenýär. *Oňa ýetmek üçin okuw işiniň* bilim berşiň ähli derejelerinde üýtgedip gurmalydyr. Ähli bilim beriş ulgamynyň mazmuny we gurluşy hünärmenlere zerur bolan häsiýetleri üstünlikli kemala getirmäge hemmetaraplaýyn ýardam etmelidir.

**Terbiýe işini birnäçe kanunalaýyklyklar häsiýetlendirýär:**

*Pedagogik hadysalaryň we işleriň arasyndaky obýektiw bar bolan arabaglanyşyklara terbiýäniň kanunalaýyklyklary diýilýär.*

Olar:

1. Terbiýeçilik işi jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklary nazara alnyp hem-de jemgyýetiň hajatlaryna doly laýyklykda guralýar. Bu terbiýe işiniň baş kanunalaýyklygydyr.
2. Jemgyýetde terbiýäniň aýry-aýry adamlaryň erkine we islegine dahylly däldigidir. Terbiýe hemişelik kategoriýadyr. Ony ýatyryp ýa-da togtadyp bolmaýar. Jemgyýetiň ösmeginiň zerur şerti hökmünde ol müdimidir. Adamzat jemgyýeti terbiýesiz oňup bilmez.
3. Adamlaryň özara paýhasly aragatnaşyk etmekleriniň we jemgyýete peýdaly işe işjeň gatnaşmaklarynyň olarda asylly

jemgyýetçilik sypatlarynyň döremeginiň we ösmeginiň esasy şertleriniň biri bolup durýanlygydyr.

4. Jemgyýete peýdaly işe gatnaşmak arkaly, ýaş nesil maddy we ruhy gymmatlyklaryň döreýşi bilen tanyşýar, zähmetiň jemgyýetdäki ornuna göz ýetirýär, zähmet endikleri bilen kämilleşýär. Onuň položitel (oňyn) sypatlary ösýär, dünýägaraýşy kemala gelýär, ol adamyň mynasybetine dogry baha bermegi öwrenýär, jemgyýetiň aktiw agzasy hökmünde kemala gelýär.
5. Terbiýäniň kanunalaýyklyklaryndan biri-de şahsyýetiň terbiýäniň, daşky gurşawyň (sredanyň), biri-biri bilen aragatnaşyk etmekligiň, jemgyýete peýdaly işe gatnaşmaklygyň täsiri astynda ösýänliginden we kemala gelýänliginden ybaratdyr. Terbiýäniň kanunalaýyklygy hökmünde çaganyň şahsyýetiniň hemme babatlarda endigan ösmeýänligi we kemala gelmeýänligi hem bellenilmelidir. Çaganyň akyl taýdan ösmegi bilen onuň praktiki (tejribe) endikleriniň derejesiniň kybapdaş bolmazlygynyň, sportda gazanýan gowy netijeleri bilen estetik garaýyşlarynyň tapawutly bolmagynyň mümkinligi hem muňa mysal bolup biler. Terbiýeçilik işinde bu kanunalaýyklygyň nazara alynmagy we ol ýa-da beýleki pursatda şahsyýeti kemala getirmegiň haýsy meselesine aýratyn üns berilmelidigininiň dogry kesgitlenmegi möhümdir.

Şahsyýetiň ösmegi we kämilleşmegi adamyň ömrüniň ähli ýyllarynda, ýagny çagalygyndan başlap, ol ulalandan soň hem, gartaşanda hem dowam edýär. Ýöne şahsyýetiň kemala gelmeginiň we ösmeginiň iň güýçli döwri onuň mekdep ýyllaryna degişlidir. Bu ýyllarda adamyň ahlak sypatlarynyň esaslary goýulýar. Adam şolar bilen hem özbaşdak durmuş ýoluna aýak basýar. Soňky döwürde şahsyýet, esasan, öň eýe bolan sypatlaryny kämilleşdirýär, öz häsiýetiniň kemçiliklerini düzedýär. Şahsyýetiniň täze sypatlaryny kemala getirmek beýle intensiw (güýçli) häsiýete eýe bolmaýar. Bu ýagdaý mekdep okuwçylaryna terbiýe bermek meselesiniň çynlakaý üns berilmegine degişli wajyp mesele bolup durýandygyny ýene bir gezek tassyklaýar.

**TERBIÝÄNIŇ ESASLARY**

- **TERBIÝÄNIŇ MAKSADA OKGUNLYLYK HEM YNAMLYLYK ESASY**
- **TERBIÝÄNIŇ DURMUŞ HAKYKATY BILEN ARABAGLANYŞYKLYLYK ESASY**
- **TERBIÝEÇILIK IŞINDE TALAPLARYŇ BIRLIK ESASY**
- **OKUWÇYNYŇ UKYBYNY, BAŞARNYGYNY, ÝAŞ AÝRATYNLYGYNY NAZARA ALMAK ESASY**
- **OKUWÇYLARYŇ PIKIRINI ÖWRENMEK, TEKLIBINI GOLDAMAK HEM OŇA ÝOLBAŞÇYLYK ETMEK ESASY**
- **OKUWÇYDAN EDILÝÄN TALABY ONUŇ GADYR-GYMMATYNA SARPA GOÝMAK BILEN UTGAŞDYRMAK ESASY**
- **HER ADAMDA BAR BOLAN GOWY TARAPLARY GÖRÜP, TAPYP WE OŇA DAÝANYP BILMEK**
- **TERBIÝÄNIŇ ULGAMLYLYGY (SISTEMALYLYGY) WE YZYGIDERLILIGI**
- **ZÄHMETDE TERBIÝELEMEK**
- **TOPARDA (KOLLEKTIWDE) TERBIÝELEMEK**

**Terbiýäniň esaslary** ***terbiýeçilik işiniň mazmunyndan, guralyşyndan we usullaryndan edilýän esasy talaplary özünde jemleýän baş düzgünlerdir.***

**1. Terbiýäniň maksada okgunlylyk hem ynamlylyk esasy.** Bu esas, ozaly bilen, her bir terbiýeçilik işiniň aýdyň maksadynyň bolmalydygyny aňladýar, ýagny haýsydyr bir terbiýeçilik işi durmuşa geçirilende, nämäniň göz öňünde tutulýandygyna, nähili netijä eýe

11. Sargyt № 1339

bolunjakdygyna, oňa gatnaşýanlaryň her biriniň göz ýetirip bilmegi zerurdyr, galyberse-de, şol işe dahylly bolanlaryň öňde goýlan maksadyň dogrulygyna ýüregi bilen ynanyp, akyl ýetirip, bilelikde ylalaşykly hereket etmekleri, duş gelen kynçylyklary ýeňip bilmekleri hökmandyr. Garaşsyz Türkmenistanyň turuwbaşdan alyp baran daşary hem içeri syýasatyna akyl ýetirmezden, oňa ynanmazdan, gurulýan her bir terbiýeçilik işini maksada laýyk edip geçirmek mümkin däldir. Bu bolsa alnyp barylýan terbiýeçilik çäreleriniň aýdyň hem düşnükli maksadynyň bolmalydygyny aňladýar.

Çaga terbiýesi bilen meşgullanýan her bir adamyň terbiýäniň öňünde duran esasy maksadyň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmekden ybaratdygyna gowy düşünmegi gerekdir.

Okuwçylara öz öňlerinde jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlary goýmak başarnygy we oňa ýetmek ugrunda tutanýerli göreşmek endigi öwredilmelidir.

Terbiýeçilik işiniň ähli ugurlar boýunça ulgamlaýyn geçirilip durulmagy hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemegiň zerur şertidir.

Ýurdumyzyň halkara abraýy barha artýar. Onuň bilen tanyşdyrylmagy okuwçylarda watançylyk we dostluk duýgularyny kemala getirmek we syýasy terbiýe bermek üçin juda ähmiýetlidir.

**2. Terbiýäniň durmuş hakykaty bilen arabaglanyşyklylyk esasy.**

Ýaş nesle terbiýe bermek wezipesi durmuşdan üzňelikde üstünlikli çözülip bilinmez. Mekdebi gutarýanlaryň özbaşdak durmuşa ikirjiňlenmezden, kynçylyklardan gorkmazdan gadam basmaklary üçin, olary şu durmuşa 1-nji synpdan başlap taýýarlamak gerek. Olary durmuşa taýýarlamaklygy diňe maşgalada amala aşyrmak mümkin däl. Okuwçylar mekdepde-de zerur taýýarlyklary görmelidirler.

Okuw jaýlarynda göz öňünde tutulýan hem amal edilýän islendik terbiýeçilik işiniň Garaşsyz Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, sosial-medeni durmuşy hem-de dünýä siwilizasiýasy bilen baglylykda bolmagy hökmandyr. Terbiýeçilik işinde ýaş nesliň aňyna siňdiriljek bolunýan garaýyş durmuş hakykaty bilen gabat gelmedik mahallarynda ynamsyzlyk döreýär, terbiýe berýän bilen terbiýelenýänleriň pikir-

leri bir-birine çapraz gelýär, terbiýeçiniň ulanýan tärleridir serişdeleri mejalsyz bolup galýar.

Indi her bir terbiýeçilik çäresini dünýewi, demokratik hukuk döwletini gurýan Türkmenistanyň maksady, gazanýan üstünlikleri, dünýä möçberinde abraýy, ýurduň alyp barýan daşary we içeri syýasaty bilen baglanyşdyryp geçirmäge şert döredi.

Mekdepde terbiýäniň durmuş bilen, tejribe bilen arabaglanyşygy dürli ýollar arkaly üpjün edilýär. Bu ýollardan biri okuwçylary biziň jemgyýetimiziň durmuşy bilen tanyş etmeklikdir we olary derwaýys işlere gatnaşdyrmakdyr.

Okuwçylary ýurdumyzyň içersinde we halkara ýagdaýynda bolup geçýän jemgyýetçilik-syýasy wakalar bilen tanyş etmek gerek. Olaryň syýasy taýdan kämilleşmeklerinde munuň uly ähmiýeti bar. Sapaklarda we sapakdan daşary işlerde obalaryň, şäherleriň, etrabyň, ýurduň durmuşyna degişli materiallaryň peýdalanylmagy hem okuwçylaryň öz ýaşaýan ýeriniň durmuşyna içgin aralaşmaklary, onuň geçmişi, häzirki ösüp ýeten derejesi we geljegi bilen tanyşmaklary üçin ähmiýetlidir. Bularyň hemmesi okuwçylarda öz ýaşaýan ýerine, mähriban Watanymyza guwanç we zähmet adamlaryna söýgi duýgusyny kemala getirmäge, olary ýurdumyzda amala aşyrylýan işlere çekmäge oňaýly hyzmat edýärler.

Okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işlere we jemgyýetiň durmuşyna gatnaşdyrylmagy-da terbiýäni durmuş bilen baglanyşdyrmagyň bir görnüşidir. Şu nukdaýnazardan olaryň ilat arasynda syýasy düşündiriş, konsert meýilnamalary bilen çykyş etmekleri, sport ýaryşlaryna, köpçülikleýin geçirilýän baýramlara we beýlekilere gatnaşmaklary, mekdepde jemgyýetçilik tabşyryklaryny ýerine ýetirmekleri bellenilmäge mynasypdyr.

Durmuş terbiýäniň öňünde barha ösýän talaplary goýýar. Mekdepde okuw-terbiýeçilik işlerini durmuşyň talaplaryna laýyk guramak terbiýäniň durmuş bilen, tejribe bilen baglanyşyklylygyny üpjün edýär.

**3. Terbiýeçilik işinde talaplaryň birlik esasy** – esasy iki zady göz öňünde tutýar. **Birinjisi** – toparyň öz içinde terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýanlaryň täsir edijilik hereketleriniň ylalaşykly bolmagyny,

agzybirlik bilen bir ugra gönükdirilmegini talap edýär. **Ikinjisi** mekdebiň, maşgalanyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, önümçilik wekilleriniň bilelikde hereket etmegini nazara alýar, ýaş nesliň jemgyýete peýdaly, öndürijilikli zähmete gatnaşdyrylmagyny has guramaçylykly we maksada gönükdirilen häsiýetde ýola goýmaklygy göz öňünde tutýar. Sebäbi bu hili zähmet ýaş nesliň syýasy keşbini kemala getirmekde uly rol oýnaýar.

Bu esas terbiýeçilik işine Demokratik partiýa, Kärdeşler arkalaşygy, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň, mekdep ýolbaşçylarynyň we ähli mugallymlaryň, ene-atalaryň, kärhana we edara ýolbaşçylarynyň, tutuş uly ýaşly ilatyň işjeň, ylalaşykly we guramaçylykly terbiýeçilik işinde toplumlaýyn ulgamy (sistemany), emele getirmegi üpjün edýär hem-de terbiýäniň ähli özüni ödän serişdelerinden we görnüşlerinden peýdalanmagy, täze serişdeleri we görnüşleri synag edip görmegi, gowy netije berýänlerini tejribä ornaşdyrmagy hem göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik işinde şu talaplaryň ýerine ýetirilmegi terbiýäniň kompleksleýin, toplumlaýyn häsiýetini üpjün eder.

**4. Okuwçynyň ukybyny, başarnygyny, ýaş aýratynlygyny nazara almak esasy** – her bir okuwçynyň akyl hem fiziki mümkinçiligini, zehinini hem höwesini ýüze çykarmagy, şoňa görä olaryň hersine aýratynlykda çemeleşmegi göz öňünde tutýar.

Olaryň nazara alynmagy terbiýeçilik işinde uly ähmiýete eýedir. Beýle diýildigi jemgyýetçilik işleri guralanda-da, gurnaklarda-da, zähmetde-de okuwçylaryň mümkinçilikleriniň, güýçleriniň, ukyplarynyň we isleg-arzuwlarynyň nazara alynmagynyň we dogry peýdalanylmagynyň zerurdygyny aňladýar. Okuwçynyň ýaşyna laýyklykda, terbiýeçilik işiniň mazmuny, görnüşi we usullary hem üýtgeýär.

Çagalar bilen işlemekde olaryň fiziki ösüşi, saglygy, maşgala ýagdaýy hem nazara alynmalydyr. Çagalaryň aýratynlyklarynyň terbiýeçilik işinde ýerlikli peýdalanylmagy onuň üstünlikli bolmagynyň zerur şertidir.

**5. Okuwçylaryň pikirini öwrenmek, teklibini goldamak hem oňa ýolbaşçylyk etmek esasy** – okuwçylar bilen arany ýakyn-

laşdyrmagyň, ýürekdeşligi ýola goýmagyň ähtibarly ýoludyr. Haýsydyr bir temada terbiýeçilik çäresini taýýarlamak, geçirmek babatynda okuwçylaryň orta atýan teklipleri öwrenilmäge hem goldanylmaga mynasypdyr. Şeýle okuwçylaryň öňe saýlanyp, teklip bilen çykmagy olar bilen işleýän pedagogyň üstünligidir diýip aýtmak bolar, sebäbi mugallym öz okuwçylarynda haýsydyr bir ugra ymtylyş, höwes döretmegi başaran mahalynda teklipleriň orta atylýanlygyna pedagogik tejribe güwä geçýär. Okuwçylaryň islegleri boýunça işjeň gatnaşmaklarynda amal edilýän terbiýeçilik çäreleriniň netijesi gowy bolýar. Okuwçylaryň özleri işe taýýarlyk görmekde-de, geçirmekde-de inisiatiwa bilen çykyş edýärler, işjeňlik görkezýärler. Şonda oňa pedagogik nazaryýetden kämil ýolbaşçylyk zerurdyr.

Bu işleri guramakda çagalar we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramalarynyň orny uludyr. Beýle diýildigi terbiýeçilik işinde ata-eneleriň we mugallymyň ornunyň inkär edilmegini aňlatmaýar. Terbiýeçiler, mugallymlar okuwçylaryň işjeňligini, inisiatiwasyny we özbaşdaklygyny goldaýarlar, ösdürýärler, olaryň položitel ugur boýunça ösmegine täsirlerini ýetirýärler.

**6. Okuwçydan edilýän talaby onuň gadyr-gymmatyna sarpa goýmak bilen utgaşdyrmak esasy.** Bu esas her bir ýaş ynsandan başaryp biljek, onuň güýjüne, mümkinçiligine laýyk bolan işi talap etmek bilen bir hatarda, onuň mertebesine sarpa goýmak, adamçylyk hukugyny gorap saklamak bilen ugurdaşlykda alyp barmagy göz öňünde tutýar.

Çaganyň şahsyýetini hormatlamagy, emma şonuň bilen birlikde çakdanaşa ynanjaň bolmazlygy, talabediji bolmagy, emma şonuň bilen bir wagtda bolsa gödek, gyzma, igenjeň bolmazlygy göz öňünde tutýar.

Okuwçynyň şahsyýetini hormatlamak diýmek oňa ynanmaklygy, emma paýhasly gözegçilik etmekligi hem unutmazlygy talap edýär. Edilýän talaplaryň maksadalaýyk we birmeňzeş bolmagynyň hem zerurdygyny görkezýär.

**7. Her adamda bar bolan gowy taraplary görüp, tapyp we oňa daýanyp bilmek esasy** – terbiýeçilik işiniň örän gymmatly hem möhüm tarapydyr. Çünki täsire tabyn bolmaýar diýlip hasap edilýän okuwçyda hem haýsydyr bir gowy gylyk-häsiýet, ymtylyş, isleg bolýar. Onuň içki

dünýäsine aralaşmagy başaran ussat pedagog şol gowy tarapy görüp, oňa daýanyp bilýär. Elbetde, şonda mugallymyň ynsanperwer hem tutanýerli bolmagy hökmandyr. Ilkinji şowsuzlyklar mugallymda «boljak däl» diýen pikiri döretmeli däldir. Ol «Agtaran tapar» diýen halk pähminden ugur alyp, täsir edişiň dürli ýollaryndan irginsizlik bilen peýdalanmagy başarsa, diňe şonda maksadyna ýetip biler.

**8. Terbiýäniň ulgamlylygy (sistemalylygy) we yzygiderliligi.** Bu esas okuwçylary terbiýelemegiň diňe sapakda ýa-da sapakdan daşary işlerde däl, eýsem maşgalada-da, beýleki terbiýeçilik edaralarynda we guramalarynda-da yzygiderli we anyk ulgam (sistema) boýunça alnyp barylmagynyň zerurdygyny öňe sürýär. Çaga terbiýesi bilen meşgul bolýan dürli kollektiwler umumy ulgamyň (sistemanyň) aýry-aýry bölekleri bolup, olaryň arasynda mekdebe aýratyn orun degişlidir. Mekdep terbiýeçilik işiniň merkezidir we ol bu meselede başgalaryň wezipelerini düşündirýär, terbiýeçilik işiniň mazmuny we usullary bilen tanyşdyrýar, öz wezipelerini üstünlikli durmuşa geçirýär. Şeýlelikde, ol çagalaryň ulgamlaýyn (sistematik) we yzygiderli terbiýe almaklaryny üpjün edýär.

Mekdepde terbiýeçilik işi üzlem-saplam ýa-da döwürleýin häsiýetde geçirilip bilinmez. Okuw ýylynyň dowamynda bolşy ýaly, dynç alyş günleri döwründe hem okuwçylar bilen meýilnamalaýyn tertipde terbiýeçilik işleri geçirilmelidir.

Terbiýeçilik işleriniň utgaşykly alnyp barylmagy zerurdyr. Şoňa görä her bir synpda geçirilýän terbiýeçilik işleriniň öňki synplarda geçirilen işlere esaslanmagy we şolaryň dowamy bolmagy gazanylmalydyr.

Synp ýolbaşçylarynyň işiniň hem utgaşykly bolmagy terbiýede ulgamlylygy (sistemalylygy) we yzygiderliligi üpjün eder.

**9. Zähmetde terbiýelemek.** Jemgyýetiň hatyrasyna çekilýän zähmet okuwçylarda ahlaklylygy, berk erki we häsiýeti, jemgyýetçilik aňy, düzgün-nyzamlylygy kemala getirýär. Zähmetiň netijesi onuň diňe maddy peýdasy bilen ölçelmän, eýsem onuň syýasy, ahlak nukdaý nazardan berýän peýdasy bilen hem ölçelýär.

Şundan ugur alyp, mekdepde, mekdepden daşary çagalar edaralarynda, ýaşlar we çagalar guramalarynda okuwçylar zähmetiň dürli görnüşlerine gatnaşdyrylýarlar.

**10. Toparda (kollektiwde) terbiýelemek.** Köpçülik bilen bilelikde hereket etmek, işlemek, okamak islegi okuwçylaryň zandynda bar bolan zatdyr. Ony ösdürmek hem maksada laýyk edip peýdalanmak terbiýeçilik işiniň kanuny talaplarynyň biridir. Toparyň her bir agzasy öz bähbidini köpçüligiň bähbidi bilen utgaşdyryp öwrenýär, garaýşyny erkin beýan edip bilýär, onuň üstünligine buýsanyp, kemçiligine gynanmagy öwrenýär. Toparyň her bir agzasy özüniň ukybyny, döredijilik mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga, goýberen kemçiliklerini wagtynda düzetmäge amatly şertleriň içinde bolýar.

Topar her bir çaganyň guramaçylyk ukybyny ýüze çykarmaga, kimiň kimligini bilmäge mümkinçilik döredýär, kimiň nämä ukyplydygyny äşgär edýär.

Okuwçylar topary öz agzalarynda jemgyýetçilik aňy, jogapkärçilik duýgusyny we beýleki položitel (oňyn) sypatlary terbiýelemäge hyzmat edýär. Topar öz oňyn täsirini ýetirýär, hemmeleriň ukyplarynyň we talantlarynyň gülläp ösmegi üçin zerur şertleri döredýär, birek-birege dostluk kömegini bermegi guraýar, şahsy bähbidiňi jemgyýetiň, toparyň bähbidi bilen utgaşdyrmagy öwredýär, inisiatiwalylygy, işjeňligi ösdürýär.

Okuwçylaryň terbiýelenýän toparlary (kollektiwleri) hökmünde maşgalany, mekdebi, çagalar guramalaryny görkezmek bolar. Bu toparlaryň hemmesinde terbiýelenýänden edilýän talaplaryň birmeňzeş bolmagy olaryň oňyn täsir etmegini we şahsyýetiň dogry kemala gelmegini üpjün edip biler.

Çagany toparda terbiýelemegiň şahsyýeti kemala getirmekdäki ornuny we ähmiýetini meşhur pedagog A. S. Makarenko terbiýeçilik işleriniň netijesinde subut etdi. Muny mekdebiniň iş tejribesi hem ýene bir gezek tassyklaýar. Şundan ugur alyp, her bir mekdepde okuwçylaryň topardaky işlere işjeň gatnaşmaklaryny, birek-birege ak ýürekden kömek bermeklerini, olaryň arasyndaky dostlugy we ýoldaşlygy goldamak we ösdürmek zerur. Tutuş mekdebiň we synplaryň agzybir, jebis topara öwrülmegi ugrunda aladalanmalydyr.

Şahsyýetiň terbiýesiniň üstünlikli bolmagy üçin, her bir mugallym öz okuwçylaryny öwrenmelidir we olaryň kemçiliklerini düzetmek boýunça yzygiderli işlemelidir. Diňe bir toparyň şahsyýete zerur

garaýşyny üpjün etmäge üns bermän, eýsem, şahsyýetde hem topara položitel (oňyn) garaýşy kemala getirmelidir. Okuwçyny topara çekmek bilen çäklenmän, onda toparda durmaga, onuň bähbidi üçin göreşmäge, onuň işlerine işjeň gatnaşmaga bolan islegi we toparyň pikirini hormatlamak duýgusyny hem terbiýelemek gerek. Şu hili agzalary özünde jemleýän topar agzybir, jebis we güýçli topar bolup biler hem-de öz öňünde goýan maksadyna ýetmekde gürrüňsiz üstünlik gazanar.

## Topar we onuň kemala gelmeginiň döwürleri. Terbiýeçilik işiniň ulgamy bilen toparyň emele gelşiniň arabaglanyşygy

Terbiýeçilik işiniň ulgamy munuň özi terbiýeçilik çäreleriniň öňde goýýan maksatlarynyň giden bir tapgyryny, şol maksatlara ýetmek üçin hereket edýän adamlaryň bellibir toparyny, şol adamlaryň özara sazlaşykly gatnaşyklaryny, mekdepden daşarda edilýän dürli täsirleri özünde jemleýär. Terbiýeçilik işiniň ulgamy, okuw işi bilen terbiýeçilik işi aýra-aýralykda öz ugruna hereket edýän çäreleri däl-de, bitewi, tutuş bir zat hökmünde göz öňünde tutmagy talap edýär. Başgaça aýdanymyzda, terbiýeçilik işininiň ulgamy okuwçylaryň ýerine ýetirýän okuw işleriniňem, mugallymyň ylmy-usuly işleriniňem okuwdan beýleki wagtlarda durmuşa geçirýän terbiýeçilik çäreleriniňem özara sepleşip gitmegini, köp taraplary sazlaşykly ösen nesilleri kemala getirmek maksadyna tabyn edilmegini göz öňünde tutýar. Şeýle ulgamyň sagdynlaşmagy terbiýeçilik täsirleriniň, okuwçylaryň döredijilik işleriniň, pedagoglaryň gözleg-agtaryşlarynyň integrasiýasyna ***(lat. doldurmak, üstüni ýetirmek)*** köp derejede baglydyr.

Terbiýeçilik işiniň ulgamy bilen toparyň emele gelşi özara berk baglanyşykly bolup, olar bir-birlerini şertlendirip durýan esasy ugurdaş talaplardyr.

Sosial ähmiýetli her bir jemgyýetçilik topary *kollektiw* diýip atlandyrylýar. Meselem, *maşgala, mekdep, ýokary okuw jaýy, zähmet-önümçilik kollektiwleri* şu hili kollektiwlerdir. Jemgyýetçilik guramalar (ýaşlar, çagalar guramalary we ş.m. ) şahsyýeti kollektiwde terbiýelemek meselesinde uly orun tutýarlar.

***Topar (kollektiw)*** – maksatlary bir bolan, öz hereketinde, işinde döwletiň, halkyň öňünde goýan wezipelerinden ugur alýan pikirdeş adamlaryň birleşmesinden ybarat. Jebis, agzybir topar birdenkä emele gelýän zat däldir. Ol uzak wagty hem çylşyrymly döwri başyndan geçirýär.

Toparyň **ilkinji ösüş döwri** terbiýeçilik işiniň başlamagyna gabat gelýär. Ilkibaşda maksatlar anyklanýar. Şonda düşünişmezligiň ýüze çykmagy mümkindir. Kämahallar liderleriň, pikirdeş toparlaryň öňe saýlanmagy bilen agzalalygynyň güýçlenýän, pedagogik nazaryýetleriniň anyklanýan pursatlary seýrek bolmaýar. Şonuň ýaly ýagdaýda pedagogik toparynyň jebis hem agzybir bolmagy juda zerurdyr. Sebäbi pedagogik toparynyň içindäki sazlaşygam, dartgynlygam okuwçylaryň toparyna örän çaltlyk bilen aralaşýar. Muny göz öňünde tutmak hem mejalsyz ulgamy uzaklaşdyrman sagdynlaşdyrmak gaýragoýulmasyz wezipeleriň biridir. Her bir mugallym, synp ýolbaşçysy, guramaçy-pedagog şahsy göreldesi, işe bolan ussatlygy bilen okuwçylary öz yzlaryna eýerdip bilen mahalynda şol wezipeleriň çözgütlerini tapmaga ukyplydyr.

Toparyň ösüş döwrüniň **ikinji basgançagynda** terbiýeçilik ulgamynyň içki gurluşy aýyl-saýyl bolup başlaýar. Terbiýeçilik işiniň ulgamyny emele getirýän ugurlar, görnüşlerdir iş usullary aýdyňlaşýar, öz-özüňi dolandyrmak bilen baglanyşykly işler ýola girip, orta atylýan teklipler peýda bolup başlaýar. Şeýle-de bolsa okuwçylaryň birleşmeleri entek islendik derejede kämil, jebis ýagdaýda bolmaýar.

Toparyň **mundan buýanky ösüş döwri** terbiýeçilik gurluşynyň berkleşmegi, aragatnaşyklaryň pugtalanmagy, düzgün-tertibiň gowulanmagy bilen utgaşyp gidýär. Ýokary synp okuwçylary pedagoglaryň ýakyn kömekçilerine öwrülip başlaýarlar, öz-özüňi dolandyryş işi görnetin sagdynlaşýar. Aýry-aýry okuwçylar üçin toparyň täsir edijilik güýji ýokarlanýar, düzgün-tertibe jogap bermek, nobatçylyk etmek ýaly işler okuwçylaryň özleri tarapyndan amala aşyrylýar. Okuwçylaryň belli-belli toparlary mugallymlaryň gerdenlerine düşýän pedagogik ýüki ýeňletmekde ýakyn kömekçiler bolup bilýärler, olar mekdepde geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň şärikdeşleri hökmünde çykyş edýärler.

Okuwçylarda özüňi alyp barmak endiklerini terbiýelemekde mekdep esasy orun tutýar. Hut mekdep okuwçyda jemgyýetçilik garaýşy, jemgyýetçilik aňy we jemgyýetçilik işlerini dolandyrmak endigini terbiýeleýär.

Okuwçylar toparyny we şahsyýeti terbiýelemegiň meseleleri A. S. Makarenkonyň, W. A. Suhomlinskiniň eserlerinde giň orun tutýar. A. S. Makarenko terbiýeçilik işinde jemgyýetçilik guramalarynyň ähmiýetine uly baha berip, olary özüňi alyp barmak boýunça türgenleşik geçirilýän *«gimnastika zaly»* diýip atlandyrypdyr. Ol: «Biziň ýeke-täk ýolumyz bar – ol özüňi alyp barmaklyga türgenleşmekdir» diýip belläpdir.

**Jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlary göz öňünde tutýan, şol maksatlara ýetmek üçin bilelikde we agzybirlik bilen hereket edýän, biri-biri bilen özara baglanyşykly we biri-birine dahylly, emma hemmesi borçlary we hukuklary boýunça deň bolan okuwçylar toparyna *okuwçylar kollektiwi (topary)* diýilýär.**

Okuwçylar toparynyň görkezijisi onuň her bir agzasynyň oňyn hereket edýänliginden, birek-biregiň bähbidini we isleglerini hormatlaýandygyndan ybaratdyr. Topar her bir okuwçynyň şahsy ösüşi üçin giň mümkinçilikler döretmelidir.

Şeýle topar öz agzalarynyň hormatyndan peýdalanýar. Ol öz agzalaryna guramaçylyklylyk, jemgyýetçilik pikiri arkaly täsir edýär. **Toparyň öz agzalaryna täsir edişiniň formalary (usullary) dürli-dürli bolup biler.** Olar hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

**1. Gös-göni täsir etmek.** Täsir etmekligiň bu görnüşi ulanylanda, topar öz agzasynyň nädogry hereketini ara alyp maslahatlaşýar, tankyt edýär we onuň hereketi boýunça degişli karara gelýär.

**2. Kinaýa arkaly täsir etmek.** Bu täsir gös-göni däl-de, gytaklaýyn häsiýete eýe bolýar.

**3. Okuwça täsir etmekden wagtlaýyn saklanmak.** Täsir etmegiň bu görnüşi ulanylanda, nädogry hereket eden okuwça öz eden hereketiniň agramyny ölçerip görmek, günäsine göz ýetirmek we ony boýun almak üçin wagt berilýär. Eger şol wagtyň dowamynda okuwçy eden etmişini boýnuna almasa, topar ol barada belli karara gelýär.

## Okuwçylar toparynyň esasy sypatlary

Okuwçylar toparynyň guramaçylyklylygy, işe ukyplylygy onda şeýle sypatlaryň barlygy bilen kesgitlenýär.

**1. Topar (kollektiw) öz agzalarynyň agzybirligi, jebis, dostlukly aragatnaşygy bilen tapawutlanmalydyr.** Onuň her bir agzasy öz bähbidini kollektiwiň bähbidi bilen utgaşdyrmaga endik etmelidir.

**2. Okuwçylaryň her bir ilkinji topary, umumymekdep toparynyň her bir agzasy umumymekdep topary bilen berk arabaglanyşykly bolmalydyr**. Ilkinji kollektiwiň her bir agzasy özüniň umumymekdep toparynyň hem agzasydygyny duýmalydyr.

**3. Topar özüniň ýolbaşçylyk ediji we dolandyryjy agzalary bolmalydyr.** Her bir kollektiwiň özüniň çözýän köpsanly meseleleri bar. Ol meseleleriň ýolbaşçylyk etmäge we dolandyrmaga ukyply agzasy bolmadyk toparda üstünlikli durmuşa geçirilip bilinmejekdigi düşnüklidir.

**4. Toparyň durmuşynda mekdebiň çagalar, ýaşlar guramalarynyň işi bilen baglanyşykly jemgyýetçilik ähmiýetli öňde goýlan wezipeleriň bolmagy.** A. S. Makarenko öňde durýan maksatlary (perspektiwalary) maksatlaryň döremeginiň esasy şertleriniň biri hasaplapdyr. Ol çagalar topary hemişe ýakyn, orta, uzak maksatlar bilen gurşalmalydyr diýip belläpdir.

Okuwçylar toparynyň maksatlary olaryň esasy işleri bilen, meselem, okuw, jemgyýetçilik zähmet, sport, çeper höwesjeňleriň işi bilen baglanyşyklydyr. Maksatlaryň bolmagy toparyň kem-kemden üstünlikli hereket etmegini, kem-kemden berkeşmegini we jebisleşmegini üpjün edýär. Topar täze-täze wezipeleri çözmek we indiki öňde durýan maksada, wezipä ýetmek ugrunda göreşmek bilen barha kämilleşýär.

Ýakyn maksatlaryň mysaly hökmünde synpyň okuwçylarynyň dynç alyş güni gezelenje gitmekligini, synp okalgasyny döretmekligini görkezmek bolar.

Synpyň okuwçylary üçin birnäçe wagtdan soň, sport ýaryşynyň boljakdygy we oňa gatnaşjakdyklary, umumymekdep topary üçin mekdebiň döredilen gününiň baýram ediljekdigi **orta maksat (perspektiwa)** bolup biler.

**Uzakdaky maksada (perspektiwa)** esasan birnäçe ýyldan, belki, uzak möhletden soň ýetiljek maksady göz öňünde tutýar. Meselem, öz söýýän hünäriňi ele almak, orta mekdebi bäşlik bahalar bilen tamamlamak muňa girýär.

Toparyň öňünde bir wagtyň özünde ýakyn, orta we uzakdaky maksatlaryň (perspektiwalaryň) durmagy onuň agzalarynyň işjeňligini ösdürmek we güýçlerini zerur ugra gönükdirmek üçin uly ähmiýete eýedir.

**5. Toparyň işjeň agzalardan durýan düzümiň bolmagy.** Toparyň işjeň agzalardan durýan düzümine iň işeňňir we guramaçy okuwçylaryň çekilmegi toparyň işini ilerledýär, okuwçylaryň guramaçylyk ukyplaryny ösdürýär.

**6. Toparyň öz agzalary barada alada etmegi.** Topar öz agzalarynyň arasynda düzgün-nyzamlylygyň berjaý edilmegini, olaryň bir-birine kömek bermeklerini we goldamaklaryny, agzalaryň nädogry hereketleri barada maslahatlaşmagy, şol hereketleri seljermegi guramalydyr.

**7. Toparyň položitel tejribesini hormatlamak, dowam edip gelýän däpleri berkitmek we ösdürmek.** Orta mekdeplerde gowy däpleriň birnäçesiniň berk ornaşanlygy bellidir. Olardan Harplyk baýramy, her bir okuwçynyň mekdep bagynda bir ösümlik ösdürip ýetişdirmegini we özi mekdebi gutaranda, ony 1-nji synp okuwçylarynyň birine tabşyrmagyny, mekdebiň döredilen gününi baýram etmekligi bellemek bolar.

**8. Toparyň ähli agzalarynyň inisiatiwalylygyny we özbaşdaklygy barha ösdürmeli.** Her bir okuwçy toparyň işine işjeň gatnaşmalydyr we onuň üstünlikli öňe hereket etmegi barada aladalanmalydyr. Her bir okuwçy jemgyýetçilik işini alyp barmalydyr we kollektiwiň umumy işleriniň üstünlikli bolmagyna öz goşandyny goşmalydyr.

Okuwçylar toparynyň üstünlikli işlemegi üçin, mugallymlar toparynyň oňa ýakyndan kömek bermegi, okuwçylar topary terbiýelemekde ähli mugallymlaryň, ata-eneleriň okuwçylar toparynyň işlerini goldamagy we hemaýat berip durmagy zerurdyr.

## Okuwçylar toparynyň ösüşi

Berk we maksada okgunly okuwçylar toparynyň döremegi birden-bire bolýan hadysa bolman, eýsem mekdebiň pedagogik kollektiwiniň birnäçe ýyl dowamyndaky çynlakaý tagallasynyň hasylydyr.

Okuwçylar toparynyň ösüşinde birnäçe döwri synlamak mümkin. Ol döwürler bir-birinden tapawutlanmak bilen, okuwçylar toparynyň kem-kemden berk, agzybir, jebis, maksada okgunly hereket etmäge ukyply topar bolup kemala gelmegine getirýärler. Toparyň ösüş döwürleri onuň agzasy bolup durýan okuwçylaryň şahsyýetiniň hem ösüş döwürleri hasaplamak bolar. Sebäbi tutuş toparyň ösüşi aýry-aýry okuwçylaryň ösüşi bilen, olaryň özlerine nähili derejede talapkärçilikli çemeleşişi, her biriniň topardaky orny we toparyň durmuşyna gatnaşyşy, oňa garaýşy bilen köp derejede baglanyşyklydyr.

Şulardan ugur alyp, okuwçylar toparynyň ösüşini aşakdaky döwürler boýunça ýzarlamak bolar:

**Birinji döwür.** Bu döwür okuwçylar toparynyň ýaňy döredilenligi bilen häsiýetlenýär. Bu döwürde esasy orun mugallyma degişlidir. Birinji döwürde okuwçylar özlerinden edilýän talaplara gowşak düşünýärler, birek-birege hem talapkärçilikli çemeleşýärler. Muňa mysal edip ýoldaşlarynyň biriniň sapagyna ýetişmezliginiň beýlekileri birahatlandyrmaýandygyny görkezmek bolar. Mugallym bu döwürde okuwçylary öwrenýär, olaryň toparyň işine işjeň gatnaşýanlaryny ýüze çykarýar, ähli okuwçylaryň bellenen düzgünlere tabyn bolmagy, düzgün-nyzamlylygyň bellibir derejede berjaý edilmegi ugrunda göreşýär.

**Ikinji döwür.** Eger birinji döwürde okuwçylaryň öňünde talaplary mugallym goýýan bolsa we ol esasy rol oýnaýan bolsa, ikinji döwürde esasy rol toparyň öňdebaryjysyna degişlidir. Bu döwre çenli eýýäm şeýle aktiw kemala gelýär we ol toparyň agzalarynyň öňünde takyk talaplar goýýar. Ýöne bu döwürde heniz her bir okuwçynyň özüne talapkärçilik bilen çemeleşişi pes bolýar. Her kim özi bilen deňeşdirende, beýlekilere has talapkärçilikli çemeleşýär, öz kemçiliklerini köplenç duýmaýar.

**Üçünji döwür.** Bu döwür kollektiwiň agzalarynyň köpüsinde jemgyýetçilik pikiriň döreýänligi bilen, okuwçylaryň özleriniň gura-

maçylar, terbiýeçiler hökmünde çykyş edýänligi bilen tapawutlanýar. Her bir okuwçy hut özüne hem ýoldaşlaryndan talap edişi bilen deň derejede talapkärçilikli çemeleşýär. Okuwçylar öz hereketlerinde umumy bähbitlerden ugur alýarlar. Ýoldaşlarynyň kemçiligi bilen ylalaşmaýarlar, olaryň düzelmegi barada köpçülikleýin aladalanýarlar.

**Dördünji döwür.** Bu döwürde her bir okuwçynyň özünden talabedijiligi beýlekilerden talap edişinden güýçli bolýar. Topar jebis, agzybir güýje öwrülýär. Her bir okuwçy üçin ahlak kadalaryny berjaý etmek endige, islege öwrülýär. Okuwçy öz islegi boýunça hereket edýär, emma onuň islegi we hereketleri köpçüligiň, toparyň, jemgyýetiň bähbitlerine ters gelmeýär.

Toparyň bu ösüş etaplarynyň arasynda mese-mälim bolup duran araçägi synlamak kyn. Sebäbi her bir täze döwür öňki döwrüň içinde ösüp ýetişýär. Mundan hem başga, hut ösüşiň bir döwründäki toparda aýry-aýry okuwçylaryň öz ösüşinde beýleki okuwçylardan öňe gitmegi ýa-da yza galmagy hem mümkin.

Topary terbiýelemekde ulanylýan usullar onuň ösüş döwürlerine laýyk gelmelidir. Şoňa görä mugallymyň toparyň ösüş döwürlerini, aýratynlyklaryny gowy bilmegi hem-de öz gündelik işinde olardan ugur almagy onuň topary terbiýelemek işiniň üstünlikli bolmagy üçin ähmiýetlidir.

## Okuwçylar toparyny guramagyň we terbiýelemegiň usullary

Mekdep okuwçylarynyň topary çagalaryň mekdebe gelen ilkinji ýylynda kemala gelmäge başlaýar. Emma çagalaryň hakyky kollektiwe öwrülmegi mugallymyň ençeme wagt dowamynda alada etmegi, okuwçylaryň her biriniň aýratynlygyny öwrenmek, olaryň toparda birikmegini gazanmak ugrunda çynlakaý çalyşmagy netijesinde hasyl bolýar.

**1-2-nji synplarda** çagalaryň topary heniz doly kemala gelmeýär. Bu döwürde mugallym esasy ünsüni düzgün-nyzamlylygy gazanmaga we her bir okuwçynyň toparyň öňünde jogapkärçiligini terbiýelemäge gönükdirýär. **1-2-nji synp** okuwçylaryň umumy mekdep topary bilen aragatnaşygy esasan mugallymyň üsti bilen üpjün edilýär.

**3-4-nji synplarda** okuwçylar öňdebaryjysy kemala gelýär. Bu synplaryň okuwçylar toparynyň umumy mekdep topary bilen aragatnaşygy güýçlenýär.

**5-6-njy synplarda** topar guramaçylyk taýdan has berkişýär.

Agzybir, jebis topary döretmekde mekdebiň pedagogik toparynyň uly orny bar.

Agzybir okuwçylar topary terbiýelemekde mugallymlaryň olardan edýän talaplarynyň ýeke-täk bolmagynyň ornuny aýratyn bellemek gerek. Mugallymlaryň toparyň öňünde goýýan talaplarynyň dürli-dürli bolmagy onuň ösmegine we jebisleşmegine zyýan ýetirýär. Mysal üçin, käbir mekdeplerde okuwçylaryň okuwa gijä galyp gelmegine, okuwdan galmagyna, sapakda we sapakdan daşarda özüni alyp barşyna, biri-biri bilen aragatnaşygyna mugallymlaryň her haýsynyň bir hili garamagy, ýagny biriniň düzgün-nyzamyň berk berjaý edilmegini talap edip, beýleki biriniň muňa parhsyz garamagy toparyň ösmegine diňe zyýan ýetirip biler. Şeýle halatda mugallymlaryň ýeke--täk talap etmekleri topary jebisleşdirer, ony öňe äkider. Umuman, mugallymlaryň okuwçylardan edýän talaplarynyň täsirli bolmagy we berjaý edilmegi üçin:

Okuwçylaryň öňünde birbada köp talap goýulmaly däldir.

Okuwçylar özlerinden edilýän talabyň berjaý edilmeginiň jemgyýetçilik ähmiýetine, zerurlygyna düşünmelidirler. Meselem, sapakda tertip-düzgüni saklamagyň zerurlygyna, ähmiýetine okuwçy düşünmelidir.

Talap etmegiň hemişe hökmany, berk görnüşi ulanylman, eýsem, onuň ýumşak, ýagny isleg görnüşde kemala gelmegini hem ünsden düşürilmeli däldir. Mysal üçin, birek-birek bilen sözleşende gödek sözleri ulanmazlyk, mekdebiň içinde ylgamazlyk ýaly talaplary hökmany ýerine ýetirilmeli talap hökmünde we berk, kesgitli äheňde aýtman, şu hili etmekligiň gelşiksizdigini, zyýanyny düşündirip, isleg görnüşde terbiýelemek hem bolar.

Okuwçylardan edilýän talaplar zerurlykdan gelip çykmalydyr. Olar okuwçylaryň, okuwçylar toparynyň ösüş aýratynlygyna laýyk we çagalaryň güýçleri ýeter ýaly bolmalydyrlar.

Edilýän talaplaryň berjaý edilmegi üçin, mekdepde we onuň daşynda zerur şertleriň bolmagyna üns berilmelidir. Mysal üçin, okuw-

çylaryň synpdan daşary işlere ýa-da jemgyýete peýdaly işlere işjeň gatnaşmaklary üçin, ata-eneleriň çagalara päsgel bermezlikleri we ş.m.

Soňabaka mugallymyň talaplary azalýar, okuwçy öz-özünden talap etmegi, ýoldaşyndan topar bolup talap etmegi öwrenýär.

**Talap etmek** topary terbiýelemegiň esasy usullarynyň biridir.

Topary terbiýelemegiň beýleki bir ähmiýetli **usuly** *okuwçylaryň* işjeň toparyny döretmekdir. Işjeňligi, ukyplylygy boýunça dogry saýlanan *işjeň topar* agzybir we güýçli topary terbiýelemekde, ony jemgyýetçilik ähmiýetli işlere çekmekde uly rol oýnaýar.

Toparyň üstünlikli ösmegi we hereket etmegi üçin, orta okuwçylar diýip hasaplanýan okuwçylaryň işjeňligini gazanmak zerurdyr. Toparyň durmuşyna işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak üçin, olary *köpçülik işlerine çekmek, ýumuşlar tabşyrmak* ýaly usullar ulanylyp bilner.

Tabşyrylýan ýumuşlar gysga wagtlyk hem, uzak wagta niýetlenen hem bolup biler. Ol näçe wagta niýetlenen bolsa-da, okuwçynyň bitiren işine baha bermek ünsden düşürilmeli däldir. Onuň bitiren işine dogry, toparlaýyn baha berilmegi okuwça gowy täsir edýär we işjeňligini ösdürýär. Netijede, okuwçy toparyň durmuşyna aktiw gatnaşmaga başlaýar. Şu hili ýumuşlar tabşyrylanda ýa-da toparyň işine çekilende, okuwçylaryň ukyplary, höwesleri göz öňünde tutulsa, olaryň işe höwesjeňlik we işjeňlik bilen girişmekleri hem-de üstünlikli işlemekleri üçin ähmiýetli bolýar.

Öňde goýulýan maksatlaryň hem-de däpleriň giňden ulanylmagy topary terbiýelemegiň iň netijeli usullary bolup durýar. Jemgyýetçilik ähmiýetli we özüne çekiji öňde goýulýan maksatlar bolmasa hem-de gymmatly däpler dowam etdirilmese we ösdürilmese, täze däpler ornaşdyrylyp durulmasa, toparyň durmuşy gyzyksyz bolar, okuwçylar onuň işlerine höwessiz gatnaşýarlar, olarda jemgyýetçilik aňy we häsiýetleri terbiýelemek kyn bolar.

Okuwçylar toparynyň ösüş döwürleriniň her birinde agzalan usullaryň ulanylyşynyň orny birmeňzeş däldir. Sebäbi kollektiwiň ösüşinden ugur alman ulanylan usul islendik netijäni üpjün etmeýär.

Ösüşiniň **birinji döwründe** ähmiýetli usul mugallymyň talaplary bolsa, mugallymyň öz abraýynyň hem orny giňden peýdalanylýan bol-

sa, **ikinji döwürde** işjeň toparyny döretmegiň we ony terbiýelemegiň orny uludyr. Işjeň topar mugallymyň muňa çenli topary terbiýelemek boýunça geçiren işlerini dowam etdirýär we täze şertlerde ösdürýär.

Üçünji döwürde okuwçylara ýolbaşçylyk etmegiň we tabyn bolmagyň öwredilmegi, ýolbaşçy agzalara barha köp okuwçynyň çekilmegi hem-de bellibir möhletden gezekleşdirilip durulmaklary gowy netije berýär.

**Dördünji döwürde** toparyň agzalarynda öz-özüni terbiýelemek uly orun tutýar.

**Toparda şahsyýetara gatnaşyklary**

Zähmetiň adamlaryň toparlarynyň arasynda paýlaşylmagy, bir önümi öndürýän toparyň ikinjini öndürýän bilen haryt alyş-çalşygyna goşulmagy, toparlaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, bilelikde tagalla etmeklik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ykdysady, syýasy-aňyýet ýaly görnüşleriniň döremegine getirýär.

Taryhy ösüşde adamlar özleriniň hakyky adyna mahsus sypatlaryny döretmek we saklamak üçin birek-birek bilen aragatnaşykda bolmalydygy dogrusyndaky hakykaty özleşdirýärler. Adam özüne meňzeş beýleki adamlara seredip, olar bilen dürli gatnaşyklarda bolup, özüne adam hökmünde gatnaşykda bolýar.

Adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygy degişli toparlarda amala aşyrylýar. Toparlar göze görünýän, daşky we içki taýdan guralan hem-de göze görünmeýän, adamyň özüni aňlaýan ýa-da aňlamaýan häsiýetde bellibir durmuş toparynyň agzasy hökmünde göz öňüne getirmegi, onuň kadalaryna eýermekligi häsiýetde bolýar. Dürli sebäplere görä jemgyýetden üzňe düşen adamlar ýaşalmaýan adalarda özlerini sosial toparyň hakyky agzasy ýaly *şol öňki toparynyň, döwletiniň, medeniýetiniň kadalaryna laýyklaýar. Her kes öz gündelik synlamalarynda käbir adamlaryň ýekelikde ýygra, özüne ynamsyz häsiýetiniň ol topara goşulanda dogumly, ugurtapyjy, aragatnaşyga meýilli adama öwrülýändigine göz ýetirýär. Tersine, toparda* yzky orunlarda hereket edýäniň ýekelikde örän işjeň, öndürijilikli işgär häsiýetde bolýanlygy seýrek däldir.

Toparlar **hakyky** we ***şertli*** görnüşlere bölünýär. ***Bellibir giňişlikde we wagt kesiminde bir-birleri bilen özara gatnaşykda***

12. Sargyt № 1339

***bolýan adamlar toplumy* hakyky topardyr**. *Zähmet, okuw, sport, harby toparlar hakyky topara degişlidir.* ***Haýsydyr bir şertli sypat esasynda bir bitewülige birleşdirilýän adamlar birleşmesine*** *şertli topar* ***diýilýär.*** Hasabatda ýüze çykarylýan ýürek-gan damar keselliler, test synagynda bellibir akyl-psihologiýa derejesini ýüze çykaran okuwçylar we beýlekiler şertli toparlaryň mysalydyr.

Adamlar bir-birleri bilen şahsyýetara, aýratyn toparyň wekilleri, düzüjileri hökmünde bolsa toparara gatnaşykda bolýarlar.

*Şahsyýetara gatnaşykda birek-birege* **empatiýa** – özüňi beýlekiniň emosional-duýgy ýagdaýynda goýmak, **identifikasiýa** *– özüňi oňa birleşdirmek, ýagny özüňi garşydaşyň diňe bir duýgy ýagdaýyna goýup görmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň pikirine, maksadyna laýyk iş-hereket etmek ýaly bir-birine düşünişmek usullary bardyr. Toparara gatnaşyklar derejesinde adamlaryň biri-biriniň ýagdaýyna aralaşmagy emosional-duýgy derejede däl-de, durmuşy resmi kada-talaplara tabynlykda bolmalydyr.*

*Şahsyýetara gatnaşyklaryň hereket düzüjisi aragatnaşykdyr. Aragatnaşyk şahsyýetleriň arasynda maglumat alyşmak, özara hereket alyşmak hem-de birek-biregi kabul etmek we düşünişmek görnüşlerde bolýar.*

Aragatnaşygyň psihologik derejesinde taraplaryň bir-birlerini sulhy almagy, käbirine biperwaý-bitarap, üçünjisine sowugrak gatnaşykda bolmaklyk ýaly täsirler döreýär. Toparda köplere ýaraýan, adamlaryň ýüregini awlaýanlar öňe saýlanyp, olara **liderler** diýilýär. **40-njy ýyllarda** meşhur psiholog **K. Lewin liderçiligiň** ***demokratik, awtokratik we liberal – goşulmaýan görnüşlerini tejribede esaslandyrýar.***

**Demokratik lider** toparyň işini öňünden onuň ähli agzalaryna sala salmak esasynda meýilnamalaşdyrýar, işiň gidişine ähtibar gözegçilik edip, onuň aralyk we ahyrky netijelerine baha berşi maslahat beriji häsiýetde bolýar. Bahalandyryşda işiň netijeliligi we işgäriň oňa yhlaslylygy göz öňünde tutulýar. Topar agzalary tejribeden soňra geçirilen sorag-jogapda ýene-de şeýle lider bilen işleşmäge döwtalapdygyny aýdýarlar.

**Awtokratik ýa-da awtoritar usully lider** *işi öňünden meýilnamalaşdyrman, ony işiň gidişinde döredýär. Ýumuş buýruş äheňi azymly, talap ediji, işe esasan göze görünýän netijesi boýunça baha berlip, oňa siňdirilen erk-yhlas, azap nazara alynmaýar. Öwen adamsyny aňrybaş mahabatlandyryp, onuň sähelçe ýalňyşyny aňsa, ony edil şonuň ýaly-da ýazgarýar. Toparyň iş öndürijiligi bu usulda ýokardaky demokratik usuldan onçakly pes bolmasa-da, bu liderden adamlaryň nägileligi örän ýokary bolýar.*

**Liberal ýa-da goşulmaýan usulda işleýän lideriň** *iş tutuşy işi öz akymyna goýbermek, diňe topar agzalaryny zerur iş serişdeleri bilen üpjün etmek häsiýetde bolýar. Işde özakymlaýyn birnäçe gysga wagtlaýyn we işiň bellibir döwürlerine laýyk bölekleýin liderler döreýär. Toparyň iş öndürijiligi we jebisligi pes bolýar.*

Aragatnaşykda şahsyýetara gatnaşyklaryň gidişinde birleşdiriji – **konýunktiw** we aýrylyşdyryjy – **dizýunktiw** duýgular döräp, olaryň birinjisinde taraplaryň bir-birine ýaramlylygy, işi bilelikde etmeklige meýli döräp, ol topary jebisleşdirýär. **Ikinjisi bolsa** bolsa, tersine, adamlary bir-birinden sowaşdyrýan, bilelikde işlemekden çetleşdirýän, ahyr netijede bolsa toparda agzalalyk esasynda onuň jebisliligini peseldýän täsirdäki duýgular bolýar. Toparda aragatnaşygy we şahsyýetara gatnaşyklarynyň psihologiýasyny öwrenmek we kesgitlemek ýörite mesele hökmünde ýüze çykýar. **Bu maksat üçin J. Morenonyň döreden *sosiometriýa* (sosio – jemgyýet, metrio – ölçemek) usuly ulanylyp,** onuň netijesinde şahsyýetiň toparyň şahsyýetara gatnaşyklaryndaky at-abraýy kesgitlenýär.

## Terbiýäniň halkylyk hem millilik häsiýeti

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow milli medeniýetimizi, edebi, pedagogik mirasymyzy öwrenmek, milli terbiýäni ýaşlaryň aňyna ornaşdyrmak barada uly tagallalar edýär. Hormatly Prezidentimiziň: «Biziň milli mirasymyza halkymyzyň milli buýsanjy, milli häsiýetleri, milli ynanç-ygtykatlary, mahlasy, türkmenleriň ruhy älemi siňipdir» – diýip bellemegi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli

mirasymyzy öwrenmegiň, gorap saklamagyň we terbiýeçilik işinde esaslanmagyň ähmiýetlidigine şaýatlyk edýär.

Türkmen halkynyň gahrymançylykly geçmişiniň mirasynda ösüp gelýän ýaş nesli milli ruhda terbiýelemek Gahryman Arkadagymyzyň milli bilim ulgamynda öňe sürýän özgertmeleriniň baş maksatlarynyň biri bolup durýar.

Türkmen terbiýesiniň özboluşly, milli terbiýe ulgamy bar. Halk tarapyndan döredilen terbiýe ýörelgeleri, serişdeleri nesilden-nesle geçip gelipdir we ýaş nesilde milli aňyň, milli dahyllylygyň, milli öz-özüňi aňlamagyň kemala gelmegine gös-göni täsir edipdir.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda halkymyzyň taryhyny, onuň baý etnopedagogik mirasyny doly we dogry öwrenmäge, bu ugurda ylmy işleri, wagyz-nesihat çärelerini alyp barmaga giň ýol açyldy. Milli Lidermiziň ***«Älem içre at gezer», «Döwlet guşy», «Medeniýet halkyň kalbydyr», «Türkmen medeniýeti», «Ile döwlet geler bolsa ...»*** atly hem-de milli medeni mirasymyza degişli beýleki kitaplarynyň peşgeş berilmegi, ***2015-nji ýylda Türkmenistanyň bilim edaralarynda terbiýeçilik işleriniň milli Maksatnamasynyň döredilmegi, 2016 – 2021-nji ýyllar üçin Türkmenistanda milli medeni mirasy ylmy taýdan öwrenmegiň we wagyz etmegiň hem-de Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet Maksatnamalarynyň*** kabul edilmegi terbiýäniň halky we milli häsiýetde bolmagynyň wajyplygyny tassyklaýar.

Türkmen halkynyň geçmişi ata-babalaryň pähim-paýhasyndan doludyr. «Gorkut ata» eposy giden bir mekdep bolup, onuň baş pedagogy Gorkut atanyň özüdir. Magtymguly hem öz döwrüniň (diňe bir öz döwrüniň hem däl, eýsem, biziň döwrümiziň hem, geljekki döwrüň hem) göreldeli mekdebi hem ussat mugallymy. Halk iň dürdäne pedagogik paýhasyny meşhur «Gorkut atada», «Görogluda» jemläpdir. Halk döredijiliginiň her bir görnüşi özboluşly mekdepdir. Halk öz pedagogik paýhasyny medeni ýadygärliklere-de siňdiripdir, ruhy gymmatlyklaryna-da ornaşdyrypdyr. Iň eý görýän perzentlerini, hadysalaryny bolsa ýatda saklap, nesillere miras edip geçiripdir. Halk ony her bir ýowuz güýjüň ýok edip bilmejegini örän ýitilik bilen duýupdyr. Hakykatdan hem, ony geçmişiň galagoply zamanlary-da ýok edip bilmändir. Şeýle bolansoň durmuşa geçirilýän ter-

biýeçilik işi türkmen halkynyň gadymdan gelýän tälim bermek, edep öwretmek babatyndaky ýörelgelerine, edim-gylymlaryna esaslanan mahalynda gowy netijeleri berip bilýär diýip aýtmak bolar. Muny Garaşsyz türkmen Diýarynyň durmuş tejribesi ilkinji ýyllarda görkezip başlady.

Gurban baýramynyň ýörite baýramçylyga öwrülmegi, resmileşdirilmegi, türkmen bedewiniň, halysynyň, Magtymguly Pyragynyň şygryýet günleriniň dabaraly ýagdaýda bellenilmegi – bularyň hemmesi köpçüligiň aňyna oňaýly täsir etmegiň, nesilleri halkyň milli ruhunda terbiýelemegiň ýene-de kuwwatly serişdesi bolmagyna getirdi. Ýaşuly nesliň arzuw-umydy, ýagşy niýet bilen edýän dilegi, aýdýan alkyşy ynsanyň asylly sypatlaryny kemala getirmeklige gönükdirildi. Milli medeniýet, milli ruh täzeden janlanyp başlady. Türkmen halk pedagogikasynyň meseleleri ylmy nazaryýetden işlenilip, okuw-terbiýeçilik işiniň süňňüne siňdirilýär.

Bu özgerişleriň bary okuw-terbiýeçilik edaralarynda alnyp barylýan terbiýeçilik işini halkyň aňyna, siňip giden edim-gylymlar, däpler bilen eýlemegiň zerurlygy öňe çykardy. Terbiýeçilik işlerini halk pedagogikasyna kybap edip ýola goýmaklygyň zerurlygyny geçmişiň ençeme akyldarlarynyň aýratyn ähmiýet berendiklerini ýüzugra belläp bileris.

Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan pähimler, parasatly pikirler, atalar sözi, nakyllar, mahlasy, halk döredijilik eserleriniň dürli görnüşleri tüýs ylmy häsiýetdedir, olaryň praktiki ähmiýeti hem juda güýçlüdir. Eger ylmy-barlag işlerini aýry-aýry adamlar ýa ylmy işgärleriň bir topary döredýän bolsalar, şeýdibem nazaryýeti emele getirýän bolsalar, gadymdan gelýän pedagogik paýhasy ata-babalarymyz ençeme ýyllaryň dowamynda döredipdirler, ony timarlamaga bir ýa birnäçe adamyň akyly däl-de eýsem, ençeme, belki ýüzlerçe, müňlerçe kişiniň akyly gatnaşypdyr. Şol nazaryýetden seredeniňde geçmişiň pedagogik paýhasy tüýs ylmy häsiýetdedir.

Terbiýeçilik işiniň halkylyk häsiýeti hakda gürrüň edilende, häzirki döwrüň okuw-terbiýeçilik işini tutuşlygyna diňe halk pähimleriniň esasynda guramaly diýen pikirde däldigimizi hem aýt-

malydyrys. Okuw-terbiýeçilik işi halk pedagogikasyna hem-de häzirki zaman ylmy pedagogikasynyň gazananlaryna esaslanýan işdir. Başgaça aýdanymyzda, ýurdumyzyň okuw jaýlarynda durmuşa geçirilýän okuw-terbiýeçilik işleri halk pedagogikasyna daýanýan, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, häzirki döwrüň talaplaryny göz öňünde tutýan, dünýä ylmynyň we tehnikasynyň gazananlaryna esaslanýan terzde ýola goýulmagyny talap edýär. Şol bir wagtyň özünde-de maksatlarynyň, tutumlarynyň umumylygyna garamazdan, asly bir kökden dörän türkmen halkynyň aýry-aýry tire-taýpalardan ybarat bolanlygy, olaryň edim-gylymlarynda, däp-dessurlarynda, senetlerinde aýratynlyklaryň barlygy sebäpli, okuw-terbiýeçilik işinde olaryň göz öňünde tutulmagy hökmandyr. Ýerli aýratynlyklary bilip, olary nazara almak pedagoga diňe peýda berip biler.

# V BAP

# Tälim-terbiýe bermekde halk pedagogikasynyň (etnopedagogikanyň) orny

## Halk pedagogikasy barada umumy düşünje

**Halk pedagogikasy**-***bilim, tälim bermek, edep öwretmek babatynda halk köpçüligi tarapyndan asyrlarboýy döredilen düzgünler, serişdeler, olaryň görnüşleri, amal etmegiň usullary bilen iş salyşýar***.

Halk pedagogikasynyň täsir edijilik güýji hemme wagtda-da uly bolup, onuň ylymda ady «etnopedagogikadyr». Bu ylmy adalgany öňe süren rus pedagogy G. N. Wolkowdyr. Türkmen halk pedagogikasyny ylmy taýdan düýpli işlän belli alym, pedagog G. Pirliýew.

Halk pedagogikasy ýaş nesillere terbiýe bermek, olary özbaşdak durmuşa we zähmete taýýarlamakda türkmen halkynyň köp asyrlyk tejribesinde kem-kemden emele gelen we ulanylan pedagogiki däpleriniň we pikirleriniň jemidir. Türkmen halky gadymy we adamzada dünýä gymmatlyklarynyň ençemesini döre-

den halk hökmünde ýaş nesli terbiýelemeklige, olarda uly nesliň iň gowy sypatlaryny kemala getirmeklige, çagany durmuşa hemme-taraplaýyn taýýar şahsyýet edip ýetişdirmekde, perzentlerini zerur endikler bilen kämilleşdirmekde baý tejribe toplapdyr, bu işe uly ähmiýet beripdirler.

Halk pedagogikasy, esasan hem, gadymylygy we halkylygy bilen tapawutlanýar we häsiýetlendirilýär. Gadymylygy ýaş nesli terbiýelemek bilen adamlaryň gaty irki döwürlerden bäri meşgullanýandygyndadyr. Halk pedagogikasynyň dürli döwürlerde ýaşap geçen ata-babalarymyzyň, bütin türkmen halkynyň – danalaryň, daýhanlaryň, serkerdeleriň, senetkärleriň we beýleki adamlaryň akyl-paýhasynyň, terbiýeşynaslyk tejribesiniň önümidigi oňa halkylyk öwüşginini berýär. Halk terbiýeşynaslygynyň tejribesi we pikirleri biziň günlerimize däp-dessurlar we urp-adatlar görnüşinde halk döredijiliginiň ýadygärlikleri arkaly gelip ýetipdir.

***Halk döredijiligi halk pedagogikasynyň çeşmesidir***. Halk döredijiligine: *nakyllar, atalar sözi, läleler, monjugatdylar, hüwdüler, sanawaçlar, tapmaçalar, ýomaklar, agylar, aýdymlar, rowaýatlar, ertekiler, dessanlar, şadessanlar* we beýlekiler degişli. Olarda bütin türkmen halkynyň öz taryhynyň dowamynda terbiýeşynaslyk sungatynda gazanan tejribesi öz beýanyny (söz üsti görnüşinde) tapýar.

Halk döredijiligine häsiýetli bolan alamatlar:

**1.** Döreden adamyň (awtoryň) unudylmagy.

**2.** Durnukly tekstiň ýoklugy. Eser döredilen soň halk arasyndaky dilewar adamlar, aýdyjylar ony özygtyýaryna geçirýär-de, birgiden özgertmeler girizýär.

**3.** Eseriň dilden-dile, nesilden-nesle geçmegi we dörän döwründäki taryhy alamatlary özünde saklamagy halk döredijilik eserleriniň bir sypatydyr.

**4.** Halk döredijilik eserleriniň ülke serhedi bolmaýar.

**5.** Halk döredijilik eserleri her bir döwrüň ykdysady, syýasy talaplaryna, ahlak kadalaryna laýyklykda üýtgäp durýar.

**6.** Halk döredijilik eserleriniň täzeden döräp durmak we ýitip gitmek häsiýeti bar.

**7.** Halk döredijilik eserleriniň geçmişiniň haýsy ýurda, haýsy halka degişlidigine we haýsy döwürlerde peýda bolandyklaryna garamazdan, olar şol halkyň däp-dessurlaryny, durmuş şertlerini özüne siňdirmek bilen milli häsiýete eýe bolýar. Her bir halky eser şol halkyň milli ruhunyň aýnasydyr.

**8.** Halk döredijilik eserleri şol halkyň gepleşik dilinde bolup, olar halk içinde ulanylan aňlatmalar, çeperçilik serişdeleri bilen bezelendir. Halky eserler adamlaryň edebi döredijiliginde hemişe ilkinji çeşme bolup hyzmat edýär. Azady, Magtymguly, Andalyp, Magrupy, Şabende, Kemine, Zelili, Mollanepes, Mätäji. . . ýaly türkmen halkynyň beýik nusgawy şahyrlarynyň hem ilkinji halypasy halk döredijiligidir.

**Halk pedagogikasynda ahlak, akyl, beden terbiýesiniň bitewüligi.**

Türkmen halk pedagogikasynda ahlak, akyl, beden terbiýeleri bitewülikde seredilip, diňe sazlaşykly alnyp barylanda şahsyýeti kämil ýetişdirip bilýändigi ykrar edilýär. Çaganyň akyl-paýhaslylygy, beden sagdynlygy, ahlak arassalygy utgaşykly we sazlaşykly kämilleşdirilipdir.

***Ahlak terbiýesi:*** Halk pedagogikasynda adamyň iň gowy ahlak sypatlaryna, mynasybetine baha berende, ilki bilen, onuň adamkärçiligini göz öňünde tutupdyr. Adamkärçilik bolsa halk pedagogikasynda juda giň manyda ulanypdyrlar. Ol watansöýüjilik, ruhubelentlik, kiçigöwünlilik, halallyk, zähmetsöýerlik, gaýduwsyzlyk, birek-biregi hormatlamak, wepalylyk, tutanýerlilik, akgöwünlilik, myhmansöýerlik, salyhatlylyk, dogruçyllyk, hakyky janyň-teniň bilen söýmek, ulyny sylamak, kiçini söýmek ýaly beýleki ençeme gowy sypatlary öz içine alýar. Başgaça aýdanyňda «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen pähimden ugur alynýar.

***Akyl terbiýesi:*** Halk pedagogikasynda akyl her bir adamyň öz işinde üstünlik gazanmagyň girewidir, diňe akylly adam daşyny gurşap duran hakykatyň hadysalaryndan we durmuş wakalaryndan dogry baş çykarmaga ukyplydyr, diňe akylly adam öz işini dogry gurap we maksadyna ýetip biler.

Halk pedagogikasy akyllylygyň esasy alamatlary diýip adamyň bilimliligini, düşbüligini, parasatlylygyny, öz öňünde goýan maksady-

na ýetmegi başarşyny, synçylygyny, paýhaslylygyny göz öňünde tutýar. Halk hemişe-de gözlegde bolupdyr. Onuň bilime, akyl taýdan ösmäge ymtylyşy güýçli bolupdyr. Uly ýaşlylar öz durmuşynda ulanylýan bilimlerini ýaş nesle-de öwredipdirler.

Halk pedagogikasynda mazmuny halkyň tebigat, adam we jemgyýet baradaky bilimleri düzýär. Bu bilimler ýaş nesliň özbaşdak durmuşa ynamly aýak basmagy üçin esasy daýanç bolup hyzmat edipdir.

***Beden terbiýesi:*** Ýaş nesle beden terbiýesini bermeklik türkmen halkynyň esasy aladalarynyň biri bolupdyr. Halk ýaş nesli durmuşda zerur bolan ençeme gymmatly sypatlary kemala getirmegi göz öňünde tutupdyr, ýagny çaganyň beden saglygyny berkitmekligi, ömrüniň uzak bolmaklygyna ýardam etmekligi, beden taýdan ösen, bişişen, zähmete ukyply, söweşde, başa-baş tutuşylanda özüni gorap biler ýaly ýetişdirmegi özüne wezipe edipdir.

Halk özüniň pälwan, çalasyn, edermen, batyr, zerur pursadynda ýaragyny dakynyp, ata Watany, il-güni, ene-topragy duşmandan goramak üçin, gorkyny-ürkini bilmän, ata atlanyp ýola düşýän ogullaryny aýratyn hormat bilen gurşapdyr.

**Halk pedagogikasynda akyl we akyllylyk hakynda.**

Halk pedagogikasynyň çagalary dürli ugurlardan bilimler bilen taplamakda, olara uly nesliň tejribesini öwretmekde, nesliň ýatkeşligini, pikirlenşini, ünslüligini ösdürmekde ulanan serişdeleri köp dürli bolupdyr.

Çagalar eýýäm kiçijikliginden başlap, hüwdüleri köp eşidipdirler. Olar arkaly ene diliniň sesleri we sözleri, onuň ýakymlylygy, labyzlylygy bilen tanyşdyrypdyrlar. Hüwdüler çagalaryň eşidiş ukybyny, ünsüni, labyzly ses bilen aýdylýan aýdymlara söýgüsini terbiýelemekde ähmiýetli bolup dil öwrenmek, aýdym aýtmak boýunça geljekde özbaşdak meşgullanmaklaryny üçin esas döredipdirler. Çagalary akyl taýdan terbiýelemekde matallar aýratyn orun tutupdyrlar. Matallaryň jogabyny tapmaklyk çagada ýiti synçylygyň, pikirleniş ukybynyň, ýatkeşliginiň bolmagyny, onuň daş-töwerekdäki predmetlere, zatlara, hadysalara belent bolmagyny, her biriniň häsiýetli aýratynlyklaryny gowy bilmegini talap edýär.

**Türkmen halkynyň akyl-paýhasy, oýlap tapyjylygy**

**1**. Häzirki wagtda «dizaýn» diýen iňlis sözi türkmen diline terjime edilmän ulanylýar. Ol çeper konstruirlemek, çeper proýektirlemek diýen manyny aňladýar. Dizaýnerçilik türkmeniň milli sungatynda bir wagtlardan bäri ýaşap gelýär. Hünärmentler, senetçiler öz ýasan, oýlap tapan zatlaryny taraşlap, adamlaryň ýaşaýyş şertlerine gabat geler ýaly, owadan hem gelşikli bolar ýaly sünnäläp gelipdirler. Mysal üçin, gara öý, onuň gapdaly bilen ulanylýan beýleki zatlar, gurallar we ş.m. Türkmenleriň özboluşly keşdelerinde-de, halylarynda-da, beýleki medeni gymmatlyklarynda-da dizaýnerçilik bar.

**2**. «Görogly» eposynda duşmanlar bilen söweş edenlerinde dürli hilli taktiki hereketlere esaslanmaklary türkmen halkynyň geçmişi parasatlylygynyň bir çeşmesidir. Meselem: Gurt urşy we ş.m.

**Ahlak, akyl, beden terbiýesiniň serişdeleri:**

– Uly ýaşlylaryň göreldesi – däp-dessurlar.

– Türkmen tebigaty.

– Halk döredijiligi: hüwdüler, ertekiler, matallar, nakyllar, atalar sözi, aýdymlar, dessanlar, eposlar (şadessanlar).

– Oýunlar: dürli, hereketli bolýar.

Halk pedagogikasynda ulanylýan hereketli, intellektual-akyl we beýleki oýunlar: ***«Aýterek-günterek», «Düzzüm», «Bäşdaş», «Ýedi top» diýen pökgi bilen oýnalýan oýun, «Gizlenpeçek», «Orta durmak» (gyzlaryň oýnaýan gadymy oýny), «Ok-ýaý», «Çiş», «Şallak» ýa-da «Çyrçyk», «Şildirim», «Agsajyk-towsajyk» ýaly suwda oýnalýan oýunlar, «Aşyk», «Gurjak», «Aksüňk», «Guşakgoýdy»*** ýaly dürli oýunlardyr. Bu oýunlar halk terbiýeşynaslygynda iňňän netijeli serişde hökmünde giň peýdalanylýar. Oýunlar dürlüligi, köptaraplaýynlygy bilen häsiýetlendirilýär. Olaryň arasynda çaganyň ýaş aýratynlygyny göz öňüne tutulýany-da, iki adam ýa-da köpçülikleýin ýerine ýetirilýäni-de, oglan-gyzlaryň bilelikde ýa-da aýrybaşga oýnamagyny ýerine ýetirmegini göz öňüne tutýanlary-da bar. Oýunlaryň arasynda dürli-dürli tebigy, durmuş we beýleki ýagdaýlarynda peýdalanylýanlary-da bar.

XVI–XVIII asyrlaryň aralygynda türkmen halkynyň edermenligini wasp edýän eserler, ertekiler giňden ýaýraýar. Olara ***«Asly–Ke-***

***rem», «Huýrlukga–Hemra», «Şasenem–Garyp», «Saýatly–Hemra», «Nejeboglan», «Myraly we Soltansöýün», «Japbaklar», «Aldar Köse», «Ependi», «Kasymoglan»*** we başgalar degişli. Şu eserler goşgy, kyssa, şygyr görnüşinde berlip, türkmen taýpalarynyň beýleki taýpalar bilen agzybirligini wasp edýär. Meselem, «Asly–Kerem» özboluşly internasional mazmundaky eser bolup, Asly – hristian, ermeni gyz, Kerem musulman oglany, türkmen. Dessanda adamkärçiligiň beýik ahlak duýgulary wasp edilýär.

«Huýrlukga–Hemra» dessanynda baş gahryman açlykdan ejir çekýän zähmetkeş Hytaý halkyna kömek etmek, açlygyň hasabyna baý bolýanlara garşy göreşmegi wasp edýär. Hemra–batyr, akylly, salyhatly oglan hökmünde görkezilýär.

Şeýle-de, «Şasenem–Garyp» dessanynda demokratik garaýyşlar görkezilýär. Garyp oglanyň patyşanyň gyzyny söýmegi, hakyky söýgi görkezilýär.

Beýleki ady tutulan eserlerde-de adalatlylyk, halkyň arzuwy, Watany, halky söýmek baradaky ideýalar wasp edilýär.

Halk döredijiliginiň esasy ugurlary bolan atalar sözünde, nakyllarda halkyň parasatly pikirleri giňden beýan edilýär. Nakyllar dünýäsiniň terbiýeleýjilik güýjüni öwrenmekde hormatly Prezidentimiziň howandarlygynda neşir edilen **«Paýhas çeşmesi»** kitabynyň ähmiýeti bimöçber uludyr.

Hakykatdan-da, bu nakyllar akyl-paýhasyň gönezligi, ümmülmez, baky hazyna, durmuşda ýaşamagy öwredýän ýol görkeziji şamçyrag. Nakyllardyr atalar sözleri kämil aňyň, akyl-paýhasyň önümi. Adam aňy has kämilleşensoň, nakyllar döräp, olar hem uzak wagtlaýyn ösüş ýoluny geçip, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne gelip ýetipdir. Nakyllar ilki dörän wagty köpräk sözden ybarat bolup, soňra dilewar, märekesöýer adamlar tarapyndan gitdigiçe timarlanyp, gerekmejek sözler taşlanylyp, gunt ýaly kämil bir esere öwrülipdir. Hatda Gorkut zamanasynda dörän nakyllar hem juda kämil, hakyky paýhas çeşmesi. Şol nakyllaryň köpüsiniň şu günki günde hem şol durşuna ulanylýanlygy haýran galdyrýar. Halkyň hazyna horjunynda aýawly saklanylyp, hakyda ýumagy arkaly Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne gelip ýeten nakyllar edep-ekramyň gönezligi.

Gorkut atanyň paýhasly sözleriniň ähmiýeti örän uly, olar terbiýe mekdebi bolup hyzmat edip biljek. «Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz, ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz». Şular ýaly pähim siňen gymmatly nakyllar «Paýhas çeşmesi» atly kitaby bezeýär.

Kitap bäş bölümden ybarat bolup, onuň bölümleri ***watansöýüjilik, edep-ekram, ylym-bilim,*** durmuşy pelsepeler, tebigat we zähmet meselelerine bölünipdir.

Kitabyň birinji bölüminde Watany başyňa täç etmegi, agzybirligi ündeýän paýhas siňen setirler ýerleşdirilipdir. «Agzybiriň aşy bir», «Ata Watan aman bolsa, reňki-roýuň saman bolmaz» ýaly nakyllar nesil dowamatymyza Watany söýmegi, mertligi, batyrlygy, agzybir bolmagy ündeýär.

Edep-ekram meselesine bagyşlanan bölümde ýerleşdirilen nakyllar ene-atalara edepli perzendi terbiýeläp ýetişdirmekde uly ýardamçy. «Edep – bergidir, bermedige – görgüdir». Bu nakyl ene-atalaryň öňünde uly borç goýýar. Il-gününe wepaly, il adamsy bolan perzentleri ýetişdirip bilen ene-ata diýseň bagtly. Bu nakyllaryň arasynda dil baradaky nakyllar ençeme, olardan ýeke mysal hemme zady anyklaşdyrmagyň hötdesinden gelýär. «Edep başy – dil», bu nakyl ähli zadyň sakasynyň dildedigini, diliň edebini saklamagy öwredýär. Dil adamynyň başyna bela-da getirip bilýär, daşyna gala-da bolup bilýär.

Ylym-bilim baradaky nakyllar, ylymly-bilimli bolmagyň zerurdygyny öwretse, tebigat hakyndaky nakyllar janly-jandary söýmegi, tebigaty söýmegi öwredýär. Umuman, medeni mirasymyzyň aýrylmaz bir pudagy bolan folklor eserleriniň, aýratyn-da, paýhas çeşmesi bolan nakyllaryň ynsan terbiýesine täsiri iňňän uly.

Zähmete degişli nakyllar we atalar sözi halk durmuşyna has giň ornaşypdyr. «Az-az öwrenip, ussa bolarsyň, işlemeseň hassa bolarsyň», «Azap soňy rehnet», «Işlemedik-dişlemez» ýaly nakyllar zähmetiň ynsan durmuşyndaky ornuny kesgitleýär.

«Altyn alma alkyş al», «Ýigit sözi bir gerek», «Bir ýagşylyk unudylmaz, bir-de ýamanlyk», «Akmagyň tobasy bolmaz, ýamanyň – obasy» ýaly nakyllar ynsan häsiýetlerini açyp görkezýär.

Nakyllar özleriniň aňladýan manylary boýunça dürli temalara bölünýär. Olaryň käbirleri tebigata, ene topraga söýgi döretse,

beýlekileri ýokary ahlaklylyga, ýagny dogruçyl, adalatly, hoş sözli bolmaga çagyrýarlar. Şeýlelikde, nakyllary aňladýan manylar boýunça dürli toparlara bölmek bolýar. Mysal üçin, özüňi alyp barmaga degişli, söz sözlemäge degişli we başgalar.

**Özüňi alyp barmaga degişli nakyllar:**

«Agaç iýmişinden belli, adam kylmyşyndan».

«Gahar öňden ýörär, akyl soňdan».

«Göwni açygyň ýoly açyk».

«Ýagşy ata bir gamçy, ýaman ata müň gamçy».

«Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir
Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir».

Türkmenler myhmansöýer halk. Bu ýerde myhmana uly sarpa goýýarlar. Öýe gelen myhmany «atasyndan uly» hasaplaýarlar. Halkyň arasynda **myhman kabul etmegiň, myhmançylykda bolmagyň edebine degişli ýörgünli nakyllar** köp:

«Myhman atańdan uly».

«Myhmana mal soýmak ärlikden däl, barlykdan».

«Myhmanyňky üç gün, üç günden soň göçgün».

**Söz sözlemegiň edebine degişli nakyllar:**

«Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek».

«Aýrylmaz goňşyňa unutgysyz söz aýtma».

«Akmagyň dilinde, akyllynyň elinde».

«Agyzdan çykan sözi dolanyp alyp bolmaz».

«Adam dilinden tapar».

«Aýak ýüwrügi daşa deger, dil ýüwrügi başa».

«Iki barmak dilden bela geler».

«Gury sözden palow bolmaz».

«Il agzyny ýygyp bolmasa, çelek agzyny bogup bolmaz».

«Ýagşy söz ýylany hininden çykarar, ýaman söz gylyjy gyndan çykarar».

**Dostlugy wasp edýän nakyllar:**

«Dost – dostuň aýnasy».

«Dost ýüzüne aýdar, duşman yzyndan».

«Dost başa garar, duşman aýaga».

«Dostuň könesi ýagşy, donuň täzesi».

«Ýagşy bilen dost bolsaň, ýaşyň müň ýaşa gider,
Ýaman bilen ýoldaş bolsaň, gelen aklyň çaşa gider».
«Ýaman ýoldaş ýolda galdyrar».
«Özüňi süýt saýgyn, dostuňy gaýmak».

**Zähmet we zähmetsöýerligi wasp edýän nakyllar:**

«Adam eli – gyzyl gül».
«Ata kesbi ogla halal».
«Abraý aljak bolsaň işle».
«Arpa-bugdaý aş eken, altyn-kümüş daş eken».
«Işlemedik – dişlemez».
«Işlän almaz, iglän alar».
«Ýigide müň dürli hünär hem azdyr».
«Saýany ekmedik salkynda ýatmaz».
«Ýalta mal tapmaz, tapsa-da bol tapmaz».
«Ýatan öküze iým ýok».

Nakyllaryň aýratynlyklarynyň biri-de olaryň göçme mana eýeligidir, oňa gös-göni düşünmeli däl-de, onda gozgalan pikiri ýüze çykarmaly. Onuň üçin kähalatlarda nakyllara düşündiriş hem berilýär. Meselem, «Tyg ýarasy biter, dil ýarasy bitmez» nakylynyň mazmuny şeýledir: erbet söz bilen biriniň göwnüne degilse, mertebesi peseldilse, bu waka onuň uzak wagtlap ýadyndan çykmaýar, ýakymsyz duýgulary gaýtadan oýandyrýar.

Nakyllaryň manysynyň çuňlugy, maksadynyň terbiýä gönükdirilmegi olaryň etiki eserlerde öndümli ulanylmagyna getiripdir.

Ýaşuly adamlar öz sözleriniň, gürrüň berýän eserleriniň ynandyryjy bolmagy üçin atalar sözlerine ýüzlenipdirler.

**Halk pedagogikasynda ulanylýan terbiýe usullary.** Türkmen halky köp ýyllaryň dowamynda toplanan, synagdan geçirilen terbiýe usullarynyň uly toplumyny döredipdir. Bu usullar, elbetde, biri-biri bilen arabaglanyşykly. Olar diňe ussatlyk bilen sazlaşykly, ýerli-ýerinde, ýagny takyk ýagdaýda, halatda, ulanylanda netijeli ähmiýete eýe bolýarlar.

**a) Ahlak terbiýesiniň usullary:**

- çaganyň özüni ahlakly alyp barmakda türgenleşigini guramak;
- haýyş etmek we umyt bildirmek;
- ýaňzydyp ýa-da aýlawly söz aýtmak;

- kinaýa bilen sözlemek;
- terbiýelenýäniň ünsüni sowmak;
- höweslendirmek;
- gyjalat bermek;
- jemgyýetçilik pikiri;
- temmi bermek.

**b) Akyl terbiýesiniň usullary:**

- özbaşdak synlamaklyk;
- düşündirmek usuly;
- sorag-jogap usuly;
- gürrüňler üsti bilen terbiýelemek usuly;
- türgenleşmek usuly;
- çagalaryň bilimini, akylyny barlamak, synamak usuly;
- çaga aýrybaşga we toparlaýyn öwretmek.

**ç) Beden terbiýesiniň usullary:**

- ulularyň kiçilere maslahaty;
- düşündirme usuly;
- kiçi ýaşlylara görelde görkezmek;
- türgenleşdirme-maşk etdirme usuly;
- synamak-barlamak usuly;
- höweslendirmek we temmi bermek usuly.

Jemläp aýdanymyzda, halk pedagogikasy gaty giň, baý, netijeli pedagogiki hadysadyr. Onuň miwelerinden ussatlyk bilen peýdalanmak islendik pedagog, islendik mugallym, her bir ynsan üçin parzdyr.

# VI BAP

## Ahlak terbiýesi.
## Ahlak terbiýesi, maksady, mazmuny

**Ahlak** – adamyň özüni alyp barşyny, gylyk- häsiýetlerini kesgitleýän düzgünlerdir. Ol adamlaryň bir-birine bolan garaýşyny, Watana, halka, jemgyýete, döwlete, maşgala we ş.m. bolan garaýyşlaryny kesgitleýär. Ahlak meselesi bilen ***etika, psihologiýa, pedagogika*** ylymlary iş salyşýar.

Etika ahlagyň döreýşini, ynsanyň ahlak garaýyşlaryny, prinsiplerini, ösüş kanunlaryny; psihologiýa-adam aňynda ahlak ynanjyň, duýgynyň, hüý-häsiýetiň, emele geliş şertlerini, kanunalaýyklygyny; pedagogika-ahlak terbiýesiniň mazmunyny, usullaryny, serişdelerini öwrenýär.

Ahlak adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň önümidir. Ilkinji ahlak düwünçekleri gadym zamanlarda emele gelipdir. Irki döwürlerde-de nädogry hereketleri gadagan etmek, köpçülik bolup ýazgarmak ýaly çäreler ulanylypdyr. Şoňa görä köpçüligiň kabul eden kadalaryna, düzgünlerine tabyn bolmak gerek bolupdyr. Jogapkärçilik, borçlulyk, dogruçyllyk ýaly ahlak sypatlary her kes üçin zerur bolupdyr, köpçüligiň ykbaly adamlary biperwaý galdyrmandyr.

Soňabaka ahlak kadalary barha ösüp, kämilleşip başlapdyr.

Häzir ýaşlary belent ahlaklylyk ruhunda terbiýelemek möhüm wezipeleriň biridir. Ahlak terbiýäniň esasy **maksady** örňäp-ösüp barýan nesilde ahlak kadalary, düzgünleri baradaky duýgy-düşünjeleri, özüňi alyp barmagyň endiklerini emele getirmekdir, şol kadalar düzgünler esasynda hereket etmegi öwretmekdir.

Indi **ahlak terbiýesiniň mazmuny barada** durup geçeliň!

**1**. Ahlak terbiýesiniň mazmunynda ata Watana, ene topraga, onuň halkyna, diline, taryhyna, maddy, medeni we ruhy gymmatlyklaryna çyn söýgi döretmek esasy orun tutýar. Bu örän giň we çuň düşünjedir, ol ynsanyň ganyna ene süýdi bilen bilelikde siňip giden iňňän näzik watançylyk duýgusydyr. Watana wepalylyk, enä bolan söýgi ýaly mukaddesdir. Watançylyk terbiýesi nesillerde geçmişine, ata-babalaryň asyrlaryň dowamynda döreden siwilizasiýasyna, özbaşdaklyk ugrunda alyp baran adalatly göreşine, sahawatly topragyna, medeni we ruhy gymmatlyklaryna buýsanç duýgusyny emele getirmegi göz öňünde tutýar.

**2**. **Halklaryň dostlugy.** Türkmen halky hakyky dostluga sarpa goýýar. Türkmenler halklaryň dostlugyna, hoşniýetli gatnaşyklaryna hemişe-de aýratyn ähmiýet beripdir. Muňa «Beýik Ýüpek ýoly» arkaly amala aşan ykdysady, medeni aragatnaşyklary hem, Türkmenistanyň çäklerindäki gadymy şäherlerden tapylan ylma, sungata, edebiýata, medeniýete degişli ýadygärlikler hem, belli taryhçylaryň, geograflaryň, syýahatçylaryň aýdanlary hem güwä geçýär. Ýeri gelende türkmen Diýarynyň öz çäginde ýaşaýan dürli milletden bolan halklaryň doganlyk-

dostlugynyň has hem pugtalanýanlygyny bellemek bolar. Nesilleriň aňynda halklaryň dostlugy baradaky düşünjeler mekdepde berkidilýär.

**3. Ynsanperwerlik** meseleleri ahlak terbiýesiniň özenidir. Adama belent sarpa goýmak ata-babadan miras bolup geçen ahlak sypatydyr. «Görogluda» Jygalybegiň öwüt-ündewleriniň üsti bilen ahlaklylygyň giden bir toplumy öz beýanyny tapýar.

Beýik Magtymgulynyň eserleri öz ynsansöýüjilik ruhy bilen ýugrulandyr. Akyldar ynsanyň gadyr-gymmatynyň nähili belentde bolmalydygy baradaky pikirlerini jemläp şeýle diýýär:

Adam bolup, adam gadyryn bilmeýen
Ondan ki bir otlap ýören mal ýagşy-

**4. Zähmetsöýerlik**. Zähmete, onuň miwesine, zähmet adamsyna bolan dogry garaýyş şahsyýetiň ahlakly, adamkärçilikli sypatlarynyň biridir. Minandyryň pähimlerinde: «Ýaltalyk açlygyň, teşneligiň, ýalaňaçlygyň hem zeýrenjiň üstünden elter. Ähli kişiniň unaýan zady zähmetsöýerlik hem yhlaslylykdyr: şeýle adamyň garny dok, ýüzi nurludyr» diýlip aýdylýar. Hünärmen, jepakeş, kärine ussat adamlara olaryň döreden önümlerine, beýleki gymmatlyklaryna hemişe-de belent sarpa goýlupdyr, ol barada gowy pähimler döredilipdir.

Hakyky zähmet adamsynda göriplik, özgeleriň zadyna göz gyzdyrmaklyk ýaly oňlanylmaýan häsiýetler bolmaýar diýerlikdir. Şeýle adamda ahlak sypatlary onuň zähmetsöýüjiligi bilen sazlaşyp gidýär.

Ahlak terbiýesiniň mazmuny köptaraplydyr. Onuň düýp manysy şahsyýetiň adamkärçilik sypatlarynyň içine siňip gidýär.

**AHLAK TERBIÝESI**

| MAKSADY: | MAZMUNY: | WEZIPELERI: |
|---|---|---|
| Ahlak kadalary, düzgünleri baradaky düşünjeleri, özüňi alyp barmagyň endiklerini emele getirmek, şol düzgünler esasynda hereket etmegi öwretmek | 1. Watansöýüjilik<br>2. Dostluk<br>3. Ynsanperwerlik<br>4. Zähmetsöýerlik | 1. Ahlak düşünjeleri we ynançlary terbiýelemek<br>2. Ahlak duýgulary terbiýelemek<br>3. Ahlakly hereket etmekligi terbiýelemek |

13. Sargyt № 1339

## Ahlak terbiýesi şeýle anyk wezipeleri çözmeklige gönükdirilendir:

- Ahlak duýgyny terbiýelemek, ahlak aňyny terbiýelemek.
- Ahlak pikirlenmegi terbiýelemek, ahlak erki terbiýelemek.
- Öz-özüňi ahlak taýdan terbiýelemek, öz-özüniň ahlak keşbini kämilleşdirmek.
- Ahlak düşünjelerini we ynançlaryny kemala getirmek.
- Ahlakly hereket etmegi terbiýelemek.

**Başlangyç synp okuwçylarynda terbiýelemeli ahlak sypatlar:**

1. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda ýaşaýandygyny bilmek, olar barada döwletiň, hormatly Prezidentimiziň hemişe alada edýändigini bilmek, kasamy, senany bilmek;
2. Özleri barada alada etmek, irki maşklary etmek, öz zatlaryny, oýnawaçlaryny arassa saklamak, güllere, öý haýwanlaryna garaşyk etmek;
3. Ata-enäňi, doganlaryňy, babaňy-mamaňy, dostlaryňy, tebigaty we janly-jandarlary söýmek;
4. Deň-duşlar bilen dostlaşmak, bile oýnamak, ataňa, eneňe, doganlaryňa dost bolmak;
5. Öý işlerine kömek etmek, zähmet sapaklarynda, synpda we mekdepde öz-özüňe hyzmat etmek, tertipsizlige, hapaçylyga, ýalançylyga, gaharjaňlyga, gysgançlyga garşy göreşmek;
6. Suwy, elektrik toguny, gazy tygşytlamak, ataňa-eneňe özüňden ululara, ýoldaşlaryňa zähmetde we okuwda kömek etmek, surat çekmek, aýdym aýtmak, goşgy düzmek, täze oýnawaçlar, oýunlar döretmek.

### Şahsyýetiň adamkärçilik sypatlary

Adamkärçilik düşünjesiniň çygry juda giň bolup, ol gylyk-häsiýetiň, edepliligiň, ahlak sypatlarynyň özara baglanyşykly, örän köp taraplaryny özünde jemleýär. Oňa watanperwerlik, ynsanperwerlik, myhmansöýerlik, dostluk, hoşniýetlilik, borçlulyk, ynsaplylyk, işjeňlik, kanagatlylyk, dogruçyllyk, wepalylyk, jogapkärçilik, sadalyk, sypaýylyk, akgöwünlilik, pespällik, päklik, halallyk, tutanýerlilik,

namysjaňlyk, zähmetsöýüjilik, birek-birege goldaw bermek, ýaşula hormat goýmak, ýaşkiçiniň sarpasyny saklamak, lebziňe ygrarly bolmak, goňşy bilen gowy gatnaşyk etmek, şer işden, harsydünýäden gaça durup, haýyr iş bilen meşgul bolmak ýaly birtopar ahlak sypatlary bilen ýugrulan düşünjeler girýär.

Şol sypatlaryň käbiri barada gysgaça durup geçeliň. **Şahsyýetiň ideýa ynamlylygy, sosial işjeňligi** – onuň ahlaklylygynyň möhüm tarapydyr. Şoňa görä her bir ýaş ynsanyň halk bähbidi bilen ýaşamagyny, türkmeniň dünýäde ykrar edilmegine guwanmagyny, Garaşsyz Watanyň kuwwatlanmagy, ykdysady taýdan gülläp ösmegi üçin işjeňlik, gaýratlylyk görkezmegini, ideýa-syýasy babatda ynamly, ylmy garaýyşly, dünýä derejesinde bilimli, medeniýetli adamlar bolup ýetişmegini gazanmak möhümdir.

**Borçlulyk, jogapkärçilik duýgusy**. Adamyň Watan öňündäki, il-günüň, toparyň, ata-enäniň öňündäki borçlaryna, jogapkärçiligine akyl ýetirmegi onuň ahlak sypatlarynyň biri bolup durýar. Döwletmämmet Azady meşhur «Wagzy-Azat» eserinde ynsan perzendine:

Gel, ata birle eneňni kyl ryza,
Ryza bolgaý, şübhesiz, senden Huda...

diýip, wesýet edipdir.

Alym-pedagogyň ylmy taýdan ulgama salan her bir çaganyň ata-enäniň öňündäki borçlary babatyndaky düzgünlerinde ahlak sypatlarynyň giden bir toplumynyň bardygyny biz öň belläpdik. Iki-üç asyry üstünden geçirenligine seretmezden, şol pedagogik wesýetler geljekde-de öz gymmatyny ýitirmez.

Gadymy türkmen halk eposy bolan «Oguznamada» köpi gören pähimdar ýaşuly Hoja Büşiniň jaýdar maslahatlary ýaşlary çykgynsyz ýagdaýlardan alyp çykypdy. Gorkut ata özüniň parasatly öwüt-ündewleri bilen nesillere ahlak sypatlaryny siňdiripdi, ynsanperwerligi ündäpdi, adamkärçiligi öwredipdi, enäniň-gyza, atanyň-ogla görelde bolmalydygyny pent edipdi. Gündogaryň belli pedagogik eseri «Kowusnama» hem «Perzentleriň saňa nähili rakyp bolmaklaryny isleseň, senem ata-eneňe şonça rakyp bolgun! Perzent miwä meňzese ata-ene daragta meňzeýändir. Daragtyň idegini ýetirdigiňçe miwesi köp we datly bolar» diýip nesihat berýärdi. Magtymguly bol-

sa hut öz göreldesi bilen ata-enä, dogan-garyndaşa näderejede sarpa goýmalydygynyň nusgasyny beripdi. Şular ýaly ahlak ündewleri akyldarlar tarapyndan gündelik durmuşda yzygiderli ulanylýardy.

Eýsem biz şu ýerde şahsyýetiň adamkärçilik sypatlary bilen baglanyşykly gadymky öwüt-ündewlere, ahlak kadalaryna näme üçin aýratyn ähmiýet berýäris? Munuň düýp sebäbi ata-babalarymyz tarapyndan geçmişde tälim-terbiýäniň gymmatly düzgünleriniň döredilendigi, ata-enäniň hemişe-de mukaddes hasap edilendigi, olaryň tälim-terbiýäniň täsirli usullaryny oýlap tapanlygy, sünnäläp nesillere miras edip geçirendigi, olaryň biziň günlerimizde-de iňňän güýçli serişde bolup durýanlygy sebäplidir, ogul-gyzyň öz ata-enesini söýmegi başarmasa, başga hiç kimi, hiç zady ýüreginden gowy görüp bilmejekdigini äşgär edýänligi üçindir, ata-enä bolan söýginiň söýmek-söýülmegiň naýbaşysy bolup durýanlygy üçindir. Elbetde, çagalarda özlerini çyn söýgi döredýänlerem ata-eneleriň özleridir, şol söýgini berkidýän bolsa mekdepdir.

***Myhmanparazlyk*** – türkmeniň ata-baba gadymdan gelýän asylly däbi. Halk tarapyndan myhman hakda, oňa edilmeli hyzmat hakda gymmatly pikirler döredilipdir. «Myhman atańdan uly» diýen pähim halkyň myhmana biçak uly sarpa goýup gelenliginiň alamaty. Ol hoşniýetlilik bilen baryşyp-gelişmeginiň, aragatnaşyk etmegiň, birek-biregiň sarpasyny saklamagyň, gerek ýerinde maddy we ruhy goldaw berip durmagyň alamaty. Myhmana sarpa goýmaýan adamlar köpçülik tarapyndan ýazgarylypdyr, husytlykda aýyplanypdyr, ýaňsylanypdyr şeýdibem, oňa oňyn täsir etmek göz öňüne tutulypdyr.

«Kowusnamada» myhmany maşgala bolup, güler ýüz bilen garşy almagyň zerurlygy nygtalan bolsa, Ahmethadi Mahsudynyň «Şerigat düzgünleriniň toplumynda» gelen myhmany gowy garşylamaly diýlip aýdylýar. Kaşgarlynyň sözlüginde-de myhmanparazlyk teswirlenilýär. Magtymguly akyldarymyz bolsa, bu meselede kimiň kimligini aýyl-saýyl edýär oturyberýär:

Mert çykar myhmana güler ýüz bilen,
Namart özün gizlär, myhman ýoluksa.

Myhmana belent sarpa goýmak duýgusy biziň günlerimizde-de pes däldir, ýöne myhmansöýüji bolmak duýgusyny birsyhly terbiýeläp durmak zerurdyr.

***Ynsaplylyk*** – kanagatly bolmagy, sabyrly bolmagy, gara nebsiňe haý diýip bilmegi talap edýän ahlak sypaty, ol ynsanyň wyždany bilen aýrylmaz baglanyşykly. Ata-babalarymyz nesillerimiziň ynsaply bolmagy, halal zähmet bilen gün görmegi, kişiniň malyna göz gyzdyrmazlygy ugrunda hemişe alada edipdir, nebsini öňe düşürenleri şerebeli sözler bilen ýaňsylapdyr, hatda näletläpdirem. Magtymguly akyldarymyz adamlarda ynsaplylyk sypatlaryny emele getirmek üçin täsir etmegiň usulyny örän ýitilik bilen ulanypdyr:

Mal üçin ynjydyp gardaş-doganyň,
Az bilip, tylladan satyp-sowanyň,
Paýlaşarlar halal-haram ýyganyň,
Sen azabyn çeke-çeke gider sen.

Elbetde, gowy geýinmegem, gowy iýip-içmegem, eşretli durmuşda ýaşamagam başarmaly. Ili aldap, ogurlyk edip, mal-zat toplamak niýeti bilen hars urýanlar basym il-günüň gözünden düşýär. Zähmet çekene, iş başarana hak-heşdek näçe diýseň berilýär.

***Düzgün-nyzamlylyk*** – şahsyýetiň ahlak sypatydyr. Adam, onuň eşretli durmuşy hakynda alada edýän mahalynda onuň hem jemgyýetiň kabul eden düzgün-tertibini berjaý etmegi hökmandyr. Mugallym bu möhüm meselä döwletimiziň ýöredýän dürs syýasatynyň nazaryýetinden seretmäge borçludyr. Asudalyk, agzybirlik, syýasy durnuklylyk, erkinlik garaşsyz Türkmenistan üçin häsiýetlidir. Düzgün-tertibi bolanlygy üçin, türkmen iliniň rysgaly bitindir. Türkmen halkynyň bu ahlak sypaty ýaş nesliň aňyna birsyhly guýlup durulmaly, özüni alyp barşyna mäkäm ornaşdyrylmaly.

Il bilen bitewülik duýgusy ***(kollektiwizm duýgusy)***. «Ýekäniň çaňy çykmaz» diýen halk pähimi ýöne ýerden döremändir. Magtymguly hem «Her iş gelse il biläni» diýipdir. Köpçülik bolup ýaşamak, zähmet çekmek, bilim almak, mahlasy, her bir işi, her bir hereketi maslahatly etmek – bularyň hemmesi ynsan tebigatyna häsiýetli bolan sypatlardyr. Köpçülik bolup, duş gelen kynçylyklary ýeňip geçmek, aýry-aýry adamlaryň özlerini alyp baryşlaryndaky nogsanlyklary ýok edip, olaryň gylyk-häsiýetlerini gowulandyrmak mümkinçiligi az däl. Köpçülik bolup, okuwçyny, onuň bähbidini goramak, azaşany dogry ýola gönükdirmek möhümdir.

Şahsyýetiň adamkärçilik sypatlary, ýokarda belläp geçimiz ýaly, giň düşünje bolup, ylmy nazaryýetden derňelmegini talap edýän meseledir. Bu barada söhbet edilende, olaryň hersi aýry-aýrylykda derňelmegini, giňden düşündirilmegini talap edýär.

**Edeplilik – ahlaklylykdyr.**

**Edeplilik** – ynsanyň gowy gylyk-häsiýetini, adamkärçiligini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky medeniýetliligini, gaýry ahlaklylyk sypatlaryny özünde jemleýär. Ol ata-babalardan miras galan ahlak düzgünleriň giden bir ulgamydyr, ýagny halk pedagogikasynyň süňňüne ornaşyp giden, onuň içinde hemişelik hereket edýän ahlak kadalarydyr.

Ynsan edebiniň çygry çuň hem giňdir. Ol salamlaşmakdan başlap, ýerasty we ýerüsti baýlygyna, parasatly adamlaryna, alymlarydyr akyldarlaryna guwanç hem buýsanç duýgusyny emele getirmeklige çenli bolan edeplilik düzgünlerini öz içine alýar. Adamyň dostluga belent sarpa goýmagynyň, özüňi edepli alyp barmagyň zerurlygyna gadymy ýazuw ýadygärliklerinde hem gabat gelinýär. **Ahmet Ýugnaky** özüniň tälim üçin döreden «Hakykat sowgatlary» diýen kitabynda: «Ata bir, ene bir dogandyr bu halk» diýip öwreden bolsa, **Nowaýy:**«Adamynyň bir-birinden parhyýa» diýip ynsan aslynyň birdigini, deňhukuklydygyny, aýry-aýry ukyplydygyny, olaryň hemmesine-de deň derejede sarpa goýmalydygyny ündäpdir. Şol bir wagtyň özünde-de ynsan balasynyň iliň gözünden düşmezligi, bet işlere baş goýmazlygy dürli ýollar, usullar bilen wesýet edilipdir. **Keý Kowus** «Kowusnama» eserinde şerap içmezligi ahlaklylygyň gowy tarapy diýip ündän bolsa, «Hakykat sowgatlaryndaky» setirler:

Kim içgilik içse, ýaramaz adam,
Içigsi ters ýola goýandyr gadam

diýip, akyl berýär.

**Magtymguly** akyldarymyz bolsa «Akly bolan şerap içmez» diýip kesgitli netije çykarýar. Meşhur «Kysasyl enbiýa» eserinde hem gadymdan gelýän ahlak kadalary adamlaryň aňyna ussatlyk bilen ýetirilipdir.

Adamyň akyl-paýhasy, ynamy, hyjuwy, dünýägaraýşy ony hereketlendirýän güýçdür. Şol güýçleriň dogry terbiýelenmegi adamyň

lebzi bilen edýän hereketiniň bir-birine kybap bolmagyny üpjün edýär, onuň ahlaklylygyny pugtalandyrýar.

Edepliligem, ahlaklylygam gadymdan gelýän edim-gylymlardan, däp-dessurlaryndan, üzňe zat däl. Olar halk tarapyndan döredilen, ykrar edilen ýaşaýyş-durmuşyň kadalaryndan, düzgünlerinden ybarat, özlerem adamlar üçin esasy ýörelge bolup galypdyr. Şeýle bolansoň her kesiň edep-ekramy onuň ahlaklylyk sypatlaryny kesgitleýän esasy zatlar bolup durýar.

Kämahallar ynsan edebi onuň ahlaklylygyndan parhlanybam durmaýar, olar biri-birlerini şertlendirip durýan ynsanýetçilik hereketiniň oňlanylýan taraplarydyr. Ata-enä, dogan-garyndaşlara, ýaşuly adamlara, mugallymlara, halypalara hormat goýmak, kiçi ýaşlynyň sarpasyny saklamak, gerek ýerinde, olara hemaýat etmek, goňşular, beýleki halklaryň wekilleri bilen hoşniýetli gatnaşykda bolmak, zähmet adamsyna sarpa goýmak ýaly ynsaply işler, hereketler sogap işdir. Şular ýaly hüý-häsiýet adamyň ahlak sypatlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ahlak taýdan kämil bolmadyk adam edepli hereket etmegi başarmaz. Edeplilik bilen ahlaklylyk jemgyýetçilik durmuşynyň hemme pursatlarynda bilelikde, ugurdaşlykda hereket edýän düzgünlerdir.

**Ahlak terbiýesini bermegiň şertleri we ýollary.**

Okuwçynyň ahlak sypatlaryny emele getirmegiň şertleri-de, ýollary-da az däl. Geliň, olaryň käbiri hakda ýatlap geçeliň.

**1.** ***Okuw-terbiýeçilik işiniň ýokary derejede ýola goýulmagy örňäp-ösüp barýan nesle ahlak terbiýesini bermegiň esasy şertleriniň biri.*** Çünki mugallym okuwçynyň mekdep ýyllarynyň bütin dowamynda onuň gözüniň öňünde bolýar. Şeýle bolansoň oňa, pedagogyň öz kärine bolan yhlasyna, ahlaklylyk sypatlaryna hemme tarapdan hakyky, çyn häsiýetnama berip bilýän adam okuwçydyr. Ine, hiç mahal ähmiýetini ýitirmejek şu ýagdaý mugallymda iň gowy ahlak sypatlarynyň jemlenmegini talap edýär. Öň hem belläp geçişimiz ýaly, mugallymyň nähili adamlygyny, kärine bolan garaýşyny, näderejede taýýarlyklydygyny, dogruçyldygyny, lebzine ygrarlydygyny, iş-pişesine yhlaslydygyny, hoşniýetlidigini okuwçy örän gowy bilýär.

**2.** ***Pedagogik hem okuwçylar toparlarynyň özara düşünişip sazlaşykly hereket etmegi ahlak terbiýesiniň göwnejaý ýola goýulmagy üçin amatly şert döredýär.*** Mugallym bilen okuwçy özara ynamda bolup, terbiýeçilik çäresi meýilleşdirilende-de, oňa taýýarlyk görlende-de, geçirilende-de okuwçylara sala salynmagy, olary şol işiň şärikdeşi ýa-da guraýjysy hökmünde hereket etdirmek juda peýdalydyr. Kärine yhlasly türkmen pedagoglarynyň iş tejribeleri muňa güwä geçýär. Baryp otuzynjy ýyllarda belli pedagog A. S. Makarenko «10 sany juda ökde, emma hersi özbaşyna, agzala bolup, aýry-aýrylykda işleýän pedagogdan, 10 sany gowşagrak, emma agzybirlikde özara ylalaşykly zähmet çekýän pedagog has gowudyr» diýen pikiri öňe sürende ol mamlady. Bu pedagogik pikir biziň günlerimizde-de gymmatyny ýitirenok.

**3.** ***Her bir terbiýeçilik çäresiniň pugta oýlanyşylyp, maksada gönükdirilip meýilleşdirilmegi, şeýle hem, okuwçylaryň höwesine, islegine laýyk edilip guralmagy ahlak terbiýesini bermegiň ýene bir şertidir.***

**4.** ***Ahlak terbiýesiniň ýokary netijeli bolmagy üçin oňaýly emosional ýagdaýy döretmek-ýürekdeşlik, şähdaçyklyk, işjeňlik, özara düşünişmek ýagdaýlaryny emele getirmek möhüm bolup durýar.***

**5.** ***Umumy ýörelgäni berjaý etmek, okuwçylaryň durmuşyny döwrüň talaplaryna kybap edip guramak üçin maksatlaryň bitewüligi, talaplaryň ýalňyzlygy, maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetçilik guramalarynyň-önümçilik wekilleriniň özara ylalaşygy, umumy «dil tapmagy» gerek.***

Ahlak terbiýesini ýokary hilli edip guramagyň şertleri başga-da az däl. Bu ugurda alnyp barylýan terbiýeçilik işleri Garaşsyz Diýarymyzyň ýöredýän syýasaty bilen utgaşdyrylyp ýola goýlan mahalynda, bikär gezip ýörmäge hiç kimiň ynsaby çatmasa gerek, serhoşlyk, ogrulyk, parahorlyk ýaly hereketler, göriplik, harsydünýälik kimin sypatlar kemeler, soňundan bolsa ýok bolup gider, gapylar gulpsuz bolar, nesilleriň aňyna türkmen ruhy, türkmen psihologiýasy mäkäm ornaşar.

**Ahlak sypatlaryny emele getirmegiň ýollary.** Okuw jaýynda ahlak terbiýesi, esasan, iki ugur boýunça amal edilýär. Birinjisi, okuw işinde, ikinjisi, synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirilende.

**1.** Mekdep biliminiň mazmunynda örňäp-ösüp barýan nesli ahlaklylyk ruhunda terbiýelemegiň mümkinçilikleri az däl. Her bir okuw dersiniň ahlak terbiýesini bermekde orny bar, ýöne olaryň käbiri tutuşlygyna diýen ýaly ahlak meseleleri bilen ýugrulandyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň medeni mirasy, hukuk, özüňi alyp barmagyň medeniýeti, dünýä medeniýeti, taryh, edebiýat öwrenilende, ahlak terbiýesini bermegiň mümkinçilikleri matematika, fizika, himiýa ýaly okuw derslerine garaňda, has giňdir, sebäbi olaryň mazmuny durşuna diýen ýaly ahlak düzgünlerine ýugrulan. Mugallym okuw işinde ahlak sypatlaryny ornaşdyrmak niýeti bilen bar bolan mümkinçilikleri ýerlikli peýdalanmagy başarmaly bolýar. Ahlak terbiýesini bermekde «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» dersiniň hyzmatyny aýratyn belläp geçmek zerurdyr.

**«Özüňi alyp barmagyň medeniýeti»** dersi okuwçynyň ruhy-ahlak medeniýetini ösdürmegi, milli däp-dessurlaryna hormat goýmagy, maşgalada we jemgyýetde özüňi medeniýetli alyp barmagy, türkmen halkynyň agzybirligini, jebisligini gorap saklamagy, Türkmenistanyň mynasyp raýaty bolmagy öwredýär. «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» dersi şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň mazmunyny we duýgy-gymmatlyk gatnaşyklaryny, onuň sosial kämilliginiň kemala gelmeginiň ähmiýetini açyp görkezýär. Şeýle-de okuwçylaryň medeniýet barada durmuş bilimler ulgamyny, şahsara ahlak gatnaşyklary, türkmen we beýleki dostlukly halklaryň milli däp-dessurlaryna hormat goýmagy, durmuşda jogapkärçiligi, özüňi ahlakly alyp barmaga höwesi kemala getirýär. Bu dersiň üsti bilen okuwçylarda edep kadalary, özüni alyp barmagyň medeniýeti, ahlaklylyk aňlylygy we borçlulyk duýgulary kemala getirilýär. Okuwçylarda öz hereketlerine ahlaklylyk nukdaýnazaryndan baha bermek, kemçilikleriňi aňlamak we düzetmäge ymtylmak ýaly etiki häsiýetler terbiýelenýär.

**2.** Synpdan hem mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň her biri ahlak terbiýesinden üzňe däldir. Isle tebigaty goramak ýa ekologiýa meseleleri bilen baglanyşykly guralýan gurnaklardyr ekskursiýalar, gürrüňlerdir duşuşyklar bolsun, isle-de türkmeniň asly, ruhy bilen baglanyşykly okaýyşlardyr söhbetdeşlikler ýa-da beýleki çäreler bolsun, parhy ýok, olar nesillere ahlak terbiýesini bermekde şol mümkinçilikleri duşundan geçirip goýbermeli däldir.

## Terbiýeçilik işiniň düzümi ýa-da esasy ugurlary




## Akyl terbiýesiniň maksady we wezipeleri

**Akyl terbiýesi** – ***bu köptaraply, giň düşünje bolup, her bir ynsanyň akylly-başly, sowatly, düşbi, ugurtapyjy bolup ýetişmegini göz öňüne tutýan terbiýäniň görnüşidir.***

Türkmen halky geçmişde-de ýaş nesliň ylymly-bilimli bolup ýetişmegine aýratyn ähmiýet beripdir, tebigat dünýäsiniň, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplary hakyndaky düşünjeleri onuň aňyna siňdirip gelipdir, çünki türkmenler bilimli, sowatly, kitaphon adamyň birek-birege, goňşulara, beýleki adamlara hemişe hoşniýetli, mährem bolýanlygyna, kesekiniň malyna göz gyzdyrman, halal zähmet bilen ýaşaýanlygyna, halklaryň arasyndaky dostluga biparh garamaýanlygyna, kalbynyň päk, ýüreginiň arassa bolýanlygyna örän gowy düşünipdir. Ata-babalarymyz «Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor müňüni» diýmek bilen, halkymyzyň taryhy beýikligini saklamak üçin, döwrüne laýyk ösüşini gazanmakda kemala gelýän nesilleri akyl taýdan terbiýelemegiň zerurlygyny göz öňüne tutýar. «Kowusnamada» şeýle diýilýär: «Akyl bilen mal, baýlyk toplap bolar, emma mal bilen akyl toplap bolmaz». Mahmyt Kaşgarlynyň meşhur «Diwany lugat et-türk» atly sözlüginde bilime şowlulygyň, bagtlylygyň alamaty

hökmünde seredilse, «Oguznamada» ýaşuly nesliň akyl-paýhasyna belent sarpa goýulýar. Magtymguly akyldarymyz hem «Kitap okan gullar manydan dokdur, anlaryň kalbynda şeýtan bolarmy?» diýip, akylly bolmak üçin okamagyň zerurlygyny nygtaýar.

Okuwçynyň akyl-huşy, pähim-paýhasy kem-kemden, bellibir yzygiderlilikde ösýär, özem gapma-garşylyklaryň netijesinde öňe gidişlik bolýar. Muňa onuň özi hem özara söhbetdeşlikde, pikir alyşmalarda, çekişmelerde göz ýetirip ugraýar: aýdylýan pikirleriň biri-birine çapraz gelmegi, dürs ýa dürs däldigi, pikirini orta atýanyň ony delillendirip bilmegi ýa bilmezligi, tutanýerlidigi ýa däldigi, dogry, manyly gepi nädogry, bimamla gepden parhlandyryp bilýänligi ýa bilmeýänligi ýaly akyl ýetirmeler örňäp-ösüp barýan nesliň bu ugurdan ösmegine görnetin täsir edýär.

***Akyl terbiýesiniň maksady – okuwçylarda okamaga, bilim almaga söýgi döretmek, bilimler, başarnyklar, endikler bilen ýaraglandyrmak, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek bolup durýar.***

***Akyl terbiýesiniň wezipeleri:***

- kesgitlenen bilimleriň möçberini özleşdirmek;
- ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek;
- akyl güýjüni, başarnyklaryny we zehinleri ösdürmek;
- bilesigelijiligi ösdürmek;
- bilesigelijilik işjeňligini kemala getirmek;
- öz bilimleriniň üstüni dolduryp durmak, umumy bilim we ýörite taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmak, ösdürmek, talaplaryň ösüşi.

Akyl terbiýesi çaganyň entek maşgalada, çagalar baglarynda bolýan döwründe başlanýar, soňundan mekdepde bellibir ulgam boýunça ösdürilýär. Ynsanyň akyl taýdan ösüşi mekdepden soňky döwürde-de dowam edýär, şeýdibem, onuň aňynda ylmy bilimleriň ulgamy emele gelýär.

Akyl terbiýesi okuwçylary ylymlaryň esasy bilimler ulgamy bilen tanyşdyrýar. Ylmy bilimleri almak bilen okuwçylarda ylmy dünýägaraýşynyň esaslary emele gelýär. Bilimler ulgamyny aňly özleşdirmegi çaganyň logiki ösüşine, ýadyna, ünsüne, göz öňüne getirişine, akyl başarnyklaryna, tebigy zehininiň ösmegine ýardam edýär.

Durmuşyň tiz üýtgeýänligini, jemgyýetiň we şahsyýetiň talaplarynyň täzelenýänligini göz öňünde tutup, pedagoglaryň köp bölegi bilimiň gönükdirmeleriniň hemişe täzelenip durmagyny talap edýärler.

## Ylmy dünýägaraýşy kemala getirmekde akyl terbiýesiniň ähmiýeti

Ozaly bilen, «Dünýägaraýyş näme?» diýen soraga jogap berjek bolalyň. **Dünýägaraýyş** – *munuň özi adamyň öz önüp-ösen, ýaşaýan dünýäsine, onuň tebigatyna, jemgyýetçilik durmuşuna bolan garaýyşlarynyň ulgamydyr, gözýetiminiň kem-kemden giňelmegidir, daş-töweregi gurşap alan hakykatyň tutuşlygyna göz öňüne getirilmegidir*. Başgaça aýdanymyzda, dünýägaraýyş – adamyň filosofik, ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynyň çeýe hem sagdyn ulgamydyr.

Her bir ynsanyň dünýäde bolup geçýän hadysalardyr wakalardan habarly bolmagy, belli derejede baş çykaryp bilmegi onuň giň ylmy dünýägaraýyşly bolmagyny talap edýär. Adamda ylmy garaýyş bilen birlikde hususy garaýyş hem emele gelýär. Şolar ýaly hususy garaýyşlaryň umumy ylmy garaýyşlar bilen deň gelmegi-de, gelmezligi-de birneme çäkli, ylmy däl bolmagy-da durmuşda gabat gelýän zatdyr.

Ylmy garaýyşlary ylmy däl garaýyşlardan parhlandyrmak möhümdir. Bu barada akyl ýetirýän alymlaryň bir topary tebigatyň ösüş kanunlaryna materialistik nazaryýetden çemeleşmek bilen, dünýä, onuň ösüş kanunlary babatyndaky idealistik düşünjeleri ret edýär. Ýeriň, ondaky ýaşaýşyň döreýşi, haýwanat dünýäsiniň ösüşi, ynsanyň emele gelşi, organiki we organiki däl tebigatyň baglanyşygy ýaly ideýalary dogry beýan edýär. Şu ugurda pikir ýöredýän alymlaryň ikinji bir topary bolsa, bir jemgyýetçilik gurluşynyň başga bir jemgyýetçilik gurluşy bilen çalyşmagy, jemgyýeti herekete getirýän güýçler, jemgyýetiň sosial gatlaklary, jemgyýetiň ösmeginde ylmyň, tehnikanyň orny hakynda pikir ýöredýär. Ylmy garaýyşlar bilen baglanyşykly pikir ýöredýänleriň ýene bir topary ýokary nerw işiniň kanunlary, akyl bilen pikirlenmäniň orny, adamlaryň ahlak-

-etiki garaýyşlary, durmuş keşpleri bilen gyzyklanýarlar. Garaz, ylmy dünýägaraýyşlaryň meseleleri bilen baglylykda ýöredilýän pikirler dürli-dürlüdir.

Ýaş nesliň aňynda ylmy garaýyşlary, dogry düşünjeleri emele getirmegi ynam döretmekden başlamaly bolýar, sebäbi ideýa taýdan ynamlylyk ylmy dünýägaraýşyň aýrylmaz bir bölegidir. Mysal üçin, her bir ynsan Garaşsyz Türkmenistanyň asudalygy kepillendirýändigine, agzybirligi pugtalandyrýandygyna, abadançylygy berkarar edýändigine, ýurdy özgerdýändigine akyl ýetirip, ýüregi bilen ynanan mahalynda, onuň ylmy dünýägaraýyşlary pugtalanýar. Ýene bir üns bermeli zat, ol hem bolsa okuwçyda dörän ynamyň berk hem durnukly bolmagyny gazanmakdyr. Öz garaýşyňy, gelen netijäňi subut edip bilmek, goramak ynamyň berkleşýändiginiň alamatydyr, ylmy garaýyşlaryň aýyl-saýyl bolup başlanlygyny görkezýän zatlardyr.

Ýaş nesliň aňynda dünýä, tebigat, jemgyýet, adamzat aňy hem olaryň ösüş kanunlary baradaky ylmy garaýyşlaryň döreýşi nähili bolup geçýär? Bu işiň **ilkinji döwri** çaganyň mekdebe çenli ýaşynda bolup geçýär. Ol entek mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda ýa maşgalada terbiýelenýän mahalynda başlangyç ylmy düşünjeler, edep-ekramyň deslapky düzgünleri bilen tanyşýar. Çagalara bilim-terbiýäniň başlangyç esaslary berilýär, üç sany – türkmen, iňlis, rus dilleri öwredilýär, gowy edep-tälim berilýär. Çagalar bilen alnyp barylýan işiň mazmuny türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däplerini özüne siňdirmek bilen birlikde häzirki zamanyň talaplaryna-da laýyklaşdyrylýar.

Ylmy dünýägaraýşyň emele gelmeginiň **ikinji döwri** umumybilim berýän mekdepden başlanýar. Okuwçylar başlangyç we umumybilim maksatnamalaryny öwrenýän döwründe diňe bir ylmy bilimleriň ulgamyny däl, eýsem ylmy garaýyşlaryň, ynançlaryň ulgamlaryny hem özleşdirýärler. Başgaça aýdanymyzda, okuwçy özüni alyp barmagyň ahlak düzgünleri bilen tanyşýar, daş-töwerekde bolup geçýän wakalar, hadysalar barada öz garaýşyny emele getirip hem olar barada pikir ýöredip bilmegi öwrenýär. Şu döwürde mugallymyň ýolbaşçylyk başarnygy, ugrukdyryjy güýji möhümdir.

Hakyky ylmy garaýyşlaryň indiki **üçünji ösüş döwri** her bir okuwçynyň hut öz garaýşynyň, ynanjynyň, özüne mahsus bolan pikiriň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Ynamly gürlemegiň öz pikiriňi dogruçyllyk bilen beýan etmegiň esasynda berk özleşdirilen ylym-bilim ýatýar. Şol garaýyş akyl zähmetiniň, durmuş tejribesiniň, daşdan edilýän gaýry täsirleri netijesinde dörän esasy gymmatlyk bolup durýar. Öz garaýşyny beýan edýäniň «Meniň pikirimçe», «Meniň düşünişime görä», «Meniň muňa garaýşym başgaça», «Men bu pikir bilen ylalaşmaýan» diýen terzde gürlemegi onda özboluşly pikir ýöretmeleriň döränligini aňladýar. Şeýle adamlara adatça «Ol mamla, öz diýenli», «Onuň özüne ynamy bar» diýlip baha berilýär. Özara guralýan çekişmelerde, ara alnyp maslahatlaşylýan jedellerde öz pikiriniň eýesi bolup, ynamly çykyş edýän okuwçylaryň soňundan dogruçyl, lebzihalal hem ökde guramaçy adamlar bolup ýetişýänleri az däl. Olar düzgün-nyzamlylykda-da, ýanbermezlikde-de tapawutlanýarlar.

Okuwçylaryň ylmy dünýägaraýşy bilim ojagy bolan umumybilim berýän mekdeplerde has hem sagdynlaşyp başlaýar. Görşümiz ýaly, okuwçylaryň aňynda hakyky, ylmy garaýşy emele getirmek işi okuw-terbiýeçilik işiniň bütin dowamynda amala aşyrylýar. Ýaş nesliň aňynda sagdyn ylmy garaýyşlary, hakyky ylmy düşünjeleri emele getirmekde her bir okuw dersiniň, okuwdan beýleki wagtlarda geçirilýän her bir terbiýeçilik işiniň tutýan orny, bitirýän hyzmaty iňňän uludyr.

Umuman aýdanymyzda, ylmy garaýyşlar, hakyky düşünjeler nesli erkin hem ruhubelent, özbaşdak hem buýsançly edip ýetişdirýär. Şeýle ýaşlar islendik işe döredijilikli gatnaşmaga, derwaýys meseleleri özbaşdak çözüp bilmäge ukyply adamlar bolup ýetişýärler.

## Türkmen halkynyň akyl-paýhasy, oýlap tapyjylygy

Türkmen halkynyň akyl-paýhasy, oýlap tapyjylygy bilen baglanyşykly iňňän köp mysallary getirmek bolar.

**1**. Türkmenler häzirki döwürde ylmy dolanyşyga giren «logopediýa» diýen düşünjäni ulanmadyk hem bolsalar, çagalaryň sözleýiş dilini gowulandyrmagyň iňňän täsirli hem netijeli ýollaryny tapypdyr-

lar. Muňa çaganyň dilini ýençmek niýeti bilen oýlanyp tapylan ýaňlytmaçlar, sanawaçlar hem mysal bolup biler.

**2**. Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» eserinde Gaýgysyz Atabaýewiň kakasy Täçgök Serdaryň edermenligi barada ýatlanylýar. Şonuň bilen baglanyşykly ýazylan Ç. Täçmyradowyň «Täçgök serdar» atly makalasynda şeýle pikir aýdylýar: «Ol wagtlar dürbi bolmansoň, gözegçiniň dabanynyň aşagyna goýnuň guýruk ýagyny çigligine daňar ekenler. Dabanyna guýruk ýagy daňylan adam hem eşitgir, hem görgür bolupdyr».

## Sapakda we synpdan daşary işleriň üsti bilen akyl terbiýesiniň berlişi

Okuw jaýynda akyl terbiýesi esasan iki ugur boýunça amal edilýär. Birinjisi – okuw işinde, ikinjisi – synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirilende.

**1.** Mekdep biliminiň mazmunynda her bir okuw dersiniň akyl terbiýesini bermekde orny bar. Häzirki wagtda akyl terbiýesi bilim ulgamy bilen goşalaýyn ýagdaýda amala aşyrylyp, ***sapaklaryň*** üsti bilen dialektiki dünýägaraýşy çuňlaşdyrmak, ýönekeý hasaplamalaryň üsti bilen meseleleri çözmek arkaly logiki pikirlenmegi kämilleşdirmek, ýagny akyl terbiýesiniň kemala gelmeginiň üpjün edilmegi göz öňünde tutulýar. Mekdep okuwçylarynda ylmy düşünjeleriň, dünýägaraýşy häsiýetlendirýän ymtylyşlaryň, endikleriň ýüze çykmagyna getirýär. Innowasiýalar we tehnologiýalar döwründe umumy bilim berilýän mekdeplerde okuwçylara akyl terbiýesini bermekde, informasion jemgyýetde olary tejribe taýdan durmuşa taýýarlamakda **«Informasiýa-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalary» we «Modelirleme we grafika» okuw dersleriniň** öwredilmeginiň aýratyn ähmiýeti bardyr. «Informasiýa-kommunikasiýa we innowasion tehnologiýalary» okuw dersiniň okadylmagy informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň derejesiniň ýokary depginler bilen ösüşi we innowasion tehnologiýalarynyň adam işjeňliginiň ähli taraplaryna edýän täsiri bilen şertlendirilýär. Bu okuw dersi ýaş nesillerimiziň sazlaşykly ösmegine, dünýä derejesinde bilim almagyna, dörediji-

lik başarnyklarynyň, zehinleriniň açylmagyna, gözýetimleriniň giňelmegine ýardam edýär.

**«Modelirleme we grafika»** okuw dersi okuwçylaryň akyl ýetirijilik işjeňliginiň, döredijilik we işjeň pikirlenişiniň, informasion tehnologiýalara bolan gyzyklanmalarynyň ýokarlanmagyna we olaryň hünär saýlamaklaryna oňaýly täsirini ýetirýär. Amaly taýdan tebigat (janly we jansyz) we jemgyýet baradaky ylymlarda akyl ýetirişiň kuwwatly serişdesi bolan modeller ulanylýar. Bu okuw dersi okuwçylaryň akyl ýetirijilik işjeňliginiň, döredijilik we işjeň pikirlenişiniň, informasion tehnologiýalara bolan gyzyklanmalaryň ýokarlanmagyna we olaryň hünär saýlamaklaryna ýardam edýär.

**2.** Bu terbiýäniň dowamy ***synpdan daşary işleriň***, mekdebiň, ders gurnaklaryň, mekdepden daşary çagalar edaralarynyň, ýörite mekdepleriň, zähmet toparlarynyň, metbugatyň, teleradioýaýlymlaryň, ylmyň hem-de tehnikanyň üsti bilen amala aşyrylýar, ýöne onuň mazmunynda öz-özüňi terbiýelemek hem hökmandyr. Synpdan hem mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň her biri akyl terbiýesinden üzňe däldir. Isle tebigaty goramak ýa ekologiýa meseleleri bilen baglanyşykly guralýan gurnaklardyr gezelençler, gürrüňlerdir duşuşyklar bolsun, isle-de türkmeniň asly, ruhy bilen baglanyşykly leksiýalardyr söhbetdeşlikler ýa-da beýleki çäreler bolsun, parhy ýok, olar okuwçylara akyl terbiýesini bermeklige, ylmy dünýägaraýşyna kemala getirmeklige gönükdirilendir.

## Zähmet terbiýesiniň maksady we wezipeleri

***Zähmet terbiýesi – zähmetsöýerligi terbiýeleýän, zähmet aragatnaşyklaryny, hereketlerini, zähmet gurallaryny, olaryň ulanylyşyny öwredýän, hünäre ugrukdyrýan terbiýäniň görnüşidir.***

Zähmet terbiýesi okuwçylarda zähmetsöýerligi, zähmet adamsyna hormaty terbiýelemekligi, zähmet başarnyklary we endikleri kemala getirmekligi we hünäre ugrukdyrmaklygy **maksat** edinýär.

Zähmet terbiýesi – ýaş nesli sazlaşykly ösen kemally adamlar edip ýetişdirmegiň esasy ugurlarynyň biri. Ol agzybir, asuda hem jebis türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin zähmet çekmäge ukyply, ruhubelent hem sagdyn, gaýratly hem başarjaň şahslary kemala ge-

tirmegi göz öňünde tutýar. Ata Watanyň, il-günüň bähbidi, ýaşaýyş-durmuşyň eşreti, her bir ynsanyň bol-elin ýaşamagy üçin işe ukyply bolmagyň zerurlygy baradaky düşünjeleri ýaşlaryň aňyna guýmagy, olaryň islegine hem endigine öwürmegi maksat edinýär.

## Zähmet terbiýesiniň wezipeleri:

- zähmetiň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirmek;
- okuwçylary zähmetiň dürli görnüşleri ( akyl zähmeti, fiziki zähmeti) bilen meşgullanmaga ruhy we beden taýdan taýýarlamak;
- çeper zähmete, tehniki zähmete gyzyklanmany kemala getirmek;
- zähmet adamsyna ( öňdebaryjy mülkdara, maldarlara, işçidir gullukçylara, medeniýet we sungat işgärlerine) guwanç hem söýgi duýgusyny kemala getirmek;
- hünärlere ugrukdyrmak;
- jemgyýetçilik üçin zerur bolan, okuwçylaryň gyzyklanýan, halaýan hünärini bellibir derejede öwretmek we oňa söýgi döretmek;
- zähmete döredijilikli çemeleşmegi terbiýelemek;
- zähmet düzgün-nyzamlaryny hem-de medeniýetliligi terbiýelemek;
- zähmete jogapkärçilikli garaýşy terbiýelemek;
- oýlap-tapyjylyk we rasionalizatorlyk ukyplaryny ösdürmek;
- okuwçylaryň synçylyk – gözegçilik ukyplaryny ösdürmek;
- hünär bilen baglanyşykly hyýallanmalary ösdürmek;
- zähmete gymmatlyk hökmünde baha beriji garaýşy kemala getirmek;
- terbiýeçilik işiniň bu ugry öz gözbaşyny maşgala ojagyndan alyp gaýdýar, mekdebe çenli terbiýeçilik edaralarynda, soňra mekdepde maksada gönükdirilip dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bellenilişi ýaly, her bir raýatyň döredijilikli zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär saýlap almaga, iş ýerini anyklamaga, bitirýän işiniň möçberine hem hiline görä hak almaga hukugynyň barlygy düşündirilýär. Mekdep maşgala bilen berk arabaglanyşykda bolup, okuwçylaryň zähmete bolan isleglerini öwrenýär, olaryň ymtylyşlaryny ösdürmegi hem berkitmegi guraýar. Bu çylşyrymly hem köptaraply işdir.

14. Sargyt № 1339

Şu gün döredijilikli işlemegi başarmaýan, daş-töwerekdäki önümçiligiň ösüşinden, önümçilik aragatnaşyklaryndan, olarda ulanylýan zähmet gurallaryndan habary bolmadyk, başy çykmadyk adamy göz öňüne getirip bolmaz. Asyrlarboýy barlanan zähmet terbiýesi şahsyýetiň hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösüşiniň esasy düzgünidir. Zähmet-adamyň akyl, ukyp, başarnyk taýdan kämilleşmeginiň esasy bolup durýar. Taryhy taýdan alaňda zähmet adamyň kemala gelmeginiň esasydyr.

***Zähmet terbiýesiniň usullary:*** *zähmet ýumuşlary, baýramçylyk çäreleri, gurnaklar, ýaryşlar, soraglar, jogaplar, oýunlar.*

Okuwçylara zähmet terbiýesini bermek maşgalada, mekdepde, mekdepden daşary çagalar edaralarynda we önümçilik birleşmelerinde amala aşyrylýar. Bularyň her biriniň çagalara zähmet terbiýesini bermekde tutýan mynasyp orny bolup, bilelikde bir wezipäni çözmegi, zähmet barada garaýşy terbiýelemegi üpjün edýärler.

Çagalara zähmet terbiýesini bermeklige gazet-žurnallaryň, radionyň, teleýaýlymyň, çeper edebiýatyň, kinonyň we teatryň hem goşýan goşandy az däl.

## Maşgala bilen mekdebiň zähmet terbiýesi bermekde alyp barýan işleri:

1. Zähmete bolan söýgini terbiýelemek;
2. Zähmet adamsyna hormat goýmak;
3. Zatlara aýawly we tygşytly çemeleşmek;
4. Ýerine ýetirilen işe bolan buýsanç;
5. Tabşyrylan işe jogapkärli çemeleşmek;
6. Okuwa bolan jogapkärçilik;
7. Öz-özüňe hyzmat etmek meselesi;
8. Öý işlerine ýakyndan ýardam bermek;
9. Önümçilige gatnaşmak;
10. Ýaşuly nesillere kömek bermek;
11. Çagalaryň işine ýolbaşçylyk etmek;
12. Maşgalada zähmeti paýlamak (oglanlar, gyzlar);
13. Zähmetde çagalaryň ýaş, psihologik, özboluşly aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak;

14. Hünär saýlap almak;
15. Ýerine ýetirilen işi töwerekleýin bahalandyrmak.

Zähmet terbiýesi dürli serişdeleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Oňa mysal edip okuw işini, synpdan we mekdepden daşary işleri, okuwçylaryň öz-özlerine hyzmat etmeklerini, jemgyýete peýdaly zähmeti, öndürijilikli zähmeti görkezmek bolar.

Olaryň her biriniň okuwçylara zähmet terbiýesini bermekdäki orny hakynda şulary aýtmak bolar.

Zähmet terbiýesi okuwçylary diňe fiziki zähmete taýýarlamaklygy göz öňünde tutman, eýsem akyl zähmetine taýýarlamaklygy hem göz öňünde tutýar.

Mekdep okuwçylaryna zähmet terbiýesini bermek ***ýaş nesli durmuşa taýýarlamaklygyň birnäçe wezipesini*** çözmeklige gönükdirlendir:

1. Okuwçylary zähmete psihologik we tejribe taýdan taýýarlamak.
2. Okuwçylarda topar bolup zähmet çekmek endigini kemala getirmek.
3. Zähmet medeniýetiniň endiklerini öwretmek.
4. Okuwçylarda zähmetiň mazmunyny kemala getirmek.
5. Okuwçylarda ylma, medeniýete, tehnika söýgi döretmek, olaryň ukyplaryny ýüze çykarmak hem-de ösdürmek.
6. Jemgyýetçilik emlägine garaýşy, aýawlylygy, tygşytlylygy terbiýelemek.
7. Okuwçylary hünäri aňly-düşünjeli seçip almaga taýýarlamak, olary hünäre ugrukdyrmak.

## Okuwçylaryň zähmetiniň görnüşleri:

- Okuw zähmeti;
- Zähmet sapaklary.

## Mekdepde zähmet terbiýesiniň berlişi

Mekdepde zähmet terbiýesi, ozaly bilen, ýaş nesliň **okuw zähmetini** dogry guramakdan, onuň düýpli bilim almagyny ýola goýmakdan başlanýar. Şonda mugallymyň şahsy göreldesiniň (her bir sapaga ykjam taýýarlygynyň, öz kärine bolan söýgüsiniň, okuwça bolan ýürekdeşliginiň we ş.m.) orny biçak uludyr. Ol özüniň hereketi,

işine bolan yhlasy, çaga bolan hakyky söýgüsi bilen okuwçylaryndan jogapkärçilik duýgusyny, akyl zähmetine bolan ymtylyşlary döredip biler. Galyberse-de, her bir okuw dersiniň mazmuny zähmet adamsy hem onuň işi bilen ýugrulandyr, çünki okuw işinde öwrenilýän tanymal adamlary, oýlap tapyjylary, akyldarlary, ýazyjylary, babadaýhanlary, gurluşykçylary, serhetçileri we beýlekileri tutanýerli zähmetiň öňe çykaranlygy äşgär edilýär.

## 1. Okuw işiniň dowamynda zähmet terbiýesini bermekligiň ähmiýeti

Okuw işi çagalary fiziki we akyl zähmetine taýýarlamaklyga üstünlikli hyzmat edýär. Okuwçylar dürli dersler boýunça öwrenilýän temalary özleşdirmek arkaly, akyl zähmetinde zerur bolan bilimler bilen taplanýarlar we tejribe endiklerini ele alýarlar. Mundan-da başga-da synp we öý ýumuşlaryny ýerine ýetirmek, okuwa wagtynda gelmek we sapakdan galmazlyk, okuw esbaplaryny aýawly saklamak endiklerini özleşdirmek bilen akyl zähmetinde-de, fiziki zähmetde-de uly orun oýnaýan işde jogapkärçiligi duýmak, uzak işlemäge ukyplylyk, erjellik, aýawlylyk, tygşytlylyk düzgünlerini berjaý etmek ýaly endikleri alýarlar.

Mekdepde öwrenilýän okuw dersleriniň mazmuny-da okuwçylar-da zähmete bolan garaýşy terbiýelemek üçin baý maglumatlar berýär. Bu maglumatlar hökmünde mysal üçin, biologiýa, fizika, himiýa sapaklarynda okuwçylaryň ylmy açyşlary öwrenmeklerini, laboratoriýa we tejribe işleri ýerine ýetirmeklerini, edebiýat sapagynda çeper eserleri we keşpleri seljermek arkaly zähmetiň eşrete ýetirýändigi, adamlaryň çekýän asylly zähmetleriniň nusgalary bilen tanyşmaklaryny görkezmek bolar.

Bularyň hemmesi okuwçylaryň zähmetiniň durmuşda tutýan ornuna, onuň özgerdiji güýjüne, ähmiýetini göz ýetirmekleri üçin ähmiýetlidir.

Zähmet terbiýesini bermekde zähmet okuwynyň aýratyn ähmiýeti bar. Mekdepde zähmet okuwy esasan **üç ugur** boýunça alnyp barylýar:

1. Oba hojalyk zähmeti.
2. Hojalyk-durmuş zähmeti.
3. Tehniki zähmet.

Zähmet sapagynyň gurluş maksady, mazmuny, çagalaryň ösüş derejesi we mekdebiň okuw-üpjünçilik binýady bilen kesgitlenilýär. Her bir takyk ýagdaýda mugallym sapagyň gerekli gurluşyny saýlap alýar, çünki ol gurluş okuwçylaryň öňünde okuw-terbiýeleýjilik meselelerini netijeli çözýär.

## Sapakdan daşary işleriň üsti bilen zähmet terbiýesini bermek

Okuwçylara zähmet terbiýesini bermekde, olaryň zähmet adamlaryna sarpa goýmaklaryny gazanmakda synpdan daşary geçirilýän dürli-dürli terbiýeçilik çäreleri hem aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Önümçiligiň dürli obýektlerine guralýan gezelençler, (ekskursiýalar) zähmetde meşhurlyk gazanan tanymal adamlar bilen geçirilýän duşuşyklar, türkmen halkynyň medeni we ruhy gymmatlyklary baradaky söhbetdeşlikler, synp sagatlary, okuwçylaryň hut özleriniň köpçülik bolup ýerine ýetirýän gaýry işleri bilen baglanyşykly bolan çäreler zähmet terbiýesini bermekde möhüm orun eýeleýär. Zähmet terbiýesini bermekde **zähmet gurnaklarynyň** ähmiýeti çäksizdir. Zähmet gurnaklarynyň esasy maksady okuwçy ýaşlary geljekki maşgala durmuşyna taýýarlamak we olara durmuşda zerur bolan hünär başarnyklaryny we endiklerini bermekden ybaratdyr. Orta mekdeplerde **biçimçi-tikinçi, milli nagyşlar, keteni-tara önümleri dokamak, halyçy, örüm işleri, aşpez, zergärçilik, küýzegärçilik, radiotehnik, agaç ussasy, demir ussasy, ýaş bagban, maldar** gurnaklaryny alyp barmaklyk maksadalaýykdyr. Mekdepde oýlanyşykly guralýan **zähmet gurnaklary** okuwçylaryň zähmete döredijilikli çemeleşmeklerini üpjün edýär, önümçiligiň dürli pudaklarynda zähmet çekmeklige höwes döredýär. Zähmetiň gurnaklary, tejribe işleri okuwçylaryň döredijiligini ösdürmäge, tejribe endiklerini kämilleşdirmäge, barlag we gözegçilik işlerine söýgi döretmäge hem-de başarjaňlyklar bilen ýaraglandyrmaga oňaýly hyzmat edýärler.

Okuwçylara zähmet terbiýesi berlende, olaryň öz bitirýän işlerinden lezzet alyp bilmeklerini gazanmak, olarda il bähbidi üçin çekýän zähmetine guwanç duýgusyny döretmek, ýaş nesle hojalyk hasaplaşygy, bazar ykdysadyýeti, kärendeçilik, telekeçilik ýaly düşünjeleri emele getirmek, olaryň «zähmet soňy rehnetdir» diýen halk pähminden ugur alyp hereket etmeklerini gazanmak möhüm wezipeleriň biridir.

Synpdan daşary düşündiriş çäreleri, ýagny gürrüňler, okuwçylaryň zähmet temasyndan geçirilýän ýygnaklary jemgyýetde zähmetiň ähmiýetini, zähmetkeşleriň biziň ýurdumyzda uly hormatdan we şöhratdan peýdalanýandygyny düşündirmäge, zähmet işini ýeňilleşdirmek boýunça biziň ýurdumyzda geçirilýän işler, önümçiligiň täzelikleri bilen tanyşdyrmaga giň mümkinçilikler berýär.

## Hünäre ugrukdyrmak

Zähmet terbiýesiniň wezipeleriniň biri – **okuwçylary hünäri aňly-düşünjeli seçip almaga taýýarlamakdan, olary hünäre ugrukdyrmakdan ybaratdyr.** Mugallymlar okuwçylary hünärler bilen tanyşdyrmak maksady bilen, olar barada gürrüňler geçirýärler, dürli pudaklar, olaryň işleriniň aýratynlyklary, häzirki zaman önümçiliginiň häsiýeti dogrusynda düşündiriş işleri has maksada gönükdirilen görnüşe eýe boldy. Okuwçylaryň dürli hünärlerde işleýän işgärler bilen duşuşyklary, önümçilige, okuw jaýlaryna gezelençler guramaklyk giň peýdalanylýar.

## Hünäre ugrukdyrmak işiniň usullary

Bu iş şeýleräk yzygiderlikden ybaratdyr:

- hünär barada bilim;
- hünär diagnostikasy;
- hünär konsultasiýasy (goşmaça okuw);
- hünär saýlanyşy;
- hünär öwreniş.

Bu ugurdan başlangyç synplarda geçirilýän işler: okuwçylara zähmet adamlaryny sylamak, olaryň işine gyzyklanma döretmek, öz obasynda, etrabynda, şäherinde bolan hünärlere we zähmete höwes

döretmek ýaly işler geçirilýär: munda-çagalara zähmetiň jemgyýetiň ykdysadyýetiň ösüşine täsiri barada düşünje bermeli; zähmetiň çagalaryň ýaş aýratynlygy we güýçýeterligi bilen baglylygy barada gürrüň bermeli; okuwçylaryň öňünde goýlan zähmet meseleleri gyzykly bolmaly; çagalaryň zähmetine özbaşdaklyk, döredijilik, ýaryş ýaly düzümleri goşmak amatly bolar.

**1-4-nji synplar üçin**: syýahatlar, hünärmenler bilen söhbetdeşlik, oba-hojalyk işgärleri bilen duşuşyk geçirmek; kagyz, kardon we materiallar bilen işlemek; otag güllerini ösdürmek; öý haýwanlaryny ideg etmek; her hili oýnawaçlary ýasamak; güýçýeterli işe çekmek göz öňünde tutulýar. Bu işler hünäre ugrukdyrmak işiniň başlangyjy bolup hyzmat eder.

Eger-de iş **pedagogik şertler** bilen üpjün edilse, zähmetiň netijeliligi ýokary bolar hem-de zähmet terbiýesi gowy ýola düşer:

Çagany ýaşlykdan zähmete ugrukdyrmaly.

Zähmet jemgyýete peýdaly bolmaly.

Hakyky zähmet şatlyk getirýän zähmetdir.

Zähmet çekýäne yzygiderli gözegçilik gerek.

Zähmetiň arasy dynç alyş ýa-da onuň görnüşi bilen çalyşmalydyr.

Zähmetiň netijesi duýulmaly. Ol höweslendirilmeli.

Zähmetde ýaş aýratynlyklaryny we okuwçylaryň şahsy aýratynlygyny göz öňünde tutmaly.

Zähmetden okuwçynyň ahlak-estetiki lezzet almagyny gazanmaly.

## Gözellik (estetiki) terbiýesiniň maksady we wezipeleri

**Estetika** – «Estezis» (grek sözi) – «duýgudaky» diýen manyny aňladýar. 1750-nji ýylda nemes teoretigi, filosofy A. G. Baumgarten tarapyndan ilkinji gezek ulanylypdyr.

**Estetika** – gözellik hakyndaky, gözelligi aňlamak we oňa düşünmek hakyndaky ylymdyr.

**Gözellik (estetik) terbiýesi** – ***terbiýäniň durmuşa: jemgyýetçilik işine, tebigata, sungata, özüňi alyp barşyňa, daşyňy gurşap duran ähli zatlara estetiki garaýşy kemala getirmekligi göz öňünde tutýan görnüşidir.***

Gözellik terbiýesi tebigatyň, sungatyň gözelligini dogry kabul etmek başarnygyny terbiýelemegi aňladýar. Şeýle bolanda, çagalar okuwçylar durmuşa owadanlygy girizmäge, ýaramazlyga garşy göreşmäge çalyşýarlar hem-de özleriniň sungata bolan ukybyny ýüze çykarýarlar. Gözellik terbiýesi terbiýäniň beýleki düzüm bölekleri bilen berk baglanyşykda amala aşyrylýar. Gözellik terbiýesi diňe gözelligi giňeltmek, okalan kitaplaryň, tomaşa edilýän teatr oýunlaryň, filmleriň, diňlenilen sazlaryň sanyny köpeltmegi aňlatman, eýsem, adamyň emosional lezzet alyş duýgusyny kämilleşdirmegi üpjün etmäge ýardam berýär.

Gözellik adamyň zähmetinde, özüni we töweregini kämilleşdirmek baradaky işlerinde ýüze çykýar. Gözelligiň üsti bilen çagalaryň we okuwçylaryň durmuşynda we mekdepde owadanlygy we gözelligiň hökmürowan bolmagyny gazanmak gerek. Şeýle bolmaga köpçülikleýin zähmet, çagalaryň özara gatnaşygy, okuwçylaryň we mugallymlaryň özara gatnaşygy, olaryň bolýan tebigatynyň gözelligi we arassalygy oňaýly täsir edýär. Esasy wezipe okuwçylarda tebigatyň durmuşy, adamyň we adam gatnaşyklarynyň gözelligini duýmak ukyplaryny kemala getirmekdir.

Gözellik terbiýesiniň **maksady** – ýaş nesliň tebigat dünýäsiniň, adamzat jemgyýetiniň hem onuň ýaşaýyş-durmuşynyň süňňüne ornaşan gözellikleri görüp, olara düşünip, guwanyp, baha berip, başardygyndan, goşant goşup bilmegini öwretmek.

Gözellik terbiýesiniň **wezipeleri:**

1. Sungatdaky, jemgyýetdäki, tebigatdaky gözellikleri duýmaklygy, düşünmekligi, lezzet almaklygy öwretmek.

2. Döredijilik, çeperçilik ukybyny ösdürmek, ýörite bilimler we başarnyklar bilen kämilleşdirmek.

3. Özüni medeniýetli alyp barmagyň endigini kemala getirmek.

Bu ugurda durmuşa geçirilýän işlere gatnaşmak, esasan, yhlasly zähmet terbiýesi bilen sepleşip gidýär. Çünki tebigat dünýäsiniň eçilen gözellikleridir täsinliklerine akyl ýetirmek, olary çeper diliň, hünärli eliň üsti bilen wasp etmek, medeni we ruhy gymmatlyklary döretmäge gatnaşmak – bularyň hemmesi esasan yhlasly zähmetiň netijesinde mümkin bolýar. Gözellik terbiýesi ynsanyň ruhubelent bolmagyny üpjün edýär, daşky gözellik bilen içki gözelligi utgaşdyrýar.

Türkmen halky örän irki döwürlerden başlap, gözellik terbiýesine aýratyn ähmiýet beripdir, tebigatyň, jemgyýetiň, adamzat durmuşynyň gözelliklerini sözde, sazda, sungatda wasp edipdir, bu babatdaky döreden gymmatlyklaryny sünnäläp, nesillere miras edip geçiripdir. Soňra şol estetik gymmatlyklary özboluşly mekdepler hem okuw kitaplary hasap edilýän halk döredijiliginiň dürli žanrlaryna siňdirip, olaryň biziň günlerimize çenli gelip ýetmegini gazanypdyr. Başgaça aýdanymyzda, türkmenleriň gözellik terbiýesini bermek babatynda peýdalanan serişdeleri: aýdym-sazy, halk döredijiligi hem nusgawy edebiýaty, sungat eserleri, medeni ýadygärlikleri, edep-ekramy, edim-gylymy giden bir ulgam bolup galypdyr.

Türkmenistanyň okuw jaýlarynda, ozaly bilen, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, umumybilim berýän mekdeplerinde gözellik terbiýesini halkyň milli mirasynyň esasynda alyp barmak döwrüň öňe çykaran talaplarynyň biridir. Çagalar baglarynda öwredilýän aýdymlardyr şekillendiriş işleri-de, geçirilýän gözegçiliklerdir gürrüňler-de, guralýan gezelençlerdir geçilýän okuwlar-da akyl, ahlak, zähmet terbiýesi bilen birlikde gözellik baradaky duýgulary döretmek, berkitmek hem-de bu ugurdaky başarnyklary ýüze çykarmak wezipesine tabyn edilse, soňundan mekdepde okuwçylaryň şu ugurdaky ukyplaryny berkitmek mümkinçiligi şowly bolýar. Orta mekdeplerde okuwçylara gözellik terbiýesini bermek işi diňe bir aýdym-saz, modelirleme we grafika, çyzuw şekillendiriş sungaty, bedenterbiýe sapaklarynda däl, eýsem, zähmet okuwynyň, edebiýat, Türkmenistanyň medeni mirasy, dünýä medeniýeti, özüňi alyp barmagyň medeniýeti, geografiýa, taryh, biologiýa, fizika, ekologiýa, çyzuw, modelirleme we grafika ýaly okuw dersleri öwrenilende-de, synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik çäreleri geçirilen mahalynda-da dowam etdirilýär.

## Okuwçylara gözellik terbiýesini bermekde sungatyň we tebigatyň mümkinçilikleri. Aýdym, surat, zähmet, tebigat sapaklarynyň gözellik terbiýesini bermekdäki orny

Okuwçylarda gözellige bolan islegi, talaplary, jemgyýetiň çeperçilik gymmatlyklaryna akyl ýetirmäge bolan islegi döretmelidir.

Esasy wezipeleriň biri-de okuwçylaryň ***edebiýat, aýdym-saz, şekillendiriş sungaty, çeper gimnastika, çeper döredijilik*** bilen meşgullanmaklaryny gazanyp, bu ugurlardan ukyplaryny artdyrmakdyr. Şekillendiriş döredijiligi çagalarda has ir oýanýar. Olar dünýäni göz öňüne getirilişi ýaly şekillendirýärler, şeýle döredijiligi ösdürmek üçin ähli şertleri döretmek biziň wezipämiz bolup durýar.

Biziň daş-töweregimizi gurşap alan tebigat, bu – gözellik çeşmesidir. Ol gözellik duýgymyzyň ösmegine oňaýly täsir edýär. **Tebigaty öwreniş sapagynda** tebigaty goramaga we ony baýlaşdyrmaga höwes döretmek arkaly biz olaryň gözellik terbiýesini gazanýarys. Tebigata esewan bolmagy öwrenmek arkaly biz okuwçylaryň adamkärçilik jogapkärçiligini artdyrýarys. Şeýle bolanda, terbiýe has ynamly has gözel, ekologik taýdan tertipli bolýar. Mekdebiň biologik meýdançasy, janly burçy, geografik meýdançasy – bularyň hemmesi gözellik terbiýesiniň amala aşyrylýan ýerleridir.

Gözellik terbiýeliligi üpjün etmek sungatyň belent jemgyýetçilik borjudyr. Sungat çagalarda çeperçilik ukyby terbiýeleýär we ösdürýär. Çagalary sungat eserleri bilen tanyşdyrmak, sungatyň beýan ediş diline düşünmegi öwretmek, sungatdan ruhy lezzet almagy, oňa hormat goýmagy öwretmek, çagalarda nepisligiň, ussatlygyň ýokary derejesine kybapdaş gözelligi döretmäge ymtylyşy kemala getirmek gözellik, çeper-döredijilik terbiýesiniň oňyn we iň bir netijeli ýoludyr. Şahyr aýtmyşlaýyn:

Sungat diýmek näme?
Bilýärmisiňiz?
Ele alýarlar-da ýiti keseri,
Lokga daşyň ähli artyk bölegin
Ýonup, döredýärler ajap eseri. . .

(*G. Ezizow «Sungat»*)

***Okuwçylara çeperçilik taýdan terbiýe bermegiň umumy usullary şulardyr:***

Çeper eserleri görkezmek, gürrüň bermek.

Çeper eseri derňemek, ara alyp maslahatlaşmak we oňa baha bermek.

Şekillendiriş sungaty barada düşünje, bilim bermek.

Okuwçylaryň döredijilik we ýerine ýetirijilik ukybyny ösdürmäge degişli çäreleri yzygiderli geçirmek.

Gözellik terbiýesi amala aşyrylanda, ***ene diliniň, edebiýat, aýdym-saz sapagynyň, şekillendiriş sungaty sapaklarynyň*** hyzmaty uludyr. Çagada çeper bilimliligi we sungatdan lezzet almagy terbiýelemekde şekillendiriş sungatynyň aýratyn orny bardyr. Ol şahsyýetiň gözellik we ahlak ideallarynyň ösmegine hem-de onuň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagyna, durnuklaşmagyna, tebigatyň we jemgyýetiň gözelligini keşpleýin şekillendirmegine ynamly täsir edýär. Gözellik terbiýesini bermekde «Türkmenistanyň medeni mirasy», «Dünýä medeniýeti», «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» dersleriniň hyzmatyny hem aýratyn belläp geçmek zerurdyr.

**«Türkmenistanyň medeni mirasy»** dersi okuwçylarda estetiki dünýägaraýşy giňeltmäge, milli medeniýete we onuň baýlaşmagyna gyzyklanmany ösdürmäge, sungat we çeper döredijilik bilen gyzyklanmaga, olarda ruhy-ahlak gymmatlyklaryna söýgini kemala getirmäge, milli medeni mirasyň ösmegine hem-de dünýä medeniýetine aralaşmagyna goşant goşmaga gönükdirilendir. Bu dersiň öwrenilmegi ösüp gelýän ýaş nesle türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden medeni mirasynyň umumadamzat gymmatlyklaryna goşan goşandyny ylmy esasda özleşdirmäge ýardam berýär.

**«Dünýä medeniýeti»** dersi adamzadyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden we geljekki nesillere geçiren maddy we ruhy gymmatlyklarynyň estetiki hyzmatyny açyp görkezýär. Bu ders okuwçylaryň ruhy-ahlak, gözellik duýgularynyň ösmegine we kämilleşmegine täsir edip, olaryň zehinini, estetik endiklerini, ukyplaryny ýüze çykarmagy wezipe edinýär.

**«Özüňi alyp barmagyň medeniýeti»** dersi okuwçylaryň estetiki garaýyşlaryny kemala getirmeklige täsirini ýetirýär. Jemgyýetde, maşgalada oňyn, hoşgylaw häsiýetleri özüňde jemläp, ilhalar işleri amala aşyrmaklaryny, şeýle-de owadan sözlemek, gelşikli geýinmek edebini, salyhatly hereket etmegi öwredýär, özüňi alyp barmagyň estetikasyny terbiýeleýär.

## Mekdepde gözellik terbiýesini bermegiň ýollary

| | |
|---|---|
| SAPAK | SYNPDAN DAŞARY IŞLER |
| TEBIGATY ÖWRENIŞ | GURNAKLAR |
| AÝDYM-SAZ | KONSERTLER |
| ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY | GEZELENÇLER |
| EDEBIÝAT | BÄSLEŞIKLER |
| TÜRKMENISTANYŇ MEDENI MIRASY | DUŞUŞYKLAR |
| DÜNÝÄ MEDENIÝETI | TERBIÝEÇILIK SAGATLARY |
| ZÄHMET | SERGILER |

Mekdep okuwçylaryna gözellik terbiýesini bermekde olary estetik bilimler bilen ýaraglandyrmagyň we olaryň estetik tejribesini guramagyň dürli **görnüşleri we usullary** peýdalanylýar.

1. Birinji topara, esasan, mugallymyň gürrüň bermegini, gürrüň geçirmegi, çekişmeler guramagy, okyjylar konferensiýalaryny, sungat öwreniş gurnaklaryny, sorag-jogap agşamlaryny, sungat işgärleri bilen duşuşyklar geçirmegi, sungat eserleriniň sergisini guramagy, muzeýlere gezelenç (ekskursiýa) guramaklygy, teatra gatnaşyp, oýunlary ara alyp maslahatlaşmagy degişli etmek bolar.

2. Ikinji topara zähmet, konstruirlemek, gülçülik, agajyň ýüzüne ýakyp surat çekmek, aýdym, surat, çeper höwesjeňler, edebi döredijilik,

tans, çeper eller gurnaklary, halyçylyk, keşdeçilik, okuwçylaryň ýasan, bejeren, dokan önümleriniň sergisini guramak we ş. m. degişlidir.

3. Okuwçylaryň gözellik terbiýesini guramakda we ösdürmekde olaryň özara dostluk, ýoldaşlyk aragatnaşyklaryny ýola goýmaklygyň, mekdep jaýynyň estetikasynyň, okuwçylaryň arassa geýinmegini gazanmagyň hem uly ähmiýeti bar.

Okuwçylary estetik bilimleri bilen taplamak maksady bilen geçirilýän gürrüňleriň we çekişmeleriň temasy dürli-dürli bolup biler. «Adamyň gözelligi nämede?», «Fizika we lirika», «Saza nädip düşünmeli?», «Halk sazlary we olaryň aýratynlygy», «Halk amaly-haşam sungaty», «Teatryň terbiýeleýjilik orny», «Şäherimizdäki taryh we sungat ýadygärlikleri».

«Adamyň gözelligi nämede?» diýen gürrüň şeýle soraglar boýunça geçirilip bilner: Näme üçin daş görnüşi owadan adamlary hem käte gowy görmeýäris, olar bize ýaramaýarlar? Her bir adam owadan bolup bilermi?

Bu hili gürrüňler okuwçylaryň gözellik terbiýesini olaryň ahlak terbiýesi bilen utgaşdyrmakda ähmiýetlidir.

Çekişmeleri häzirki zaman we nusgawy tanslar, sazlar, egin-eşikler, modalar barada geçirmek bolar ýa-da «Adamyň hemme zady gözel bolmalydyr», «Gözellik we ahlak», «Gözellik näme?» diýen temalardan çekişme guralyp bilner.

Okuwçylaryň gözellik duýgusyny ösdürmekde we olarda gözellige söýgi terbiýelemekde tebigat gözelligini peýdalanmak ünsden düşürilmeli däldir. Tebigata gezelençler, ýörişler gurap, ýylyň dürli paslynda ösümlikleriň dürli reňke boýalyşy, owadanlygy, mähriban ülkäň tebigy baýlyklary, buýsançly daglary, durnagöz çeşmeleri, gül-gülälege bürenip turan çemenzarlygy, aňyrsy-bärsi görünmeýän çäge örküçleri, adamyň gudraty bilen döredilen gözellikleri hakda okuwçylara täsirli gürrüň bermek gerek. Munuň özi gözellik terbiýesi watançylyk terbiýesi bilen ugtaşdyrmakda ähmiýetlidir. Gözellik terbiýede fotogurnaklar hem peýdalanylýar.

Gözellik terbiýesiniň talabalaýyk ýola goýulmagynda mugallyma esasy orun degişlidir. Bu bolsa mugallymyň estetikanyň esaslary bilen kämilleşmegini, zerur hünär taýýarlygynyň bolmagyny

talap edýär. Diňe şonda ol okuwçylaryň dürli soraglaryna dogry we gutarnykly jogap berip we gözellik terbiýesi meselesini talabalaýyk gurap biler.

Mugallym okuwçylaryň ýönekeý we arassa geýinmeklerine, dyrnaklaryny, saçlaryny ösdürmezligine, kitap-depderlerini we beýleki okuw esbaplaryny arassa saklamaklaryna, portfelinde tertipli ýerleşdirmelidigine hemişe üns berip durmalydyr. Mugallym okuwçylarda gözelligi tebiýeläp bilmeli we şeýle netijäni gazanmaly:

1. Pikirini owadan beýan etmegini;
2. Sözleýiş medeniýetini;
3. Hatynyň owadan bolmagyny;
4. Gelşikli geýinmegi, owadan hereket etmegini;
5. Özüni medeniýetli alyp barmagyny;
6. Çeper-döredijilik ukyplarynyň ösmegini.

## Mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynda gözellik terbiýesini bermegiň ýollary

Ýaş nesle berilýän gözellik terbiýesini häzirki döwrüň talaplaryna laýyk edip ýola goýmakda okuw-terbiýeçilik edaralary bilen bir hatarda, Türkmenistanyň medeni merkezleriniň, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynyň, sazçylyk we çeperçilik mekdepleriniň, dynç alyş meýdançalarynyň, merkezleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem uly ähmiýeti bar. Olaryň mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanyp, çagalaryň we ýetginjekleriň gözellik babatyndaky düşünjelerini kemala getirmek hem ösdürmek, medeni derejesini gowulandyrmak, edepli-ekramly bolup ýetişmeklerini üpjün etmek maksady bilen birnäçe çäreler geçirilýär. Bu işe çagalar guramasy işjeň gatnaşýar. Olar esasan şeýleräk görnüşli çäreleri guraýarlar.

1. Festiwallar, baýramçylyklar.
2. Bäsleşikler («Merjen däneleri», «Merdana nesil», «Ýaş suratkeşler», «Ýaş sazandalar», «Saýrak bilbiller», «Ýaş wäşiler»...).
3. Çeper-döredijilik bäsleşikleri.
4. El işleriniň sergileri.
5. Edebi agşamlar.

6. Çeper okaýyşlar.
7. Sungat işgärleri bilen duşuşyklar.
8. Aýdym-saz, tans, sahna, folklor çykyşlary we ş.m.
9. Çeper-döredijilik gurnaklary.
10. Döredijilik gepleşikleri.

### Beden terbiýesiniň maksady we wezipeleri

**Beden terbiýesi** – ***okuwçylaryň saglygyny berkitmekligi, beden taýdan dogry ösmeklerini, olaryň fiziki ukyplylygyny, işe çeýeligini ösdürmekligi, asylly ahlak-erk sypatlaryny, sagdyn durmuş endiklerini kemala getirmekligi maksat edinýän terbiýäniň görnüşidir.***

Beden terbiýesi – ähli terbiýe ulgamlarynyň aýrylmaz bölegidir. Esasanda, hemmetaraplaýyn ösen önümçiligi bolan häzirki zaman jemgyýeti berk bedenli zähmet çekip bilýän, kynçylyklary ýeňip geçip bilýän, Watanyny goramaga taýýar ýaşlary talap edýär. Şol bir hatarda beden terbiýesi akyl we zähmet işini ýerine ýetirmek ukyplarynyň ýüze çykmagyna-da täsir edýär.

Beden terbiýesi berk bedenli, sagdyn, gaýratly hem çydamly adamlary terbiýeläp ýetişdirmegi **maksat** edinýär.

**Beden terbiýesiniň wezipeleri:**

- saglygy berkitmek, bedeniň dogry ösüşini ýola goýmak;
- akyl we fiziki işjeňligi ýokarlandyrmak;
- täze hereketleriň görnüşlerini öwretmek;
- tebigy hereket hillerini ösdürmek we kämilleşdirmek;
- esasy hereket hillerini ösdürmek (güýji, çydamlylygy, çeýeligi);
- gigiýeniki endikleri ösdürmek;
- sypatlary ösdürmek (batyrgaýlyk, tertiplilik, gaýduwsyzlyk, jogapkärçilik);
- üznüksiz beden terbiýesi we sport bilen meşgullanmak islegini döretmek;
- hemişe sagdyn, şadyýan bolup, özüne we daş-töweregine şatlyk paýlamaga ymtylmagy ösdürmek.

Beden terbiýesi adamyň ösüşini, beden agzalarynyň öz hyzmatlaryny (funksiýalaryny) kämil ýerine ýetirmegini, sagdyn durmuş keşbini alyp barmagy üpjün edýär.

Beden terbiýeli şahsyýet akyl taýdan hem, ahlak taýdan hem, zähmet taýdan hem, gözellik taýdan hem, watansöýüjilik taýdan hem terbiýeli bolýar.

Türkmeniň ata-babadan gelýän arzuw-aladasy hem şeýle şahslary kemala getirmek bilen baglanyşykly bolupdyr. Watan, il-halk üçin üznüksiz alnyp barylan söweşlerde, başa-baş tutluşyklarda, ar-namysyny goramagy, duşmana gaýtawul bermegi başarýan «gözsüz» batyrlar esasy zerurlyk bolupdyr. Zähmete bişişen, işjeň hem güýçli şahslar hojalyk işlerinde, gün-güzerany dolandyrmak üçin hem gerek bolupdyr. Beden terbiýesi jemgyýetçilik durmuşynyň hemme döwürlerinde-de esasy zerurlyk bolmagynda galýar.

Beden terbiýesi adam bedeniniň ösmegine hem berkleşmegine, ýaş nesliň şähdaçyk hem şadyýan bolmagyna, onda ahlak sypatlarynyň, berk erkinliligiň, durnukly gylyk-häsiýetiň, düzgün-nyzamlylygyň, dostlugyň hem ýoldaşlygyň, ynsanperwerligiň hem öz borjuňa düşünmegiň kemala gelmegine ýardam edýär. Örňäp-ösüp barýan nesliň berk bedenli, sagdyn adam bolup ýetişmegi baradaky alada etmek ol dünýä inmänkä başlanýar. Ata-enäniň sagdyn durmuş endikleri, ýeneki çynlakaý aladalary çaganyň gujurly bolup ýetişmeginiň deslapky şertleridir.

Beden terbiýesini bermek babatyndaky maksada gönükdirilip guralýan iş ilki maşgalada, soňra mekdebe çenli çagalar edaralarynda, mekdepde başlanýar. Mekdepde bedenterbiýe sapaklary, synpdan we mekdepden daşary geçirilýän sporta degişli çäreler okuwçylaryň çydamlylygyny, erjelligini, başarnygyny äşgär edýär. Olaryň sportuň haýsy görnüşlerine ýykgyn edýändiklerine ýüze çykarmaga, soňundan bolsa ony ösdürmäge mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň umumybilim berýän, başlangyç hünär bilimi edaralarynda, beýleki bilim edaralarynda geçirilýän bedenterbiýe maşklary, türgenleşikler, özara ýaryşlar, bäsleşikler sportuň dürli görnüşleri boýunça iň ezber, tutanýerli ýaşlary öňe çykarýar. Bu ugurda saýlanyp çykanlaryň üns merkezinde saklanmagy, zerur hasaplanylsa, sport mekdeplere, soňra beýleki okuw jaýlaryna ýerleşdirilmegi, olar bilen yzygiderli işlenilmegi özbaşdak ýurdumyzyň sportda dünýä arenasyna çykmagynyň esasy şertleri bolup durýar. Muny agyr atletika, küşt, sambo görnüşi we sportuň beýleki görnüşleri boýunça

meşhurlyk gazanan türkmenistanlylaryň mysalyny görmek bolýar. Elbetde, beden terbiýesi diňe bir sport ýaryşlarynda ýeňiş gazanmagy göz öňünde tutmaýar. Ol sazlaşykly ösen, zähmete bişişen berdaşly, gujurly hem gaýratly şahslary terbiýeläp ýetişdirmegi maksat edinýär. Şeýle adamlary kemala getirmek üçin bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanmaly bolýar.

Beden terbiýesi şeýleräk wezipeleriň hem hötdesinden gelmäge ýardam edýär:

- Saglygy berkidýär, bedeni taplaýar, fiziki ösüşe kömek edýär.
- Hereket ukyplaryny we endiklerini kemala getirýär.
- Sport täzelikleri bilen tanyşdyryp durýar.
- Beden terbiýesine mätäçligi terbiýeleýär.
- Türgenleri taýýarlamaga ýardam edýär.

## Beden terbiýesiniň serişdeleri

Bedenterbiýe maşklary, tebigy we arassaçylyk faktorlary **beden terbiýesiniň serişdeleridir.** Fiziki maşklar gimnastikanyň, oýunlaryň sportuň we syýahatçylygyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Maşklar **(gimnastika)** – yrym, gigiýeniki, sport, çeper, önümçilik, bejeriş maşklardan (gimnastikasyndan) düzülýär.

**Oýunlar** lezzet almak, dostlaşmak, özara düşünişmek ýaly gowy häsiýetleri terbiýeleýär.

**Sportda** saglygy berkitmek bilen ýokary üstünlikler gazanmak utgaşýar. Sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşik geçirmek, sport baýramçylyklaryny guramak, olary gowy jemlemek şahsyýetiň terbiýeliligine ymykly täsir edýär.

Syýahatçylyk (**turizim**) – az ýa-da köp wagtlaýyn gezelençler, (I–III synplarda uzaklyk 5–6 km, III–IV synplarda – 8 km çenli) öz Watanyň georafiýasy, gözelligi bilen tanyşmaga, jebislige, bilesigelijiligi kanagatlandyrmaga kömek edýär.

**Tebigy (faktorlar)** – ***gün, howa, suw*** – bular bedeniň taplanmagy üçin zerurdyr.

**Gigiýenik täsirler (faktorlar)** – ***gün tertibi jaýyň arassalygy, geýmiň, köwşüň arassalygy, jana rahatlygy, şahsy arassaçylygy pugta berjaý etmek*** – bular päkizeligi, sagdynlygy, edepliligi terbiýeleýär.

15. Sargyt № 1339

**BEDEN TERBIÝESINIŇ SERIŞDELERI**

| SAGALDYŞ ÇÄRELERI | BEDENTERBIÝE SAPAGY | GIGIÝENIKI FAKTORLAR |
|---|---|---|
| GÜN WANNASY | FIZIKI GÖNÜKMELER | GÜN TERTIBI |
| HOWA WANNASY | MAŞKLAR | GIGIÝENANYŇ BEÝLEKI TARAPLARYNY ÝERINE ÝETIRMEK |
| SUW WANNASY | ESASY MAŞKLAR | |
| OÝUN | KÖMEKÇI MAŞKLAR | |
| SYÝAHATÇYLYK | | |

- SPORT MAŞKLARY
- SPORT SYÝAHATY
- SPORT OÝUNLARY

Beden terbiýesini guramagyň **görnüşleri (formalary):** *bedenterbiýe sapaklaryny, ilki gigiýeniki maşklar, milli oýunlar, beden terbiýesi üçin gysgajyk arakesmeler, sapaklardan daşary işler, maşgalada beden terbiýesiniň dogry ýola goýulmagy,dynç alyş (kanikul) wagtlaryny dogry peýdalanmak* **ýaly görnüşleri öz içine alýar.**

Mekdep ýaşly okuwçylaryň bedenini terbiýelemek işleri şeýle **görnüşlerden** ybarat:

– bedenterbiýe sapagy;

– gün tertibinde geçirilýän bedenterbiýe çäreleri: irki maşklar, sapakdaky bedenterbiýe maşklary (minutlary), arakesmede geçirilýän oýunlar we maşklar;

– synpdan we mekdepden daşary geçirilýän bedenterbiýe we sport işleri;

– öýde beden maşklary bilen türgenleşmek.

Şeýlelikde, terbiýäniň düzüm bölekleri bitewülikde, (kompleksleýin) peýdalanylanda, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemekde gowy netije berjekligi gümansyzdyr.

## Beden terbiýesini bermekde oýunlaryň ähmiýeti

Dürli oýunlar çagalaryň beden taýdan ösmeginiň esasy serişdesi hasaplanýar. Oýunlar çagalarda çalasynlygy ösdürýär, bedenlerini yssa we sowuga çydamly edýär.

Çagada hereket etmäge bolan talap güýçlüdir. Sebäbi onuň bedeni çalt ösýär. Çagalar oýun netijesinde özleriniň hereket etmäge bolan islegini kanagatlandyrýarlar.

Oýnuň üsti bilen çaga öz akylyny baýlaşdyrýar. Daşky durmuşdan täze düşünjeler alýar. Sapakda, gezelençlerde alan bilimleriniň üstüni ýetirýär.

Çagalar köplenç köpçülik bolup oýnaýarlar. Bu-da çagalarda ýoldaşlyk we dostluk ýaly oňyn gylyk-häsiýetleri terbiýeleýär. Oýunlaryň düzgünleri dogry ýerine ýetirmekleri okuwçylarda dogruçyllygy, akýürekliligi terbiýeleýär.

Oýunlar çagalaryň döredijiliginiň, hyýalynyň hem-de özbaşdak pikir edip bilmek ýaly ukyplarynyň ösmegine-de kömek edýär.

Çaga oýunlary örän köpdürlüdir. Oýny körpeleriň özleri döredip oýnaýan bolsa, onda oňa **döredijilik oýunlary** diýilýär. Oňa çagalaryň «Maşgala», «Mekdep» ýaly oýunlary mysal bolup biler. Döredijilik oýunlarynyň terbiýe berijilik ähmiýeti biçak uludyr. Mugallymyň körpeleri mekdep, kitaphana we başga-da birnäçe ýerler bilen tanyş etmegi olaryň döredijilik tematikasyna hem-de mazmunlarynyň baýlaşmagyna kömek edýär.

Bellibir tertibi we düzgüni bolan oýunlara **düzgünli oýunlar** diýilýär. Muňa mysal edip, «Pişik» we «Guýruk tutdy» ýaly oýunlary görkezmek bolar. Düzgünli oýunlaryň birnäçesi halynyň, palasyň ýa-da stoluň üstünde oturylyp oýnalsa, käbiri ylgap, güýç synanyşyp etmekligi talap edýär. «Içýanagzy» we «Aşyr atdy» oýunlary halynyň, palasyň ýa-da stoluň üstünde oturylyp oýnalýan oýunlara girýär. Düzgünleri bolan hereketli oýunlara «Jigitler», «Ogar-ogar», «Ortada durmak» ýaly oýunlar mysal bolup biler. Entek oýnamaga girişmezden öňürti, bu oýun-

laryň düzgünlerini hemmeleriň özleşdirmegi hökmandyr. Mugallym her oýnuň düzgünini çagalara sada we düşnükli dilde beýan etmelidir.

**Hereketli oýunlar** köplenç, daşarda oýnalýar. Açyk howada geçirilýän oýunlar çagalaryň saglygy üçin peýdalydyr. Hereketli oýunlaryň gigiýeniki taýdan dogry guralmagy çagalaryň işdäleriniň açyk, gan aýlanyşygynyň ýeterlik derejede bolmagyna kömek edýär. Çagalaryň şeýle oýunlarda, köplenç, ylgap, böküp ýörmekleri olaryň hereket etmäge bolan islegini kanagatlandyrýar.

Eger-de oýunlary çagalaryň ýaş aýratynlygy esasynda degişli synplarda dürli usullarda geçirseň, çaganyň psihiki we bedeniniň ösmeginde, akyl, ahlak taýdan kämilleşmeginde uly ähmiýeti bardyr.

## Sagdyn nesli kemala getirmekde «Ýaşaýyş-durmuş esaslary» dersiniň ähmiýeti

Ýaş nesle döwrebap bilim we terbiýe bermek işinde çagalary sagdyn ýaşaýyş ýörelgelerine ugrukdyrmagyň, olara bu hakda zerur bilimi we düşünjeleri bermegiň, endikleri kemala getirmegiň iňňän uly orny we ähmiýeti bardyr. Şu durmuş hakykatyndan ugur alyp, hormatly Prezidentimiz 2008–2009-njy okuw ýylyndan başlap, ýurdumyzyň orta mekdepleriniň I–X synplarynda «Ýaşaýyş-durmuş esaslary» okuw dersini öwretmegi Karar etdi. Bu okuw dersiniň girizilmegi döwlet Baştutanymyzyň sagdyn we ruhubelent nesliň kemala gelmegi ugrunda edýän aladalarynyň möhümleriniň biridir.

**«Ýaşaýyş-durmuş esaslary»** okuw dersiniň esasy maksady orta mekdepleriň ähli synplarynda okaýan okuwçylary sagdyn bedenli, päk ahlakly, ruhubelent, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerýän hakyky watançy ynsanlar edip terbiýeläp ýetişdirmekden ybaratdyr.

«Ýaşaýyş-durmuş esaslary» dersiniň okuw maksatnamasy jemi üç bölümden durýar:

– saglyk endikleri;
– beden saglygy;
– nesil saglygy.

Okuw dersiniň **«Saglyk endikleri»** diýen bölüminde **1-4-nji synplarda** okaýan çagalara saglyk we sagdyn durmuş ýörelgele-

ri baradaky ilkinji zerur bilimler we düşünjeler berilýär. Çagalara ynsan saglygyna peýdaly we zyýanly täsir edýän ýagdaýlar, öýde, mekdepde, ýolda çagalaryň saglygyna howp salyp biljek ýagdaýlardan daşda bolmak, köçe-ýol hereketiniň düzgünleri we olary okuwçylara sagdynlygyňy saklamak üçin süňňüňi terbiýelemegiň ähmiýeti, bedeniňi yzygiderli suratda yssy we sowuk howa şertlerine uýgunlaşdyrmak, zähmet çekilende, tebigata gezelenç we syýahat edilende dürli päsgelçilikleri ýeňip geçmegi başarmak üçin beden sagdynlygynyň täsiri düşündirilýär.

Dersiň **«Beden saglygy we howpsuz durmuş endikleri»** diýlip atlandyrylýan ikinji bölümi **5-6-njy synplaryň** okuwçylary üçin niýetlenen. Mälim bolşy ýaly, 5-6-njy synp okuwçylary ýetginjeklik ýaşyndaky çagalar. Şu sebäpli-de, bu döwürde ýetginjekleriň bedeninde bolup geçýän anatomiki, fiziologiki, psihiki we psihologiki özgerişler, ösüşler, sagdyn iýmitlenmegiň kadalary, zyýanly endiklerden (çilim çekmekden, nas atmakdan, neşe serişdelerini ulanmakdan, arak içmekden) daşda durmak baradaky zerur bilimler we düşünjeler öwredilýär. Ýetginjeklerde durmuşda bolup biläýjek adatdan daşary ýagdaýlardan (ýangyn dörän. de, suw joşgunlarynda, ýer titrände we ş.m.) özüňi alyp barmagyň, ilkinji kömegi bermegiň endikleri we başarnyklary terbiýelenýär.

**«Nesil saglygy»** diýen üçünji bölümde **7-10-njy synplaryň** okuwçylaryna maşgala durmuşynyň edep kadalary, nesil saglygyny goramagyň ýollary öwredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň orta mekdepleriniň okuw meýilnamasyna täze girizilen **«Ýaşaýyş durmuş esaslary»** atly dersiň üsti bilen sagdyn beden, sagdyn durmuş, sagdyn maşgala baradaky düýpli bilimleri we düşünjeleri okuwçylara öwretmek Türkmenistan döwletimizde ynsan saglygyny goramak we berkitmek ugrunda alnyp barylýan giň möçberli işleri, ýaş nesliň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden wagyz etmek mugallymlaryň esasy borjudyr. Munuň özi ýaş nesilde sagdyn durmuş ýörelgelerini alyp barmagyň endiklerini we başarnyklaryny terbiýelemäge, geljekde ilatyň arassaçylyk medeniýetiniň ýokarlanmagyna dürli ýokanç keselleriň, ýaramaz endikleriň öňüni almaga amatly şertleri döredýär.

## Ekologik terbiýäniň maksady, mazmuny we wezipeleri

**Ekologiýa** – biologiýa ylmynyň ýaş pudaklarynyň biri, ol janly bedeniň ýaşaýyş şertlerini, onuň daşky sreda bilen özara gatnaşygynyň kanunalaýyklygyny öwrenýän ylym. Biologiýa iki müň ýyl ozal gadymy Gresiýada, Rimde ýüze çykypdyr. Ilki onuň botanika, soňra zoologiýa, mikrobiologiýa, biohimiýa, fiziologiýa, molekulýar biologiýa bölümleri döräpdir. XIX asyrda bolsa ekologiýa bölümi peýda bolupdyr, iňlis alymy **E. Gekkel** tarapyndan ylmy dolanyşyga girizilipdir. ***«Ekos»*** diýen grek sözi ***«öý, mesgen, ýaşalýan ýer»***, ***«logos»*** bolsa ylym diýmekdir. **Ekologiýa** janly zatlaryň ýaşaýan ýeri hakyndaky ylym diýmegi aňladýar.

Ekologiýa älem-jahanda adamzadyň ünsüni özüne çeken ylym, sebäbi dünýä möçberindäki sosial, ylmy-tehniki progres adam bilen tebigatyň arasyndaky aragatnaşygyň täze-täze görnüşlerini ýüze çykardy, biologik deňagramlylyk gödek hem oýlanyşyksyz bozulyp başlandy, tebigy sazlaşyga uly zeper ýetdi. Uly-uly şäherler, zawod-fabrikler emele geldi, äpet raketalar, kosmos korabllary döredilip, älem giňişligine goýberildi, kuwwatly tehnikalar herekete girizildi, tokaýlar çapylyp, ekerançylyk meýdanlary özleşdirildi. . . Bu zatlaryň hemmesi adam akyly bilen edildi. Bu bolsa ekologik ýagdaýy ýaramazlaşdyryp, adamzadyň ýaşaýşyny howp astyna saldy.

**Ekologik terbiýe** – ***şahsyýete tebigaty işjeň goramagy, tebigat bilen aragatnaşygyny kämilleşdirmegi, tebigata, onuň baýlyklaryna aýawly, paýhasly çemeleşmegi öwredýän we ekologik bilim bilen taplaýan terbiýäniň görnüşidir.***

Tebigat dünýäsi – munuň özi bitewi bir zatdyr, ol bir-birleri bilen özara baglanyşykly bolan zatlaryň, jandarlaryň, hadysalaryň, iňňän çylşyrymly kompleksidir. Adamzat hem şol tebigatyň bir bölegi bolup, onsuz oňup bilmeýär. Ol özüniň ýaşaýşy üçin zerur bolan zatlaryň hemmesini tebigatdan alýar. Tebigat özüniň bar baýlygyny – ýeri, suwy, howany, çig maly, gutarýan hem gutarmaýan, öwezini dolup bolýan hem dolup bolmaýan baýlyklary adamzat üçin eçilendir. Ýöne ol şol gymmatlyklardan seresaply hem tygşytly peýdalanmagy talap edýär. Adamzat welin tebigatyň talaplaryny berjaý edip bilmändiklerine

indi göz ýetirmeli boldy. Ine, şol hem ekologik terbiýäni örboýuna galdyrdy.

**Ekologik terbiýäniň maksady** – okuwçylarda tebigata bolan söýgini döretmek we ekologik sowatlylygy kemala getirmek.

## Ekologik terbiýäniň wezipeleri:

- Ekologik medeniýeti terbiýelemek.
- Tebigata aýawly çemeleşmek.
- Adam we tebigat gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak.
- Ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek.
- Jemgyýetçilik pikirini döretmek.

## Ekologik terbiýäniň mazmuny:

- Okuwçylara adam bilen tebigatyň gatnaşyklaryny ylmy esasda düşündirmek.
- Tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmekligi öwretmek.
- «Gök guşak» jemgyýetiniň alyp barýan işlerine ýakyndan ýardam etmek.

Terbiýäniň bu görnüşi terbiýeçilik işiniň beýleki ugurlary bilen aýratyn hem ahlak we ykdysady terbiýe bilen mäkäm baglanyşyp, özara sepleşip gidýär. Tebigatyň eçilen baýlyklaryna aýawly garap, olardan akylly-başly, tygşytly peýdalanmak ekologik ýagdaýy gowulandyrmagyň esasy şertleriniň biridir. Ýaş nesle berilýän ekologik terbiýe okuw-terbiýeçilik işiniň bütin dowamynda maksada gönükdirilip yzygiderli amala aşyrylýar. Bu baradaky düşünjeler diňe bir «Tebigaty öwreniş» ýa biologiýa öwrenilende däl-de, eýsem, ähli okuw dersleri öwrenilende-de ýaş nesliň aňyna siňdirilýär. Tebigata gezelençler, syýahatlar, Döwlet goraghanasynyň, suw-tokaý hojalygynyň işgärleridir ekologik meseleler bilen iş salyşýan adamlar bilen geçirilýän duşuşyklar, mekdeplerde we mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynda alnyp barylýan gurnaklardyr beýleki çäreler okuwçylara ekologik terbiýe bermegiň giň mümkinçiliklerini döredýär. Şol mümkinçiliklerden peýdalanmak her bir mugallym üçin mukaddes borçdur.

## Ekologik terbiýäni bermegiň döwürleri

1. Maşgalada çaga 2-3 ýaşyny doldurandan soň, olar niýetlenen ertekili kitaplary okap bermeli. Tebigata gezelenje çykyp, Gün, Aý, ýyldyzlar, howa barada ýönekeý gürrüň bermeli gije-gündiziň çalşygygny düşündirmeli, pasyllar barada düşünje bermeli. Olara düşnükli, oňat mazmunly radio we telewizion gepleşikleri diňletmeli. Dogduk mekanyň gözel ýerleri bilen tanyşdyrmaly, ekin, hasyl barada gürrüň berilmeli. «Watan» sözüniň manysyny düşündirmeli.

2. Mekdebe çenli çagalar edaralarynda has çuň hem-de görkezme esbaplaryň üsti bilen gaýtalanmaly. Diafilmler, slaýdlar ( reňkli diapozonlar) görkezilmeli. Baýramçylyklar pasyllar, köçe düzgünine degişli çäreler geçirilmeli. Ene dilini kämil öwretmäge, daşary ýurt dilini hem öwretmäge girişmeli. Döwletiň nyşanlary – simwolikalary, onuň Prezidenti bilen tanyşdyrylmaly. Ýönekeýje tanslary, aýdymlary öwredip başlamaly. Bu zatlaryň hemmesi çaganyň ylmy dünýägaraýşyna ýardam eder. Dünýägaraýyş – bu hakykatyň adam aňynda dogry şöhlelenmegidir. Dünýägaraýşyň esasy wezipesi – duýgy tejribesiniň, dünýäden hakyky habar almagyndan ybaratdyr, onuň hakyky ýagdaýyny öwrenmelidir, ol ylmy taglymatlara daýanýar.

3. Sapaklaryň üsti bilen dialektiki dünýägaraýşy çuňlaşdyrmak, ýönekeý hasaplamalaryň üsti bilen, meseleler çözmek arkaly logiki pikirlenmegi kämilleşdirmek, ýagny akyl terbiýesiniň kemala gelmegini üpjün etmek gerek. Şonda mekdep okuwçylarynda giň düşünjeleri, dünýägaraýşy häsiýetlendirýän ymtylyşlaryň, endikleriň ýüze çykmagyna getirýär:

a) tebigatyň ösüş üýtgemelerine düşünmek;

b) dünýäniň materiallygy we ösüşde bolýanlygy;

ç) tebigat pasyllaryndaky üýtgemeler;

d) zähmet we durmuş düşünjeleri;

e) Prezidentimiziň ýurdumyzdaky ösüşlere ýolbaşçylygynyň hakykatdygy;

ä) oňat okuwçy, çagalar we ýaşlar guramasynyň agzasy bolmak höwesi;

f) Watanyň mukaddesligine düşünmek we oňa guwanmak.

Şu agzalanlar çagalaryň içki ynamyna öwrülse, olaryň hereketinde ýüze çyksa, akyl terbiýesiniň oňat gönügendiginden habar berýär.

Käbir mysallar. Mugallym «Ýarganatlar» diýen tema bilen baglanyşykly sapagyň bilim berijilik hem terbiýeleýjilik aňyýetine aýratyn üns berýär. Ol ýarganatlaryň zyýanly mör-möjekleri ýok edýändiklerini olaryň bölüp çykarýan tezekleriniň düzüminde azot, fosfor ýaly organiki maddalaryň bardygyny, maý aýynda köpelýändigini, Türkmenistanyň «Gyzyl Kitabyna» girendigini düşündirýär, başaşak sallanyp ýatýandyklaryny aýdýar.

Mugallym tokaýlyklar, daglyklar, toprak bilen baglanyşykly terbiýeçilik çärelerini geçirende-de ekologik terbiýe bermekligi unutmaýar. Ol tokaý agaçlarynyň tebigat dünýäsiniň gözelligi, adamzat dünýäsiniň guwanjy bolmak bilen birlikde, olaryň şäherleri, obalary tozandan, tüsseden, gurumdan arassalaýandygyny, tokaýyň bir (1) gektarynyň sagatda sekiz (8) litr kömürturşy gazyny özüne siňdirýändigini, şonça gazyň bolsa iki ýüz (200) adam dem alan mahalynda bölünip çykýandygyny aýdyp berýär. Şol bir wagtyň özünde-de Amyderýanyň çep hem sag kenarlarynda ata-babalardan miras galan tokaýlaryň çapylyp, ekin meýdanlaryna öwrülmeginiň tebigatyň ekologiýasyna uly zyýan ýetirýändigini hem düşündirýär. Tokaýlaryň çapylyp ýok edilmegi ynsan üçin, tutuş adamzat ýaşaýyşy üçin biçak zyýanly, sebäbi tokaýlar ýok edilende suw azalýar, toprak guraýar.

Türkmenistanyň daglyklarynda ösüp ýetişýän arça tokaýlygy ýitip ýok bolup barýan ösümlikleriň biri. Onuň ösüp ýetişmegi üçin köp wagt gerek. Arça hem «Gyzyl Kitaba» girizilen ösümlik.

Bu terbiýäniň dowamy mekdebiň ders gurnaklarynyň, mekdepden daşary çagalar edaralarynyň, ýörite mekdepleriň, zähmet toparlarynyň, metbugatyň, radio-telewideniýäniň, ylmyň hem-de tehnikanyň üsti bilen amala aşyrylýar, ýöne şunda öz-özüňi terbiýelemek hem hökmandyr.

Görşümiz ýaly, ekologik terbiýe-de, ykdysady, hukuk tarapdan terbiýeler-de ahlaklylygyň özara baglanyşykly bolan taraplarydyr. Olary durmuşa geçirmegiň mümkinçilikleri bolsa az däldir, ýöne bu işi maksada gönükdirip, ýerlikli peýdalanmagy başarmak talap edilýär.

## Ekologik terbiýäni bermegiň ýollary

Mekdepde ekologik terbiýe, esasan, iki ugur boýunça amal edilýär. Birinjisi – okuw işinde, ikinjisi – synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirilende.

1. Mekdep biliminiň mazmunynda her bir okuw dersiniň ekologik terbiýesini bermekde orny bar. Ekologik terbiýe bermekde tebigaty öwreniş, biologiýa, ekologiýa dersleriniň aýratyn hyzmatyny bellemek bolar.

**«Tebigaty öwreniş»** dersi başlangyç synp okuwçylaryna ýurdumyzyň tebigatyny söýmeklik, onuň baýlyklaryny gorap saklamaklyk duýgularyny terbiýeleýär. Bu ders okuwçylara tebigat, ösümlikler we haýwanat dünýäsi barada deslapky düşünjeleri öwredip, ekologik dünýägaraýşynyň we ekologik medeniýetiniň başlangyçlaryny kemala getirýär.

**«Ekologiýa»** dersi mekdep okuwçylarynda bitewi ulgam hökmünde tebigat baradaky bilimleri kemala getirýär, olara tebigy gurşaw, adamzadyň ekologik meseleleri we olary çözmek boýunça ähmiýetli işleri barada düşünje berýär. Bu ders Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe durmuşa geçirilýän daşky gurşawy goramak, ilatyň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet syýasatynyň mazmuny bilen tanyşdyrmagy maksat edinýär.

**«Biologiýa»** dersiniň okuwçylaryň ekologik düşünjeliligini kämilleşdirmekde uly hyzmaty bar. Okuwçylar bu dersi özleşdirmek bilen Ýeriň ýüzünde ýaşaýşyň ýüze çykmagynyň sebäpleri, onuň taryhy ösüşi, janly tebigatyň dürli derejedäki guramalary, olaryň gurluşlary, ýerine ýetirýän işleri, biologik ulgamlar bilen daşky gurşawyň arasyndaky baglanyşyklar, biologik ulgamlaryň bitewüligi, öz-özüni sazlap bilmek ukyby we beýlekiler barada çuňňur bilim alýarlar. Şeýle hem biologiýa dersiniň üsti bilen adamyň hojalyk işleriniň tebigata täsiri, onuň netijeleri hem-de Ýer ýüzünde bolup geçýän älem möçberli (global) we sebitleýin biologik özgerişleriň ugurlary, ekologik meseleler, adam saglygyny goramagyň we berkitmegiň ylmy esaslary baradaky maglumatlary öwredilýär.

2. Bu terbiýäniň dowamy ***synpdan daşary işleriň,*** mekdebiň, ders gurnaklaryň, mekdepden daşary çagalar edaralarynyň, ýörite mekdepleriň, metbugatyň, radio-telewideniýäniň, ylmyň hem-de tehnikanyň üsti bilen amala aşyrylýar. Synpdan hem mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň her biri ekologik terbiýeden üzňe däldir. Isle tebigaty goramak ýa ekologiýa meseleleri bilen baglanyşykly guralýan gurnaklardyr gezelençler, gürrüňlerdir duşuşyklar bolsun, ýa--da beýleki çäreler bolsun, parhy ýok, olar okuwçylara ekologik terbiýe bermeklige, ekologik dünýägaraýşyny kemala getirmeklige gönükdirilendir.

Ekologik terbiýäni bermegiň ýollary köp dürlüdir. Şeýle işleriň bir görnüşi tokaý, seýilgäh, botanika bagy, ülkäni öwreniş muzeýi, haýwanat bagy, ekin meýdany, fabrik-zawoda **okuw gezelençleri** bolup biler. Okuw gezelenjiniň maksady hem köp dürlüdir, tebigatdaky pasyllaýyn üýtgemelere gözegçilik, öz ýaşaýan ýerleriniň derman ösümlikleri bilen tanyşdyrmak, seýrek duş gelýän guşlar we haýwanlar bilen, öý haýwanlary, olara ideg edilişi, adamlaryň olary durmuşda peýdalanyşy bilen tanyşdyrmak (mallaryň fermasyna: at, sygyr fermasyna gezelenç).

Tebigat baradaky düşünjeleriniň toplanmagyna **syýahatçylyk, ýörişler** hem ýardam edýär. Olary ýylyň islendik wagtynda geçirip bolar (dowamlylygy 1-2 günden köp bolmaly däl). Ýöriş wagtynda okuwçylara minerallary we dag jynslaryny ýygnamak, guşlary sesinden tanamak, derman ösümlikleri ýygnamak ýaly ýumuşlary tabşyrmak bolar. Ýörişiň ýolbaşçysy okuwçylara öňürti ýumuşlary paýlap berýär, tebigatda obýektleri tanamagy öwredýär, gysgaça düşündiriş geçýär. Mugallym şeýle işleri geçirmek üçin guşlaryň ses ýazgysyny, derman ösümlikleriň gerbarisini, minerallaryň we dag jynslarynyň toplumyny peýdalanyp biler. Ýörişde ýolbaşçy okuwçylaryň ünsüni peýzažyň owadanlygyna gönükdirip, olaryň çeper keşpli hyýala getirmelerini baýlaşdyrmaly (okgunly akýan çeşme, owadan derek, oýa batan leýlisaç, çym-gyzyl şapak), meýdanda täze tehnikanyň peýdalanylyşyna syn etdirmeli, tebigat obýektlerine aýawly garaýşy kemala getirmeli (tebigata ýöriş wagtynda çagalarda wajyp adamkärçilik sypatlary ter-

biýelenýär: dost-doganlyk, birek-birege goldaw bermek, tabşyrylan işe jogapkärçilik, maksada okgunlylyk, düşünjelilik, tertip-düzgün).

Ýörişleriň we gezelençleriň materiallary esasynda birnäçe diwarlyklary taýýarlap bolýar: «Suwda ýaşaýan jandarlar», «Biziň şäherimiz», «Önümçiligiň öňdebaryjylary».

Çagalar bilen geçirilýän işleriň wajyp görnüşi – bu **tebigat agşamlaryny, baýramçylyklary** geçirmekdir. Tebigat agşamlarynyň temasy hökmünde «Ak şäherim – Aşgabat», «Amyderýa – türkmeniň beýik derýasy», «Daşlaryň täsin dünýäsi», «Gudrat görseň, daglara bar» diýen ýaly çäreleri mysal getirmek bolar.

Agşam geçirilende okuwçylaryň saýlan temasy boýunça çykyşlar, ylmy-populýar kinofilmlere tomaşa etmegi, çagalary gyzyklandyrýan kitaplar barada pikir alyşmalary gurap bolar.

Ekologik terbiýe bermekde ýurdumyzda döwlet derejesinde geçirilýän «Milli bahar baýramy», «Türkmen bedewiniň baýramy», «Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni», şeýle hem mekdeplerde geçirilmegi däbe öwrülen «Guşlar baýramy», «Güller baýramy» ýaly baýramlaryň ähmiýeti iňňän uludyr. Bu çäreler çagalaryň öňünde türkmen tebigatynyň gözelligini, baýlygyny açyp, olarda ahlak terbiýesiniň, gözellik duýgularynyň, zähmet adamlaryna söýginiň we hormatyň emele gelmegine ýardam edýär. Olara taýýarlyk görlende çagalar çeper edebiýatlary, şekillendiriş, saz sungatynyň eserlerini giňden peýdalanýarlar, ol bolsa çaganyň şahsyýetiniň hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam berýär. Her bir baýramçylygyň bellibir maksady bolmalydyr. Meselem, **guşlar gününi** geçirmek, çagalaryň guşlar hakyndaky düşünjelerini diňe bir çuňlaşdyrmak we giňeltmek maksady bilen guralman, eýsem, tebigaty goramaga degişli çäreleri hem amala aşyrmaga mümkinçilik döredýär (guşlary iýmlemek, guş keteklerini asmak we ş.m.). Baýramçylygyň geçirilişiniň meýilnamasy şeýle düzülip bilner: guşlaryň peýdasy baradaky gurnak agzalarynyň çykyşlary (gäpleri we suratlary görkezmek), guşlara gözegçiligiň maglumatlaryny ýygnamak, kinofilme tomaşa etmek. «Guşlar – adamlaryň dostlary» sergisinde guşlaryň gäplerini, su-

ratlaryny, okuwçylaryň çeken suratlaryny, guş keteklerini görkezip bolar.

Baýramçylygyň guramaçylary mekdep okuwçylaryna ýüzlenme ýazyp bilerler, onda çagalara gyş paslynda guşlara kömek bermegi maslahat bermeli. Onuň üçin garpyzyň, kädiniň, günebakaryň, almanyň, üzümiň çigitlerini, miweleriň şäniklerini, haşal otlaryň tohumlaryny ýygnamaly. Ýygnalynýan tohumlary gowy guradyp, kagyz haltalara salyp, gyşa taýýarlap goýmaly. Iým stollaryny taýýarlap, penjireleriň daşynda, mekdep ýer meýdançasynda, seýilgählerde, baglarda asmaly. Şeýle işleri guramak, baglary we ekinleri zyýan beriji mör-möjeklerden goramaga kömek eder.

Şuňa meňzeş işleriň ýene biri açyk meýdançada janly burçlary döretmekdir. Olar adamlar bilen haýwanlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň emele gelmegine ýardam edýär. Her hili haýwanlary janly burçda saklamak, olara gözegçiligi tebigatda guramak çagalarda gyzyklanmany ösdürýär. Şu ugurda işleri guramak çagalaryň öz ülkesiniň eýesi duýgusyny terbiýelemäge kömek eder.

Çagalar bilen ylmy-populýar we çeper eserler hakynda we «Güneş» žurnalynda çykýan tebigata degişli makalalar barada pikir alyşma guramaly.

Mugallym çagalary kem-kemden tebigata degişli edebiýatlar dünýäsine aralaşdyrýar. Onuň üçin «Güneş» žurnalynda çap edilýän hekaýalaryň, çagalara degişli kitaplaryň tertibini kitaphanada asyp goýmaly.

## Ykdysady terbiýäni bermegiň maksady we wezipeleri

**Ykdysady terbiýe** – ýurduň ykdysady meselelerinden baş çykaryp bilmegi, ýer ***asty we ýer*** üsti baýlygyna, adam akyly hem eli bilen döredilen gymmatlyklaryna guwanç duýgusyny döretmegi, ***tebigaty gorap saklamagy, aýawly peýdalanmagy öwredýän terbiýäniň görnüşidir***.

Terbiýäniň bu görnüşi kemala gelýän nesilde tygşytlylygy, aýawlylygy döretmegi **maksat** edinýär.

**Ykdysady terbiýäniň wezipeleri:**

1. Okuwçylara ykdysadyýetiň esaslaryny öwretmek;

2. Jemgyýete peýdaly zähmete gatnaşdyrmak;

3. Ýurdumyzyň ruhy, maddy, tebigy (ýer asty, ýer üsti) baýlyklaryna buýsanç döretmek we olara aýawlylygy we tygşytlylygy terbiýelemek.

Bu iş çaganyň maşgalada, soňra mekdebe çenli bolan döwründe amala aşyrylyp başlanýar, özem ahlak, akyl, zähmet, gözellik terbiýesi bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Tebigatyň eçilen baýlygyna, köpçüligiň emlägine, hut öz zadyňa aýawly garamak, çöregi we beýleki azyk önümlerini tygşytly ulanmak ýaly deslapky asylly sypatlar çaganyň irki döwründe emele getirilýär. Onuň ykdysady düşünjeleri soňundan okuw dersleriniň bellibir ulgam boýunça öwrenilýän döwründe ösdürilýär hem-de berkidilýär. Okuwça maşgalanyň etrabyň, welaýatyň, ýurduň ykdysadyýeti bilen baglanyşykly bilim – terbiýe bermek işi ýola goýulýar.

Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde ykdysady bilim islendik kärdäki adamlar üçin hem zerurdyr. Ol potratçydyr kärendeçi üçinem, telekeçidir daýhan üçinem, kärhana eýesidir kompýuteriň operatory üçinem, gepiň keltesi, islendik kärdäkileriň hemmesi üçinem zerurlukdyr.

Örňäp-ösüp barýan nesil bazar ykdysadyýetiň arzan alyp gymmat satmak däl-de, halal işläp gowy önümleri köp öndürmelidigine, özem adam bolup, adamyň gadyryny biljek bazarçylar bolup ýetişmelidigine, eşretli ýaşamak üçin öz gerdeniň bilen zähmet çekmelidigine akyl ýetirmelidir hem öz hereketinde şol ynamdan ugur almalydyr. Bazar ykdysadyýeti baradaky bilim türkmene mahsus bolan ynsanperwerlik bilen, Magtymgulynyň ruhundan gaýdýan ynsanperwerlik bilen utgaşyp gitmelidir. Bazar ykdysadyýetiniň jümmüşine aralaşyp gitjekler haýsy kärhananyň gurluşygyna näçe çykdajy edilendigini, onuň geljekde näçe peýda berjekdigini bilmelidir. Ýa-da kärendeçi kärende alan ýerini ýerlikli peýdalananda näçeräk girdeji alyp biljekdigine, önüm öndürmäge gatnaşýan adam önümiň gym-

matyny onuň hiliniň kesgitleýändigine akyl ýetirmelidir. Edil şonuň ýaly-da, ýokary bilimli ykdysatçynyň, ozaly bilen, kärhanalarda bir sagat boş geçirilen iş wagtynyň önümçilige näçe zyýan ýetirýändigini bilmegi hökmandyr.

Her bir okuwçynyň Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysady mümkinçiliklerinden habarly bolmagy, onuň ýöredýän ykdysady syýasatyndan baş çykaryp bilmegi onuň ahlaklylyk sypatlary bilen baglanyşyklydyr. Her bir okuwçynyň özüni ýurdunyň hakyky eýesi hökmünde duýmagy, onuň baýlygyna guwanmagy, buýsanmagy, ony artdyrmak üçin belli goşant goşmagy onuň ahlak sypatlarynyň näderejede emele getirilendigine kän babatda baglydyr. Adatça okuwçy, aýdaly elektrik energiýasyndan aýawly peýdalanmagy bilýän hem bolsa, onuň şol bilýän zadyny ulanmaýan halatlary seýrek bolmaýar. Munuň özi özleşdirilen ykdysady bilimiň onuň ynamyna, tejribe endigine öwrülmän galanlygy üçin şeýle bolýar, ýagny okuwçynyň aňyna ýetirilen ykdysady bilim herekete girmän galýar. Bu bolsa okuwçy ykdysady ruhda terbiýelenýän mahalynda, onuň teoretiki bilimini iş ýüzünde ulanyp bilmegine aýratyn üns bermeli diýmegi aňladýar. Mugallym bu ugurdaky çäreleri diňe bir okuw işinde däl, eýsem, synpdan daşary işleriň guralýan hem geçirilýän döwründe-de netijeli edip amala aşyryp bilýär.

## Okuw-terbiýeçilik işleriniň üsti bilen ykdysady terbiýäniň berlişi

Mekdepde ykdysady terbiýe ilki bilen ol ýerde öwrenilýän ähli okuw dersleri boýunça sapaklarda amala aşyrylýar. Bu meselede aýratyn hem, *taryh, jemgyýeti öwreniş, geografiýa, matematika, biologiýa, fizika, himiýa, zähmet okuwy* dersleri uly orun tutýar. Sapaklar, esasan, okuwçylary ykdysady bilimler bilen taplamaga, olarda ykdysady pikirlenişi kemala getirmäge hyzmat edýär.

Mysal üçin, taryh sapagy okuwçylaryň jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady kanunalaýyklaryny özleşdirmeklerine, önümçiligiň jemgyýetiň durmuşynyň ösmeginiň esasy şertdigine göz ýetirmeklerine

mümkinçilik berýär. Bu dersi öwrenmekligiň gidişinde okuwçylar öndürijilik güýji, önümçilik gatnaşyklary ýaly düşünjeleri özleşdirýärler.

Ykdysady geografiýa öwrenilende ykdysadyýetiň pudaklary, ilatyň ykdysady işjeňligi, zähmetiň geografik ýerleşdirilişi, ykdysady statistika barada düşünje alýarlar.

Jemgyýeti öwreniş sapaklarynda mugallym ýurdumyzyň ykdysadyýeti, okuwçylarda jemgyýetçilik emlägine aýawlylygy, milli baýlyklar babatda tygşytlylygy, jogapkärçilik barada düşünjeleri kemala getirýär.

Matematika öwrenilende okuwçylara bu ylmyň ykdysady meseleleri çözmekdäki, önümçiligi guramakdaky we dolandyrmakdaky ornuny açyp görkezmäge şert döreýär. Okuwçylarda hasaplaýyş medeniýetini terbiýelemek we ösdürmek, olarda ykdysady sowatlylygy kemala getirmekde esasy orun eýeleýär.

Fizika sapaklarynda – fizikada bolan açyşlaryň köpüsiniň hojalyk hajatlary bilen baglanyşyklydygyny, önümçiligi ösdürmekdäki ähmiýetine göz ýetirýärler.

Biologiýa sapagy geçilende okuwçylar halk hojalygynda biologik usullaryň, biologiýa ylmynyň gazananlarynyň ulanylmagynyň ykdysady ähmiýetini öwrenýärler, zähmetiň fiziologiýasy we gigiýenasy barada maglumat alýarlar.

Ykdysady terbiýe bermekde zähmet sapaklarynyň ähmiýeti uludyr. Bu sapakda okuwçylara beýleki derslerden alan bilimlerini tejribede ulanmaga mümkinçilik döreýär, özlerine zähmeti guramaklyga, işi ykdysady seljermäge, önümiň hili, işiň netijelligi, tygşytlylyk barada aladalanmaga mümkinçilik döreýär. Ykdysady terbiýe bermekde mekdebiň ussahanasynyň we mekdep meýdançasynyň ähmiýeti uludyr. Okuwçylara ykdysady terbiýe bermekde **«Ykdysadyýetiň esaslary»** dersiniň ähmiýeti bimöçberdir. Bu dersiniň maksady ösüp gelýän ýaş nesilde ykdysady medeniýeti, pikirlenişi kemala getirmekden, hojalyk işinde hünärlere ugrukdyrmakdan, olarda telekeçilik endikleri-

ni kemala getirmekden, bilim, başarnyk we tejribe almaklaryny üpjün etmekden, olaryň durmuşa doly gatnaşmaklaryny gazanmakdan, şahsyýetiň durmuşa ykdysady taýýarlygyny üpjün etmekden ybarat bolup durýar. «Ykdysadyýetiň esaslary» dersi orta mekdepleriň okuwçylaryna ykdysadyýet we onuň wezipeleri, bazar gatnaşyklarynyň häzirki zaman hojalygynda ykdysady ulgamlary, bäsdeşlige esaslanýan bazar ykdysadyýetiniň ösmegi hem-de gurluşy barada bilim berýär. Bu ders döwletiň, indiwidiň, maşgalanyň, kärhananyň (firmalaryň) ykdysady işi baradaky bilimleri öwredip, önümçilikde, alyş-çalyşda ykdysady gatnaşyklaryny peýdalanmaklygyň ýollary bilen tanyşdyrýar. «Ykdysadyýetiň esaslary» dersi Türkmenistanyň ykdysady ulgamynda we ykdysady gatnaşyklarynda bank işi, pul aýlanyşygy, telekeçiligiň, marketingiň we menejmentiň esasy, makroykdysady görkezijiler, gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar baradaky düşünjeleri berýär. Şeýle-de bu dersi özleşdirmek arkaly ykdysady we hukuk maglumatlaryny almak we oýlanyşykly peýdalanmak, seljermek we alnan maglumatlary ulgamlaşdyryp bilmek, amaly hojalyk işlerini çözmäge oýlanyşykly çemeleşmek başarnyklary kemala getirilýär.

## Synpdan daşary işleriň üsti bilen ykdysady terbiýe bermegiň ýollary:

1. Ykdysady temada gürrüňler. («Ykdysadyýet biziň daş-töweregimizde», «Biziň okuwçylarymyz tygşytlylygy nähili berjaý edýärler»).
2. Terbiýeçilik sagatlary. («Çörek mukaddesdir», «Ata-babalarymyz tygşytlylyk hakynda», «Ak altyn, gara altyn – baýlygymyz».
3. Kärhanalara, zawod-fabriklere gezelenç.
4. Zähmet weteranlary bilen duşuşyk.
5. Gurnaklar.
6. Bäsleşikler.

16. Sargyt № 1339

## Syýasy terbiýäniň maksady, mazmuny we wezipeleri

**Syýasy terbiýe** – ***çagalaryň, ýetginjekleriň, ýaşlaryň aňyna döwletiň durmuşa geçirýän dürs hem özboluşly içeri we daşary syýasatynyň düýp manysyna akyl ýetirip bilmeklerini gazanmak, olaryň aňynda ideýa ynamyny emele getirmekligi, kalbynda milli galkynyş duýgusyny döretmekligi göz öňünde tutýar.***

Terbiýäniň bu görnüşi kemala gelýän nesle ýaşaýan sebitiniň içerki we daşarky syýasy dogrusyndaky oňyn düşünjeleri döretmegi maksat edinýär. Başgaça aýdylanda ýaş nesil döwletiň beýleki döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklarynyň geljek üçin ähmiýeti dogrusynda ýa-da döwletiň ösüşi üçin alnyp barylýan içerki işleriň oňyn täsirleri barada düşünjeleriň döredilmegini göz öňünde tutýar.

**Syýasy terbiýäniň wezipeleri**:

1. Watansöýüjiligi terbiýelemek.
2. Syýasy düşünjeliligi kemala getirmek.
3. Ideýa ynamlylygy terbiýelemek.

Syýasy terbiýe-terbiýeçilik işiniň özenidir. Ol çagalaryň, ýetginjekleriň, ýaşlaryň aňyna döwletiň, turuwbaşdan, durmuşa geçirip başlan dürs hem özboluşly içeri we daşary syýasatynyň düýp manysyna akyl ýetirip bilmeklerini gazanmazdan, olaryň aňynda ideýa ynamyny emele getirmezden, kalbynda milli galkynyş duýgusyny döretmezden, häzirki zaman jemgyýetçilik durmuşynyň özbaşdak Diýarymyzyň öňünde keserdip goýan wezipelerini iş ýüzüne geçirmek mümkin däldir. Ine, şoňa her bir türkmenistanlynyň, ozaly bilen, ýaş ynsanyň bütin kalby bilen ynanyp, ynandyryp, wagyz-nesihatçylar bolup bilmekleri möhümdir.

Ýaş nesil daşary syýasat babatynda Türkmenistanyň dünýäniň hemme döwletleri bilen hoşniýetli, iki tarapa-da bähbitli özara hyzmatdaşlykda, asuda hem dostlukly aragatnaşykda bolup durýanlygy, açyk gapylar syýasatyny ýöredýänligi barada ýeterlik düşünjeli nesil. Ol daşary ýurtlar bilen ykdysady, medeni aragatnaşyklaryň pugtalanmagy üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýänligi barada-da, şol ugurdan alnyp barylýan işler hakynda-da çeýe syýasatyň ýöredilýändigi-

ne anyk mysallaryň esasynda göz ýetirýär. Daşary ýurtlarda giňden tanalyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly başlangyçlary bilen halkara abraýy, mertebesi barha belende galýan Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasatynyň aýratyn ösüşe eýe bolýandygyna şaýat bolýarys.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz sebitara we halkara syýasatynyň iň möhüm gatnaşyjylarynyň birine öwrüldi. Abraýynyň artyp başlamagy, dünýä belli halkara guramalaryň agzalygyna kabul edilmegi, Garaşsyz Diýara, onuň halkyna, ykdysady mümkinçiliklerine, medeniýetine, çeper döredijiligine bolan gyzyklanmanyň güýçlenmegi, çet ülkelerdäki arkadaşlarymyz bilen didarlaşmak, ýakyn aragatnaşykda bolmak mümkinçiligiň döremegi we ş.m. munuň aýdyň mysalydyr. Parahatçylyk, ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk ýurdumyzyň daşary syýasatynyň taglymy esasyny düzýär. Türkmenistanyň dünýä birleşiginiň agzasy bolup durýan döwletler bilen syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryna nazar salanymyzda-da, iri halkara guramalar bilen hil taýdan barha täze basgançaklara çykýan gatnaşyklaryna syn edenimizde-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatlarynyň näderejede oýlanyşyklydygyna, takyk we maksada okgunlydygyna göz ýetirýäris.

Içerki syýasat babatynda gürrüň edilende, nesiller Garaşsyz türkmen döwletiniň alyp barýan islegleriniň halkyň arzuw-isleglerine bap gelýändigini: onuň asuda hem eşretli ýaşamagy, geçmişine, sahawatly topragyna buýsanmagy, aslyna dolanmagy, ata-babadan gelýän däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny berjaý edip bilmegi, zehinine, ukybyna, görä bilim alyp, şol ugurda zähmet çekip bilmegi, üçin giň mümkinçilikleriň döredilendigini öz gözleri bilen görýärler, özem türkmen binasynyň örän berk tutulandygyna berk ynam bilen akyl ýetirýärler.

Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolmagy, türkmen halkynyň öz aslyna dolanmagyna mümkinçiligiň döräp, özüniň taryhyny, medeni, çeper mirasyny doly dikeldip başlamagy, de-

mokratik, dünýewi, hukuk döwletini esaslandyrmagy, ýurduň başga hiç bir döwletiňkä meňzemeýän özboluşly ösüş ýoly bilen ynamly barýanlygy – bularyň hemmesi ýaş nesliň aňynda we kalbynda mynasyp orun almaly. Türkmenistan özüniň Garaşsyzlykdaky ösüş ýoluna iň bir asuda, agzybir, jebis ýurt hökmünde ynam bilen gadam basyp başlady. Sebäbi bu ýurduň halky öňdenem agzybirligiň girewidigine, rysgal-berekediň ojagydygyna, jebisligiň bolsa güýçli-kuwwatlylygyň esasydygyna gowy düşünýärdi. Ol hemme wagtda-da agzybirligiň tarapyndady.

Çünki biziň döwletimizde «Döwlet adam üçindir». Onuň many-mazmunyny ýaş nesliň aňyna guýmak terbiýeçi-mugallymlaryň möhüm wezipesi bolup durýar. Bu möhüm iş okuw işinde, sapaklarda synpdan, mekdepden daşary terbiýeçilik çäreleriniň, şol sanda tomusky dynç alyş meýdançalarynda, merkezlerinde geçirilýän çäreleriň süňňüne mäkäm ornaşdyrylýar.

## Mekdepde syýasy terbiýäni bermegiň ýollary

| SAPAK | SYNPDAN DAŞARY IŞLER |
|---|---|
| TARYH | SYÝASY BAÝRAMÇYLYKLAR |
| JEMGYÝETI ÖWRENIŞ | SYÝASY ÇÄRELER |
| ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ ESASLARY | SYÝASY SÖHBETDEŞLIK |
| EDEBIÝAT | GÜRRÜŇ |
| TÜRKMENISTANYŇ MEDENI MIRASY | DUŞUŞYKLAR |
| DÜNÝÄ MEDENIÝETI | TERBIÝEÇILIK SAGATLARY |
| HUKUK | SYÝASY GEPLEŞIK |

## Synpdan daşary işleriň üsti bilen syýasy terbiýäniň berlişi

Okuwçylara syýasy terbiýäni bermek bilen baglanyşykly geçirilýän çäreler esasan şulardan ybarat:

1. Syýasy baýramçylyklar;
2. Terbiýeçilik sagatlary;
3. Syýasy temalarda söhbetdeşlik geçirmek;
4. Maslahatlara, syýasy çärelere, duşuşyklara gatnaşmak;
5. Teleýaýlymda we radioda syýasy temalarda goýberilýän gepleşikleri diňlemek;
6. Gazet-žurnallarda çap edilýän syýasy makalalar bilen tanyşmak;
7. Syýasy temalarda diwar gazetini çykarmak;
8. Ýaşlar guramasynyň syýasy-watançylyk temalarda geçirýän çäreleri.

**Hormatly Prezidentimiziň** «Ösüşiň täze belentliklerine tarap» atly saýlanan eserleriniň ýygyndylary, şeýle hem, «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Türkmenistan», «Mertler Watany beýgeldýär», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» ýaly türkmen halkyna peşgeş beren ençeme gymmatly kitaplarynyň okuwçylaryň syýasy düşünjeliligini kämilleşdirmekde ähmiýeti uludyr.

**Syýasy temalarda söhbetdeşlik** ýaşlaryň syýasy dünýägaraýşyny giňeldýär, olaryň syýasy sowatlylygyny ösdürýär, ýurdumyzda bolup geçýän syýasy wakalaryň düýp manysyna düşünmäge oňyn şert döredýär. Milli Lidermiziň Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Baş Assambleýasynyň sessiýalarynda, daşary döwletlere guralýan saparlaryndaky çykyşlary barada okuwçylar bilen geçirilýän syýasy söhbetdeşlikler olaryň syýasy garaýyşlarynyň has hem giňemegine ýardam berýär. Söhbetdeşlik üçin saýlanyp alynýan temalarda Diýarymyzda bolup geçýän syýasy wakalar şöhlelenmelidir. Söhbetdeşlikler çagalar üçin gyzykly, olary tolgundyryjy soraglara degip geçýän, dürli durmuşy mysallara baý ýagdaýda geçirilmelidir.

Ýurdumyzyň çäginde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il-ýurt bähbitli edýän işleri, olaryň halkymyza berýän eşreti, Diýarymyzda bolup geçýän syýasy wakalara degişli döwlet, welaýat, etrap, mekdep möçberinde dürli maslahatlar, döwleti dolandyryjy edaralardyr guramalarynyň wekilleri bilen **duşuşyklar** we beýleki çäreler ýygy-ýygydan geçirilýär. Şol **maslahatlara, syýasy çärelere** gatnaşmak ýaşlaryň syýasy wakalaryň ähmiýetine, wajyplygyna düşünmäge ýardam edýär. Şol wakalara özleriniň geljekde ýurdy dolandyrmaly ýaşlaryň hem gatnaşyp bilýändigine buýsanmasyny artdyrýar.

Telewideniýede, radioda goýberilýän **syýasy gepleşikleri** diňlemek, ýurdumyzda bolup geçýän syýasy wakalar bilen tanyşmagyň, olaryň many-mazmunyna göz ýetirmegiň esasy şertleriniň biridir. Ýaşlar özleri üçin goýberilýän gepleşiklerde ýurdumyzyň syýasy durmuşynda körpe nesliň mynasyp orny, wezipeleri dogrusynda özlerini gyzyklandyrýan soraglaryna jogap tapyp bilýärler.

Çagalar döwürleýin çykýan gazetdir žurnallarda dürli mazmunly, şol sanda **syýasy temalarda çap edilen makalalar**, garaýyşlar, söhbetdeşlikler bilen tanyşýarlar. Munuň üçin dynç alyş meýdançasynda, merkezinde gazet-žurnallardaky makalalary okamaklygy guramak, gurnak otaglarynda metbugat burçy ýa-da ýörite gazet-žurnallar we beýleki edebi eserler bilen tanyşmak maksady bilen okalgalar bölünip berilýär.

Iki hepdeden 1-2 gezek **syýasy temalarda diwar gazetlerini çykarmak** çagalara syýasy terbiýäni bermegiň oňyn serişdeleriniň biridir. Diwar gazetini çykarmaga çagalaryň özlerini hem çekmek bolýar. Munuň üçin toparlaryň arasynda «Ýaş watançy», «Garaşsyz, Bitarap Diýar», «Watan täzelikleri» ady bilen syýasy diwar gazetleriniň bäsleşigi geçirilýär. Möwsümiň ahyrynda bäsleşigiň netijesi jemlenýär.

## Hukuk terbiýesiniň maksady mazmuny we wezipeleri

**Hukuk terbiýesi** – adamyň jemgyýetde kabul edilen hukuk normalaryndan düşünjeli bolmagyny, hukuk düzgünlerine sarpa goýmagyny hem şol düzgünleriň talaplaryny berjaý etmegini öwredýän terbiýäniň görnüşidir.

Hukuk terbiýesi adamyň hukugy, erk-ygtyýary, borçlary babatyndaky düşünjeleri öwretmegi **maksat** edinýär.

**Hukuk terbiýäniň esasy wezipeleri:**

- her bir okuwçynyň ýurduň sosial-hukuk meselelerinden baş çykaryp bilmegini;
- giň ylmy dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli adamlar bolup ýetişmegini;
- hereket edýän hukuk kanunlarynyň (jenaýat kodeksi, raýat kodeksi, maşgala kodeksi, hojalyk kodeksi we ş.m.) birtopar ugurlarynyň bardygyna akyl ýetirmegini;
- mümkingadar, şol ugurlar boýunça bilimli bolmagyny;
- hukuk düzgünlerine sarpa goýup, olary berjaý etmegini göz öňünde tutýar.

Hukuk terbiýesi maksada laýyk edilip ýola goýlanda, ýaş nesliň il-gün tarapyndan oňlanylmaýan serhoşlyk, parahorlyk, neşekeşlik, biperwaýlyk, ogurlyk ýaly hereketlere baş urmazlygynyň öňüni almak mümkindir.

Okuwçy ýaşlar hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň düýp sebäplerine, gözgyny netijelerine, jenaýatçylyga alyp barýan hereketlere akyl ýetiren mahallarynda, olarda halal zähmet bilen gazanç etmek, jemgyýetçilik hukuk kadalaryna tabyn bolmak islegi rüstem gelip başlaýar, utançsyzlyk, haýasyzlyk, şer işler öz orunlaryny halallyga, haýalylyga hem haýyr işlere berýär. Şu ýerde hukuk terbiýesiniň syýasy, ykdysady hem zähmet terbiýesi bilen berk baglanyşyklydygyny-da aýtmak bolýar.

Hukuk terbiýesini Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňky döwürde Türkmenistanyň bitiren işleri, alyp barýan daşary we içeri syýasaty, gazanan üstünlikleri bilen baglanyşdyrmak zerur hem makul hasaplanylýar. Terbiýäniň bu görnüşi bilen baglanyşykly edilýän her bir gürrüňi, söhbetdeşligi, duşuşygy, durmuşa geçirilýän gaýry çäreleri durmuşdan alnan ynandyryjy mysallar arkaly delillendirmek, beýleki ýurtlaryň ýagdaýy bilen deňeşdirmek gowy netije berýär.

Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde hukuk terbiýesiniň orny has hem ýokarlanýar. Hususy eýeçiligiň berkarar edilýän, ýeriň hakyky

eýelerine gaýtarylyp berilýän mahalynda, daşary ýurtlular bilen bilelikde zawod-fabrikleriň, dürli kärhanalaryň gurulýan, telekeçiligiň, ykdysady, medeni aragatnaşygyň kämilleşýän hem pugtalanýan döwründe ýaşlara hukuk terbiýesini bermek zerurlyk bolup durýar. Hukuk düzgünleri bozulandan soň ony düzetmekden, onuň öňüni almagyň has ýeňil hem peýdalydygyny durmuş bireýýäm subut etdi. Şoňa görä «Beýle boljagyny bilen bolsadym...» diýlen ýaly puşman etmeleriň netijesizdigini ýaşlaryň aňyna öňünden guýmak makul bilinýär. Şu ýerde hukuk terbiýesiniň ideýa-syýasy, ykdysady hem zähmet terbiýesi bilen berk baglanyşyklydygyny-da aýtmak bolar.

### Mekdepde hukuk terbiýesini bermegiň ýollary

Terbiýeçilik işiniň bu ugry öz gözbaşyny maşgala ojagyndan alyp gaýdýar, mekdebe çenli terbiýeçilik edaralarynda, soňra mekdepde maksada gönükdirilip dowam etdirilýär. Maşgalada çaga ata-enäniň öňündäki borçlary, maşgalanyň däp-dessuryny berjaý etmekligi öwrenmek bilen hukuk terbiýesini alýar. Borç, hukuk, jogapkärçilik baradaky ýönekeý düşünjeleri özleşdirýär.

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda bu baradaky düşünjeler ösdürilýär. Çagalar çagalar bagynyň düzgünlerini, gün rejesini berjaý etmekligi öwrenýärler.

Mekdebe gelen gününden başlap çaga mekdep düzgünlerini berjaý edip, okuwçynyň hukuklaryndan peýdalanýar we borçlaryny ýerine ýetirmegi öwrenýär.

Hukuk kadalary baradaky düşünjeler, ozaly bilen, okuw işinde, galyberse-de, şu meseleler bilen baglanyşykly geçirilýän ýörite okuwlarda, okaýyşlarda, söhbetdeşliklerde, duşuşyklarda, sorag-jogap görnüşlerinde, geçirilýän çärelerde berilýär.

Hukuk terbiýesini bermekde hukuk dersiniň aýratyn ähmiýeti bardyr.

Bu dersiň üsti bilen okuwçylar Konstitusiýa, Türkmenistanda raýatlaryň borçlary we hukuklary, çagalaryň hukuklary baradaky düşünjeleri alýarlar. Hukuk sapaklarynda adalatsyzlyk, ynsap, ahlak päkligi ýaly düşünjeleri özleşdirmekden kem-kemden hukuk borçlaryna düşünmeklerine mümkinçilik döreýär.

Hukuk terbiýesinde «Edebiýat», «Jemgyýeti öwreniş», «Taryh», «Özüňi alyň barmagyň medeniýeti» we beýleki dersleriň mazmuny giňden peýdalanylýar.

| SAPAK | SYNPDAN DAŞARY IŞLER |
| --- | --- |
| HUKUK | WAGYZ-NESIHAT ÇÄRELERI |
| JEMGYÝET ÖWRENIŞ | ÇEKIŞME |
| ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ ESASLARY | HUKUK BARADA SÖHBETDEŞLIK |
| EDEBIÝAT | GÜRRÜŇ |
| TÜRKMENISTANYŇ MEDENI MIRASY | DUŞUŞYKLAR |
| TARYH | TERBIÝEÇILIK SAGATLARY |
| ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ MEDENIÝETI | HUKUK GEPLEŞIGI |

Synpdan daşary işlerde okuwçylar bilen hukuk boýunça gürrüňler, ýaşulularyň wagyz-nesihat duşuşyklary, okaýyşlar, hukuk edaralarynyň işgärleri bilen söhbetdeşlik guramak ýaly çäreler mysal bolup biler.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, 2008.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. – Aşgabat, 2009.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. – Aşgabat, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. – Aşgabat, 2011.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – Aşgabat, 2012.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Älem içre at gezer». Roman. – Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Döwlet guşy». Roman. – Aşgabat, 2013.
9. Türkmenistanyň Kanuny. «Bilim hakynda». – Aşgabat, 2013.
10. *Асадова Р.* Научная организация труда учителя начальных классов. – Ашхабат, 1987 ý.
11. *Balakaýew D.* Çaga terbiýesi. Magaryf, 1978.
12. *Basarow B.* Pedagogika we psihologiýa. – Aşgabat, 2011.
13. *Баранов С. П, Болотина Л. Р, Волкова Т. В, Сластёнин В. А.* Педагогика, Москва, 1981.
14. Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýa. Aşgabat – 2012.
15. «Gorkut Ata». Gadymy türkmen eposy /red. M. Kösäýew. – A, 1990.
16. «Görogly». Türkmenistan, 1990.
17. *Gurbanow A. A, Kuzmin O. D, Haljanow Ş.* Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs. Magaryf, 1981.
18. *Gurbanow A. A, Kuzmin O. D, Haljanow Ş, Rejepow J.* Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri. Magaryf, 1979.
19. *Haljanow Ş.* Garaşsyzlyk pedagogikasy. – Aşgabat, 1995.
20. «Kowusnama». Türkmensitan, 1992.
21. *Magtymguly.* Saýlanan goşgular. Türkmenistan, 1977.

22. *Макаренко А. С.* Педагогическая поэма, 1987.
23. «Oguznama». Türkmenistan, 1990.
24. Paýhas çeşmesi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
25. *Pirliýew G.* Türkmen halk pedagogikasy. Magaryf, 1981.
26. *Pirliýew G.* Mekdepde terbiýeçilik işiniň esasy meseleleri. – Aşgabat. Magaryf, 1990.
27. *Rejepow D.* Mekdebe çenli pedagogika. – Aşgabat, 2010.

## MAZMUNY

**Üçünji bölüm.** Okatmagyň nazaryýeti........................................... 7

**I bap.** Okatmagyň usullary ........................................................... 7

**II bap.** Okuw işini guramagyň görnüşleri (formalary)................. 61

**III bap.** Okuwçylaryň bilimini barlamak we bahalandyrmak.... 125

**Dördünji bölüm.** Terbiýäniň nazaryýeti. Terbiýäniň maksady,
mazmuny, esaslary we ulgamy .................................................. 150

**IV bap.** Terbiýe barada umumy düşünje .................................... 150

**V bap.** Tälim-terbiýe bermekde halk pedagogikasynyň

(etnopedagogikanyň) orny ......................................................... 182

**VI bap.** Ahlak terbiýesi.
Ahlak terbiýesi, maksady, mazmuny ........................................ 191

**VII bap.** Terbiýeçilik işiniň düzümi ýa-da esasy ugurlary......... 202

Esen Atdaýew, Maral Annagulyýewa,
Güljennet Annameredowa, Güldäne Galandarowa,
Gözel Ýagşymyradowa

# PEDAGOGIKA
# II

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Jumaýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *A. Kiçiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Orazbaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 13.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 16,0. Şertli-reňkli ottiski 49,25.
Hasap-neşir listi 13,68. Çap listi 16,0.
Sargyt № 1339. Sany 4100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.